Ylýas AMANGELDI

# ÜÇ NOKADYŇ BIRI

(Roman)

Türkmenistanyň Prezidenti
Beýik Saparmyrat TÜRKMENBAŞYNYŇ
ölüm jezasyny ýatyrmak hem-de
her ýylyň Gadyr gijesinde
günä geçmek baradaky
Permanlaryna bagyşlanýar

Aşgabat
«Ruh»
2002

UDK 94361
A 63
Amangeldiýew Ylýas
A 63 **Üç nokadyň biri** *(Roman).*
A. «Ruh», 2002. — 280 sah.

Ylýas Amangeldiniň bu romany Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ölüm jezasyny ýatyrmak hem-de her ýylyň Gadyr gijesinde günä geçmek hakyndaky Permanlaryna bagyşlanypdyr. Ol şeýle hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasyndaky her sözleminiň bir romanlyk many göterýändiginiň özboluşly tassyklanmasydyr. Eserdäki gahrymanlaryň ata-enä söýgüsi, perzentlik borjy ýaly şahsy häsiýetleriniň üsti bilen asyrlaryň ruhy, döwürleriň arabaglanyşygy, umumy adamzat meselelerine aralaşylýar. Eserde ynsan gatnaşyklarynyň üsti bilen günä, toba, etmiş, temmi, jenaýat, jeza ýaly düşünjelere özüne çekiji, özboluşly garaýyş bar. Adamyň ynsanperwerlige ymtylyşynyň sagdyn jemgyýet gurmakda esasy güýçleriň biridigi täsirli açylyp görkezilýär.

Mukaddes Ruhnamada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öňdengörüjilik bilen belleýşi ýaly, «Eden etmişiň üçin jogap soraýan dünýä bu». Ýazyjy şu pikiri hem eserde täsirli açmagyň hötdesinden gelipdir.

***Kitap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşigine hödürlenýär.***

KBK 94 Tür.7
TDKP ¹ 62

© «Ruh» neşirýaty 2002 ý.

# ÜÇ NOKADYŇ BIRI

Ylýas Amangeldiniň ýakyn günlerde çapdan çykyp okyjylar köpçüligine ýetiriljek bu romany Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ölüm jezasyny ýatyrmak hem-de her ýylyň Gadyr gijesinde günä geçmek hakyndaky Permanlaryna bagyşlanypdyr. Ol şeýle hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasyndaky her sözleminiň bir romanlyk many göterýändiginiň özboluşly tassyklanmasydyr.

Eserdäki gahrymanlaryň ata-enä söýgüsi, perzentlik borjy ýaly şahsy häsiýetleriniň üsti bilen asyrlaryň ruhy, döwürleriň arabaglanyşygy, umumy adamzat meselelerine aralaşylýar. Eserde ynsan gatnaşyklarynyň üsti bilen günä, toba, etmiş, temmi, jenaýat, jeza ýaly düşünjelere özüne çekiji, özboluşly garaýyş bar. Adamyň ynsanperwerlige ymtylyşynyň sagdyn jemgyýet gurmakda esasy güýçleriň biridigi täsirli açylyp görkezilýär.

Mukaddes Ruhnamada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öňdengörüjilik bilen belleýşi ýaly, «Eden etmişiň üçin jogap soraýan dünýä bu». Ýazyjy şu pikiri hem eserde täsirli açmagyň hötdesinden gelipdir.

Romanyň türk diline edilen terjimesi Türkiýäniň mededniýet Merkeziniň geçiren romanlar ýaryşynda ikinji baýrakly orna mynasyp boldy.

**Sözbaşy ýerine**

Eliňizdäki eserde beýan edilýän wakalary taryh bilen gabat getirip bilmeseňiz ol taryhy däl-de, şu güni görkezýän eserdir. Eger wakalar biziň günlerimizde däl-de, haçanam bolsa bir taryhy asyrda bolup geçipdir diýseňiz diýmek bu kitap taryhydyr. Aslynda taryha öwrülmejek döwür ýok. Düýn şu gün üçin taryh, şu günümizem ertirimize. Dünýä mytdyldap barýar. Güneşiň her aýlawy taryhyň bir sahypasy bolup geçip dur. Ol ne taryh ylmyna sygýar, ne-de taryhy ýazgylara. Eger isleseňiz, ähli kitaplar ýaly bu kitabam eliňiziň aýasynda saklap ahyry okap çykarsyňyz. Iň soňky sahypasyny ýapybam oňa depesinden seredip oturandygyňyzy duýarsyňyz. Ol size mytdyldap barýan dünýäniňem depesinden garamaga kömek etsedi hernä. Çünki ondaky wakalar mundan on asyr öň bolup geçen wakalar. Mundan on asyr öň!

1-nji bölüm

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

On asyr mundan öň. Çöl-beýewan. Aňňat-aňňat gum depeleri. Bu ýerleriň şeýle-de seýrek ot-çöpüni içiňden geçip barýan aýazlara goýman, ýekeje gijäniň sowugy urupdyr. Ikindä inen güýz Gününiň solgun reňkine ähli zat goňras görünýär. Ýerdäki gum depelerem, gündogardan süýşüp gelýän bölek-bölek bulutlaram. Gözüň eglenere zat görnenok. Diňe bir bölek kerwen depelerden aşyp, bulutlar bilen ugurdaş günbatara tarap barýar. Emma bu garyp görnüşiňem öz baýlygy bar — ol artykmaç zatlardan halas. Bulutlaryň süýşüşi, kerweniňem akyp gidip oturşy olary biri-birine çalymdaş görkezýär. Düýeleriň üstündäki ynsanlaryň ömürlerem edil şu görnüş ýaly akýar geçýär, akýar geçýär. Olaryň bulutlardan tapawudy ýok diýseňem boljak welin, iki gün ýol arasy öňde ýene bir bölek adam kerweni talamak üçin peýläp ýatyr. Bulutlarda beýle häsiýet ýok. Olar biri-birlerine ýamanlyk etmeýärler. Bulutlar ýer-gögüň arasynda her zadyň özüniň iň uly baýlykdygyna adamlardan gowy düşünýän ýaly.

Geliň, başyna bela geljek kerwene ýakyn baralyň. Uzakdan biri-birine şeýle meňzeş görünýän gum depelerem ýakyndan synlasaň tapawutly. Ynsanlar-a hasam. Orta gürpde barýan bir düýäniň ýüki beýlekilerinden

has ýeňil. Onuň üstünde inçemik, at ýüzli, uzyn saçlary çalaran ýolagçy otyr. Bu adama As-Samat diýýärler. Ylym adamsy. Bütin ömrüne… Geliň, gowusy oňa has ýakyn baralyň.

As-Samat, ugurlaram bir bolansoň bulutlar bilen goşulyşyp uçasy gelýän ýaly, häli-şindi asmana bakýardy. Uzak ýolda kitap okamakdanam ýadap, häzir aňyny öz erkine goýberipdi.

«Näçe köp bolsalaram, bu bulutlarda ýagyş damjalary ýok. Gar ýagdyrardanam olar ysgynsyz görünýäler. Belki olar bir ýere toplansalar, toplanan ýerlerinde garmy, ýagyşmy, ýagmyr ýagdyrsalaram ýagdyrarlar. Ýöne olar toplanjaga-da meňzänok. Wagt mysaly hemmesiniň ugry bir tarapa, akyşlaram okgunly. Ýok, hiç bir manysyz beýle okgunly akmak mümkin däl. Kim bilýär, olar bir ýerlerde toplanýandyrlar, lemmer-lemmer bolup. Bir ýerlerde tutuş gögi tutandyrlar. Ana, şol ýerde-de ýagýandyrlar. Tozga-tozga gara, bolmanda ýagyşa öwrülip ýagandyrlar… Mundan öňki on asyr, mundan soňky on asyr, müňläp-müňläp asyrlar lemmer-lemmer toplansa… şonda näme ýagarka? Damja-damja salymlar, birgiden ömürler ýagarmyka? Kyýamatahyr diýilýän ýa şeýdip başlanarmyka?..»

Bagdatdan Urfa ýola düşen, elli ýaşy arka atan As-Samat edýän pikirlerinden hasam üşän ýaly boldy. Münüp barýan düýesiniň ýyly örküjine bagryny berip ýylynjak boldy. Kerweniň iň yzyndan barýan düýedäki jaňyň sesine diň saldy. Döşüni itip dem aldyrýan öýkenleriniň işleýşi bilen jaň sesi, münüp oturan düýesiniň ädimleri sazlaşyp, on iki süňňüne rahatlyk getirjek ýaly etdi. Ol töweregine garandy. Töwerek dem-düýtsüz ýatyr. Onuň bu ýatyşyna hiç zada parh etmeýär diýjegiňem, ýa-da bir zadam sypdyrmajak bolup ünsli diňşirgenip ýatyr diýjegiňem biler ýaly däl. Ünsüni çeken goňras bulutlar bilen reňkdeş tümmek-tümmek gum depeleriniň ýöräp barýan kerweniň deňinden akyp yzda galyp gidip oturyşy As-Samady biygtyýar ýene asmana bakdyrdy. Ýer asmanda, asmanam ýerde ýaly göründi.

«Toba estagfuryllah. Gudratyňa döneýin. Beýle dünýäni diňe Sen ýaradyp bilersiň. Bizmi oňa akyl ýetirip biljek? Ýerem, asmanam, pursatjyklardan düzülen ömürlerem, asyrlaram Seniň gudratyň. Edeniňe ýüz-de-müň şükür, etjegiňe-de sabrym bar…»

As-Samat lemmer-lemmer bulutlardan tozgalap garyň, şabyrdap ýagyşyň ýagyşyny göz öňüne getirse-de, howanyň üýtgemegini islemedi. Uzak ýolda birsydyrgynlyk ýürege düşgünjem bolsa, her günüň bir hili öwsüp durmasyndan kän gowy. Belki adam ömründe-de şeýledir. Ynsan her gününiň geçen gününe meňzemezligini hernäçe islese-de, çaýkanýan deňziň tolkunlary ýaly wagt her gün bir ýana oklap dursa, ynsan berlen ömrüniň ýarsynam ýaşamaga çydamasa gerek.

«Allahyň gudratyny duýmak, hem Onuň edenine şükür etmek»bilen özüni kyýamatahyryň pikirini etmeden az salymlygam bolsa halas eden gartaşan göwräň irkilesi geldi. Pikirleri gününe goýsa diňe irkilmek däl, ol

süýji uka gitjekdi. Emma ýaşy gaýdyşdygyça ynsanyň isleg-hyýaly hakykatdan daş düşmäge başlar eken. Gol bulaýan garrylykdan gelen ukusyzlyk hem-de agyr pikirleri bilen geçip barýan orta ýaşyň süýji uka bolan islegi As-Samadyň ýadaw aňynda garpyşdy.

«Mundan ozalky uzak ýollary uklap ýeňerdim ahyryn. Maňa näme bolup ýörkä?» Ol ýene asmana bakdy. Gözleri asmana baksa-da, beýnisi üstüne pursatlaryň damjalap ýagşyny, geçip giden hem ýene gör näçe mertebe gelip geçjek asyrlary gören ýaly tisginip gitdi. Ýa Bagdatda galan halypasynyň diýýänleri başyna gelip ýörmükä?

«As-Samat, başyňa şeýle bir pursat geler, gudratyň döreden gudratyny däl-de hut onuň özüni görersiň. Gudraty görersiň. Ol ýangyndan soň küli görmek däldir. Ol hut oduň özüni görmekdir, ýalynyň howruny teniň bilen syzmak däl-de, lowlap ýanmakdyr…»

Hakykatda welin, As-Samat özüniň üşejek bolýanyny duýdy. Bu ýa hassalanmagyň nyşanymyka? Ol egnindäki donuny ýuka görüp, horjunyndan ýapynjasyny çekip aldy. Ony arkasyna atyp, düýbünden başga zatlaryň pikirini etmäge synanyşdy. Çünki onuň «ýanasy» gelmeýärdi. Megerem, şonuň üçindir, halypasynyň ony Bursadaky uly sopynyň üstüne ugradany?! Ol aýrylyşmazynyň öň ýany: «Sen Bursa bar. Ol ýerdäki pirim saňa bir şarpyk çalar. Ine, şonda aňyňdaky artykmaç pikirleriň ählisi çykar. Belki, şondan soň Allahym saňa gudratyň özüni görmek nesibesini berer. Bar, ýoldaşyň Hak bolsun» diýipdi.

«Şarpyk çalnar ýaly men oglan-uşagam-a däl».

Özüne «oglanam-a däl» diýen As-Samat pikirleriniň ugruny üýtgetmek niýeti bilen ýaşan ömri, geçen günleri hakynda oýlanmaga başlady. Kitap göçüriji hatdadyň näçeräk sahypa ýazanyny saldarlap görşi ýaly, ol köpi geçen ömrüniň sahypalaryny aňynda hasaplap gördi. Bu oňa birbada süýji geldi. Bu süýjüligiň nämedendigini düşündirmek kyndy. Ýaşyň elliden geçip, bärden aňryň golaýdygyny duýmakda näme süýjülik bolup biler? Mümkin, şonça ýyly arka atyp bilenligiň süýjüligidir? Ömrüň ýazyny, tomsuny, güýzüni görüp, gyşynyňam gyrasyndan girip ugranlygyň süýjüligidir? Bulutlaram, bulutlara meňzeş gum depelerem ýatlamalara ulaşan As-Samadyň gözüne ilmän başlady.

Onuň hakydasynda ejesi janlanjak ýaly etdi. O pahyryň göwnüni ýykan günleri ýadyna düşüp, As-Samat islemese-de ömründen ýyrtyp aýyrasy gelýän sahypalaryny gördi. Ol diňe ejesi bilen baglanyşykly däl, başga-da birnäçe kalbyna ezýet berýän  sahypalary görse-de, okamajak bolýan ýaly agyr gabaklaryny ýumdy. «Şeýle islemesemem näme üçin ilki şolar ýadyma düşýärkä? Ömri ahyr bolýança her gününi saýlap ýaşap bilmeýän ynsana bolmanda geçen günleriniň islänini ýadyna ýazyp, islemediginem bozmak berlen bolsa bolmaýarmy. Demiň sogrulýança, isle-isleme, her güni ýaşap geçmeli. Soňam olarda eden etmişini aňyňa ýazmaly. Öz beýniňe, öz eliň bilen… ýazmaly».

Iki depe aşmankalar As-Samada aýyply sahypalaryny ýapmak başartdy. Ilki badalardy, o ýatlamalaryň gatynyň gaýta-gaýta açylyp, her etmişiň özenininiň gözlenen günleri. Şonda enäniň ýazykly ogluny aklajak bolup «Oglumyň niýetinde beýle zatlar ýokdy. Ony al kakdymy, şeýtan azdyrdymy, bir bela boldy» diýşi ýaly, ol niýeti bilen goranjak bolupdy. Hatda bir salym goranypdam. Emma bir gün bir kitapdan adamlar aňyna gelip geçen günäli niýetleri üçin soraga çekilmezler diýip okady.

«Eger günäli niýetiň üçin jogap bermeli däl bolsa, arassa niýetiň üçinem aklanmarsyň. Niýetiňde näme bolandygyna garamazdan, günänem, sogabam eden hereketiň bilen gazanarsyň. Adam Atany eden etmişi üçin Allah behiştden kowup täzeden synagdan geçirdi. Bir gadaganlygy bozany üçin, Adam Ataň diňe özem däl, ähli kowmy synagdan geçmeli boldy. Biz gadaganlyklaryň, gör, näçesini bozandyrys… Ýene-de ogul-gyzlarymyzyň görjegi gowy bolsun diýip dilegem edýäris. Men kakamyň günäleri üçin, ogullarym meniň günälerim üçin synagdan geçmeli bolup gidip otyr…

Haçanam bolsa bir asyrda bir nesil günä işlerden el çekmegi başararmyka? Eger başaraýsa, ondan soňraky nesil synaglardan azat bolarmy? Eý Allahym, bu bagta ýetjeklerem barmyka? Ýa bu synag dünýäsiniň aýlanmasyny goýup, kyýamatahyryň gelmegi bolaýarmyka? Şeýle bolanda-da, ol beýik tamamlanyş, nähili beýik jemleme bolardy! Adam Atanyň tobasyny kabul edip, oňa ýene-de kowulan ýerinden orun beren Keremli Allahym ahyry bir nesliň haramdan el çekip bilendigininiň hormatyna ähli adamzadyň günäsini bagyşlar! Surnaý çalynyp başlanmaly bolsa, kyýamat diýilýän toý bolaýmasyn? Hakykatdanam, bu dünýede ýaşaýyş şeýdip togtajak bolaýmasyn? Näme üçin biz kyýamady dowzahyň gapysynyň açylmasy ýaly göz öňüne getirýäris? Asyrlary aýlap, nesilleri dünýä inderip, jennete mynasybyny bir ýana, dowzahylaryny bir ýana edip saýlap oturmagyň pursadynyň ahyry gelip ýetmegi näme üçin toý bolmaly däl? Goý, men günäli bolaýyn, emma elimde kararym bolar. Allahymdan gelen buýrugy alyp bilsem, dowzaha gitmeli bolamda näme?! Iň esasysy ol buýruk iň adalatly buýrukdyr. Ähli neberämiň synalmalarynyň tamamlanandygyny aňladýan buýrukdyr. Biz bir ynsanlar. Hemmämiziň başymyzdan geçenler dürli-dürli bolsalaram, ýeke sözde – synagda jemlenýär. Biz synaldyk, özümize mynasyp netijänem aldyk. Emma bu synagy guran Keremli Allahym onuň şowly gutararyny islär ahyryn…

Biz, synagdan geçýänler, näme üçin ömrüň, ömürleriň, asyryň, asyrlaryň soňunyň toý bilen jemlenmegini islemeýärkäk? Näme üçin men aýyply günleri ýaşadym? Günlerde günä ýok. Näme üçin men sogap işleri etmeli günümde günä işe baş goşdum? Özüm bilmezden, özüm düşünmezden, nesillerimiň bu dünýä inmegini, onuň ajysyny-süýjüsini datmagyny, kyýamatyň entek-entek gelmezligini isläp bilkastlaýyn günä gazandymmykam?..

Mis özüne hernäçe «Men näme üçin altyn däl?»diýse-de, ýene misliginde galýar. Üstünden hernämeler guýup gaýnadanyň, gowranyň, köýdüreniň bilenem misiň altyna öwrülmeýändigini sen gördüň ahyryn. Toba et, toba et. Günäleriňe puşman et…»

As-Samat şeýdip, ähli adamlar ýaly puşman edip, aýyply günleriniň asla gatyny açasy gelmezdi. Açsa-da diňe ýyrtyp aýyrmak niýeti bilen açardy. Diňe köpümizden tapawutlylykda şeýle niýet bilen As-Samat olary köp açdy. Duşmany ýaly darady. Emma näçe ýyrtjak boldugyça-da aýyplary aňynda berkärdi. Beýleki sahypalaryň arasynda iň köp açylýany bolansoň, olar her gezek jikme-jigi bilen janlanyp, has beter gözüne dürtülerdi. Her gezek «Kim-kimi ýyrtarka, hany göreli» diýip, olar As-Samadyň içinden urup, etini serpip süňküni gazalardy.

Bu sahypalardan nädip dynjagyny bilmeýän As-Samat bir gezek «Derdimi paýlaşsam ýeňlär» diýip, olardan birini iň ýakyny — atalygyna gürrüň berjek bolupdy. Emma şobada üstüne agyr utanjyň abanyp gelýänini syzypdy. Şeýdibem ol öz aýbyňy paýlaşyp bolmaýandygyna, ony diňe özüňde çüýredip bolýandygyna düşünipdi hem mümkingadar olara özüňi çüýretdirmejek bolmaly diýen netijä gelipdi.

Ýyrtasy gelýän sahypalarynyň yzy bilen As-Samadyň kynçylykda, jepa bilen geçen günleri aňyna geldi. Bu günleriň sahypalarynda harplar irimçikdi. Olar agyr geçenem bolsalar, aýyply sahypalar ýaly ezmeýärdiler. Tersine, basgançaga çykyp barýanyň ýadadygyça ýokary galýandygyny duýşy ýaly, näçe agyr günleri ýaşadygyça adam pahyr berkleşýärmikäm, polat ýaly taplanýarmykam diýer eken. Olaryň agyrlygy gaýta, deňiňden geçensoň lezzetem berýär. O günlerde suwa basylyp iýlen gaty çöregiňem tagamy başgady. Öňem biri ogluny uzak ýola salanda biline çörekli düwünçegi daňyp:«Muny bal bolanda iýgin» diýip tabşyranmyş. Oglan her ajyganda çöregini elläp görüp: «Heniz bal bolmandyr» diýip kän garaşanmyş. Ahyram çydaman, çöregini suwa basyp iýmäge oturypdyr. Görse, çöregiň tagamy baldanam süýjümiş.

Bu rowaýaty bir sözlemde aňyndan geçiren As-Samat dokuz ýaşyndaka ilkinji gezek kerwene goşulan gününi, hiç kim ýanyna almansoň, küpürsäp ýatan tozan ýolda düýelerden galmajak bolşuny, ahyram biriniň dözmän ýanyna alşyny ýatlady. Çaň basan ýaňagyndan akan gözýaşlaryna çenli ýatlady.

Elbetde, o günleri ýatlamagyň lezzeti içi mähirden doly, keşdelenen ýaly bezemen bagtly sahypalar bilen deňeşdireniňde hiç zat. Bu gezegem şeýle günlerini ýatlap ugrandan, As-Samat ejesini gördi. Ýöne bu gezek onuň gözleri has mähribandy. Ejesiniň sap ýüpekden işip dakan alajasy häzirem boýnunda ýaly, As-Samat elini nädip alkymyna ýetirenini bilmän galdy. Soň bäbejikkä ýassanan ýassygyna işşekçer çykansoňam dulugyny goýşy ýadyna düşdi. Soň kakasy… Kakasy pahyr… Kakasynyň ölmeziniň öň ýanynda pyşyrdan iň soňky sözleri As-Samadyň gulagyna geldi.

«Samadym, garadan dogan agymsyň sen, gijeden gelen gündizimsiň. Tümlügimiň ýagtysy…»

As-Samadyň agyr gabaklary ýene-de ýumuldy. Bu gezek olar soňky ýatlamalarynyň döreden şekilleriniň beýnisinden çykyp gözüniň deşiklerinden akyp gitmesiniň öňüni aljak bolup ýumulana meňzeýärdiler. Emma ol şekiller aňsat-aňsat beýnini terk etjek şekiller däldiler. Hem süýjüdiler, hem ezizdiler, hem agyrlydylar. Şol agyry sebäpli As-Samat o günleri öz gününe goýmaga mejbur boldy. Dogrusy, o günleriň özi As-Samady gününe goýup, beýniň iň pynhan öýjüklerine siňip gitdiler. Olaryň gidenine däl-de, As-Samat ömrüniň biçak köp sahypalarynyň düýbünden okalmaýandygyna ahmyr edip, uludan dem aldy. Edil ýaşalmadyk ýaly, olar unudylan günlerdi.

As-Samat tutuş kitaba baha berjek boldy. Umumylaşdyrara esas bar — olary ýazan özüdi.

«Ýerden seretseň, bu bulutlaram agyr ýaly. Ýene olary asman göterýär. Ynsanyňam dünýä inip ýaşan günleriniň ýüküni aslynda diňe ynsan çekip biler. Her kimiňem ýüki özünde. Keseden seredýänlere olaryň şu gum depelerinden tapawudy ýok.»

Bir ussat sülçiniň jenaýatça pynhan syrlaryny aýtdyryp durşy ýaly, As-Samat içi-içinden geçýän ömür ýüpüniň bir ujuny eline alyp, çözlemejek ýerlerine çenli çözüp otyrmykam diýdi. Ýogsa ýaňam ömür tanapyny çözlemek oňa süýji bolup görnüpdi. Emma häzir çözledigiçe aňyrsy köpelýän ýatlamalaryndan gorkup, As-Samat bu pişesinden el çeksem diýdi. Ýöne gidere ýeri ýok – düýesi kerwene tirkelen, kerwen bolsa durman şol gidip otyr. Hatda düýäňden düşseňem ýene-de yzyňa münäýmeseň gitjek ýeriň ýok. Ömür ýolagçylygam şonuň ýaly.

As-Samat halasgärini gözleýän ýaly, töweregine garandy. Emma gözleri hiç zatda eglenmedi. Gaýta goňras goýy reňkli çäge tümmekleri tolkunlar mysaly ony ýene pikirleriniň içine oklady.

«Aslynda ömür ynsana berlipmi, ýa ynsan ömre, baş çykarar ýalam däl. Düýnüm, ondan öňki geçen günler, şu günüm, ertirim, geljekki günler düzüm-düzüm bir düzüme düzülipdir. Zynjyr halkalaryndan geçen ýaly, men olardan geçip gidip otyryn. Bir günem halka gutarar. Men onuň haçan başlananyny bilmeýşim ýaly, haçan gutaranynam bilmän galaryn. Ýolunan zynjyr şakyrdap ýere gaçar. Halkalar biri-birine degip ses eder. Ýürek urmasyny goýar, öýken ýellenmezem, boşamazam. Damarlarda ganyň akmasy togtar. Görüp otursaň, ynsan ömri gutulgysyz ölümden gutulmagyň bir alajyny gözleýäniň ýoluna meňzeýär. Zynjyr halkalarynyň altyn, kümüş, mis, iň soňunda-da pis halka öwrülip gidip oturşy, halkalaryň daralyp dura-bara geçmesiniň kynalşy ynsany ölüme razy bolar ýaly derejä eltýär. Ölümine kim bäş gün, kim bäş ýyl galanda, kimse bolsa ýigrimi bäş ýyl öňünden boýun bolýar…

Bu dünýe nähili pany?! Ölüm sebäpli däl. Ýaşalan ömrüň — seniň yhlas edip ýazan sahypalaryň güýz ýeline pasyrdap, gyşda garyň astynda galjakdygyna, ýaz çagbasyndan deşim-deşim deşilip, tomsuň jöwzasyna çürşjekdigine gynanýaň. Ýyl geçdigiçe ol sahypalaryň mährem harplylarynam, irimçik harplylarynam, hatda ýyrtasyň gelen sahypalaryňam okar ýaly bolmaz. Ýene on asyrdan bolsa, olaryň ýazylanam bilinmez…

Okalmajak kitaby ýazmakmy onda, ýaşaýyş?

Ony özüň welin okaýaň. Isleseň-islemeseň okaýaň. Tä gözleriň baky ýumulýança hem ýazýaň, hem okaýaň.»

As-Samat hatdatlaryň gözümiz kütelmesin diýip maşk edişlerini — gün dogup gelýärkä gündogara däl-de, günbatardaky gözýetime garap jahanyň ýagtylyşyna bakyp oturyşlaryny ýatlady. Ýa ömre düşünjek bolup, onuň başlangyjy däl-de, gutarşy hakynda köp oýlanmak paýhasyňy ýiteltmek üçin edilýän maşkmyka? Ol ömür hakyndaky pikirlerine «maşk»diýenini özünden gaty gördi. Öňden barýan düýelere lapykeç seretdi. Öz-özüne içiň ýansyn diýýän ýaly, ýene-de pikirini dowam etdirdi.

«Bu düýeleriň üstünde oýaly-ukuly oturan adamlaryň hersi bir kitapmy onda? Açylmadyk, açylmajak, belki açylmalam däl kitaplar… Olary diňe ýazdyran Ýazyjy kyýamatda okar. Biz bolsa, muňa düşünmän, ömrümizden halamadyk sahypalarymyzy ýyrtyp, göwnümizden turan sahypalaryny bolsa özümiz ýaly «kitaplara» okatjak bolýarys. Görümsizlik edip başga bir bendäniň «sahypalaryny» agdaryşdyryp okajak, olara syn berjek bolýarys…»

Ömür kitabynyň daşynyň çagalyk bilen ýalpyldadylyp, ölüm bilen gatadylandygyny As-Samat gözi bilen gören ýaly boldy. Onuň ýüzüne çekilen şekildäki gerlen sallançak çalaja yrgyldap dur, ortada-da tabak. Hol aňyrda sallançakbagylary biri-birine baglanan birnäçe sallançak, şonça-da tabak, soň aýry-aýry duran tabytlar… Bu kitabyň daşlygynda gatylykdanam beter sowuklyk bardy. Ol sowuklyk galtaşaýsaň tisgindirjek sowuklykdy. Ýüzüne ýylanyň gowy çekilen ýaly. Açardan-agdarardanam agyr.

«Ol ýagşa-gara galany bilen bozuljak-sozuljak kitap däl. Dünýäň özünden berk. Men bolsam olardan halamadyk sahypalarymy goparjak bolýan?! Oňa ýagşa-gara galyp çüýrär diýip gynanýan. Haý, akmak ynsan diýse! Biz olary özümiz ýazdykmykak beri? Olary ýaşanymyzdan, ýazanymyzdanam beter, soň kyýam durup kyýamatda özümiz okap bermeli bolsak… Bir oturyny, nokadynam sypdyrman ähli sahypalaryny okamaly bolsak… Eý, Hudaý…»

As-Samat bar pikirlerini kowup ýatjak boldy. Emma ömür kitaby ýene göz öňüne geldi. Ýatyp bilmejekdigine gözi ýetip, ýatlamalaryny erkine goýberdi. Çagalygyny ýatlady. Şol wagtlaram ol irkilesi gelende süýji uka gidýänlerden däldi. Çagalykdan ukyny ýigrenmegi öwredipdiler. Ol ukyny

hem ýigrenerdi, hem özi üçin elýetmez hasaplardy. On-on iki ýaşlarynda, ukyň iň şüýji döwürlerinde bir gezek däl, birnäçe gezek uklap galyp, soň oýananda çörek paýyny töweregindäki ýetim çagalaryň iýenini görüp, gaharlanyp, uka sögünip, ýuwdunyp galypdy. O döwürlerde bazarda hammallara kömekçilik ederdi. Hammal ýoldaşyna müşderi tapyp bererdi. Şonda agyr ýüklere güýji ýetmese-de, özüne güýji ýetmelidi — uklamaly däldi. Uklap galanyň müşderisiniň başga bir çem gelen bilen gidýänini ol köp görüpdi. Müşderini gidirmek bolsa, hammal üçin jübüsindäki puluny aldyran bilen deň. Eger gazanç etjegiň çynyň bolsa il ýatanda-da, ýadaw hammal dostuň uklap dynjyny alýarka-da, sen aýak üstünde bolmaly. O günler ýaş Samady taplan günlerdi. Ony gyzgyn gordan çykaryp, sowuk suwa sokan günlerdi…

Soň, bagty çüwüp bir uly alym ony ogullyga alypdy. Emma şonda-da ol setanda-seýranda bir gezek bolaýmasa, arkaýyn ýatyp, doýa uklamandy. Çünki onuň atalygynyňam ýigrenýäni uky, ýatagan adamlar eken.

«Atam… Ýogalanyň bäri eýýäm on ýyl geçdi. Sen islendik süteme çydasaňam, şunça wagtlap ukyda ýaly hereketsiz ýatmaga nädip çydaýarkaň? Bir gijäniň ukusyny uzak görerdiň. Ine, indem ýyllap ýatyrsyň. «Bu dünýäniň ukusy bilen o dünýede-de hasaplaşyp bilerin, emma o dünýede maňa «Ýaşaman ýatyp geçiren wagtlaryň şu, al ýaşa» diýip gaýtadan ýaşara pursat beren bolmaz» diýerdiň. Ýa garrylygyň ukusyzlygy diýdirýärmidi saňa-da o sözleri? Ýaşamak — garramak — ölmek — ömür kitaby... Ýaşamagyň nämesi gowy, ölmegiň nämesi erbet? Bularyň ikisem deň derejedäki barlyk ýaly bolup dur, Urfa bilen Bagdat ýaly. Bagdat ýaşaýyş, Urfa ölüm...»

Bu deňeşdirmesine As-Samadyň hasam egni gysyldy. Dirilikden ölüme barýanyny boýun alasy gelmeýän ýaly, özüne basalyk berip, deňeşdirmesini delillendiren boldy. «Bagdady men gördüm, köçelerine çenli belet, Urfa welin görmedik-bilmedik ýerim. Bar bilýänim o ýerde dini başgalar ýaşaýar hem ol ýerde gelenime begenjek atamyň dosty bolmaly.

Ölüm ýurdunda-da gelen adama begenjekler barmyka? Dirileriň gelerine garaşyp ýatan ölülermikä begenjekler? «Dirikäm eden ýagşylyklaryny ýerine salyp bilmedim. Häzir olam biziň dünýämize gelipdir. Kömegime mätäçdir, garşylaýyn, eýe çykaýyn» diýip, her kim bu dünýede özüne kömek edenleri o dünýede razy etmek üçin garşylap ýörmükä? Meni kim garşylar? Atammy? Aý, ýok, ol maňa bu dünýede eýe çykdy. O dünýede men ony gözlemäge borçly. Kakammy? Oňa men näme ýagşylyk etdim, o dünýede öňümden çykar ýaly?! Gaýta ýük boldum. Ejeme-de şeýle. Oglumyz boldy diýip begenişleri ýaly, oglumyz öldi, biz bilen deňleşdi diýip begenäýmeseler bendeler…

Tebipçilik edip, tanyşu-nätanyş dirikäler dertlerini ýeňleden bendelerim öňümden çykaýmasa? Men şonda o bendelere: «Maňa kömek etjegiňiz çynyňyz bolsa, kakama, ejeme, atama, ýakynlaryma duşuryň meni»

diýerin. Ýöne bu dünýede duşurýanyňam aýyrýanyňam Haktagala bolşy ýaly o dünýede-de, Allahymdyr bizi bir-birege sataşdyrjak. Ýa öň gidenler bolarmyka soň gidenlere goluny uzatjak? Eger şeýle bolsa, ilki öňümden çykjaklar göwnüne degenlerim, ýüregini ynjydanlarym, ýaramaz düýş bolup gijeler ýatyrmadyklarym bolaýsa men näderin? Abat eline çapylan elini, çapylan kellesini alan bendeler garşyladylarmyka kakam pahyry?!

Toba estagfyrallah, toba estagfyrallah, toba estagfyrallah... Bize Pygamberimiz garaşýandyr. Bize sorag-jogap garaşýandyr. Bize dowzah ýa jennet garaşýandyr. Biz ynsanlary o dünýede biri-birimize bir garşylatdyrma. Dowzahyňa sal welin, Özüň bize eýe bol. Öz ýaradanlaryňa Özüň eýe çyk. Sogaba ýakyn, günäden daş et, Allahym!»

Soňky bäş ýylyň içidir ölüm hakynda köp oýlanýan As-Samat pikirlerinden halys basylyp, Kurandan bir uzyn süräni içinden okamaga durdy. Köp gaýtalan sazlaşykly setirleri öz-özünden As-Samadyň diline gelip barýardy. Dyngy bermesiz ýerinde demi ýetmän säginmezlik üçin ol her aýatyň soňunda salkyn güýz howasyny kükregi dolýança işdämen sorýardy. Bir ýere jemlenip ugran bulutlar howany gowy agraldanam bolsa, bu onuň nepesini durlady, göwnüni açdy. Ol hatda tozan gatyşykly ýeliň ýuwaş-ýuwaşdan güýjeýäninem duýmady. «Ynsan beýnisine ýene on asyrdanam Allaha sygynmakdan hem göze görünmeýän howadan gowy derman tapylmaz. Allahyň gudratyna döneýin, edenine şükür».

Aýatdan soň doga-dileg bilen «Allahuekber» diýip elini ýüzüne ýetiren As-Samat ýürekden şükür edip okan süresiniň sogabyny edil ýanynda ýaly duýan kakasynyň ruhuna bagyş etdi. Ýüzüne sylan ellerine kakasynyňkydyr öýdüp, allaniçigsi boldy. Ol eller şol iň soňky gezek gören süňke dönen hor, gün görmedik ak ellerdi. Olaryň edil şo wagtkysy ýaly ysgynsyzlygydy. Mejalsyz bolansoňlar mähirli hereketlenýärdiler. Kakasynyňkydygyny tanabam olardan gorkanyna As-Samat ahmyr etdi. «Kakamyň ellere öwrülip gelen ruhy, belki-de oglunyň gorkanyny görüp gaýyp bolup gidendir? Ölenleriň ruhy bu dünýede-de ýanymyzdan aýrylmaýarlar, o dünýede-de ilki öňümizden çykjak şolar bolsa gerek?!»

As-Samat kakasynyň ruhuny gaçyranyna gynanyp, münüp barýan düýesiniň örküjini penjeledi. Töweregine garanjaklady. Asmany gaplan agyr bulutlaryň nirä göçýäni bildirmeýärdi. Açyk meýdanda harasadyň gaty çalt süýşýändigini bilse-de, As-Samat howanyň üýtgeýşini duýmanyna haýran galdy. Agyr kerwenýň düýelerem ýelden howatyr edýän ýaly, uzagy nazarlap, ýüzlerini kese sowýardylar-da, uzyn dodaklaryny şalkylladyp, hümläp goýberýärdiler. Kerweniň jarçysynyň sesi As-Samadyň gulagyna ildi. Ol bogazyna sygdygyndan gygyryp, kerweniň aýakujuna tarap jar çekip barýardy.

«Aha-how, jemagat, ikindi namazy agşam namazyna jem edilip okalar. Howada harasat turmak howpy bar. Agşam namazyna çenli kerwen saklanjak däldir-le-haw. Penalar ýaly amatly ýere ýetmelidiris-le-haw.»

«Öz-özüme başagaý bolup, bu bulutlaryň akyşynyň harasadyň alamatydygynam duýmandyryn. Harasat tursa kerwen ondan gaçyp gutulyp bilermikä? Biz başbitinligimizi namaza durup Allahdan dilemeli dälmidiris? Allahyň penasyndan ygtybarlam bir pena bolarmy?»

Kerweni sag-aman Urfa aşyrmagyň aladasynda barýan kerwenbaşy öňräkde ýelden goranar ýaly bir oýuň bardygyny bilýärdi. Ol içinden şol oýa garaňky gatlyşmanka ýetip bilse harasat gaty aýylganç bolaýmasa, kerwen aman galar diýip pikir öwürýärdi.

***

Kerwen ýol aldygyça, ýeliňem bady artýan ýalydy. Asmandaky bulutlar As-Samadyň diýşi ýaly, lemmer-lemmer bolup bir ýere toplanyp, haçan ýere dökülse-dökülibermeli hala gelipdiler. Ýeliň arkadan ösýändigi öňe gitmegi ýeňilleşdirýärdi. Şonda-da uzak ýola ilki goşulan ýaş düýeler hatarda saklatmajak bolýardylar. Olaryň eýeleri pyýadalap baryşlaryna owsaryň ujuny goşarlaryna berk baglapdyrlar. Eýelerini süýräýmeseler düýeleriň gidibiljek ýeri ýokdy. Burunlaryna ýel düşse olaryň adamlary süýremegem gaty daş däldi. Emma burunlaryna degýän taýaklar olara bat alara maý bermeýärdi. As-Samat münüp oturan düýesiniň bular ýaly ençeme gaýlary gören garry düýedigine begendi. Ol düýesiniň ýyly örküjini ýassanyp, ýere-de düşmän Hudaýy çagyryp barýardy.

Hernä kerwen bölünmän, kerwenbaşynyň peýleýän oýuna-da gelip ýetdi. Ine-de, kerwenbaşy bir elini göge göterip yşarat etdi-de, münüp oturan erkeginiň başyny çekdi. Başlarynyň çekilenini halaman ýa-da oňa jogap edip, iki-ýeke iner bozlady. Ala-hasyrdylyk döredip saklanan kerwen, uly bir gerşi ýassanyp düşledi. Nerler-düýeler çökdüler. Oýa girileninden boldumy, ýeliň bady gowşady. Galyň bulutlar Günüň ýaşanyny ýa-da ýaşmanynam doly aňdyrtmaýardy. Ine-de, azançy azana gygyrdy. Elli töweregi adamyň başy jemlenip, iki hatara düzüldi. Ymam öňe geçip jemagata namaz okatdy. Sapar namazlary bolansoň ikindi bilen agşam jem edilip okalsa-da, ybadat uzaga çekmedi. As-Samat göwnüne gelen ünjüden ýaňa namazlaryny nädip okanynam bilmedi. Ol içinden: «Biz tupandan gorkymyza ikindimizi agşam namazyna jem etdik. Kybla bakyp Allaha ýalbarmalykak, bir oýy penalap gaçdyk. Biziň bu edenimiz dogry ýaly, harasatdan halas bolduk. Ýelem ýatdy. Ýa Allahym biziň nähili hereket etjekdigimizi görmek, synamak üçin bu tupany turuzdymyka? Günämizi geç, bendeleriň bilen deň bolma, Taňrym! Beterinden sakla.»

Her kim sag-aman ýolagçylygy gutaryp öýlerine başbitin dolanmagyň dilegini etdi. Ýagşyň ýagaryndan howatyr edýän adamlar gyssanmaç ýerli-ýerine dargadylar. Diňe bir ýolagçy töweregi boşap galsa-da, kellesini sejdeden kä galdyryp, kä goýup dogasyny goýmaýardy. Köplenç, uzyn dilegler edip, iliň soňuna galýan As-Samadam turup barşyna oňa tarap garandy hem içinden: «Allah yhlasymyza görä dileglerimizi kabul etsin»

diýdi. Gijäniň garaňkysyna diňe ullakan çäge gerişleri saýgardýardy. Käýerde-käýerde ösüp oturan keltejik sazaklaryň çyplaň şahalarynyň ysgynsyz şuwwuldysy, bady gowşasa-da, ýeliň doly ýatmanlygyndan habar berýärdi.

As-Samat düýesiniň ýanyna gelip, atalygyndan özüne miras düşen eke-täk zadyny — ullakan öküz derisini aşagyna düşendi. Iki düýe arasy yzdan gelýän, As-Samat bilen ýola düşülmeziniň öňýanlary tanyşan Eziz ýüküni ýazdyryp onuň ýanyna geldi. Eziziň mährem bakyşy bardy. Bu bakyşyň manysy giňdi.

Ol «Sag-aman gelýärmisiňiz, agam, ýagyş ýagaýarmyka?»diýip saglyk-amanlyk soraşmakdan başlap, «Isleseňiz çaý getireýine» çenli mylaýym söz atyşmalaryň baryny öz içine alýardy. Edil çekimli harplary ýazylmaýan arap ýazuwyndaky ýaly, As-Samat bilen ondan ýarpy ýaş kiçi Eziziň arasynda-da, täzelikde tanyşanam bolsalar, köp zatlar aýdylman düşünilerdi. As-Samat Eziziň bu düşbüligini gowy görerdi.

As-Samat Eziziň gözlerinden okan sowalyna jogap gaýtardy:

— Bulut ýagmaz, buýruk ýagar. Allahdan bidin çöp başy gymyldaýan däldir.

— Agam, Allaha imanyň berk bolmagy üçin Ony tanamak, Oňa ynanmak, düşünmek gerek diýýärsiň. Özleri ýaly ynsanlara ynanmaýanlar, ynsana düşünmeýänler, ynsany tanamaýanlar Haktagalany neneň tanasynlar?

— Atam: «Herki zatda tertip bardyr. Tertibiň bozulan ýerinde ähli zat manysyny ýitirýändir» diýerdi. Adamzada ynanman, düşünmän, tanaman Ýaradana ynanmak, düşünmek, Ýaradany tanamak mümkinmikä beri? Çünki tertip ýitýär.

— Eger gudrat tertipde bolsa, Güneş …

Eziziň sözüni soňlap bilmän goýmasyna As-Samat ýylgyrdy. Eziz onuň ýylgyrmasyna düşünip, ýere bakdy. Ol tä As-Samada duşýança ýyldyzlara çokunyp gelipdi. Ene-atasam ýyldyzparazdylar. Hakyky, imanly adama duşuryp dogry ýola salany üçin ol her namazynda Allaha şükürler aýdardy. As-Samada ýagşy dilegler edip doga okardy.

— Güneşiň, ýyldyzlaryň tertibi Allahyň gudratyny görkezýän tertipdir, Eziz. Eger şol gudrat bolmasa ýyldyzlaryň hersi bir ýaňa dargap kül bolup giderler.

As-Samat bu sözlerini örän ynamly aýtdy. Ara dymyşlyk düşdi. Eziz bir zat aýdasy gelýän ýaly ýoldaşynyň ýüzüne naýynjar baksa-da, gürrüňiň ugruny bozmaga çekinip, sesini çykarmady. As-Samat ýagdaýy derrew aňyp:

— Näme aýtjakdyň, inim? — diýdi.

— Aý, hiç… agam tebip, menem dert çekip ýörün…

— O nähili dert?

— Birden-birden içim towlap gidýär.

— Hany, arkan ýat şu ýerde.

Eziz biline berk baglanan pully haltajygyny çözüp bir ýana goýdy. Eşigini ýukaldyp As-Samadyň görkezen ýerinde süýndi.

As-Samat öňünde arkan ýatanyň garnyny basyşdyryp gördi. Köýneginiň üstünden basany bilenem kaýyl bolmady. Ol Eziziň teniniň ýumşak ýylysyna känbir ähmiýet bermän, iç-goşlardaky üýtgeşmelere ünsüni jemläpdi. Elleri aşgazanyň agyryly ýerlerine baranda bedeniň biynjalyk tirpildisini syzýardy.

Eziz bolsa sakalynyň agy garasy bilen deňleşip ugran ýaşulynyň özüne şeýle ýakynlaşmasyndan hem özüni utanýan ýaly duýardy, hem rahatlyk tapýardy. Soňa-baka çekinjeňligem aýrylyp, As-Samadyň basyşdyrmalary oňa hoş ýakyp başlady.

— Agam, dermanyň eliň ýaly, basdygyňça hoş ýakýar.

As-Samat Eziziň sözüne çalaja ýylgyrdy. Garradygyça elleriniň süňke öwrülip barýanyny duýýan As-Samat atasy pahyryň «Eliň ýakymly» diýýän döwürlerini ýatlady. O bende ýene: «Lukman bolmak üçin ilkinji dört şert bardyr. Birinjisi pähimiň, düşünjäň, hüý-häsiýetiň, ikinjisi gözüň, nazaryň, üçünjisi diliň, gep-sözüň, dördünjisi bolsa eliň, ähli hereketleriň ýumşak, mylaýym bolmaly»diýerdi.

Atalygy pahyr oňa ýaňy on bäş ýaşanda, mundan ýigrimi bäş ýyl öň öz bedenini basyşdyrdyp görkezipdi. Ondan öňem As-Samat atalygynyň ellerini-aýaklaryny, arkasyny ençeme gezek owkalapdy. Emma şol gezek atalygy oňa ynsanyň göze görünmeýän öýkeni, ýüregi, aşgazany hakynda aýdyp berip, garnyna, döşüne basdyrypdy, gulagyny goýduryp ýüreginiň, öýkeniniň sesini diňledipdi. Atalygyny ýatlan As-Samat Eziziň haçan uka gideninem duýmady. Eliniň aşagyndaky nähoşuň rahatlanyp, gözüni süzüp ýatyşyndan hoşal As-Samat biraz ýadasa-da, Eziziň aşgazanyny owkalap berdi. Soň ýüzin ýatyryp arkasyny, bilini owkalady. Bäşilenji gün dowam edýän ýolagçylygyň ýadawlygyndan soň, As-Samadyň mylaýym elleriniň täsiri bilen derdi ýeňlän Eziz rahat uka gidipdi. As-Samat owkalamasyny bes etdi. Süýji ukuda ýatan Eziziň üstüni örtdi. Onyň nurana ýüzüne gözi düşende nädip uludan demini alanyny özem bilmedi.

«Eý Allahym, gudratyňa döneýin, ynsany Sen nähili owadan ýaradypsyň! Bu gözlere seret, açykka-da owadan, ukudaka-da…»

As-Samadyň atalygynyň öldürilen goýun kellesini bişirip, ony böleklere bölüşi hakydasyna geldi. Ol gözi özbaşdak bir tabaga çykaryp:

— Seret oglum, ynsanyň gözem şu pisintdir. Bu göz almasy, bu göreç. Göreji kessek içinde suwuklyk bar… Onuň nähili görýändigini düşündirip bolanok. Emma içinden geçýän şöhleleri saýlap bilýän, görýän göreçdir — diýipdi.

Ondan bäri geçen ýyllaryň içinde gaty köp zatlary okan, öwrenen As-Samat atalygy bilen hyýalynda söhbetini dowam etdirdi. Atalygynyň sesi gulagyna gelip duran ýalydy.

— Oglum, hemme zadyň çöwresi ýüzi ýaly owadan däldir. Hol ýatan, keşdelenen pul haltajygynyň çöwresem terslin-oňlyn geçen sapaklardan doludyr. Ýöne ynsan, bu başga. Ynsanyň kellesi beýni bilen pikirlenýär, göz bilen görýär, burun bilen dem alýar, dil bilen sözleýär, agyz bilen iýmitlenýär. Bularyň baryny, başga-da gaty köp zatlary özünde jemleýän kelle nädip işleýär? Onuň güýji biziň görüp duran ýüzümizde däl, ýeňsede-de däl. Özeninde. Ony diňe çöwrüp görüp bolar. Emma ynsan ogluna bu başartmaz. Edil bişip oturan alma miwesine suwuň nireden, nädip barýandygyny görjek bolup agajy çapan ýaly bolarys. Kelle bu zatlara çapmazdan, çowürmezden düşünip bilýändigi üçin owadan. Onuň başarnygynyň nämededigini biz görmeýäris. Çünki ol çöwre tarapda, bize görünmeýän tarapda bolmaly. Ynsanyň çöwresi özündenem owadan bolmaly, eger ol hakyky boljak bolsa…

— Hakyky däl adamy tanamada iş bar!

— Ony Allahyň özi tanar. Sen hemmeleri gowy diýip kabul et. Ica pygamber «Günäkärleme, günäkärlenersiň» diýýipdir. Ýaşym gaýdyşdy diýip sen birini  günäkärleseň Allah seni günäkärlär. Sen diňe söý, Ýaradanyň hatyrasyna söý. Çünki saňa ynsanyň çöwre tarapyny görmek berilmändir. Gözüň gözelligi gabakda ýa göreçde däl-de, görýänligindedir…

As-Samat düýe halyklaryndan birini aşagyna atynyp beýleräkde ýatarman boldy. Ýoldaşyny oýarmajak bolup hernäce jan etse-de bolmady. Şübela ýalbarsa-da, oýaly-ukuly Eziz: «Sen ýeriňe geç, menem ýerime gideýin» diýip, öz düýesiniň ýanyna gitdi. Eziz gidensoňam As-Samadyň uzak wagtlap gözüne uky gelmedi. Ýogsa bir adamyň derdini eli bilen aýyrdy. Ýene bir alkyş aldy. «Maňa dünýede başga hiç zat gerek däl. Indi bir rahatlanyp ýatyberemde bolmaýarmy? Ýa bu dünýäň özüne menden bir zatlar gerek? O geregiňem ahyr bir gün alarsyň-da, häzir bir günüme goý». Dünýe bilen gepleşip ýatan tebip, ahyry çägä daman damja ýaly uky siňip gitdi.

As-Samat ertesi azançynyň sesine oýandy. Gyssanmaç täretini aldy. Azanyň aýdylan ýerine, jemagat bolup namaza duruljak ýere bardy. Ilki sünneti okaldy. Kamat aýdylyp parz namazyna durulmakçy bolnanda gür, uzyn, gara sakally ýolagçynyň ýüzüni ýerden galdyrman aglaýanyny gördüler. Belki köşeşer diýýän ýaly, ymam namaza başlaman güýmendi. Ol adam ýüzüni ýerden götererli däldi. Ymam gaty sesi bilen namaza başlady. Ýaňky adam hasyr-husur ýerinden turup, ymama uýdy. Emma namaz okalyp bolnandan soň ol ýene aglamasyny dowam etdirdi.

Kerwenbaşy As-Samada ýüzlenip:

— Tebip aga, sen ol bendäni köşeşdirip bilmezmiň? Görýänsiňiz ol eýýäm iki gün bäri şeýdip özüni horlap gelýär — diýdi.

As-Samat:

— Kime ýalbaryp aglaýan bolsa ony şolam köşeşdirer, ogullar. Eger Allah ryzasy üçin aglaýan bolsa dilegleri kabul bolup, ýüregine giňlik geler. Eger jemagat meni görsün diýip aglaýan bolsa basym köşeşer, jemagat ony gördi. Eger tebip kömegi gerek bolsa men kömek etmäge taýýar — diýip, ol adama garşy ýuwaşjadan ýöräp ugrady.

As-Samat ýüzüni kybla öwrüp aglamasyny dowam etdirýän ol adamýň sag tarapyndan baryp, elini egnine goýdy. Onuň şol bir aglap oturşydy. Sag elinden tutup ony ýerinden turuzjak boldy. Ol elini yzyna çekip aldy-da, aglamasyny gataltdy. As-Samat onuň çekip alan elinden ýene bir tutdy-da, onuň özdiýenli, kesir gözleriniň içine dikan seretdi. Nazarlar kaklyşdylar. As-Samadyň garaýşyndan ejizlän uzyn sakalyň boýny buruldy, sesini tapba kesdi. As-Samat: «Allah saňa şypa bersin… Düş yzyma.»diýdi-de, gelşi ýaly yzyna dolandy. Uzyn sakalam ýerinden turdy-da, erkini ýitirip onuň yzyna düşüp gaýtdy. Kerwenbaşynyň deňine ýetende As-Samat agyr ýüzüni galdyrdy, ýöne sesini çykarmanam öz düýesine tarap ugrady. Üç-dört ädim yzy bilen gelýän uzyn sakal adamyň agy gatyşykly hynçgyrmasyny ol göýä eşitmeýän ýalydy. Düýesiniň deňine ýetenden soň yzyna gaňryldy. Uzyn sakal özüni lampa aşak goýberip, emedekläp gelşine onuň aýagyndan ogşamaga çalyşdy.

Gözlerinden boýur-boýur akýan ýaşam sylman, As-Samada ýüzlenip:

— Eý, jenabym, kim bolarsyň? Ýaşdan doly gara gözlem seniň gury goýun gözleriňden ejiz geldi. Iki gün agladym, ýalbardym, Allaha dilegimi kabul etdirip bilmedim, seniň bolsa iki sözüň meniň iki günki ybadatymdan güýçli geldi. Elimden däl ýüregimden tutduň, pirmisiň ýa pire gol berenmisiň, kimsiň jenabym? Kyrka  ýeten gara başym elli ýaşan kämil başyň öňünde gul bolmaga taýýar — diýdi. Onyň soňky sözleri sesli agysyna garyşyk çykdy.

As-Samat:

— Estagfyrallah! Tur ýeriňden. Allahdan özgäniň öňünde dyza çökmegil. Gözýaşlaryňy syl.  Allahdan özgäniň öňünde gözýaş dökmegil. Allahdan özgeden tamakin bolmagyl. Tur ýeriňden — diýip, onuň goltugyndan göterdi. Emma ysgyny gaçan ýolagçy onuň gujagynda özünden gitdi.

As-Samat Ezizi kömege çagyrdy. Ýakynda bolansoň, ol tiz ýetişdi. Onynça ol adamyň öz ýoldaşy hem geldi. As-Samadyň ysgadan däri-dermanlary huşuny ýitirip ýatan adamy özüne getirdi. Emma ol ysgynsyzdy, aýagynyň üstünde durup bilmeýärdi. Onuň ýoly dowam etdirmäge haly ýokdy. As-Samat ony heniz ýygnabam ýetişilmedik deriň üstünde ýatyrtdy. Derrew çaý gaýnadylmagyny buýurdy.

Bu gezek kerwenbaşy ýola düşmäge taýýarlyga has uzak wagt berdi. Kerwenbaşydan gelen çapar Urfa çenli bir günlük ýoluň galandygyny, emma ol ýoluň iň howply bölegidigini, isleseler näsagy düýäniň üstünde ýatyp gider ýaly şertiň hem döredilip bilinjekdigi hakynda habar getirdi.

Näsagyň ýoldaşy, eger kesel howply bolmasa As-Samada kerwenden galmazlygy haýyş etdi. Özleriniň bolsa biraz dynç alanlaryndan soň garaba-gara kerweniň yzyndan baryberjekdiklerini aýdyp, As-Samady ýola salmakçy boldy. As-Samat onyň bilen razylaşmady. Olar kerwenden bölünip galdylar.

— Ýol howply bolsa, agam, belki menem galaryn? — diýip, Eziz As-Samada ýüzlendi.

— Ýok Eziz. Eger ajal dogry gelen bolsa men-ä bu bendäni halas edip bilmerin, senem meni. Sen Allahy çagyr-da, kerwenden galma. Goý, Allah bizi Öz penasynda saklasyn.

— Belki Urfada sataşarys. Görüşýänçäk hoş galyň — diýip, hoşlaşan Eziz kerwene goşulyp gitdi. Aslynda ol indi bu ýaşuludan aýrylyşsa, soň aňsat-aňsat sataşmajakdygyny bilýärdi. Çünki As-Samadyň beýleki ýolagçylar ýaly söwda-satyk üçin ýola düşmändiginden habarlydy. Şu gün bolmasa ertir onuň bilen hoşlaşmaly boljakdygyny bilensoň, Eziz kerwenden galmazlyk kararyna gelipdi.

Kerwen barha uzaklaşyp, ýuwaş-ýuwaş gözden ýitip gitdi.

Nabatly çaýyň başynda As-Samat agyr kerwenden galmaly eden ýoldaşlary bilen tanyşdy. Olar Bagdadyň eteginde ýaşaýan köwüş ussalary bolup çykdylar. Urfada köwüş gymmatmyş diýip eşidip gaýdypdyrlar. Bir-iki owurt çaý owurtlap gözüni açmaga ýaran uzyn sakalyň ady Faruh, ýoldaşynyň ady Şemsi eken. Şemsiň gürrüň bermegine görä, ýola çykylandan üç gün soň Faruh işdäm zat alanok diýmäni çykarypdyr. Şondan bärem käwagt bir suw içäýmese hiç zat iýmändir.

— Bagdatdakagam Faruh şeýdip zat iýmän gezerdi. Ýone uzak ýol halys ysgynyny alaýdy. Onuň siziň yzyňyza düşüp gaýdanyny gördüm. Edil beýle haly teňdir öýtmämsoň çaltyrak düýeleň ýüküni uraýyn diýip ýerime gidişimdi. Basym gutulşar-la hernä?

— Enşallasa gutular. Derdini beren Allah dermanynam berer. Gaýgy etmäň. Häzir biraz ýatyp ukusyny alsyn.

As-Samat kitaba güýmendi. Emma Faruhyň ýaşyny saklap bilmeýän gara gözleri ony gününe goýanokdy. Atalygynyň öwredişi ýaly ýiti seredip As-Samat olary özüne boýun egdiripdi. Gözüň täsir ediji güýjünden çykaran badyna-da Faruh özünden gidip çaşypdy. Bu As-Samady gorkuzdy. Çünki göz täsirini şeýle güýçli kabul edýän adamyň özüne gelip bilmän ölüp gidýän ýagdaýlarynyňam bolup bilýändigini atalygy gaýtalap-gaýtalap kän aýdypdy. «Allahy çagyryp aglaýan bendesini men diňdirdim. Bendesi gudraty mende gördi. Elini yzyna çekip almadyk bolanda, menem bile Allaha ýalbarjakdym. Meni inkär etdi diýibem ony göz täsirime düşürdim. Men-menlik etdim. Ony öňümde dyza çöküp ýalbarar ýaly etdim. Beýderçe men kim? Allahyň maňa beren güýjüni Onuň ryzasy üçýn ulanmadym.

Belki Allahyň Özüdir meni onuň ýanyna ugradan? Men gitmekçi däldim ahyryn. Ony yzyma düşürip alyp gaýtmagy maňa Allahyň buýrandygyny inkär edip bolarmy? Şeýtmedik bolamda onuň gözýaşyny kim saklardy? Allah onuň derdniň şypasyny meniň elim bilen hägirem berip durmanmy näme? Ähli buýruklar Allahdan gaýdýar diýýänler her bir eden günä işi üçin her ynsanyň özi jogap bererem diýýärler. Nirede men Allahyň emrini berjaý etdim, nirede-de özüm günäkär boldum, nädip açyklamaly?

Şunça ýaşap ýogsa sen ony açyklap býleňokmydyň As-Samat? Öz eden günäsini özi bilmezem bir adam bolarmy?! Günä iş eden wagtyň ony ilden öň özüň duýup, ýüregiň jigläp dur ahyryn. Keremli Allah ýazygymy geç. Günäkär men. Sen günäkärleri Bagyşlaýjysyň.» As-Samat günäsiniň geçilmegini diläp, uzyn doga okady.

Faruh rahat ýatyrdy. As-Samat onuň maňlaýyna elini goýdy. Faruh düşürgäp ýüzüni çytdy. Ol düýşünde maňlaýyna bir ýagtylygyň gonanyny gördi. Faruh ýüzüni nirä öwürse-de, ýagty aýrylmaýardy. Ol ony elläp görjek boldy, eline hiç zat ilmedi. Faruh ynsan dilini bilýän janly zat ýaly, oňa sowal berdi. Beren sowalyna ýagtylygyň jogap berip duruşam Faruhy geňirgendirmedi.

— Sen kim?

— Men nur.

— Nämäniň nury?

— Ynsanyň nury.

— Mundan öň seni görmeýädim-le?

— Gözüň gapykdy. Gözli kördüň.

— Ýalan. Gözlerim açykdy, görýädimem. Meň kör bolasym gelenok.

— Sen hem saňa meňzeşler gözleri açykka kördürler. Çünki siz körlere görünýän zatlary görmeýärsiňiz.

— Körlerem bir görermi?

— Körüň görýäni gözlä görünmez.

— Körleriň görýäni tümlük.

— Sen şol tümlügi gördüňmi? Kör tümlügini? Şemaly görmeýäniň üçin ösmeýär diýme, guşlara gürlemeýändir, daşlara diňlemeýändir diýme. Ýeri gazsaň ýer çykar, pikirden pikir.

Faruh maňlaýyna gonan nuruň ýuwaş-ýuwaş özünden daşlaşyp ugranyny gördi. Gyssanyp ony saklajak boldy emma eline ýene hiç zat ilmedi. Ol elini galgadyp oýandy. Başujunda elini maňlaýyna goýup As-Samadyň oturanyny gördi. Elini onuň eliniň üstünden goýup, ýene gözüni ýumdy. Pyşyrdap As-Samada ýüzlendi:

— Siz kim?

— As-Samat Bagdatly.

— Ozal seni görmändirin-le… Ýa kördümmikäm?

— Bagdat uly şäher onda müňläp adam bar.

— Siziň ýalysy bäşdir ýa ondur. Men adamlaryň ýüzlerine däl aýaklaryna garap ýaşadym. Ýüzlerden köwşi gowy tanaýan… Ýene özüme kör däldirinem diýýän… Siz tümlügi gördüňizmi? Kör tümlügini? Şemaly görmeýäniň üçin ösmeýär diýme, guşlara gürlemeýändir, daşlara diňlemeýändir diýme. Ýeri gazsaň ýer çykar, pikirden pikir…

As-Samat Faruhyň soňky şözlerine düşunmedi. Oňa gyzgyny galansoň samraýandyr öýtdi. Gyzgyny gaýtarýan dermanlaryndan taýýarlap içirdi. Faruh gözüni açdy. As-Samat onuň elinden tutdy. Faruhyň eli gyzgyndy. Özüne zor salyp gürlejek boldy. As-Samat barmagyny onuň dodagyna ýetirip, gürleme diýip yşarat etdi. Faruh ýene gözüni ýumdy. As-Samat näsaga elinden geljek kömegi berdi, gözünden geljek kömegi berdi, dilinden geljek kömegi welin etmändi. Ol Faruha ýüzlenip mylaýym gürlemäge başlady:

«Ýaşaýşyň görkem Allahdadyr, erkem. Ol islendik zady garşylygy bilen çalşyryp bilýändir. Gijäni gündiz bilen, gyşy ýaz bilen, garany ak bilen, şowsuzlygy şow bilen, dertleri sagalmak bilen. Derdi sagalmak bilen çalşyrmak Onuň uly gudratlaryndandyr. Bu gudraty görkezmek üçin Ol dermanlary döretdi. Bedenimizi, ruhumyzy agyr derdinden sähelçejik dermanyň güýji bilen halas etmek diňe Allahyň gudraty bilen bolup biler. Meýdanda ösýän ot-çöpüň ýa-da bir daş syzyntysynyň dertlä derman bolup biljegini Allah salgy bermese lukman nireden bilsin? Ol dertliler sagalsyn diýip derman ýaratdy. Onuň sagalmagyny islän detrlileri bir delil bilen sagalar gider. Ajal peýmanasy dolanlara bolsa, çäre ýokdyr. Çünki ajalam Allahdan gaýdýar. Bendesinden diňe sabyr-takat islener. Guşa ganaty beren ony galgatmagam öwreder, uçuraram, gonduraram. Takatdyr biziň ganatlarymyz. Takatly bolmak sussuň peselip ýolda ýatan daşa öwrülmek diýmek däldir. Alyma açyşlar getiren, bizi ertire ýetiren, kalpdan şeýtany ýitiren, günä-sogapdan ötüren takatdyr. Allaha şükürler aýdyp takat etmekdir…

Faruhyň barmaklarynyň dartylyp duran damarlary gowşady. Ýumulgy gözlerden ýaş syrygmaga durdy. As-Samat olary gataňsy barmaklary bilen süpürdi, sözüni dowam etdi:

— Özüňi horlama, Faruh. Allah seniň ýoluňy nury bilen ýagtyldar. Meniňem günämi geç. Allaha ýalbaryp säherde nalyş etdiň, päsgel beren men boldum. Öt günämi…

Faruh gözüni açdy.

— Kim kimden ötünç soraýar?.. Ömürboýy hyzmatynda gezmeli adamym menden ötünç soraýar… Eger ölsem, ähli gazanan sogaplarym siziňki bolsun. Eger diri galsam, soňky gazanjak sogaplarymam siziňki bolsun. Allah meni synamak üçin size duşurandyr…

— Allah bizi her bir zada synag ücin duçar edýär. O synaglarda kim sogap gazansa, kim günä gazanýar. Paýlaşylany bilen sogap azalmaz. Menem ähli sogaplarymy saňa bagyş edýärin. Ynsan ynsan bilen

razylaşyp, ynsan ynsandan razy gezmelidir. Sen menden razy bolawergin. Ertir, enşallasa, aýak üstüne galarsyň, soň ikimiz günä-sogabyň jedelini köp ederis.

As-Samat öňdäki gijäni sag-aman geçirip bilseler, Faruhyň ölüm howpundan halas boljakdygyny aňýardy. Faruhyň gözlerinden ýene ýaş akmaga başlady. Tebibiň her sözüni üns bilen diňläp duran Şemsi gyssanyp dostunyň gözýaşlaryny sylýardy hem onuň bilen razylaşyp hoşlaşýardy. As-Samat onuň ýeňinden çekdi.

— Çykmadyk janda umyt bardyr. Belki dostuňyz ölmez. Gorkmaň hem aglamaňyzy bes ediň. Bu adam panydan arany açsa-da, belki jennete barýandyr. Sen bolsa aglaýaň… Gowusy Faruhyň üstüni gowuja ört. Häzir menem bir derman içireýin. Entek öňünde görjek günleri bar bolsa, derläp-derläp açylar…

Şemsi tebibiň aýdyşy ýaly etdi. As-Samat kiçijek haltajyklaryndan dermanlaryny çykaryşdyryp olardan käbirini bir-birine garyşdyrdy. Demir gapjagazda olary gaýnatdy. Soň içi dermanly demir gaby sowuk suwda sowatdy. Taýýarlan dermanyna azajyk suw garyp, näsaga icirdi.

— Emiň-ýomuň şu bolsun!

As-Samat näsagyň başujunda çök düşüp oturşyna uzyn dogalar okap, Allahy çagyrmaga başlady. Onuň sesi elindenem mylaýymdy. Şemsi okalýan dogalaryň owazyna özüni aldyryp, dünýäni unutdy. Onuň ýadaw aňynda wagt, menzil ölçegleri ýitdi. Ol häzir diňe biri-biriniň yzyna sepleşip gidýän doga-dilegleri eşidýärdi. Şeýle jadylaýjy ýagdaýy ol Bagdatda uly sazandany diňlände başdan geçiripdi. Şonda ony sazýn diňe heňi özüne bendi eden bolsa, häzirki diňleýän dogalarynyň hem heňi, hem sözi jadylaýjydy.

Bizi ýokdan bar etdiň eý Kadyr Allah,  barlygmyzy dowamly et.
Dowamly beren ömrüňi günäsi az, sogaply et.
Pälimize päklik ber, kalbymyza kanagat
Ynam ber, umyt ber, güýç ber, gurbat ber,
şirin janlar amanat.
Ýaza ynanan pyntyklar ýaly,
Güýze ynanan ýapraklar ýaly,
Gyşa ynanan ak garlar ýaly,
Asmana ynanan guşlar ýaly
Diňe saňa ynanýan kalplara açyl.
Keremiňden eçil Keremli Allah!
Dertli bendäňe derman, lukmanyna yhlas ber.
Amanada hyýanat etdirmäwer ellere,
Hem gybaty etdirmäwer dillere.
Danalara durulyk ber, gutar bigänäni nadanlygyndan,
Batyl gözi açylmaz, görmeýän göz kör däl eken,
Ker gulagy açylmaz, eşitmeýän ker däl eken,

Görýän göze körlük etdirme, eşidýän gulaga kerlik,
Gyzgyn ýüregi buz etme, halal yrsgalda kemlik,
Ynsan nurun görsün gözler,
Ynsanyň mährem sesinden gulaklar gansyn
Ýylasyn ýürekler, Allahym!
Bir-birine uzan gollar bezär by jahany
şol gollara kuwwat ber!
Gyz bir naçar, bagtyny aç, ýigidine wepa ber,
Gussadan gutar gojany, bir pursatlyk sapa ber.
Jomartlyk ber beglere, garyp baýlygy kanagat,
Kanagatyn kem etme,
Ýa kadyr Allah!
Bet niýetden, bahyl bakyşdan, gyjalatdan, töhmetden halas et bendäňi.
şa tagtyny halas et öwülmekden, döwülmekden
Sarsmasyn daglar,
Köl ber guwlara,
Köz ber, bir bölejik köz ber hossarsyzyň ojagyna,
Uzak ýollarda ýolagça, mysapyra ýat illerde gol ber!
Ýetim gözi ýerdedir galdyr başyny.
Enäni balasyndan, balany enesinden yrak etme,
Kime düşünmese-de atasyna düşünsin ogullar,
Dillermizi düşnükli et, ýapylmasyn açyk ýollar.
Jenaýatsyz, jellatsyz il ber!
Dilegim diňe Saňadyr,
Dilegleri kabul eden diňe Sensiň, diňe Sen!
Başym saňa sejde, ýa Rabbim, Allah!
Her bendäňe Söýgiň bar, her bendäňde Nuruň bar,
Her bendäň Senden gaýtdy hem ýene Saňa barýar,
Bu ýoluňda azaşdyrma, ýa Allah!
Omyn!

As-Samat şol gününi derman ýasap geçirdi. Emma Faruh bäri bakarly däldi. Günorta ýakyn onuň endamyna gyzamyk ördi. As-Samat ony görüp begendi. Çünki dert belli bolansoň, ony bejermek ýeňillesýär. Öňde howply gije bar. Näme ücin gijelerine näsagyň derdiniň gündizkisinden beterleşýändigine As-Samat akyl ýetirip bilmeýärdi. Düşeginden galman ýatan hassa gündiz ýadandyr diýer ýaly däl. Gaýta tersine, gündizki edilen emler oňa rahatlyk getirjek ýaly. Ýa-da ýyldyzlaryň täsiri barmyka? Saly suw üstündäki derdi agyr bende gijäniň gündiziň tapawudyny bir bilýärmikä? As-Samat ünsüni başga zada sowjak bolup, Faruhyň petir ýaly gyzaran ýüzüne seretdi. Ol öten agşam ukuda ýatan Eziziň ýüzüne şeýdip seredip, ynsany owadan ýaradany üçin Allaha şükürler aýdypdy. Häzirki ýatana welin, owadan diýer ýaly däldi.

Faruh samramasyny goýmaýardy. Men nurduryn diýip maňlaýyna gonan zat häzir onyň göwnüne bütin endamyna ýaýraýardy. Ol ozalkysy ýaly soraglaryna düşünmesi kyn, emma anyk jogaplary berýärdi. Dogrusy ol jogaplar Faruh üçin düşnüksiz däldi. Gaýta tersine, ukudan oýanandan soňam şol jogaplaryň täsirinden çykyp bilmezdi. Birden-birden syrly söhbetdeşine ol As-Samatdyr öýderdi hem bularyň bary oýalygynda bolup geçýärmikä diýerdi. Emma, eger ol As-Samat bolsa, näme üçin öžüne nur diýýär? Nädip ol ýagtylyga öwrülýär-de maňlaýyma gonýar, tutuş bedenime ýaýraýar? Sesiň As-Samadyňkydygy welin açyk. Faruh soňky söhbetdeşligini ýatlady. Haýran galaýmaly, şol şöhbetler sözme-soz onuň aňynda galardy. Ol ynsan ömründe setanda-seýranda bolup geçýän ýatdan çykmajak söhbetdeşlik ýalydy.

— Geleniň gowy bolaýdy, ýüregim ýanyp durdy.

— Gitmekden gelmek gowy. Sen maňa düşünýäň, menem gelýän.

— Sen maňa düşünýäň, şondan meňem saňa düşünýänim. Wagtyň bar gerek, öňkiň ýaly çalt gitmersiň gerek?

— Men wagt ölçegini bilmeýärin. Meniň üçin aralygam ýok. Men gelmeýärinen, gitmeýärinem. Sen maňa ýakynlaşyp-daşlaşýaň.

— Sen howadamyň, ýerdemiň? Eger howada bolsaň guşlar, bulutlar seni kesip geçýärmi? Ýyldyrym seni ýaralanokmy?

— Olar mende ýaşaýarlar.

— Sen olarsyz oňup bilersiňmi?

— Düşünmedim?

— Olar bolmasa saňa nähili bolar?

— Olar bar. Menem bar. Senem bar. Bar zat nädip ýok bolup biler?

— Eger birden…

— Seň aňyňda tüweleý turjak bolýar. Tüweleý - topalaňçylyk. Tüweleýi men halamaýaryn.

— Bagyşla. Güller solýar, ynsanlar ölýär. Dünýäniň şeýle gurlandygyna gynanjyma senem gynandyrdym.

— Ölmek ýok bolmak däldir. Gül solmaýar. Durmuşyňa-da sen, köplenç, gül ýaly diýýärsiň. Ýaşamagy söýýärsiň. Sen bu dünýäniň gözelliklerine begenýärsiň. Olary güle meňzedýärsiň. Gül ýüregiňde açylyp dur.

— Sen ony gördüňmi?

— Men ony yralap geçdim.

— Güller solmaýan bolsa, ölmek ýok bolmak däl bolsa, aýtsana, dirilik gowumy ýa ölüm?

— Dirilige taý geljek zat ýok. Ölümem deňi-taýsyzdyr. Ýöne onuň gözelligini sen soň görersiň.

— Aýtsana gyzgynlyk näme, sowuklyk näme?

— Olar biri-birine duşmandyrlar. Olar ýaraşanlarynda salkynlyk emele gelýär.

— Begeneňde nädip gülýäň, gynanaňda aglaýşyň nähili?
— Begenemde ýagyş getirip aglaýaryn, gynanamda epgek ösdürip gülýän.
— O nähili?
— Begenjiň geçip gitjekdigine, geçip gitjek zada-da begenmeli bolýanyma gynanýaryn. Gynanjyň peýdasyzdygyna, peýdasyz zada-da gynanandygyma gülýärin.
— Aýtsana nur, sen kimlerden hoşal?
— Başyny sejdä goýup iman dileýänlerden.
— Seni gara tütünler hapalaýandyr, nädip ýuwunýaň?
— Içerileri ýylydýan ojaklaryň ýalyny bilen ýuwunýan.
— Nähili häsiýetli ynsanlary halamaýarsyň?
— Adyl patyşanyň raýaty bolubam ýene onuň täjine göz dikýänleri.
— Olardan beterlerem barmy?
— Allahyň rehmetlerini, nygmatlaryny görüp-iýibem sübhede ýaşaýanlardan beteri ýokdur.
— Adama öňünden gelen duşman howplumydyr ýa-da yzyndan gelen?
— Adamyň iň howply duşmany özünden gelen nebsidir.
— Iň päk ynsanlar haýsylar?
— Elbetde, pygamberler.
— Ýene?
— Ýene-de pygamberler. Ondan soň pygamberleriňem ynsandygyna düşünip, olary özlerine nusga edinenler.
— Gybat-töhmet senem köýdürýärmi?
— Arman, olar maňa söndürtmeýär.
— Gyş gowumy ýaz?
— Gyşyna doňlary çözmek, ýazyna pyntyklaryň agzyny açmak gowy…
Faruh soňky sözleri birki sapar gaýtalady. «Doňlary çözmek, pyntyklaryň agzyny açmak gowy». Ol indi As-Samadyň berýän dermanlarynyň tagamyny duýýardy. Tebip bilen gürleşesi gelýärdi. Emma tebip henizem barmagy bilen onuň dodagyna basyp gürlemezlige yşarat edýärdi. Gijäniň geçmeýşine haýran galyp, ol ýyldyzlara garap ýatyrdy. As-Samadam, ýoldaşy Şemsem bireýýäm uklan bolsalar gerek.
Emma As-Samadyňam ukusy tutmaýardy. Ýogsa ol indi Faruhdan arkaýyndy. Şonda-da bir agyr howsala onuň ýüreginden çykanokdy.
Gije bir gündize deňleşsedi…
Ýer bir gijelik aýlandy. Irden As-Samat namazdan öňürti Faruha esewan etdi. Daňa golaý uklan Faruh süýji ukuda ýatyrdy. As-Samat muňa begenip, derrew namazyny okady. Şemsinem oýarman, öçeňkirlän ody ulaltdy. Mis kündük sähel salymda gaýnady. Çaýyny demlendi. As-Samadyň hereketlerine Şemsem oýandy. Olam ilki Faruhyň başujuna bardy. Soň namazyny okap, As-Samada golaý oturdy.
— Tebip aga, hassamyz bäri bakan ýalymy? Ýatyşy rahat eken.

— Hawa, inşallasa indi gün-günden gowulanar.
— Tebip aga…
— Adymy tutsaňam bolar. Ikimiz deňeçerräk bolaýmaly. Senem dört müçän-ä gören bolsaň gerek, Şemsi aga?
— Bizdenem bir aga bolarmy? Biziň bilenimiz -bitenimiz köwüş, gün-güzeran aýlamak.
— Halal zähmetem Allaha ybadatdyr diýerdi atam.
— Ataňyza kim diýerdiler.
— Hakyky öz atamy görmedim. Meni atalygym ulaltdy. Muhammet Ibn Şefik.
— Siz Muhammet Ibn Şefigiň ogullygymy?
— Hawa.
— O bende jaýlananda bizem Faruh bilen ugratmaga barypdyk.
— Hawa bendäni Bagdat sylap bildi. Baran ýerem sylasyn-da hernä.
— Beýle adamlaryň jaýy jennetdir. Bendäň ýogalanyna baryp näçe ýyl geçdikä? Onuň iki sany ogly bilen bir ogullygy barmyş diýdiler.
— Hawa ogullaram bar. Olar Bagdatda atalarynyň şypahanasyny ýöredýärler. Bendäň aýrylanyna-da on ýyl boldy.
— On gün ýaly-da. Wagtyň geçäýşini. Sizem-ä güýçli tebip ekeniňiz sakaldaş, şonda-da ýola çykypsyňyz. Ýa-da derman-beýleki almaga Urfa barýarmydyňyz?
— Aý, hawa, däri-derman köplük etmez, onam alarys. Urfada atam pahyryň dosty bolmaly, şonuň bilen görüşmäge barýan.
Biraz çaý owurtlap sorag-ideg etmek gezegi As-Samada geçdi:
— Bu biçäräň Allaha ýalbaryp iki günläp gözýaş dökmesi nämedendi? Syr ýa-da gybat ýaly görünjek bolsa aýtmaň.
— Aý, ýok-la… Faruhyň kakasyna Ahad ussa diýerdiler.
— Bagdadyň uly metjitlerini salan Ahad ussamy?
— Edil özi. Faruh oň ýeke ogly bolmaly. Ýeke ogul bolansoň atasy ony ussaçylygyň agyr işine dözmän bir ökde köwüşçä şägirtlige beripdir. O bende: «Agyr daşlary meň göterenim besdir. Molla-müftülere mesi tikibem, gör, goňşymyz bizden gowy ýaşaýär. Ýylyja jaýyndan çykanok» diýer eken. Şoňa höwes edibem ogluny köwüş ussasy edipdir. Faruh atasynyň bu edenini ýalňyş bilýär. Hiç içinden çykanok. Metjit gurup biljek eller porsy gaýyşy oýnap geçmeli. Men bu köwüşleri garramsoňam tikip bilerdim ahyryn. Çagalygymdan kiçijik daşlary biri-biriniň üstüne örjek bolup geçirerdim. Kakam ony görmän duranokdy. Ýadyma düşýär, bir gezek ýanyma gelip, ullakan elleriniň aýasyny görkezip, ondaky gabarçaklar bilen meni gorkuzdy. Seňem eliň şuň ýaly ýaryk-ýaryk, gabarçak-gabarçak bolar diýdi. Menem ynandym. Özi ýaly abraýly ussa, onda-da Allahyň ýerdäki öýüni guryan ussa etmäge derek meni köwüşçi etdi» diýip, menden ýaşy kiçi bolansoň, Bagdatdakak içini döküp kän gürrüň berdi. Ol birhiliräk adam. Bir ýurda barsa-da, owadan metjitleri

synlap aglaberýär. Ilkibadalar atasyny ýatlap aglaýarmyka diýerdim. O bolsa özüniň ussa däldigine gynanjyna aglaýan eken. Çagaly-çugaly adama meňzeş däl, sähel bahana tapsa aglamak häsiýeti bar-da. Ýöne özi gaty ýüregi ýuka, kesirräk diýmeseň, gowy adam. Urfa-da hiç gaýdasy gelmedi. «Käbäni görmäge gitmäge derek dini başgalara köwüş satmaga gidýäs» diýýär. Käbä gitmek dilde aňsat. Oňa harjy gerek, sagat jan gerek. «Dini başgalar bilen eden söwdamam maňa düşmez» diýýär. Näme sen olara selle oranmaga derek kellelerine geýýän zatlaryny satýaňmy? Musulmanyňam aýagy şol bir aýak, başga dindäkiňem aýagy şol bir aýak. Dogry dälmi?

As-Samat gürrüňdeşiniň sowalyna ýylgyryp oňaýdy. Şemsi sözüni tassyklamak üçin başga mysallara ýüzlendi:

— Ine siz tebip adam. Bilýänsiňiz ahyryn, adam haýsy dinde bolanda-da ýüregi bardyr. Kellesinde gözleri, gulagy, pikiri bardyr. Allah bendesini başga dine ynanýany ýa-da hatda hiç bir dine ynanmaýany üçinem kemli ýaratmandyr, Öz nygmatlaryndanam kesmändir ahyryn. Hemmämize köwüş geýmegem öwredipdir, beýleki eginbaşlary geýmegem bildiripdir. Onsoň men näme üçin bir üýtgeşik köwüş tiksem ony diňe musulmanlar geýsin diýip bilerin? Ýa, ine siz lukmanlar, bir derdiň dermanyny tapsaňyz ony diňe musulman üçin diýip tapýan dälsiňiz ahyryn?

As-Samat tassyklaýjy äheňde baş atdy.

— Aý, garaz şeýdip, jedelleşip-jedelleşip ony zor edip diýen ýaly men alyp gaýtdym. Bolsa-da gulak asdy. Hernä sagalawersin. Ýolda galaýsa özümi günäkär ýaly duýjak.

— Adama ömür Allahdan berlendir. Ynsanyň ölümem, diriligem öz elinde däldir. Çünki bizden janymyzy diňe ony beren alyp biler.

— Eger uruşda birine ýarag çeksem, öldürsem men günäkär bolarynmy?

— Seniň günäň niýetiň bilen kesgitlener. Sen onuň ölümine sebäpkär bolanyň üçin günäkärsiň. Özüňi goradyň, iliňi, diniňi goradyň, bala-çagalaryňy goradyň. Özüň ölmejek bolup, iliňi-ýurduňy, diniňi basgylatmajak bolup, çagalaryňy ýer-ýesir etmejek bolup sen garşydaşyňy öldürmeli bolduň. Bu ýerde seniň günäň ýok, belki sogabyň bardyr.

— Bir jenaýatçy birini öldürse, jelladam jenaýatkäriň başyny kesse, biri günä gazanýar beýlekisi sogapmy?

— Jenaýatçy diýýänimiz anyk jenaýatçy bolsa, ýagny Allahyň edenine garşylyk hökmünde Onuň ýaradanyny öldürse ol uly günä gazanar. Şeýle günä iş edeniň başyny alanam sogap gazanar. Ýöne durmuşda hemme zat beýle anyk bolanok, şol ýaman.

— Aý, hawa-da… Adam öldürmeden daş edewersin. Ine, siziňki sogaply, adamlaryň ömrüni uzaldýaňyz.

— Ýok Şemsi, Allahdan berlen ömri ynsan nädip uzaltsyn? Men ömri uzaldyp bilýän bolamda, kakamyň ömrüni, ejemiň ömrüni, ýa ajal alan

çagajyklaryň ömrüni uzaltmazmydym? Beý diýsem «Onda siz nämä gerek?» diýäýme.

As-Samat degişmä salyp ýylgyrdy-da, ýene gürrüňini dowam etdirdi:

— Tebipçilik dünýe döräli bar, kyýamatahyra çenlem bolsa gerek. Ölmejek adam ýok. Her kimiň haçan öljegem belli däl. Emma haýwanlardan tapawutlylykda bize Allatagala aň beripdir. Hemmämiz ölümiň gutulgysyzdygyny bilibem, derman ýasaýas, ajalymyz ýetinçä birnäçe kesellerden halas bolýas. Hiç kim «öňi-soňy ölmeli bolsa beytmäliň» diýmeýär. Çünki bir gün uzak ýaşap bilse ynsana eden günälerini ýuwmaga bir günlük mümkinçiligi artýar. Biz tebiplere şonuň üçin sogap ýazylaýmasa.

— Eger sogap çykmajak ynsan bolmasa näme?

— Ony kesgitlemek ynsana berlen däldir.

— Onda näme üçin olar biri-birlerine gaharlanyşýarlar, öýke-kine edýärler, ýarag çekýärler?

— Bular ynsanyň kemçilikleridir, şeýtanyň bolsa ýeňişleridir…

Olar esli salym ömür, ölüm hakynda pikir aýdyşyp oturdylar. Faruhyň dermanlaryny taýýarlap içirmäge meşgul bolmasa, ýa eline kitap alaýmasa As-Samada başga güýmenere zat ýokdy. Şemsem gününi geçirerlik güýmenjäniň gözlegindedi. Mallary otaryp, öz iýjek-içjeklerini taýýarlap, şol zatlaryň arasynda-da As-Samada berjek sowallaryny aňynda jemleýärdi. Bu üç kişi çöl-beýewanda kerwenden üzülip galman wagtdan ýolnan ýalydylar. Işsizlikleri, wagtlaryny «itekläp» geçirmeli bolýandyklary üçin olar iki-ýeke uçup geçýän guşlardan başga janly-jemendesiz çölüň içinde hasam ýalňyz görünýärdiler. Guşlara bolsa bu adamlar üns bereniňe-de degmeýän gara nokatjyklardylar…

Wagtdan ýolnup galan üç nokat… Olar çöl beýewanyň içinde dünýäniň soňuna ýetilmedik sözlemiň gam-gussaly, dowamyny özüňe oýlanmaga goýýan belgisi ýaly bolup galan üç nokat…

Munça bolanyna görä, üç nokatdan bir nokat As-Samada has ýakyn baralyň. Ol kim? Onuň diýýän «mytdyldap barýan dünýäsine» düşünmesegem, belki onuň bir nokadyna düşüneris.

## 2-nji bölüm

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

As-Samadam ähli ynsanlar ýaly ene garnynda ilki nokatjyk bolup emele gelipdi. Iň soňunda ömrem onuň bir nokada dirär. Ol: «Hasabam şol iki nokadyň arasynda bar» diýip, elindäki kitabyny ýapdy.

Mundan on asyr öň geçip giden, millionlarça nokatlaryň içinde ilki gözümize kaklyşan üç nokadyňam içinden saýlan nokadymyz As-Samat atalygy Ibn Kahharyň şypahanasyny ýatlap otyrdy. O wagtlar ol on bäş ýaşyndady. Adynyň öňündenem «As» sözi getirilmeýärdi. Hatda Samat adam doly tutulman, Sam diýerdiler. Oňa-da onuň özi günäkärdi. Ady soralanda «Sam» diýip jogap beripdi. Birbada bu at eşidenleri geňirgendirse-de, soň «Sam bolsaň Sam ekeniň-dä» diýýän ýaly, her kim ylalaşar giderdi. Il üçin tapawudy näme, ýüzlenere adyň bolsa bes. Sam bol, Şam bol, Lam bol, hiç zat üýtgänok. Hemmeler onuňam özleri ýaly bir nokatdygyndan habarly, muňa boýunalyk ýaly görünýär.

Hassalaryň ýanynda geçiren ilkinji gijeki nobatçylygy As-Samadyň ýadyndan çykar ýaly bolmandy. Ýarygijeden agansoň, onuň bilen nobatçylygy çalyşmaga Ibn Kahharyň uly ogly Kemaletdin gelmelidi. Şypahanada agyr hassa ýokdy. Onsoň nobatçylygyň beýle bir agyr bolmajagyny Samat bilýärdi. Şonuň üçin gije okaryn diýip, ýanyna grek dilini öwredýän kitabynam alypdy. Näsaglara içirmeli dermanlaryny paýlap bolansoň, bir çetdäki nobatça berlen otaga geçip, eline kitabyny aldy. Biraz okansoň, ilkinji nobatçylygyň jogapkärçiligindenmi, nämemi, rahatlanyp bilmän, näsaglara ýene bir aýlanyp gelmäge çykdy. Emma, näsaglaryň otagyna ýetmänkä atalygynyň mydama gulply durýan otagynyň açykdygyny gördi. Ibn Kahhar onda diňe gijelerine işlärdi. Çalarak açyk galan gapydan atalygynyň bir zada dümtünip oturany göründi. Samat känbir ýaýdanybam durman «Ata» diýip gapyny açdy. Atalygy tisginip gitdi. Onuň gara gan ellerini görüp, Samat çekildi. Ibn Kahhar derrew ýagdaýa düşünip, ogullygyna ýüzlendi.

— Hä Sam. Gapyny açdyň gir içeri. Gorkma men gandan derman ýasap otyryn.

Samat gandan däl-de, atalygynyň gana bulaşyp oturyşyndan üýşenipdi. Tördäki agaç sekiniň ýokarsyna berkidilen deriniň ýuzundäki şekili görende welin, ol hakykatdanam gorkdy. Ol adamyň iç-goşlarynyň şekilidi. Samat ýokary başdaky ýüregiň owadan şekilini, aşakdaky böwrekleri gören badyna tanady.

— Sam men seni bärik biraz soň getirjekdim. Allah başgaça bolanyny isledi. Seret oglum, bu adamyň içki gurluşy. Men ony ynsanyň çöwre tarapy diýip atlandyrdym. Ony görmek maňa aňsat düsmedi. Adamyň başga biriniň zadyny birugsat almaga hakynyň ýokdugyny belki sen mendenem gowy bilýänsiň…

Ibn Kahhar on bäş ýaşly oglana ýöne ýere «Mendenem gowy bilýänsiň» diýmändi. Ol gaty göwnühoş wagty Samadyň arkasyna kakyp «halalja

oglum» diýerdi. Çünki Samadyň ogullyga alynmagyna halallygy sebäp bolupdy…

Ibn Kahhar mundan iki ýyl öň daş ýurtlaryň birinden bäş düýe ýüki kitap, däri-derman getiripdi. Ýüki düşürişip öýe daşar ýaly oglan kömegi gerekdi. Onuň gözi müşderi gözläp ylgap ýören Samada düşdi.

— Heý oglan, özüň ýaly birini tap-da, bäri gel.

Samat derrew ýoldaş tapyndy. Iki oglan bolup Ibn Kahharyň görkezen ýüküni düşürdiler. Soň olar kitaplary öýe daşadylar. Gün günorta ýetdi. Şonda-da Ibn Kahhar kitaplarynyň ýanyndan bir ädimem aýrylman hem oglanlaryň işleýişlerini synlaýardy, hem ýüküne esewançylyk edýärdi. Iş doly bitendensoň Ibn Kahhar hammallary ýanyna çagyryp, olar bilen hasaplaşmaga durdy. Ol Samada on bäş, ýanyndaky oglana bolsa on dinar berdi. Samat özüne berlen puluň bäş dinaryny yzyna gaýtaryp:

— Bu maňa haram bolýar — diýdi.

— Sen halal-haramy nirden bilýäň? Men saňa puly ak ýürekden, ýoldaşyňdan köp işläniňi göremsoň köp berýän.

— Siz ak ýürekden berseňizem, men ak ýürekden alyp biljek däl. Biz işe deň başladyk deňem gutardyk. Siz alym adam, halaly-haramy her kim öz ýüregine laýyklap kesgitlemeli dälmidir näme?

— Saňa muny kim aýtdy?

— Hiç kimem aýdanok, özüm bilýän.

Oglanyň sözune Ibn Kahhar ýylgyrdy. Döwrüniň uly din alymlarynyň halal-haramy kesgitlemek üçin uly-uly kitaplar ýazýandygyny ol bilýärdi. Şeýle kitaplaryň bir-ikisini ol okabam görüpdi. Emma Samadyň pikiri ýaly sada hem düşnükli aýdylan pikire duşmandy. Işine yhlas edişi bilen göwnüni awlan, soňky sözleri bilenem üstüni ýetiren Samady Ibn Kahhar şypahanasyna işe almagy karar etdi. Öýsüz-öwzarsyz, hatda ene-atasynyň kimdiginem bilemok diýýän Samady Ibn Kahhar soň ogullyga alypdy…

Häzir bolsa Samat atalygynyň iň syrly otagynda görýän zatlaryna haýran bolup durdy. Atalygy oňa bir wajyp zady düşündirmekçi bolýardy. Emma jaýdaky görýän zatlarynyň täsirinden agtygynyň häzir özüne düşünmejekdigini Ibn Kahhar derrew aňdy. Içinden: «Goý, töweregindäki zatlar bilen öwrenişsin» diýibem sozuni jemlemän goýdy. Samat haýran galyp adamyň iç gurluşynyň şekillerine bakýardy. Olar iki sanydy. Biri ýüzin ýatan, beýlekisi bolsa arkan ýatan adamyň şekilleridi. Ol adam süňkleriniň biri-birine birigişiniň şekillerini öňem görüpdi. Emma … Samat özem bilmän garynlaryny, billerini elleşdirdi. Ýanynda duran Ibn Kahhar oňa çyzgyda düşünmesi kyn bolan öt haltasyny, dalagy görkezişdirdi. Soň aşgazany, kyrk garyny, içegeleri görkezdi. Adam bilen haýwanyňkyň tapawutlaryny aýtdy. Bir kitap çykaryp maýmynyň iç-goşunyň şekilini görkezdi. Samadyň birden başy aýlanjak ýaly boldy. Atalygy ony daşaryk alyp çykdy. Ol atalygyndan bir sowal bermäge rugsat sorady.

— Soraber oglum, mundan öň rugsat soraňokdyň, ya bir wajyp zatmy?

— Ata, hakykatdanam, adamyň şeýle arassa ýüregi bilen hapa garny bir göwrede ýerleşýärmi?

— Hawa oglum, ýöne Allatagala olaryň arasyna berk perde goýupdyr…

Atalygynyň şypahanasyda näsaglara däri-dermanlaryny içmäge kömekleşip, suw diýene suw berip, agyr hassalaryň hapalaryna çenli aýyrmaga kömek edip ylgap ýören Samadyň günleri, biri-birinden kän tapawudam etmän şol geçip durdy. Ýetişibildiginden grekçäni öwrenýärdi. Dermanlaryň ýasalşynda ölçegleriňe gaty berk bolmalydygy ony özüne çekerdi. Ibn Kahharyň syrly iş otagyna bolsa ol indi islän wagty girip bilýärdi. Indi ony gulplajagam bolmazdylar. Ibn Kahharyň ony öň näme üçin gulplap saklandygy Samada düşnüksiz bolup galdy. Ol atalygynyň görkezişi ýaly elini gursagyna goýup ýüregini diňlärdi. Tirpildeýän damarlarynyň urgusyny sanardy. Tebipçilik oňa tas ähli zady unutdyrypdy.

Bir günem Samat adamyň erbet horlanyp jan berşini görmeli boldy. Beýle aýylganççlygy ol ozal hiç görmändi. Ol adam Samada hammalçylykda geçen günlerini ýatladan Folomeý grekdi.

Şypahanada agyr hassalar özbaşdak saklanardy. Olara gözegçiligi Muhammet ibn Kahharyň özi ederdi. Folomeý çabalanyp ugrandan ýagdaýy aňan ibn Kahhar ylgap baryp dyzy bilen arkan ýatan hassanyň iki egninden berk basmaga durdy hem Samady çagyrdy. Ýogsa on sekiz ýaşan uly ogly Kemaletdin Samatdan has ekabyrdy. Kemaletdiniň jigisi Mahmydam Samatdan bir ýaş uludy. Samat atasynyň sesiniň gelen ýerine ylgady. Ylgap baryp Folomeýiň ýatan otagyna girdi. Emma näsagyň haýkyryp gygyrmasy ony duran ýerine çüýlenen ýaly etdi.

Atasynyň sesini halaman ylgap gaýdan Kemaletdin Samadyň deňinden geçip, janhowluna urunyp atasyny aljyradyp barýan Folomeýiň ellerini tutjak boldy. Başartmady. Atasy oňa «üstüne mün» diýip gygyrdy. Kemaletdin onuň üstüne atlaýyn mündi. Mahmydam ylgap gelşine ýatanyň aýaklarynyň üstüne özüni atdy. Agzy köpükläp gara dere batan Folomeýiň ullakan ala gözleri hanasyndan çykaýjak bolýardy. Ol Kemaletdine-de, Mahmyda-da, hatda olaryň atasyna-da barmysyňyzam diýenokdy. Uzyn-uzyn gygyrýardy hem öz dilinde grekçeläp ýetişibildiginden gürleýärdi:

— Kim indi maňa kömek eder? Taňrymy? Hany onuň kömegi? Etsin kömegi bar bolsa, men ölüp barýa-a-an. Öldüm, öldüm. Ýa meni öldürýän oň özümi, ýa men duşmanymdan kömek soraýanmy?

Töweregindäkiler grekçäni gowy bilensoň, Kemaletdin onuň agzyny tutjak boldy. Emma Ibn Kahhar gahar bilen onuň eline kakyp goýberdi. Folomeý:

— Ol maňa näçe güzaplar görkezdi. Sallançagymyň ýüplerini ýakdy. Meni otdan alyp suwa oklan bolsa, balama onam etmedi. Kül bolynça ýakdy, ýakdy. Ýandym, ýandym. Öz günümi özümiň aýlaýanymy

görübilmediňmi? Iň bahylyň bahyly sensiň. Görip senden öňe geçmez. Göribem ýasan sensiň… Mesaý, Mesaý… Sam… Hany Sam?.. Alla meni öldürýä-ä-ä, Sam. Öldüm… Hany Sam? Sam… Sam…

Atalygynyň gazaply sesinden gorkan Samat, özüne gelip, ylgap ilki atalygynyň ýanyna bardy. Näsag towlanyp iňlemäge başlady. Ol Kemaletdiniň elinden sypaýjak-sypaýjak bolýardy. Mahmyt janhowluna urunýan hassanyň aýaklarynyň üstüne tutuş göwresini atsa-da, ejizdigi bildirip durdy. Aýaklar ýygrylanda ol ýokary galýardy, uzadanda aşak gaýdýardy. Ýüzi duw-ak bolan Samadyň birden gözüniň ýaşy paýrap gitdi. Samadyň şondan soň dili açylyp «Folomeý daýy» diýip gygyrdy. Baryp onuň ýüzlerinden, gözlerinden ogşaşdyrdy. Şol bir wagt gözünde galan äpet ýumruklaryň üstünde ýaňagyny goýdy. Janhowluna urunýan Folomeýiň berk düwlen ýumruklary ýazylmasa-da, Samadyň ýaňagy degen badyna hereketlenmesini goýdy. Emma indi giçdi. Samat titir-titir titireýärdi. Özüni saklap bilmän, hassanyň bir kellesinden, bir aýaklaryndan gujaklaýardy. Folomeý käwagt iňňildiň arasynda «Taňrym, taňrym» diýýip Allasyny hem «Sam, Sam» diýip Samady çagyrýardy. Onuň ýumuk gözleri Samadyň üstünde ot-elek bolşuny görmeýärdi.

Ibn Kahhar ähli ýogalýanlaryň başynda edişi ýaly, kelemeýi şahadat getirmäge durdy. Urunmaň bady gowşap, atasam ümlänsoň Kemaletdin soňky demlerini süýjüdip-süýjüdip kükregine sorýan Folomeýiň üstünden düşdi. Folomeýiň dem alşy ömürboýy howasyz ýerde saklanyp edil häzir, öldüm-öldüme gelende arassa howa çykarylan ýalydy. Hernäçe sorsa-da oňa howa azlyk edýärdi.

Kemaletdinem atasyna goşup çala ses bilen kelemeýi şahadaty gaýtalaýardy. Mahmydam hassany göýberip dikeldi. Diňe Samat ýüzüni galdyrman hynçgyryp aglaýardy. Ol soňky demini sanap ýatan bendäniň aýagyndan berk gujaklapdy. Hem inçejik sesi bilen «Folomeý daýy, sen güýçlüdiň ahyryn. Gaýrat et ölme. Şu gezek ölme soň atam bir derman içirer welin gutularsyň. Gaýrat et Folomeý daýy» diýip ýalbarýardy. Başga hammallaryň ýanyna barmaga milt edip bilmeýän ýüküni bir arkasyna alyp bilse dyzyna galýan, daşyndan durşy bilen gujurmyka diýdirýän Folomeýiň bolsa gabaklaryny açmaga güýjüniň ýetmeýşine gahary gelýärdi. Şol gahary bilen ol iň soňky gezek silkindi. Hernäçe özüne agram salsa-da açdyrmadyk gabaklary jan bedenden çykansoň öz-özi açylyp gitdi. Ýöne indi oňa gözüniň açylanam, ahyrynda-da ganyp bilmedik bu dünýäniň howasam, özem, hiç zadam gerek däldi. Ibn Kahhar onuň maňlaýyndan öpüp «Razy bol» diýdi. Açylan gabaklary ýumdurdy.

Agtyklaram yzly-yzyna baryp atalarynyň edişi ýaly dem-düýtsüz ýatan bendäniň maňlaýyndan öpdüler. Ýalbarmasy aga ýazan Samadyň welin şol ýatyşydy. Mahmyt ýuwaşlyk bilen ony galdyrdy-da, otagdan alyp çykdy.

Bu wakadan soň Samat bir hepdeläp agzy uçuklap, gyzdyryp ýatdy. Ol Folomeýi, hammallykda geçen günlerini tebipçilige gyzygyp

unudyberenine gynanýan ýaly dynuwsyz ýatlaýardy. Ol şol günler göterşen ýükleriniň agramyna çenli ýatan ýerinden syzýardy. Ol ýükler häzir gelip horja aýaklarynyň dyzlaryna agram berip gidýän ýaly bolýardy. Folomeý daýy welin nähili daýawdy.

Işeňňir, ukusyna sak hem daýaw adam bolansoň, onuň müşderisiz wagty ýok diýen ýalydy. Beýleki hammallaryň içinde oňa bahylçylyk edýänlerem bardy. Hasam Samadyň ýoldaşy ony halamazdy. Çala işsiz durduklary: «Bagdadyň ähli ýüki Folomeý gregiň gerşindedir-le. Bize zat ýetesi ýok» diýerdi. Folomeý gregiň Bagdada nädip düşenini bilýän adam ýokdy. Arap dilini çalgyrdrak bilendenmi ýa-da häsiýeti dymmarakmy, ol beýleki hammallaryň wagyr-şagyryna känbir gatyşmazdy. Diňe işini bilerdi. Şonuň üçinem egniniň ýüksüz wagty ýok diýen ýalydy.

Bir gezek Folomeý ýa ýadawlygyndan, ýa-da Samada dözmedi bir baý müşderini olaň üstüne iberdi. Samat begenip, ylgap ýoldaşyny çagyryp geldi. Soňam birki sapar ol Samada iýer ýaly zadam beripdi. Muny görüp ýoldaşy Samady ondan gabanyp başlady. «Sen meň gaharymy getirip, şujagaz ýükem göterip bilmediksirän bolup Folomeý gregiň ýanyna ýoldaş bolup geçjek bolýaň» diýip, igenýärdi. Samadyň ýaşyna görä däl namysjaňlygy bardy. Ol günäsiz ýerinde günäkärlenmegine gahar edip, gep çekeninden ýük çekenini gowy gördi. Göterip bilmejek ýüklerini dyzap-dyzap göteren gezekleriniň birinde bilini agyrtdy. Iki günläp ýerinden galyp bilmän ýatdy. Onuň ýatyşyna dözmän iýer ýaly zat getirýän Folomeýi ýoldaşy gödek sögüp kowdy. Samat ýatan ýerinden Folomeýiň arkasyny aljak boldy.

— Ýat sen bir gömül-de. Ýogsa-da it ýenjen ýaly ýenjip senem kowar göýbärin — diýip, ýoldaşy Samada gygyrmaga durdy.

Samat ýenjilmekden gorkanokdy. Aslynda Folomeýiň arka durup ýençdirmejeginem, kowulany bilenem Folomeý bilen birikse gününiň has gowy geçjeginem ol bilip durdy. Emma häzir heňkirip dursa-da, ýoldaşynyň Samat gidäýse nähili kyn güne düşjegi welin belli däldi. Ol adam kerwensaraýda gidere ugur tapman durka Samady ýanyna alan adamdy. Bagdada gelip ilkinji gezek Samat şu adamyň ýanynda çörekden doýýança iýipdi. Indem ony taşlap bir gregiň yzyna düşüp gitmek Samadyň etjek işi däldi. Ol bilini ýoldursa ýoldurjakdy welin muny etmejekdi.

Folomeýem Samadyň ýoldaşyny bir uranda ýere ýazyp biljekdi. Onuň haýýarlyk edip: «Samady azdyryp ýanyna aljak bolýar» diýenini eşidende, tas ýekedaban ýaly ýumrugyny işe-de girizipdi.  Daşyna üýşen beýleki hammallar ony zordan sakladylar. Hernäçe daýaw bolanda-da, ýat itiň guýrugy ýamzynda bolýar. Folomeý ýerli araplar bilen jedele girmäge çekindi ýa adamkärçilik etdi, garaz Samada getiren zatlaryny ýerde goýdy-da, çalt yzyna öwrülip, adamlaryň arasyna garylyp gitdi. Samat ýatan ýerinden şol äpet ýumruklaryň yzyndan seredip galdy.

Folomeý gözden ýitip gidenden soňam hapa sögünmesini goýman geçene göz bolup duran ýoldaşyny köşeşdirmek üçin Samat: «Tä ulalýançam ýanyňdan gitmäýin» diýip söz berdi. Hakykatda welin, bu wakadan soň Samat onuň ýanynda bir günem işleşesi gelmedi. Ýoldaşy köşeşip, onuň bilini owkalap berip oturşyna: «Garrylyk ýaman edýär. Ýogsa men saňa zaram boljak däl-le» diýdi.

Ol adam Samady islän wagty kerwensaraýda özüni ekläp bilmän ylgap ýören ýetginjekleriň birine çalşyryp biljekdi. Emma olaryň hiç birine göwni ýetmeýärdi. Olaryň birini ýalta görse, beýlekisine ogrudyr öýderdi. Bir günem Samat gelip hammalçylygy taşlaýan diýende, ol bar zadyny ýitiren ýaly boldy. «Gitseň horlanarsyň» diýip gördi. Içinden «Maňa bergiň bar» diýip saklaýsammykam?» diýdi. Emma beýtmäge bogny ysmady. Gaýta: «Gitmänkäň garnyňy doýurjakmy?» diýip, oňa hödür-kerem etdi. Ataly-ogul ýaly razylaşyp hoşlaşdy. Iň soňunda-da: «Býrden bärlerik dolansaň, gregiň ýanynda işläp ýöreniňi göräýmäýin» diýip tabşyrdy. Şeýdip ol ýoldaşy bilen öýkeleşmän aýrylyşdy.

Ýoldaşy hernäçe tabşyrsa-da, Folomeýe ýene bir sataşmak, hatda ol jan berende-de ýanynda bolmak, şol bili agyryp ýatyrka getiren bir döwüm çöreginiň hakyna, islendik garşydaşyndan aryny alyp bermäge taýýar bolup düwlen, arkasynda dag bolup durjak şol äpet ýumruklary taňryýalkasyn aýdyp ogşamak, aýaklaryndan gujaklap aglamak Samadyň bagtynda bar eken.

Şol wakanyň üstünden bir ýyl geçip-geçmänkä Folomeyi Samat şypahanalarynda gördi. Ol Samady gören badyna tanap gujaklady.

— Men indi gutularyn. Allah meniň halyma dözmän, meni halas etmek üçin bu ýerlere getirendir. Sam men indi gutularyn gerek?

— Gutularsyň, enşalla.

— Bilýäňmi näme, seni men kän gözledim. Ýoldaşyňdan sorasam, bir adam işe alypdyr, kimdiginem tanamok, niredediklerinem bilemok diýýär.

— Meni näme etjekdiň, Folomeý daýy?

— Neme.. Bile işläli diýjek boldum, ýoldaşyňy halaman gidensiň öýtdüm. Birden-birden seni göresim gelip ýüregim gysdy. Kä günümi dagy bir ýükem ellemän seni gözläbem geçirdim. Biderek ýere horlanýansyň öýdüp ýörüpdirin.

Folomeýiň asyl ýurdy Ak deňziň kenarlarydy. Ol daýhan adamdy. Deňziň ýumşak howasyna obalarynda ekin gowy biterdi. Şol ekinlerini satyp, maşgalasy bilen hiç zada zar bolman ýaşap ýördi. Özüni bu dünýäniň sallançagynda ýaly duýýardy. Ol öz «sallançagyny» deňziň köplenç hoştap ösýän ýumşak şemaly üwreýärmi ýa-da şol şemaldanam ýumşak gelni, aňşyryp bilmeýärdi. Hem özüni şeýle keýpihon duýup: «Sallançagymyň bir ýanynda deňizden ösýän şemal, bir tarapynda-da näzeninim oturyp, iki bolup üwreýän bolaýmasalar» diýerdi.

Folomeýiň bir häsiýetini obadaşlary halamazdylar. Ol gapysyndan ýumuş bilen geleniň işini hiç göwnäp bitirmezdi. «Ýok» diýip haýyşly geleniň ýüzüni almasa-da, başga biriniň işini etmäni kyn görýändigini aňdyrardy. Özem hiç kimiň gapysyndan haýyş bilen barmazdy. Bu arkalaşyksyz häsiýedi üçin oňa obadaşlary «ýeke öýli» diýerdiler. Bir gezek obada bile ulalan ýoldaşlarynyň biri oňa: «Bu häsiýetiň göwräňe gelşenok» diýdi. Folomeý ol obadaşyny gaty sylansoň «Göwräm bilen näme işiň bar» diýip, göwnündäki jogaby bermän sypaýyçylyk etdi. «Aý, her kimiň bir dünýä inişi bar-da. Ile ýük bolmamsoň, kesekiňem ýüküni çekesim gelenok. Her kim özüni oňaryp gezse, hemmeleňem özüni oňardygy bolar, şeýle dälmi?» diýen boldy. Obadaşam başyny ýaýkady-da: «Her kim özüni oňarsa oňa ýetesi zat barmy. Her kime-de öz ýüküni çekerlik kuwwat bersin-dä, Hudaýym»diýdi-de, gidiberdi.

Dogrusy, oba içinde käwagt biri ýowar edäýmese, ýa goňşy-golam tohumy ýetmän bir gysym tohum soraýmasa dilegçilik edip, ýa özüni oňarman ýörenem ýokdy. Onsaň Folomeýiň arkalaşyk etmekden gaça durmagy kynçylykdan gaçybam däl-de, özüni oňaryp ýaşamagy başarýandygyny ile tassyklatjak bolmaga meňzeýärdi. Onuň bu häsiýetinden men-menligiň ysy gelýärdi.

Emma bir ýylyň gyşy Folomeýiň başyna agyr betbagtçylyk getirip, ony sallançakdan ýykylan ýaly etdi. Ýogsa ol ýerleriň gyşy ýowuz gelmezdi, gelşi yalam çalt geçer giderdi. Şonda-da gyş, gyş bolýar... Şol gyşa Folomeý azyk şaýynam, odun şaýynam hemişekisi ýaly ýeterlik toplap gelipdi. Ýöne betbagtçylygyň ýanynda ynsanyň taýýarlygy hiç zat eken.

Ilki dört ýaşlyja oguljyklary nähoşluk tapdy. Ol aýaga galyberende-de aýalynyň gyzgyny galyp düşege baglandy. Folomeý aýalynyň halynyň teňdigini görüp, tebip çagyrmaga gidermen boldy. Tebibi goňşy obadan getirmelidi. Tebibe gidip gelýänçä, näsag aýalyna göz-gulak bolmagy goňşy öýleriň aýallarynyň birinden haýyş etse-de boljakdy welin, ol Folomeýiň «göwresine gelişjek däldi». Ol: «Çalt gidip gelerin, gelýänçäm hiç zat bolasy ýok-la»diýip, gelýänçä jaý sowamaz ýaly peje salyp bilen odunyny salyp gitdi. Hernä tebip obada eken. Emma onuň Folomeýe kömegi degmedi. Tebibi alyp gelýärkä obalarynda uzakdan görünýän ýalyna gözi düşüp, Folomeýiň ýüregi jigläp gitdi. Ýanýan onuň öýüdi.

Ol okdurylyp, ylgap gaýtdy. Öňünden çykan oba dälisi Fişkaň sözleri onuň gulagyna-da ilenokdy. Fişka ylgap barýan Folomeýden galman, bolan wakany gürrüň berýärdi:

— Şeýle bir ýanýa, seýle bir ýanýa. Beýle zady gören ýokdur. Pöwf edip atylyp ýanýa. Beýle zady gören ýokdur. Ýene on asyrdan görmekleri mümkin. Görerler, görerler. On asyrdan adamlar ot oýnar. Ana, şonda mundanam beterini görerler. Men bilýän, görerler. Sen nämä ylgaýaň? Barsaňam seredip durarsyň. Baryp oguljygyňy halas etjeksiň. Bar hany,

göreli, bärden baryp towuk ýalyjak busup duraýmazmykaň? O taýda ot bar, pöwhülläp ýanýan ot…

Fişiň aýdýany dogry bolup çykdy. Agaçdan salynan jaý söndürder ýaly däldi. Jaýyň töweregine üýşen oba adamlary ody öçürmekden elli bizar onuň öz jaýlaryna geçerinden heder edýärdiler. Olaryň oda ýakynlap bilmän durmaklary Folomeýiň häsýeti sebäpli däldi. Häzir ol hiç kimiň ýadyna-da düşenokdy. Adamlar ody öçürmekden ejizdiklerini boýun alyp, onuň ýanyşyna tomaşagär bolup durdylar.

Folomeýiň «sallançagymy üwreýär» diýýän deňiz şemaly häzir Folomeýe ýamanlyk edip ody üfläp duran ýalydy. Folomeý öýüniň daşyndan bir-iki gezek aýlandy-da, özüni lampa aşak goýberdi. Bolan işde özünden başga günäkärläre adam tapmady. Emma şonda-da içinden: «Göripler günümi görüp bilmediler. Ýogsa beýle-de bir ot bormy? Ýanyp başlanda ony gören bolmadymyka?» diýip, töweregindäki obadaşlaryna garanjaklady. Ody bada gören baram bolanda, indi üýtgejek zat ýokdy. Folomeý Fişkaň towugy ýaly bir salym busup oturdy. Diňe ýangynyň bady gowşap, jaýa ýakynlaşara ýagdaý döränden soň, Folomeý özüni oda urdy. Aýalynyň jesedini süýräp çykardy. Yzyna ylgady. Emma oglundan derek tapmady. Belki daşaryk gaçyp çykandyr diýip goňşularynyň ýüzüne naýynjar bakdy. Emma gördüm-bildim diýen bolmady. Diňe Fişka bir sözünde «Ogluňy gördüm, gaçyp gitdi» diýse, bir sözünde-de «Ýanandyr, ýanandyr, ýene on asyrdanam ýanar» diýip kellä gelmejek zatlary samraýardy.

Obadaşlary Folomeýe eýe çykdylar, aýaly pahyry jaýladylar. Kim bilýär oňa içinden «Indä ile goşulsaň gerek»diýenem bolsa bolandyr, emma onuň ýüzüne hiç kim hiç zat diýmedi. Folomeý her gijesini çüýüň üstünde ýatan ýaly geçirse-de, bir hepdeläp obadaşlarynyňkyda bolmaly boldy. Her kim oňa «Gyş geçer täze jaý salarys» diýip göwunlik berýärdi. Emma ol jaýyň gaýgysyny etmeýärdi. Onuň göwnüne oguljygy bir ýerden ylgap çykaýjak ýaly bolup durdy. Ol obanyň töweregindäki ot-çöpleriň düýbüne çenli umyt bilen garap gezdi. Ol ogly ýanyp küle öwrülendir diýen pikire asla ynanmagam islemeýärdi. Gijelerine ogly düýşune girerdi. Düýşünde peltejik dili bilen ogly «Men bäýde, men bäýde» diýip gygyrýardy. Folomeý tisginip oýanyp, aglamaga oturardy. Bu düýşi bir däl, üç-dört gezek gaýtalandy. Bir gezek bolsa ol düýşünde gara köýük bolup ýatan aýalyny gördi. Aýaly ýatan ýerinden oglunyň adyny tutup «Mesaý, Mesaý gaç, daşa gaç» diýip gygyrýardy. Ogly gaçyp gelip kakasynyň gujagyna dolýardy…

Bu düýşden soň Folomeý obaň popunyň ýanyna bardy. Pop onuň beren gürrüňlerini bölmän diňledi. Ahyrynda-da göwünlik berip:

— Belki ogluň diridir. Ýöne sen ony öz obaňdan tapmarsyň. Bu golaýlarda bar bolsa, tapylarça wagt boldy. Sen ony daş ýurtlardan gözle, Allanyň gudratynyň çägi ýokdur — diýdi.

Folomeýem obalaryndan göçüp gitse özi üçin gowy boljagyny bilýärdi. Häzire çenlem ony obasynda saklan «oglum tapylaýmasyn» diýen umydydy. Popuň sözlerinden soň, ol belli bir karara gelip obadan göçdi. Emma ol oglundan umydyny üzüp göçmändi. Dogrusy, onda göçüp-göçmez ýaly ekin ýeri diýäýmeseň, hiç zady galmandy. Ekin ýeri bolsa onuň ýadyna-da düşenokdy — ol ogluny gözläp goňşy obalara aýlanýardy. Dört ýaşly çaganyň obadan çykyp gaçmagyndan, onuň ýanyp duran jaýdan çykyp bilmän ölen bolmagynyň has bolup biläýjek zatdygyna düşünse-de, arassa akyly ynjalmaýan ýüregini hiç köşeşdirip bilmeýärdi.

Ýene-de köp derdiň dermany wagt bolup çykýar. Wagtyň geçmegi bilen Folomeýem köşeşdi. Ol köp ýurtlary, köp şäherleri gezip, baran ýerinde talabançylygam, hammalçylygam etdi. Çekmäge kesekiň ýüküni tapyp bilse armany bolmady. Erbet düýş görmesem ýuwaş-ýuwaş galyşdy. Oňa indi bir wagtlar özünden göwnühoş gezen adam diýer ýaly däldi. Gaşlarynyň arasy ýakynlap, egri burny hasam ulalan ýalydy. Seçelenip duran gara saçlary derrew çalardy. Eginleri gysylyp, boýny içine giden ýaly boldy. Diňe iri süňkbaşy onuň şol öňki Folomeýdigini ýatladýardy.

Öňküsi ýaly dünýäni sallançak duýup ýaşamasa-da, kawagt-käwagt Folomeýde özüni oňaryp ýaşamaga bolan höwesi oýnardy. Bir ýurtda ol bir daýhan gyzyna tas öýlenipdem. Ýene-de bir bahana tapyp öýlenmändi. Ol indi deňziň ýumşak şemalyndanam jana ýakymly mylaýym aýala duşmaryn öýdýärdi. Beýle bagta köpler ömrülla ýetip bilmän ýörkä, iki gezek bagtym çüwer ýaly men kimmişim diýerdi. Iň esasysy bolsa, öýlenip bir obada çöküp galmak onuň üçin oglundan tamasyny üzdügi boljakdy. Ol-a bir öý eken, Folomeý şol tamasyny tutuş dünýä bilenem çalyşjak däldi. Oglunyň diridigine bolan ynamy onuň beýnisiniňem, ýüreginiňem iň gizlin öýjüklerinde ýitmän saklanyp durdy.

Ak deňziň ýumşak çägesöw kenarynda arkan ýatyrka onyň ýalaňaç garnyny çäge bilen örten bolýan oguljygy birden-birden ýanynda ýaly göz öňünde janlanyberýärdi. Birdenem, oglunyň enesiniň gujagynda emip ýatan ýerinden gözjagazynyň gytagyny aýlaýan bäbekligi göz öňüne gelip, görüp duran zatlarynyň ýerini tutýardy. Ybadathana girip Folomeý eli şemli çokunýan wagtlary diwara çekilen şekilleri ogluny göz öňüne getirşi deý janly, ýanynda ýaly göresi gelerdi. Emma bar yhlasy puç bolup, ol muny başaryp bilmezdi. Olardan oglumy tapyp beriň diýip edýän haýyşynyň bitmeýäninem şondan görerdi. Soňa-baka ol ybadathanadaky şekilleriň arasynda aýaly bilen ogluny görmäge başlady. Bu ony gorkuzdy, oglum öläýdimikä diýdirdi. Şondan soň ol ybadathana barmasyny kesdi. Ýöne ol beýdeni bilen halas bolup bilmedi. Aýaly bilen oglunyň şekillerini perişdeleriň arasynda görmegi üçin beýik ybadathanalaryň depesindäki haçyna gözüniň düşmegi, ybadathanalarda kakylýan jaňlaryň sesini eşitmegi ýeterlikdi. Ogluny perişdeleriň arasynda görmegi göze ýakymly bolsa-da, Folomeý ony çürt-kesik islemeýärdi. «Oglumy perişdeler ýanyna

alypdyr» diýmek, onuň üçin oglunyň küle öwrülýänçä ýanyp gidenini boýun almakdy.

Folomeý uly ybadathanaly şäherlerden gaçmaga başlady. Ybadathanasyz kiçijik obalarda-da güzeran kyndy. Gaça-gaça ol musulmanlaryň ýurduna aralaşdy. Kerwende barýanlara kömekleşip, kerwensaraýlarda ýatyp-turup musulmanlar bilenem öwrenişdi, arap dilinde pattyk-suttuk düşünişip başlady. Biraz güni kynragam bolsa, ybadathanalardaky şekilleriň arasynda ogluny görmekden gutuldy.

Soň Bagdatda Samada sataşdy. Samada gözi düşenden onuň süňňi gowşap gitdi. Tas egnindäki ýüküni gaçyrypdy. Özüne näme bolanyna welin düşünip bilmedi. Samady ozal gören ýüzlerine meňzetjek boldy. Emma ony birinji sapar görýärdi. Oglanyň ýaňagyndaky ýaranyň yzy ünsüni çekendir öýtdi. Emma ol beýle däl eken. Folomeý şol gije ýene düýş gördi. Düýşünde ogly gözüniň alnynda ulalyp Samada öwrülýärdi-de:

— Näme, tanamadyňmy, men seniň ogluň ahyryn — diýip, gözünden gaýyp bolýardy.

Gören düýşüne haýran bolan Folomeý göz astyndan Samady synlap başlady. Ondan ýaşyny sorap hasaplap görse, oglunyňky bilen deň gelýär. Folomeý oglunyň bir ýerinde haly, täji ýa-da meňi bar bolsa ýadyna saljak boldy. Emma başarmady. Gaýta, ogluny göz öňüne getirjek boldugyça, ol Samada meňzäp barýardy. Onuň ýaňagyndaky, ellerindäki ýaraň yzlary Folomeýiň ynamyny artdyrýardy. Ol Samatdan ýaraň yzlaryny görkezip: «Bular näme?» diýip sorap gördi. Samadyň: «Kiçijikkäm it ýardy» diýip beren jogabyna ol ynanmady. Diňe Samadyň grekçe bilmeýänligi ony biraz üýşendirdi.

— Ol ýaňy dil çykarypdy ahyryn, kim bilýär ene dilini unudandyr? Şeýle bolaýanda-da, bärlerik ol nädip düşüp biler? Men nädip düşdüm? Ykbalda nämeler bolmaýar — diýip, Folomeý öz-özüni ynandyryp barýardy.

Ol musulmanlaryň ýurduna düşmeginem Hudaýyň ogluny tapjak ýerine eltmesi diýip düşündi. Hasam Samadyň öz ene-atasy barada hiç zat bilmeýändigi ony begendirip, ýüregindäki heýjanlar ony däldiredip barýardy. Ol Samady saklap «oglum, oglum» diýäge-de, gujaklap bagryna basmaga hyýallandy. Emma bir güýç onuň döşünden iten ýaly, sakga durdy. Samadyň bakyşyndan perzentlik duýgusynyň sähelçejik ýylysynam duýup bilmedi. Gaýta tersine, ondan sowuklyk urýardy. Bir-iki sapar oňa ýagşylyk edende Samadyň garaýşy üýtgän ýalam boldy. Arman, onuň ýoldaşynyň haýýarlygy, daşyna märeke üýşürmegi Folomeýiň badyny aldy. Arapçany oňat bilende ol şol gezek Samadyň öz ogludygyny hemmelere äşgär etjekdi. Onam başarmansoň gaharyna ýumrugyny düwüp ol ýerden daşlaşypdy.

Samadyň bil agyrysy gutulansoň onuň bilen çola ýerde düşünişmegi ýüregine düwen Folomeýiň derrew gahary ýatyşdy. Ol agyr ýüki egnine

alansoň, ýüzüni ýerden galdyryp bilmän barşyna, içinden Samat bilen gürleşýärdi. Olar bir-birini tanap gujaklaşýardylar. Soň Samadyň özi gürrüň berip oturan ýaly, onuň Bagdada düşüşiniň gyzykly wakalaryny özüçe düzerdi. Özüniňem nähili horluklar görüp ony gözländigini Samat ýanynda ýaly oňa gürrüň bererdi. Ol indi Samat däl-de Mesaýdy. Ol hatda oglunyň Mesaý adynyň Sam bolşunam öz ýanyndan delile getirip bilýärdi. Onuň mydam ýany ýoldaşly ýalydy. Onda-da nähili ýoldaş — şunça ýyl aýralyk çekip didaryna zar bolan ogly!

Folomeý ýolda ugurdaş barýan, ýeňsesini gören ýetginjeklerine-de Samatdyr öýdüp birnäçe gezek aldandy. Samadyň biliniň gutulanyny ol bilýärdi. Ony ýanynda ýoldaşy ýokka, çola ýerde saklap gürleşmäge welin Folomeý ýaýdanjaňlyk edýärdi. Köplenjem, ol ýeke gezip ýören Samada egni ýüklükä gabat gelerdi, ýüksüzkä-de Samat ýeke däldi.

Birdenem ol aňynda ýanyndan aýrylmaýan Samada hakykatda sataşman başlady. Şol galmagaldan soň biri-birini itden beter ýigrenýän Samadyň ýoldaşyndanam ony sorap biljek däldi. Onuň ýanda-da başga bir oglanyň bolup ýörenini görüp, Folomeý hasam aljyrady. Ol Samady ýörite gözlemäge başlady. Beýleki hammallaryňam Samat hakynda berýän gürrüňlerine ynanar ýaly däldi. Ony biri ogullyga alanmyşmy, şypahanadamyşmy? Emma hany şol şypahana diýip sorasa-da, hiç kim aýdyp bilenokdy. Samat bilen kitap düşürşen ýoldaşy oňa şypahanany görkezip biljekdi. Ýöne olam şol galmagalyň şaýady bolansoň, Samada gowusyny etjek bolup Folomeýe hiç zat aýtmady.

Şol bir wagtky oguljygy ýaly Samadyňam onuň gözünden dirije uçup gitmegi Folomeýe agyr degdi. Ol edil tutaýmaly bolan bagtyny elinden aldyran ýaly boldy…

Bu wakalary Folomeý Ibn Kahhara gürrüň berýän mahaly Samadyň öz ogly bolup biljekdigini tassyklatmaga çalyşýardy. Samada baglan umydy onuň üçin derdinden sagalmakdanam wajyp görünýärdi. Emma Folomeý bu barada Samadyň ýanynda dil ýarmazlygy haýyş etdi.

— Eger sizden sagalyp çykyp bilsem, Samat bilen özüm gürleşerin. Eger o diýenim bolmasa, Sam kakam öldi diýip gynanmaly bolmasyn. Ýöne ýekeje haýyşym, ony meň ýanymda köpräk bolar ýaly et hem birden öläýsem soňky demimde ony görüp öleýin…

Bu agyr söhbetden soň näsaga göwünlik berip Ibn Kahhar ony rahatlandyrmaga çalyşdy. Samadyň onuň ogly bolup biljekdiginem birnäçe gezek tassyklady. Ibn Kahhar adamyň näme-de bolsa ýüreginden arzuw eden zadynyň hasyl bolmagynyň derdini ýeňledýändigini, hatda ölüm howply kesellerdenem açylyp gitmegine sebäp bolýandygyny kän görüpdi. Şonuň üçin Samadyň ogly bolup çykmagynyň Folomeýi halas edip biljekdigine Ibn Kahhar begendi. Ýöne onuň bu zatlary «Sam bilmesin» diýenine garşy bolup bilmedi.

Ibn Kahhar köp oýlanyp, dogrudanam, bu barada Samada häzir aýtmak ir diýen netijä geldi. Ol öz ýanyndan: «Folomeý biraz gowulaşandan soň Sama tanadylsa netijeli bolar. Ýogsa gury Samyň ýüregini ýaralanym galar» diýdi. Emma belli bir karara-da gelip bilmedi. «Sam kakasynyň kimdigini ol dünýeden ötenden soň bilenden, goý, soňy nähili gutarsa-da, dirikä bileni gowy bolmazmy? Näme wagtynda aýtmadyňyz diýse näme jogap bererin?»

Ibn Kahhar gysanmaç bu syryň anygyna etmegiň alajyny gözläp başlady. Emma ugur tapmady. Folomeýiň ýagdaýy gowulaşyp ugraryna indi ol garaşmakçy däldi. Samady ýanyna çagyrdy. Ondan gaty çynyna tutup ene-atasy barada sorady. Samat ýüzüni aşak salyp «bilemokdan» başga jogap bermedi. Synçy Ibn Kahhar Samadyň boýnundaky alaçany, alaça dakylan monjugy öz eli bilen köýnegiň daşyna çykardy-da:

— Muny kim dakdy? — diýip sorady.

Samat jogap bermedi.

— Oglunyň boýnundan bular ýaly zady diňe ejeler dakyp bilýär. Sen aýtmaly bolarsyň. Sen bolmanda ejeňi gören bolmaly. Aýtmasaň meni sylamadygyň hasaplaryn.

— Men hökman biriniň ogly bolaýmalymy? Meň ejemiň, kakamyň kimdigi nämä gerek? Olar maňa gerek däl bolsa siz olary näme etjek? Meň kakam ýok diýdim-ä. Men ejesiz. Atam, ýa siz meň atamyňam bolmanyny isleýäňizmi? Bu monjugam… bu monjugam…

Tüýsi üýtgän Samat boýnundaky monjugy kellesinden çykarjak boldy. Emma geçmänsoň onuň ýüpüni üzmäge dyrjaşdy. Ibn Kahhar onuň eline ýapyşdy. Samat saňňyldap durdy.

— Hany rahatlan, oglum. Bolýar aýtmasaň aýtma. Ýöne mojugyňa degme. Hany dursana oglum.

Ibn Kahhar Samady güýç bilen özüne çekip, gujaklap saklady. Agalaýan Samat:

— Atam, gerek däl şolar. Menem olara gerek däl. Alla jan adamlary ene-atasyz ýaradan bolsa bolmazmydy?

— Beýle sözleri diýme oglum. Köşeş, sen meň akylly oglum ahyryn. Al, suw iç. Şu wagt ters zatlary aýdyp durşuň ýaly, eneň-ataňa gezek gelende-de ýalňyşýan bolaýma? Gowusy, men saňa Folomeý daýyň hakynda aýdyp bereýin. Ol saňa öz ogludyr öýdüp ýör.

Atalygynyň mylaýymlygyndan ýuwaş-ýuwaş ýüregi giňän Samat Folomeý daýyň başdan geçirenlerini haýran bolup diňledi. Emma bu wakanyň soňunyň özi bilen gutarýanyna welin, onuň ýüzi üýtgedi. Ibn Kahhar oňa özüçe düşünip:

— Kakaňy gutulansoň bärik işe alarys. Mendenem aýrylyşmarsyň, güzeranyňyzam gowulanar — diýdi.

Samat:

— Ol meň kakam däl. Meň kakam… meň kakam köşkde. Jellat bolup işleýä… Kakam ulalamda menem jellat etjek bolýan eken. Atamam jellat bolupdyr. Kakama-da kärini ol öwredipmiş. Kakamyň niýetini maňa ejem aýtdy. Biz Gürgençde ýaşaýardyk. Ejemiň Gülnesibe diýip Bagdatly jorasy bardy. Men olarda arapçany öwrendim. Bir günem men Bagdada barýan kerwene goşulyp, öýmüzden gaçdym. Enem-atamyň kimdigi hakynda hiç kime gürrüň bermezlige elime Kuran alyp öz öňümde ant içdim…Menden mundan artyk zat soramaň, atam — diýip, gürrüň beren Samat ýaşdan doly gözlerini ýerden galdyrmady.

Ibn Kahhar oňa göwünlik berip:

— Bir gezeklikçe Allah bagyşlar. Antyňy men bozdurdym. Goý, günäsi maňa bolsun. Allah keremlidir. Ol öz bendelerini bagyşlaýandyr, olara kömek edýändir. Häzir sen git-de dynjyňy al. Soň gürleşäýeli — diýdi.

Samat atalygynyň ýanyndan gidip bilmedi.

— Bolýar onda, gel Folomeý daýyňa derman taýýarlaly.

— Atam, men ejemem, kakamam ýok hasabynda görýän… Meň gaçanym üçin kakam ejemi öldüren bolmagam mümkin…

— Sen aglama oglum, sorag-ideg bilen baryny bileris.

Ibn Kahhar Samady ýuwaş-ýuwaş köşeşdirdi.

— Ata Folomeý daýy musulman däldir ahyryn, men oňa nädip ogul bolaýyn? Folomeý daýy gutuljak bolsa…

— Ýok oglum, ýalan sözlesek bolmaz. Sam, men seň akylyňa ynanýan. Sen häzir Folomeýe ogul bolmaga taýýar bolup dursuň. Öz eneň-atańdan bolsa ýüz öwürýäň. Olaram seni edil Folomeýiň öz ogluny gözleýşi ýaly gözläp ýören bolsalar bildiňmi? Bar, oglum, sen bu zatlar barada gowuja oýlan. Soň ikimiz belli bir netijä geleli.

Ibn Kahhar tebip bolansoň adamlary hristianlara, jöhütlere ýa-da butparazlara känbir bölüp ýörmeýärdi. Onuň göwnüne hemmeleriň ynanýan Allasy bir ýalydy. Samat özüniň musulmandygyny aýdanda, onuň sünnete ýatyrylandygy güpbe ýadyna düşdi. Ibn Kahhar Samadyň ýüreginiň düşüşendigine gowy göz ýetirip, tabşyryk bermäge durdy. Ol tabşyryklary bermände-de Samat Folomeýi kakasy ýaly görüp hyzmat etmäge taýýardy. Üstesine, ondan grekçänem öwrenýärdi.

Folomeý gutulyşýan ýalam etdi. Böwregi gowulanyp, ýüzüniň çişleri gaýdyşdy. Emma Ibn Kahhar onuň ýüregindäki kemden gorkýardy. Ahyrynda-da, Samat bilen näçe yhlas etselerem, olara Folomeýi agyr derdinden halas etmek başartmady…

Ýogalmazyna bir hepde çemesi galanda o bendäň ýanyna Ibn Kahhar bir haýyş bilen bardy. Emma haýyşyny aýtmazyndan öň, şypahanany açyşy hakynda uzyn gürrüň berdi. Onuň welin Samat hakynda eşidesi gelýärdi. Samadyň bärde işde galmagyna sebäp bolan halallygy hakyndaky gürrüňi bolsa, bäş-alty gezek gaýtalatdyryp-gaýtalatdyryp diňläpdi. Ol şo wakany Ibn Kahhara ýene bir gezek aýtdyrdy. Ibn Kahhar wagtynyň

gadyryny gaty bilýän adamam bolsa, Folomeýiň göwnüni ýykmady. Çünki onuň häzirki etmekçi bolýan haýyşy örän çökderdi. Ol Folomeýden birden ýogalaýan ýagdaýynda jesedini kesmäge rugsat aljak bolýardy. Hernäçe kynam bolsa, beýleki adamlaryň derdini bilmek, keselleri bejermek üçin zerur bolansoň, ol özüne zor salyp haýyşyny aýtdy.

Folomeý:

— Dirikäm meni pelek dogram-dogram dograndy, ol az boldumy? Ölemsoňam sen kesjekmi?.. — diýdi-de, beýlesine öwrülip ýatyberdi.

Ibn Kahhar ýüzüne urlan ýaly bolup ýerinden turdy. Otagdan çykyberende Folomeý ony çagyrýan şekilde yşarat etdi. Folomeý bir wagt obasynda «ýeke öýli» adyny alşyny ýatlady. Ol muny şol gyşyň betbagtçylygy başyna inen gününden soň gaty kän ýatlapdy. Şol ýangyn sebäpli goňşularyna müňkürlik etmekden geçen, özüniň ýeköýli bolup gezeni üçin olary razy etjek bolýardy. Öň başgaň ýumşuny kyn gören Folomeý, indi käbir zatlary aýdylmasa-da ederdi. Hatda hammalçylyk edip ýören wagtlaram iň arzan hem iň güýçli hammal oldy. Diňe iýjegine ýetirinip bilse, başga zadyň aladasyny etmeýän Folomeý hammal tutmaga puly ýetmedik gartaşan adamlaryň ýüküni mugtuna, taňryýalkasyn alybam göterşer ýörerdi. Häzirem ol kesirlik, men-menlik edýän bolaýmaýyn diýip, Ibn Kahhary saklapdy. Ölmezinden öň iň soňky haýyş bilen ýüz tutan, üstesine-de mugtuna derdini bejermäge şunça zähmetini sarp eden adamyň haýyşyny bitirmän goýbermäge onuň bogny ysmady. Eger ol Ibn Kahhary yzyna dolamadyk bolsa, bu eden işi şeýle dözümsizlige ýeten Folomeýi ajaldanam beter horlap bilerdi.

Yzyna dönen Ibn Kahhar ýene oňa golaý oturdy.

— Menden sorap oturman, ölemsoň etjegiňi ediberеňde bolmadymy? Ýa, direlip ýakaňdan ýapyşaýar öýtdüňmi?

— Beden seniňki Folomeý, senden birugsat men ony kesip bilmen.

— Tenden janym çykansoň  o bir boş haltadyr-da. Halta-da bir zada ýaraýar, jesediň ýarajak zadam ýok.

— Sen gaty gowy aýtdyň. Boş halta zada ýaraýarka şunça ýyllap iň gymmatly zady — janymyzy, ruhumyzy göterip gezen jeset hiç zada ýaramaýan zada öwrülermi?

— Beýle bolsa sen ony neneň kesjek?

— Men şonuň üçin eýesinden rugsat soraýan. Onsoňam men öňküsi ýaly tikerin. Iň soňunda-da bu etmişim üçin Allahdan günämi geçmegini soraryn. Hem bu işiň başga bir bendäň janyny halas etmäge peýdasynyň degjekdigine ynanýan.

— Sen maňa aýt, siziň diniňizde men o dünýä tenim ýaraly barsam günäkär görünerinmi?

— Men ony aýdyp biljek däl. Ýöne öz bilşimçe o dünýä biziň ruhumyz barar.

— Onda men nätseňem razy… Ýöne Sam muny bilsin…

— Eger meniň bilşim ýalňyş bolsa, şonda näme?
— Şonda-da razy…
Ibn Kahhar Folomeýiň ýanyndan çykyp, ondan alan razyçylygyna begenjni özünde öçürip bilmeýändiginden gözüne ýaş aýlandy. Şeýle käre özüni bagyş edendigine ilkinji gezek gynandy.

Faruh oýandy. Ol tirsegine direnip dikeldem. Muny görüp As-Samat gürrüňini tapba kesdi-de, Faruhyň ýanyna bardy. Şemsem onuň alkymyndadady. As-Samat Faruhyň arkasyna ýassyk goýdy. As-Samat oňa açöze içirerin diýip taýýarlan dermanyny berdi. Günorta ýakyn Faruhyň ýagdaýy has gowulaşdy. Ýolçulygy dowam etdirmegi onuň özi teklip etdi. Mümkin boldugyça çaltyrak ýola düşmäge olary ýanlaryndaky azyk-suwluklarynyň çäkliligem mejbur edýärdi. Şemsi dosty rahat ýaplanyp gider ýaly, horjunlardan ýürek ýasady. Faruhy oňa mündürdiler. As-Samat oňa agyrylaryňy ýeňledýän hem uka gidirýän dermanlary içirdi.
Üsti ýükli düýeleri biri-birine tirkap ýola düşdüler. Münüp barýan düýelerinden başga-da, iki düýede köwüş, iki düýede bolsa kitaplar — As-Samadyň goşlary bardy. Iň öňe Şemsi geçdi, onuň yzyndan Faruhyň düýesini, hassany görüp gider ýaly As-Samadyň düýesinem onuňka tirkediler. Soň üsti ýükli düýeleri yz-yza tirkemäge girişen Semsini Faruh saklady. Ol köwüş ýükli düýeleriň yzyna tirkelen kitap ýükli düýeleriň ýerlerini çalşyr diýip, Şemsä aýtdy. Şemsi ýylgyryp dostunyň aýdyşy ýaly etdi. Ýarym sagat çemesi ýörelenden soň, As-Samat Faruhyň ýagdaýyny barlap görmek üçin düýeleri saklatdy. Faruh dünýäni bilmän, rahat uklap ýatyrdy. Ol düýeleriň durup-ugranynam duýmady.

## 3-nji bölüm

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

As-Samadyň ejesine Maral diýerdiler. Ol merwli bir täjiriň ýeke gyzydy. Kakasy ony gowy görüp golaý aralara söwda gidende ýanyna alardy. Baý täjir perzendiniň ýekeligindenem beter onuň gyzdygyna gynanardy. Emma, aýnanyň göni ýüzüne urlan şöhläni döwüp, başga ýana ugrukdyryşy ýaly, Maralyň kakasam ýüregindäki gynanjyny döwüp, gyzyna bolan söýgüsine öwürýärdi. Näçe ýüzüne şöhle gaty düşse, olam ony şonça gaty döwýärdi. Gyzy «Ogul bolan bolsam menem äkiderdiň» diýip göwnüne getirmäge ýetişmänkä oňa:

— Seňem meň bilen gidesiň gelýärmi, gyzym? — diýerdi.

Baran ýerinde-de ilki harytlar Maral üçin alnardy. Özüni kakasynyň şeýle gowy görýändigini bilensoň, Maralam ondan kem galmajak bolardy. Kakasynyň islegini bilmäge çalşardy. Ony özi üçin kyn ýagdaýa salmajak bolardy. Şonuň üçin baran bazarlarynda harydyň bahasyny eşitmän kakasyna «alaly» diýmezdi. Ýeke gyzyna näme alyp berende-de baýlygy artyp-kemmejek täjir muňa gülerdi. «Sen bahany nä bilýäň?» diýerdi. Şonda-da Maral içinden bellän bir bahasyndan gymmat zady kakasyna aldyrtmajak bolup halamadyksyrardy.

Şeýle gezimler, şeýle bazarlar, şeýle söwdalar içinde iki aýakly iki günde diýleni, täjiriň gyzam göze görnüp ugrady. Ejesi keselbendräk bolansaň, kakasy Maraly «Ejeň ýanynda bolaý gyzym» diýip ýanyna almasyny selçeňletdi. Maralyň özem öz ýagdaýyna düşünip, kerwene aslyşyp ýörmekden utanyp ugrady. Täjir gyzynyň ulalýanyna hem guwanýardy, hem gynanýardy. Aýna ýüregi birden-birden ezilip agyrmany çykardy. Bir gezek söwdadan dolanyp gelýärkä, ýurtlaryna golaýlaberenlerinde uzyn gün diňe gyzyny, gyzyndan başga hiç zady ýatlamandygyny, başga zadyň pikirinem etmändigini bilip galdy. Indiki ýolagçylygynda-da, ýaňy on ýedisine ýeten Maraly Gürgenje alyp gaýtdy.

Gürgençde kakasynyň myhman ýeri köşkde işleýän baý adam eken. Ol adamyň seredişi Maraly utanyp ýere garamaga mejbur etdi. Ony hernä içeri giren kakasy görmedi. Ol adam içinden: «Ogluma laýyk maşgala eken» diýipdi. Gyz maşgala gowy bolanda, her kim ony öz ogluna laýyk görýär. Esasy zat welin gyzyň özüni barjak ýerine laýyk görmeginde. Arman, towsup duran gyz ýüregi saklatmaýardy. Oňa öz ölçegini bilmek iň kyn meseledi. Dogrusy Maral bu zatlar hakynda pikirem etmändi. Diňe ertesi gün barlan öýüň ogly Gara Durmaz bazara gidenlerinde ýoldaş bolan mahaly özüniňem bu meseläni çözmeli boljakdygyny syzdy. Ýaş ýigidiň olar bilen bazara gidermen bolmagynyň öý eýesiniň ilki görendäki ýiti nazary sebäplidigini aňşyrdy. Biygtyýar özüni Gara Durmaza deňäp gören boldy. Kellesine gelen bu pikire Maral oýun ýaly garadygyça çynyrgap barýardy. Ony birhili utanjaňlyk basdy. Beýleräkden barýan ýigidiň ýüzüne bakyp bilmese-de, onuň her ädiminiň sesine, her ädimde-de egnindäki ýüpek donunyň enaýy ygşyldap gidişine diňşirgenip barýardy. Bu täsinlik oňa bazarda näme alyp näme goýýanyny bildirmedi. Kakasam içiňi ýakaýyn diýen ýaly, öý eýesi bilen itiňmi, atyňmy, bir zadyň gürrüňine gyzygyp, gyzy bilen däldi. Gara Durmaz Marala gitdigiçe ýakynlaşyp monjuk saýlaşan bolýardy. Aljak zatlaryny söwdalaşmaga kömek edýärdi. Ýigidiň yhlasyny halamadyk täjir çaltyrak bazardan çykmagyň gaýgysyny edip ugrady. Bärik gelýärkäler «Elguşyňy uçuraýmasaňam ýagşydyr. Gürgenjiň dogumly ýigitleri bar» diýip gyjyt beren ýoldaşyna gözi düşüp, ony saklady. Özüňe alan zatlaryňdan maňa-

da al diýip, haýyş edip, eslije pul berdi. Garaşylmadyk ýerden Gara Durmaz:

— Bolmasa, men bu agam bilen gidip söwdasyna kömekleşäýeýin — diýdi.

Täjir muňa begenip:

— Şeýtsene ogul — diýdi.

Gara Durmaz täjiriň ildeşi bilen köpçülige siňip gitdi. Maral Gara Durmazyň yzyndan garap galdy. Onuň ak telpegi, tutuş göwrä mähir çaýýan uzyn boýnu, gyzbakary has owadan göründi. Gara Durmazyň kakasy oglunyň beýdip gitmeginden näçe närza bolsa-da, syr bermedi. Assyrynlyk bilen Maralyň oglunyň yzyndan garap galyşyny görüp, onuň göwni açyldy. Täjir bolsa ýigit aralaryndan gitdi diýip ynjaldy. Içinden: «Betgümanlyk etjek bolaýypdyryn, Allahym günämi geçewersin. Ýigidiň ýüreginde hiç zadam ýok eken-le» diýdi. Gara Durmazyň eýýäm gyzyna monjuk sowgat etmäge ýetişeninden bihabar täjir, onuň Maralyň ýanyndan gidenine şükür etdi.

Kakasy dagydan biraz yza galyp, ýüpek matalary synlaýan Maralyň ýüzi lap-lap gyzýardy. «Meň harydymy al-da, meň harydymy al» bolşup gygyryşýan bazardaky söwdagärleriň gohy ýaly, Maralyň aňynda-da pikirler biri-biriniň öňüne düşjek bolup düşnüksiz galmagaly döredýärdiler. Maralyň kellesine adama oglan eşiginiň gowy gelişýändigi hakyndaky pikir gelýärdi. Kiçijikkä oglan boljak diýip, aglap ejesine oglan köýnek tikdirişi ýadyna düşýärdi. Ejesi şonda «Yryma-da gowy gelýär, belki yzyňdan ogul jigiň bolaýady-da» diýip, oňa oglan eşigini tikip geýdiripdem. Birdenem onuň aňyna bir baý ýat ýurtda kakasy bilen gezip ýörkä: «Hiç milletiň eşiginiň türkmenleriňki ýaly özüne gelişýäni ýok» diýeni geldi. Kakasy şonda gülüp: «Özüň türkmen bolanyňdan şeýledir» diýipdi.

Ýöne bu zatlar Maralyň nirden ýadyna düşüp, näme üçin aňynda «goh turuzýarka?» Matalary synlan bolup ýörşüne Maral aňynda kakasy bilen şol jedellerini dowam etdirýärdi. «Kaka, gör ahyry, Gara Durmaza egnindäki eşiginiň şeýle gelşip durşuny!»

Gara Durmazam özüni has görmegeý görkezjek bolýan ýaly, Maralyň göz öňünde janlanyp ýylgyryp gidýärdi. Onuň bu ýylgyrmasy monjuk alanlarynda Maralyň gözüne ildi. Şoňa çenli ol çöldäki teşnäniň bir owurt suwy küýseýşi ýaly, Gara Durmazyň ýüzüne gana-gana bakmak islese-de, gyz utanjalygy sebäpli ýüzüni galdyryp bilmän gelipdi. Ýüzüni galdyran mahalam Gara Durmazyň ýüzi, kellesinde ak telpegi bolandanmy, Maralyň gözüne ýagtylyk saçýan ýaly bolup göründi. Ol ýagtylyk Maralyň ýülüklerine çenli ýetip, süňňüni gowşatdy. Gara Durmazyň saýlap uzadan monjugyny Maral alman bilmedi.

Gara Durmaz:

— Bu saňa Gürgençden sowgat bolsun, bahasyny özüm töledim — diýende, Maral özüne gelen ýaly bolup monjugy yzyna goýjagam boldy. Emma:

— Senem maňa bir zatjyk sowgat edersiň-ä — diýen Gara Durmazyň ýylgyryp durşuny görüp Maral özüni ýitiripdi.

Onýança-da kakasy dagynyň ýetip gelýänine gözi düşen Maralyň bildirtmän monjugy ýygnamakdan başga alajy galmandy.

Bu waka Maralyň aňynda şol gaýtalanyp durdy.

Şol gije-de Gara Durmazyň kakasy oglyna degen bolup niýetini açyk aýtdy.

— Myhman gyzy neneň gördüň? Ony alyp galaýsak nädýä? Ejeň pahyram bolmansoň, toýuňy çaltlaşdyraýsam diýýän.

Gara Durmaz utanan bolup sesini çykarmady.

— Hany utanan bolma-da, ýürejigiňdäkini aýt. Ýa başga bir göz öňünde tutýanyň barmy?

— Aý, kaka gyz nämä geregaý?

— Sen maňa biderek sorag berme-de, meň soragyma jogap ber. Myhman gyzy, nesibämizde bolsa, alaýsak näder?

— Edeniň bor kaka.

Gara Durmazyň kakasy oglundan bu jogaby aljagyny öňündenem aňýardy. Indi meseläni gyzyň kakasy bilen çözmek gerekdi.

Täjir öý eýesiniň teklibini bir bada gaty görjek ýaly edip «ýok» diýdi. Soň ýene myhman edebini saklap, gaharyna basalyk etdi.

— Ejesi bilen maslahatlaşman beýle meseläni çözüp bolmaz. Ogul bolan bolsa başga gürrüň, gyz ejesiniňkidir — diýdi.

— Mende-hä maslahatlaşara oglumdan başga adam ýok. Tiziräk gelin edinmesek horlanýas. Ejeleriniň ýogalanyna bir ýyl boldy. Dogry aýdýaň ejelerini razy etmän bu işi edip bolmaz. Ýöne meseläni uzaga çekdirmän çözsek ýagşy. Hany, men hökümdardan haýyş edip göreýin. Eger rugsat etse senden galman Merwe gitsem nädýär? Gerek bolsa oglumam alaýyn.

Täjir öý eýesiniň dyzmaçlygyny gaýtarjak boldy.

— Beýle howlukmaçlyk nämä gerek? Ejesi bilen maslahatdan soň özüm habar iberäýerin.

— Dost, bile duz-emek bolup ýörenimiz bir ýyl däl, iki ýyl däl. Gürgenje düşseň gapymdan gelip dursuň. Milletimiz bir, dinimiz bir. Mende ýa içerimde kemçilik gören bolsaň aýt, zady gaty görmäýin. Ýa meň bilen iş salşyp zyýan çeken ýeriň bolsa, ony aýt. Ýok, deň türkmendiris diýseňem, gapyňy toý diýip açmagyma garşy bolma. Özüňi meň ýerime goý-da göräý, içerä eýe gerek, göz eden gerek. Gyzyň bal iýip, ýüpek geýer. Gara begimem emirimiziň janpenalarynyň biri. Köşge girip-çykyp ýörse, geljekde hasam abraýly bolar. Alla işlerimizi ugruna etsin. Allaha şükür, Gürgençde tanymal adamlaryň biri bilen garyndaşlyk açýaň. Bilýän, ýeke gyzyňdyr, eliňden çykarasyň gelýän däldir. Ýöne eliňden

çykardygyň bolmaz dost, gyzyň islän wagty görme-görşe baryp durmaga gurbumyz çatman durmaz. Onsoňam araň ýakynyna-daşyna seretme-de, ýüregiň ýakynlygyna seret. Ýakynyňda bolanda näme, gyzyň güni gowy bolmajak bolsa? Ýa men ýalňyşýanmy?

— Aýdýanlaryň dogry, dost. Men ýöne gaty howlukmaly diýjek boldum.

Täjir uly ýurduň köşk emeldarlarynyň biriniň ýanynda ýüregindäkini aýtmakdan çekinýärdi. Onuň teklibine ýok diýeni bilen «gök ýykylmajagyny» bilse-de, täjir ony gaty inçelik bilen etmelidigine düşünýärdi. Täjir şu wagta çenli onuň öýüne wezipesini däl-de, paýhaslylygyny sylap gelerdi. Onuň arada durup edip beren birnäçe söwdalaram täjire eslije bähbitler getiripdi. Gyzynyň şundan abraýly ýere düşmejegine-de, täjiriň gözi ýetip durdy. Düýnki bazara gidenlerinde onuň ogluna betgümanlyk edenine gynanypdy. «Görýän welin onuň oglunyň gyzymy sulhy alan ýaly. Beýle ýagdaýda aýak diremek gowulygyň üstünden eltmez. Göwnüme bolmasa, gyzymyňam nazary üýtgän ýaly. Ejesine-de ýagdaýy düşündiräýmeli bolaryn-da. Gyz maşgala ahyry birine ýazylmaly-da. Hany, entek Maral bilen gepleşip bir göreýin»

Täjiriň häzir hiç zady boýun alasy gelenokdy. Ol «ejesi bilen maslahatsyz bolmaz» diýip tapan gepinde durmagy karar etdi.

— Ejesem sen razy bolsaň ýok diýip durmaz. Gyzyň göwnemez öýdýän bolsaň, şu gije oň bilen maslahat et. Ýok diýse, ýok diýdigi bolar. Bu gürrüňler hamala bolmadyk ýaly bolsun. Ýöne gyzyň, tüweleme, kakasynyň diýeninden çykjak gyza meňzänok. Şonda-da erkine goýgun, ynjytmagyn. Men-ä Gara begimden «razydyryn» diýenini eşitmedik bolsam bu gürrüňi gozgajagam däldim. Ejesi «ýigidi görsem gowy bolardy» diýmez ýaly Gara Durmazy ýanymyza alaýaly. Oňam Merwi gördügi bolar-da.

— Aý, ogluň galyberse-de bor-la…

Bu gudaçylyk gürrüňinden soň, täjirem gyzyna ýagdaýy duýdurdy.

— Eger närza bolsaň, işli adamyny kösäp ýörmäli — diýdi.

Gyzy utanyp:

— Ejem biler — diýdi.

Gyzynyň beý diýmesiniň razyçylyk berdigidigine kakasy bada-bat düşündi. Hakykatdanam, elguşuny elinden uçuranyny bildi. Içinden «Entegä seni söýjekdim, gyzym» diýdi. Maral ör-gökden gelip «Meni şeýle ýaşkam, şeýle daş ýere çykaraýjakmy?» diýer öýdüpdi. Emma Gara Durmazlaryň gapylaryndaky gülläp oturan eriklerine çenli gözi giden Maral, kakasynyň aýdýanlaryny oňa bildirmese-de, begene-begene diňledi. Onuň gözleri häzir kakasynam görenokdy, ejesinem. Olar diňe ýylgyryp duran Gara Durmazyň keşbini görýärdiler.

Şeýdibem sähel günden soň Maral gürgençli boldy. Maraly bendi eden erik gülleri miwä öwrülip, suwlary ýaňy süýjemäge ýetişipdi. Dadaýyn

diýip ilki erigi ýolan günem ol ýurtlaryndan erbet habary aldy. Çalt gelen toý kakasynyň öýüne üst-üste ýas alyp geldi.

Täjiriň ömri gyzynyň durmuşa çykmagyna bagly ýaly eken. Ýeke gyzyny çykaransoň, o bende uzak ýaşamady. Maralyň ejesem ozal gepleşilip goýlan ýaly, adamsynyň kyrky sowulan badyna dünýeden gaýtdy. Kakasynyň ýasyna gelen Maral, ejesiniňem ýasyny sowmaly boldy. Bu ýaslara gürgençlilerem gelip, uly abraý alyp gitdiler. Täjiriň ähli baýlygy ýeke-täk mirasdüşeri gyzyna berildi. Maralam o baýlykdan kakamdan ýadygärlik diýip diňe bir kümüş müçenegini aldy. Galan zatlaryň ygtyýaryny gaýynatasyna geçirdi. Gara Durmazyň kakasam olary tutuşlygyna ýerli ilatyň garyp-pukaralaryna paýlatdy. Özem tä dünýeden ötenleriň esasy möwsümleri sowulýança şo ýerde boldy. Gara Durmaz kakasynyň bu hereketinden diýseň hoşal boldy. Maralam Gürgenje gaýdyp gelende Gara Durmaza kakaň artykmaç gowy adam eken diýdi.

Maral şonda kakasyny-ejesini ýeke goýup, ýaş başyna durmuşa çykmaga howlugan ekendigine düşündi. Ol Gara Durmazdan nägilelik tapyp beýle pikir etmändi. Ýekelik özbaşyna düşende, sähel wagtyň içinde ene-atasyz galan mahaly Maral özüni günäli duýdy. Göwnüne kakasy bilen ejesi: «Seň edişiň şu bolsa, biz seň edişiňdenem beterini edäýeris» diýip, dil düwşen ýaly boldy. Bu gyjytly pikirini Maral çalt kellesinden kowsa-da, ene-atasynyň ölüminde özüni günäkär ýaly duýmasyny kalbyndan aýryp bilmedi. Indi görmegeý Gara Durmazyna gana-gana bakyp ýüregine teselli beräýmese, Maralyň dünýede başga dert paýlaşjagy galmandy.

Gara Durmaz öýlenenden soň hasam görmegeýleşen ýaly görnýän, syratly, döşi gapak ýaly, garyn ýerine gujurly bili guşak bilen guşalan esger ýigitdi. Onuň diňe bili däl, pikirlerem çugdamdy. Kän geplemegi halamazdy. Marala monjuk sowgat beren güni nädip beýle hereketleri edip, beýle dil açanyna soň-soň özi haýran bolardy. Özüne şol gün Maralyň görküniň dil açdyrandygyna ol boýun alykdy. Şonda Maral diňe bir dilini däl, bagtynam açan ýaly bolupdy. Alabaharyň täsirinden goňras topragyň keşbini üýtgedip, ýaşyl lybas geýnişiniň geňlik bolmaýyşy ýaly, bir nätanyş gyzyň bir bakyşda ozal tanamaýan ýigidiniň ýüregini eredip gidişi geň däl. Ol diňe ýigide, gyza geň. Mümkin ýaz gününiň ýylysy bilen ýaşyl lybasa girişi topraga-da geňdir. Ýöne ony aýdara toprakda dil ýok, bilbiller saýraýar diýäýmeseň.

Gara Durmaz bilbilleriň saýraýşyny öňem eşiderdi, emma oňa beýle täsindir öýtmeýärdi. Bilbiliň kiçijik göwresine seredip: «Ol bu dünýä şeýle üýtgeşik owazy paýlasyn diýip ýörite döredilen guşdur» diýdi. Soň bolsa öýündäki Maraly hakynda oýlandy. Onuň sähel salymyň içinde ene-atadan aýrylyp, ýetim galanyna gynandy. Gelni Merwdäki durmuşyny Gürgenje, ene-atasyny bolsa özi bilen kakasyna çalşan ýaly göründi. Ol ömründe birinji gezek özüni biriniň daýanjy diýip duýdy. Bu duýgy ony ýigitlikden çykaryp uly adama öwren ýaly boldy. Şeýle-de öz ýaşyndan agras

görünýän Gara Durmaz özüni hasam salyhatly alyp barmaga çalyşdy. Köşkde janpenalaryň etmesi hökman bolan maşklary oňa oglan oýunjagy ýaly bolup başlady. Ol öz pişesini özüne kiçi görüp ugrady. Muňa janpenalaryň arasynda ýeke-täk öýli-işikli bolmagam täsir etse edendir. Ýöne bir gezek bir maşgy ýerine ýetirende has kösenişini görüp ýoldaşlaryndan dili duzlusy: «Öýlenme diýdimä men saňa, şepe» diýip çetine degmäge başlady. Gara Durmaz maşklary äsgermezçilik edýäni üçin kösenýän diýip hasap edýärdi. Dostlary bolsa muňa başgaça düşünýärdiler hem gülüşýärdiler.

Ahyry bir gün bu degişmelere çydaman, kakasyna köşkde başgarak iş tapdyrmazmyka diýdi. Kakasy bar zada belet ýaly, ondan öňki işiňe näme boldy diýibem soramady. «Azajyk gaýrat et, saňa gowy iş tapyp goýaryn» diýdi. Ýöne atasynyň diýýän «gowy işine» geçmänkä oňa janpenalaryň täze toparyny ýygnamak, olara ýolbaşçylyk etmek tabşyryldy. Bu bolsa Gara Durmazyň tüýs höwes edýän zadydy. Ol şäheriň çeýeräkdir öýden, ýaňy murty taban ýetginjeklerinden on sanysyny daşyna toplady. Janpenalaryň baş emeldaryna olaryň kimlerdigi, kimleriň çagasydygy, haýsy tiredendigine çenli toplan maglumatyny eltip berdi. Ýetginjekleriň diňe birisiniň daýysyny şübheli görüp, çalşyrmalydygyny aýtdylar. Galan dokuzysy ny bolsa maşk geçmäge çagyrybermeli edildi. O birinem bolaýjak diýlen oglana çalşyp, Gara Durmaz ilkinji ýygnanyşygyny geçirdi.

Bäş ýyl mundan öň, on bäş ýaşyndaka Gara Durmazam kakasynyň üsti bilen şeýle topara düşüp, ilkinji gezek köşge çagyrylypdy. Köşge diýilse-de, olara entek köşgüň giň howlusynyň bir çetinde ýerleşýän maşk jaýyndan başga ýere bir ädimem ätmäge rugsat edilmeýärdi. Ýöne olar geljekde gulluk borjuny ýerine ýetirmekden boşadylýardylar hem ujypsyz bolsa-da, aýlyk haky tölenýärdi. Gara Durmaz toplan oglanlary bilen gemirşip — türgenleşip, wagtyň nähili geçişinem duýanokdy.

Daşarda bolsa pasyllar gezekleşip, lybaslar çalşyp, durmuş aýlanyp dur. Onuň aýlanmasy diňe bir adamlara däl, topraga-da bir ýylylyk getirýär, bir doňaklyk. Gyş maýyl gelip ýer doňmadyk ýyllary hasyllylyk pese gaçýar. Ýere gömlüp gizlenen mör-möjekler doňup gyrylmansoň çalt köpelýär, bereket bolsa azalýar. Ynsanam şeýle hala geläýmesin diýip bir doňdurlyp, bir eredilip durlan bolaýmasyn? Biziň mysal alan nokadymyzy göwresinde götermäge başlan, boýy uzynam bolsa naşyja görünýän Maral, hamylalygyndan ýaňaklary hal atyp, häzir hasam näzli görnüşe gelipdi. Gürgenje ilki düşen güni ýyly mähir görüpdi. Soň ene-atasy ýogalyp aýraçylygyň sowugyny gördi. Häzir bolsa, göwresinde janlanan dowamatyň täsirini duýup ýylady.

**4-nji bölüm**

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Maral özünde bolup geçýän üýtgeşmäni adamsyna buşlady. Türgenleşdirýän oglanlaryny ýatlap ýatan Gara Durmaz muňa begenjinden dünýäni unutdy. Ol dikelip häzir hereketleri bilenmi, söz bilenmi Maralyň has göwnünden turaýjak zady tapmak isledi. Näz edip ýatan gelnini mahir bilen ogşady Soň oňa «Oglumyz bolar» diýdi. Soň bolsa: «Oglumyz bolsa kakaň adyny dakarys» diýip, Maraly begendirmekçi boldy. Maral muny ters kabul etdi. Onuň göwnüne: «Özüň seredersiň, özüň ulaldarsyň, kakaň adyny dakaýarys» diýlen ýaly eşidildi. Birinji gezek Gara Durmazdan göwün edip gözüne ýaş aýlady. Emma jaý garaňky bolansoň, Gara Durmaz muny görmedem, gelniniň nämeleri göwnüne getirip ýatanyny duýmadam. Gara Durmaz diňşirgenip ýatyşyna, ogluny häzirki taýýarlaýan oglanlarynyň arasynda ýaly görmek isledi. Ýaňy jan giren çaganyň nähili keşpde boljagynam aňynda aýdyňlaşdyryp bilmänsoň bu oňa başartmady. Gelnine ýüzlenip:

— Haýsymyza gaty meňzärkä? — diýip sorady.

Bu sowal Maralyň öýkesini zym-zyýat etdi.

— Ogul bolsa saňa meňzesin, gyz bolsa maňa.

— Ýaňy ogul diýmedikmi näme?

— Samsyjak sen ony nirden bilýän?

— Bilýän diýdimmi, bilýän. Oglumyz bolar gerek? Bolýa diý.

— Bolýa. Onda senem maňa bir zada bolýa diý.

— Bolýa diýeýin, aýt.

— Oglumyz bolsa-da, gyzymyz bolsa-da, kakamyň ýa ejemiň adyny dakmaly.

— O nämüçin?

— Ilki bolýa diý.

— Bolýa diýeýin-le welin, men-ä o bendelere hormat hem saňa gowy bolarmyka diýdim.

— Ilkije çagamyz at dakylan bolmasyn-la. Soň dakaýarys. Men-ä kakamyň ady dakylan çagany nätjegimem biljek däl.

— Nätmeli bor?! Emdirsiň, ulaldarsyň.

— Birden aglaýsa nätjek?

— Aglasamy…

Gara Durmaz «aglasa diňerdä» diýmekden zordan saklandy. Ol Maralyň gaty duýguçyldygyny tanamaga ýetişipdi. Ol gelni sähel zadam göwnüne alyberer öýdüp gorkýardy. Maral adamsynyň uzyn boýnundan goluny geçirip:

— Gördüňmi, Garam. Kakamyň adyny daksak, ony aglatman ulaltjak bolarys. Ilkije çagamyzda olam bize kyn düşer.

— Bor-da. Ýöne at dakylan dälleri agladyp, ugruna seretmän ulaltmaly diýlen zadam-a ýokdur.

— Gorkma, men seň çagaňy ýele-güne dözmän ulaldaryn…

Şeýle gowy geljegi garaşýan çaga dünýä inýänçä, Marala hypbat baryny görkezdi. Gara Durmaz göwreli aýallara kömek edýän, göbegene bolup ýören bir tebip daýza barada eşidipdi. Ol aýala bagdatlymyşyn diýýärdiler. Gara Durmazyň ilki saýlan on oglanyndan geçirilmän galdyrylany şol aýalyň adamsynyň daşgynrak garyndaşy bolup çykypdy. Ymam Selman diýilýän ol adamyň asly gürgençlimişem diýýärdiler, bagdatlymyşam diýýärdiler. Nirelem bolsa, ymam Selmanyň bilimini inkär edip bilmän, ýurduň müftüsi şäheriň bi çetinde, kerwensaraýa golaý bir ýerdäki metjidiň ymamlygyny oňa ynanypdyr. Häzir Gara Durmazy metjidem, ymamam gyzyklandyranokdy. Oňa gelnini görkezer ýaly aýal tebibi gerekdi. Sorag-ideg edip olaryň öýüni tapmak aňsat düşmedi. Öz ýanyndan her soran adamsy oňa: «Aýal tebipleri bilen gyzyklanyp başlapsyň-ow. Men saňa öýlenme diýmedimmi» diýäýjek ýalydy. Hernä, soraýan adamlary beýle wakalary başdan geçirenler bolandanmy, hiç kim oňa gülmedi. Yzyndan gürrüňini edip gülen bolmasalar, ýüzün-ä gülmediler. Ýüzüne gülenlerinde-de, Gara Durmaz aýal tebibini tapmagyň hatyrasyna, bir gezek- ýarym gezek gyzarmaga kaýyldy. Ahyry ol öýi tapandan soňam Gara Durmaz gapyň agzyna gelip kütrdürip durdy. Aýalyny yzyna düşüripmi, öňüne salypmy, öýe nädip girende dogry boljagyny bilmedi. Onuň ýagdaýyna düşünen Maral:

— Meň özüm bararyn. Sen çykynçam ho kölegede garaşaý — diýip, ony agyr synagdan halas etdi oturyberdi.

Kölegede oturan ýerinden Gara Durmaz öz bolup ýörşüni göwnüne jaý görmedi. Içinden «Bäbegimiz bolansoň dagy men öýüň ýükçi eşegine öwrülmesemem biridir» diýdi. Maşgalaly bolup ýaşamagyň hatyrasyna munça-munça görgülere çydamaga onuň kaýyl bolasy gelenokdy. Köşkde jigit bolup ýören halyna, aýalyny süýrekläp ýörmegi kiçilik bilýärdi. Göwnüne, köçeden geçip barýan adamlaram onuň bu ýerde näme üçin gazarylyp duranyna belet ýalydylar. Aňyrrakdan gelýän bir ýetginjege tälim berýän oglanlaryndan birimikä diýen Gara Durmaz, özüni tanatmajak bolup, alabasga galdy. Hernä däl eken. Ol ýetginjegiň geçip gitmesi Gara Durmazyň kalbynda dörän ile gülki, görene gürrüň bolmak howsalasyny basmaga kömek etdi. Içinden: «Meň bilen kimiň näme isi. Işi bolaýanda-da näme aýyp zat edýänmi? Daşlaryndan hekgeren bolsalaram, hemme kişiň ilki aladasy aýaly bilen çagalary. Şolar üçin olar gul bolmaga taýýar. Asyl gul bolup ýörlerem. Barmagyňy çommalt diýseň ile. Özüni oňarmaz welin, başga biriniň üstünden gülüp bilse armany ýokdur. Öýlenip bilmän

ýörenlere näme gerek diýsene. Öýlenip bilseler ilden öň öýlenjekdirler welin, öýlenenleň üstünden gülen borlar»

Esli salymdan bu pikirleriň sebäpkäri Maralam çykdy.

— Gowy aýal eken.

— Özüňe näme diýdi, sen ilki şony aýtsana.

— Gorkuly zat ýok diýdi. Içiň süýşjek bolupdyr diýýär. Günaşadan gelip içiňi daňdyryp gitmeli borsuň diýdi.

— Şeýdip günaşa gelip durmaly bormy?

— Dagy näme? Çaga geregimiz çynymyz bolsa, gelmeli borus.

— Özüň geläýmeseň, men-ä işimden sypynyp bilmen.

— Gorkýanam-la gyz meň-ä ýeke özüm gelmäge.

— Kakama ýoldaş bol diýäýeýin bolmasa.

— Ýo-geý, goýaweri. Aýyp bor-a. Gorksamam gelerin-dä, nädeýin.

Gara Durmaz bu güzapdan sypanyna begendi. «Kakama diýäýeýin» diýse-de, onuň öz bolup ýörşünden iň gaty utanýany kakasydy. Ol hatda gijelerine gelni bilen ýatyrka, beýleki jaýda kakasynyň ýeke özüniň sallah ýatandygyny göz öňüne getiribem utanardy. Irden bile oturyp çaý içselerem iýen-içeniniň nirä gidýänini bilmezdi. Kakasyndan gaçarak oturanyny kem görmezdi. Oglunyň bu ýagdaýyna kakasy başgaça düşünip gelnine: «Meň çaýymy ýatýan jaýyma eltäý. Gara Durmaz bilen çaýyňyzy siz bileje içäýiň. Şeýtseňiz maňa-da gowy, özüňize-de gowy bor» diýdi. Gara Durmaz kakasynyň beýtmesine oglum çaýyny arkaýyn içsin diýip edendir öýtdi. Emma ýene-de kakasy o jaýda ýeke özi çaý içip otyrka, gelinli kişisiräp Maralyň ýanynda çaý içmäge-de utandy. Ýeke özi içse o-da birhili. Ýene Maralyň: «Çaýyň sowaýa» diýmesi ony gelniniň ýanyna alyp barypdy.

Ýaş çatynjalygyň şuňa meňzeş aladalary bilen olar ýene bir ynsanyň dynýä inmegine sebäp boldular. Maral sol günaşa gatnamaly bolan öýüne günde barmanam kyn görmedi. Gaýta tersine, şol öýe barmadyk güni Maral bir zadyny ýitiren ýaly bolup gezdi. Özüni Gülnesibe diýip tanadan bagdatly tebip bilen olar ýakyn jora boldular. Mümkin, muňa Maralyňam ýerliginiň başgadygy täsir edendir. Kim bilýär, Maral göwresinde göterip ýören bäbeginiň hatyrasyna bu gatnaşygyň düýbüni berkden tutandyr.

Gülnesibe-de Maraly ilki gelen gününden gowy gördi. Ýogsa onuň ýanyna kömek sorap gelýänleriň yzy üzülenok diýen ýalydy. Emma olaryň hiç birisi Maral ýaly onuň öýüniň töründen orun alyp bilmändi. Gülnesibe çaganyň dünýä injek günleri ýakynladygyça Marala «Gelme meň özüm baraýyn» diýdi. Marallara bir-iki sapar bardam. Ýöne Gürgençde aýal tebibi gaty az bolansoň ol köpe ýetmeli bolýardy. Günde diýen ýaly bir çaga göbegenelik etmeli bolýardy. Gülnesibäniň ýetişiksiz gününi görüp duransoň Maral «Ýöresem özüme-de gowy ýaraýar» diýerdi-de, özi geläýerdi. Diňe soňky hepdede Gülnesibäň özi gün yrman Marallara gatnady. Onda çaganyň dünýä inmesi kyn bolar diýen gorky bardy. Bu,

hakykatdanam, şeýle boldy. Bolsa-da, sag-aman jahan ýagtysyna gözi awuşapmy, ýa-da şol ýagtyny görýänçä çeken horluklaryndanmy, ýa-da adamzada düşnüksiz bolan bir sebäpdenmi hemmeler ýaly jägildäp ýene bir ynsan dünýä geldi. Olam hemmeler ýaly bir adyň eýesi bolmalydy, ulalmalydy, hemmeler ýaly bir käriň eýesi bolmalydy, öýlenmelidi, hemmeler ýaly yzynda nesil galdyryp dünýeden ötmelidi. Hemmeler ýaly… Çünki azu-kän hemmelere berilýän bir ömür oňa-da berlipdi. Olam bu aýlanyp duran dünýäniň bir nokadydy. Bu zatlardan bihabar bäbejik häzir özüne degişli berilmeli ilkinji zadyň — näzikligi, terligi bilen açylmadyk gunçaka diňe Gara Durmaza bagyş edilen göwüsleriň özüne uzadylaryna garaşyp ýatyrdy. Ol indi tä dyzyna galýança diňe şoň bilen ýaşamalydy. Iýmitinem şondan almalydy, gurbatynam, boýunam şondan almalydy. Özüne dakara at gözläp, arlyjaklaryny täzeläp, ýaňajyklaryndan öpüp başagaý bolup ýörenlere ol özi üçin esasy zadyň nämedigini aglap ýatlatmaly bolýardy.

Ertirlik çaýyny ýeke özi içmäge başlaly bäri, ýekeligini öz täleýinden däl-de ogly bilen gelninden göresi gelip duran, dünýä inen öz dowamatynyň atasy oňa at dakmakdanam özüni çete çekdi. Bäbejige babasynyň adyny dakaýyň diýenem kabul edilmänsoň, hasam döşünden itilen ýaly boldy. Emma dişler adam garradygyça azalsa-da, aňyrsyndaky dili saklamaga has başarjaň bolýarlar. Saç-sakalyň agy köpelip başlar çalardygyça, huşuny ýitirse-de, syryna berk bolýarlar. Onsoň ilkije ogluna gözi düşen Gara Durmaz kakasynyň halyny hatda aňybam bilmedi.

Bäbekleriniň dünýä inmegi üçin kän aladalar edip, oňa göbegene bolan Gülnesibäniň hormaty Gara Durmazyň öýünde hasam artdy. Maral bäbgine näme at dakjagyny jorasy bilen maslahatlaşdy. Onuň maslahaty bilenem bäbege Ibn As-Samat, gysgaça Samat ady berildi. Şonda Gülnesibe jorasyna indi çagaňyzyň bolmazlygy mümkin diýip ýaňzytdy. O wagtlar Maral bu söze känbir ähmiýetem bermedi. Onuň üçin esasy zat ilkije ýüzi düşen çagasynyň sagdynlygydy.

Gara Durmaz ymam Selman bilenem tanyşdy. Olar bäbeklerine ýaşuzyn bola diýmek üçin Gara Durmazlara myhman boldular. Selman Gara Durmazy juma namazyny okamaga ymamlyk edýän metjidine çagyrdy. Şoňa çenli Gara Durmaz juma namazlaryna köşgüň golaýyndaky uly metjide barardy. Soň, çetiräkde bolsa-da, Selmanyň ymamlyk edýän metjidine gatnap ugrady. Ilki baran gezeginde ol Selmanyň mylaýym sesli, wagyz etmäge şeýle ökdeligini görüp begendi. Soňabaka Selmanyň diňe özüne däl, töweregine-de täsir edişini görüp, bu täsirde öz paýam bar ýaly bolup gitdi. Oňa oturan ýerinden öz doganymyka diýdi. Namazdan soň onuň bilen gujaklaşyp salamlaşdy. Agşam naharyna öýüne çagyrdy. Ol öz tälim berýän ýetginjeklerine-de juma namazyny ymam Selmanyň metjidinde okamagy, onuň wagyzlaryny diňlemegi maslahat berdi.

Çakylygy kabul eden Selman şol gün agşam Gara Durmazlara geldi. Muňa adamsyndanam beter Maral begendi. Emma Gara Durmazyň kakasy welin onuň bilen örän sowuk salamlaşyp, öz jaýyna geçip gitdi. Näme üçindir ol bu gezek göwnündäkini gizlejegem bolmady. Gara Durmaz öz myhmanyna  kakasynyň äsgermezçiligiň bäri ýanyndan gaýdan bu sowuklygyny gaty görjek boldy. Emma Selman hiç zat bolmadyk ýaly, göwnaçyk ýylgyryp oturansoň, Gara Durmazam kakasynyň bolşuny görmezlige saldy.

Myhmanyny ugradandan soň Gara Durmazy kakasy ýanyna çagyrdy. Ol ogly bilen uzak gürrüň edibem oturman, tälim bermek üçin ilki saýlan oglanlaryndan yzyna gaýtarylanyň kimdigini ýatlatdy. Ol oglany Selmanyň daşgyn garyndaşlaryndan biridigini Gara Durmaz bilýärdi. Emma onuň Selmanyň garyndaşy bolandygy sebäpli köşge goýberilmändigini bilmeýärdi. Kakasy sözüni jemläp:

— Aýallar gatnaşsa gatnaşsyn. Olaram daşrak dursa kem däl welin, gatnaşyklary has çuňlaşaýdy. Emma sen onuň metjidinde-de kän görünme. Beý diýsem ertir ýüzüňi öwrüp oturberme. Ýuwaşlyk bilen, sypaýyçylykly daşlaş, goý, ol hiç zady aňmasyn. Bu gürrüňi aýalyňam bilmeli däldir. Meniň aýdanlaryma düşündiň dälmi?

— Düşündim.

Gara Durmaz öz jaýyna geçip, kakasynyň aýdanlary hakynda köp pikirlendi. Onuňky dogrudy. Eger köşkde işlemekçi bolsaň, köşgüň halamaýan adamlary bilen gatnaşykda bolmak bolmaýardy. Selmanyň köşgüň näme üçin halamaýandygy bolsa Gara Durmaza, hatda onuň kakasyna-da anyklatdyrmajak syrdy. Umuman alaňda, düşnükli. Selman ýurt üçinem, köşk üçinem şübheli adamlaryň arasyna girýän bolmaly. Mundan aňyrsyny anyklajak bolmak gerekmi beri? Kakaň diýeni bilen bolubermekden dogrusy ýok.

Gara Durmaz kakasynyň tabşyryşy ýaly syr bildirmezlik üçin indiki jumada-da Selmanyň ymamlyk edýän metjidine bardy. Şelman bilen uzakdan baş atyşyp salamlaşdy. Gara Durmaz bu gezek metjide özünden başga kimiň gelenligine-de assyrynlyk bilen göz aýlady. Gara Durmazdan başga-da köşkden Selmany diňlemäge gaýdýan ýedi-sekiz emeldar bar eken. Olar Gara Durmaz bilen bu gezek mähirli salamlaşdylar. Ol bu köşk emeldarlaryna öňki gezeklerde näme üçin gözüniň ilmändigine haýran galdy. Dogrusy, olar köşk eşiklerini ýönekeý lybasa çalşandyklary üçin köpçüligiň içinde känbir tanadybam barmaýardylar. Özleriniňem hersi bir çeträkdedi. Olaryň maksatlarynyň nämedigine — ybadatlaryny berjaý etmägemi ýa-da jansyz bolup gelenlerinem kesgitli aýdaýmak kyndy. Gara Durmaz olar bilen baş atyp salamlaşsa-da salamlaşdy welin, şol bir wagt Marala köçede garaşyp durandakysy ýaly, ähli tanyş gözler diňe özüne gönükdirilen mysaly oňaýsyzlyga düşdi.

Selman bu gezek jeza hakynda wagyz etdi. Gara Durmaz Selmanyň sözleriniň asyl manysyny aljak bolup sypdyrman diňledi. Çünki tanyş gözler özi bilen gyzyklanýan bolsalar, hakykatda olary nämäniň gyzyklandyrýandygyny Alla bilsin welin, Gara Durmazy Selman gyzyklandyrýardy.

«Mähriban jemagat! Şu gün siziň bilen ynsanperwerligiň gürrüňini etmekçi. Mysalym jeza bolar. Ýogsa ynsanperwerlik bilen jeza bir ýere sygyşmaýan ýaly. Bir ynsany ýüz gamçy urmak bilen jezalandyrmak ýa-da on ýyl azatlykdan mahrum etmek nire, ynsanperwerlik nire? Ynsanperwer adama jeza berilmez. Beriläýse-de ol jezalandyrmaga hukuklynyň ýalňyşlygy ýa-da günäsidir. Onsoň ynsanperwerligiň gürrüňi gidýärkä, jeza hakynda aýtmak gerekmi beri? Emma, gynansagam, jezadan sowlup geçýän ynsan ýok bolsa gerek. Päli düzüw, kalby päk adamlaryň özleri jeza çekmeselerem, günälini jezalandyrmaga mejbur bolýan halatlary bolýar.

Onsoňam, jeza çäresi halkyň, ýagny biziň hemmämiziň adymyzdan bellenilýär, kanunlaşdyrylýar. «Döwletde tertip-düzgüniň saklanmagy üçin jeza gerek. Onuň haýsy günäkäre näçe we nähili bolmalydygyny, goý, kazylar kesgitlesinler. Olaryň çykarjak kanuny hemmelere deňlik bolsa, «Il bilen gelen toýda-baýram». Günä eden egni bilenem jezasyny çekmeli bolar» diýýäris. Şeýdibem belleniljek jeza bilen ylalaşýarys, ony makullaýarys, oňa dahylly bolýarys.

Jenaýat etmän ýaşamak aňsat däl. Emma kanuny bozup ýaşamak ondanam kyn. Çünki jenaýat eden adamyň başy mydama howsalada, gorkuda, gowgada bolýar. Şeýle adamda eden jenaýaty ýüzi gatan ýara dönýär. Ol öz derdine öwrenişýär, ýuwaş-ýuwaş agyrysyny ýadyndan çykarýar. Emma gatynyň aşagyna ýygnanan iriň ony çüýredip ugraýar. Etini, ganyny, damarlaryny çüýreden iriň süňke ýetýär. Mundan artyk mümkin däl. Ýöne, ýene bir zat mümkin däl, ol hem indi ýaranyň melhemi ýok, lukmany ýok.

Ýara näme üçin iriň ýygnady? Onuň eden günäsini Allahdan başga bilýän ýokdy ahyryn? Adamlardan diňe biri bilýärdi, olam özi. Günäniň iriňli ýara öwrülmegi üçin adama ony ýeke özüniň bilmegem ýeterlik eken. Indi ol adam: «Ýaramyň ýüzi gatamanka gelip jeza çäresi bilen tenimden onuň özenini sogursaňyz, elimi çapsaňyz bolmadymy?» diýip azar çeker. Ol indi jezany ynsanperwerlik däl diýmez. Ýogsa günä işe meşgulka edenini ýaşyryp, jezadan gaçan hut onuň özüdi... Hernäçe gaçsa-da, adama özünden gaçyp gutulma ýok...

Emma misli özleri ýok ýaly, eden jenaýatlary üçin özlerini horlamaýanlar, eden günäleriniň ejirini çekmeýänlerem barmyka? Ýa olar halkyň, jemgyýetiň bedenine düşen ýaramykalar? Özüň ýara bolsaň, ýara saňa näme etsin?.. Megerem dowzah ody şol ýaralaryň guradylmagy üçin döredilendir.

Bir gezek hezreti Pygamberimiziň ýanyna bir erkek, bir aýal maşgala aýry-aýrylykda gelip: «Zyna iş etdim, jezamy ber» diýipdir. Pygamberimiz erkek kişini iki gezek dürli bahanalar bilen yzyna gaýtarypdyr. Üçünji gezek gelende sahabalaryna «Serhoş ýa akylyndan azaşan diwana bolaýmasyn» diýip, ony barladypdyr. Emma ol serhoşam, diwana-da däl eken. Pygamberimiz zyna edene Kurany Kerimde bellenilen daş bilen urup öldürmek jezasyny nälaç buýrupdyr.

Zyna iş etdim diýip gelen aýal maşgalany bolsa, «Dokuz aýdan soň gel, göwräňde çaga galan bolmagy mümkin» diýip ugradypdyr. Hakykatdanam, aýalyň dokuz aýdan çagasy dünýä inipdir. Aýal ýene pygamberimiziň ýanyna gelip jezasyny sorapdyr. Şondan soň ol hem daş bilen urlup öldürilmeli edilipdir. Aýaly jezalandyrýarkalar, daş zyňanlaryň biri hapa sögünipdir. Pygamberimiziň muňa gahary gelip: «Häzir şol aýalyň tobasyny şu ýeriň ähli ilatyna paýlasaň, hemmesiniň dowzahdan halas bolmaklary üçin ýeterdi» diýen manydaky sözleri aýdypdyr.

Erkek kişi jezalandyrmaga duranlarynda gaçmakçy bolupdyr. Emma yzyndan zyňylan düýäň süňki kellesine degip, ony ýykypdyr. Muny gören Pygamberimiz: «Gaçyp gutulan bolsa bolmaýarmy»diýen manydaky sözleri aýdyp, bolan waka gynanypdyr...

Şu ýerde esasy zada ünsüňizi çekmek isleýärin, Pygamberimiz nämä, näme üçin gynandyka? Bu sowala her kim özüçe jogap berip biler. Meniň pikirimçe, ol biçäreler jemgyýetiň ahlagyna düşen iriňli ýara öwrülmän, şu dünýede jezalaryny çekmäge boýun bolup gelen ynsanlardylar. Töweregini çüýredýän iriňe öwrülmänkäler öz jezalaryny almaga olar müňdebir kaýyldylar. Şol kaýyllyk olaryň ahlagyny tämizläpdi. Beýle tämizlige bolsa aňsat-aňsat ýetilmeýär. Onuň gymmaty bütin ömrüne ymmatynyň dowzahdan halas bolmagyny diläp gezen Muhammet Pygamberimiz sallualeýhi wesselleme has aýandyr.

Gadyrdan musulman doganlarym! Biziň her birimiz Allahyň ryzasyny gazanmagyň aladasy bilen ýaşamalydyrys. Pygamberimiziň ýanyna gelen biçäreleriň düşen güni ýaly güne düşmekden biziň her birimizi Allatagalanyň Özi gorasyn. Şeýtanyň päline gidip şeýle güne düşäýsegem jemgyýetiň ahlagyna düşen iriňli ýara öwrülmänkäk, bizden çykýan iriň sebäpli töweregimiz, goňşy-golamlarymyz, bala-çagalarymyz çüýremänkä jezalaryny almaga müňdebir kaýyl bolup gelen ynsanlardan bolalyň. Biziň çekjek jezamyza, goý, pygamberimiz gynansyn.»

Wagyzdan soň ymam juma namazyny hutbasyny aýdyp okatdyrdy. Gara Durmaz hiç bir şübheli zat görmese-de, Selmanyň iriň, töweregiňi iriňletmezlik hakynda aýdanlary başga ýerlerde eşidilýän gürrüňlere känbir meňzemeýärdi. Gara Durmaz kakasynyň diýşi ýaly, şol gezekden soň ymam Selmanyň metjidine barmasyny goýdy. Emma başga günleriň birinde ikindi namazy mahaly, metjitde adamyň iň az wagtydyr diýip,

Selman bilen «sypaýyçylykly salama» baryp gaýtdy. Şondan soň bolsa, ymam Selman bilen gatnaşygyny doly kesdi.

Ymam Selmanam oň niýetini biri öňünden habar beren ýaly, hasam sypaýyçylykly arany açdy oturyberdi. Edil beýle bolaýar öýtmedik Gara Durmaz ymam Selmany görmänine bassyr on gün geçensoň, bir synasy ýolnan ýaly bolup gitdi. Ol her gezekki azanda, juma namazlarynda ymam Selmany bolmanda bir görsedim diýen islegiň gitdigiçe özünde güýjeýändigini, emma şol islegini kanagatlandyraýsa onuň aňyrsynda ýatan kakasyna duýdurman ymam bilen gizlin gatnaşyga geçmek pikirine hem eýeräýmeginiň mümkindigini duýdy. Hasam şol niýeti-päli düşnüksiz adamlardan onuň ymam Selmany gorasy gelýärdi. Bir tarapdan bolsa köşkden kowulmak, şeýdibem diňe bir özüne däl kakasyna-da zyýan ýetirmek howpundanam gorkýardy. Özüniňem, oglunyňam köşge girip-çykmagy, güzeran aladasyny etmän, hernäme-de bolsa, tapawutlyrak ýaşamak üçin kakasynyň ömür ýolunda gaty köp kynçylyklara döz gelmeli bolandygyny Gara Durmaz doly bilmese-de, çalarak bilýärdi. Bir zat welin, eger köşge girmesiz ediläýseler bu masgaraçylyga çydap bilmän kakasynyň ölüp gitjegi aýandy. Gara Durmaz dostlugyň hatyrasyna töwekgelçilik edip, beýle howpy üstüne almakdan çekindi. Näçe kyn düşse-de, ymamy unutmagy, aňyndan öçürmegi ýüregine düwdi.Bir gezek Maral ondan:

— Selmany köpden bäri myhmançylyga çagyraňok-la? Ýa Samat janam alyp özümiz gidäýeli — diýip sorady.

— Aý bor-la, şol ymamsyzam günümiz geçer-le.  Gidesiň gelse, özüň gidäý.

Maral bu jogaby halamasa-da, adamsynyň ýüzüne gelip hiç zat diýmedi. Erkek kişileriň öz dünýäsi bar. Oňa aýallaryň känbir goşulybermesi bu milletiň däbinde halanmaýardy. Gara Durmazyň çagasyna bolan yhlasyny, aýalynyň hiç zatdan kösenmezligi üçin edýän aladalaryny göreňde ondan göwün eder ýalam däldi. Ol işden sypyndygy öýüne gelip beýleki erkek kişileriň etmeýän zadyny — ogluny gujagyna alyp, howlularynda aýlanar ýörerdi. Bir gezek şeýdip ýörkä oňa kakasy gabat geldi. Köşge diýip ýaňy çykyp gidensoň, ol kakasy beýle çalt yzyna dolanar öýtmändi. Kakasynyň gelenini görüp, ogrulykda tutulan ýaly utandy. Kakasam geplemän içini ýakyp ýörşüni edip, oňa zadam diýmedi. Göwnüýetmezçilik bilen gülümsiredi-de, öz otagyna girip gitdi. Maralam ylgap gelip, Samady kakasynyň gujagyndan aldy. Ýöne eýýäm giçdi. Gara Durmaz gaharly:

— Göteremde näme boljakmyş-aý? Götersem öz oglumy göterýän — diýip, Samady Maraldan ýene yzyna aljagam boldy. Emma Maral bermedi. Bermänem gowy boldy. Gara Durmazyň kakasy bir zatlar almaga gelen bolmaga çemeli, öýden ýene yzyna çykyp köşge tarap ugrady. Ýüzugra ol oglundan:

— Näme sen bu gün boşmy? — diýip sorady.

— Ýok, häzir menem çykjak.

Gara Durmazyň jogaby kakasyny gyzyklandyrybam baranokdy. Onuň soragy «bar köşge ugra» diýdigidi. Gara Durmaza bolsa öýi köşkdi. Maral bilen olarbu gün Samadyň galpajygyny syrmakçydylar. Samat ejesiniň gujagynda oturşyna kakasynyň kellesinden syrýan saçlaryna haýran bolup bakýardy. Olary elläp görýärdi. Etegine dökülýän galpaklar köpeldigiçe, Samadyň ynjalygy gaçyp ugrady. Ol kakasynyň kellesini gijiletmesini goýaryny isleýärdi. Onuň daşaryk gidesi geldi. Emma ulular onuň islegine bakman, öz etjeklerini edip otyrdylar. Ahyry Samat aglamaga durdy. Kakasy onuň kellesine ýene-de suw akytdy. Goýberilermikäm öýden Samadyň muňa hasam gahary geldi. Has gaty aglamaga başlady. Ejesi bir ýerden owadan ala monjuk getirdi. Samat oňa güýmenjek ýaly edende ýene galpagyny syrmaga durdular. Samady indi kellesinden gaçýan saçlary gyzyklandyrmaýardy. Ol eline berlen monjugam zyňyp goýberdi. Hernä şu ýerde kakasy ony öz gününe goýup aýryldy. Ejesi onuň kellesini süpürişdirip, ýene bir ýuwdy. Soň bolsa oňa täzeje köýnek geýdirdi.

— Gara, bul-a edil sen bolaýdy. Gaşjagazlaryny çytan bolşuny?

— Öýkeleklig-ä saňa çekipdir.

— Men näme, öýkelekmi? Özüň öýkelek.

— Monjugyňam-a ol bir ýerik zyňdy.

— Samsyjak diýsänim, meň monjugymy nämä zyňýaň?

Samat zyňan ýerinden monjugy aldy-da, ony oýnamaga oturdy. Maral bir ak, bir gara sapakdan alaja ýşdi. Soň bolsa Samadyň elindäki monjugy alyp, ony üzdi. Hernäçe seresaply boljagam bolsa, üzülen monjuk pytrap gitdi. Maral olaryň biri ýitäýse uly baýlygy ýitjek ýaly, gyssanyp monjuklary çöpledi. Onuň hereketlerini synlap çaý içip oturan Gara Durmazam Maralyň monjuklary üzmesini halamady.

— Näme etjek bolýäň?

— Ogluma göz degmez ýaly alaja dakjak .

Maral derrew işen alajasyny monjuklaryň birinden geçirdi-de, uçlaryny düwüp Samadyň boýnuna dakdy. Samatjyk muňa begenip, boýnuna dakylan monjugy kakasyna görkezmäge ylgady. Kakasy kaka bolmagyň lezzetinden ganyp bilmän, ogluny gujaklady. Maral olara golaý barman durup bilmedi. Oglunyň ýaňyja syrylan akja kellesinden tutup:

— Seretsene, edil seň kelläň-dä —diýdi. Onuňam begenji oglunyňkydan peslär ýaly däldi.

Indi çagaňyz bolmaz diýende, Gülnesibe ýalňyşman eken. Bir aýagy köşkde, sypynsa-da öýüne gelip gujagyna alýan kakasynyň, mähri bilen çoýup, söýgüsi bilen ýylydýan ejesiniň ýeke dikrary bolan Samat alty ýaşady. Maral oglunyň ne oglan, ne gyz jigisiz ýeke ulaljagyna gynanjyndan Gülnesibäniň ýanyna gatnap: «Heý, munuň çäresi bolmazmy?» diýip kän özelendi. Gülnesibe: «Bu zatlar Allahyň elindedir. Samat jan dünýä inende ýatga erbet zyýan düşdi. Men elimde baryny

etdim, Maral jan. Bilip bolmaz, ýaşyňyzyň soňunda, ýa-da ýene on-on iki ýyldan perzende ýüzüňiz düşmegem mümkin. Allahym ugruna etsin. Allaha ýalbar, Allahdan diläli, belki dileglerimiz kabul bolaýady-da. Maral jan, meňem ilkije çagam şeýdip kynlyk bilen dünýä indi. Ojagazyň bir kemjagazam bar eken. Uzak ýaşamanam jennetiň guşuna öwrüldi. Şondan bärem Allaha ýalbaryp ýörşüm. Selmanam: «Allahym töweregine köp ýagşylyk edenleriň, köp alkyş alanlaryň dilegini gowy kabul edermiş» diýip, maňa aýal tebipçiligini öwren diýdi. O wagtlar Bagdatda ýaşaýardyk. Şondan bärem bolmanda seňki ýalyja ýeke çaga bersedi diýip, Allaha ýalbaryp ýörşüm. Jora jan, senem meniň üçin dileg et. Menem saňa ýene bir perzent bersin diýip her namazdan soň dilärin» diýdi.

Şondan soň Samat Maralyň gözüne hasam eziz göründi. Bu gürrüňlere ilkibaşda kän ynanmadyk Gara Durmazam soňabaka Samadyň ýeke perzendi bolaýmagynyň ahmaldygyna ynandy. Bu ýagdaý onda Maralyňky ýaly has beter söýmegi däl-de, jogapkärçilik duýgusyny oýardy. Ol oglunyň ýeke bolany üçin durmuşda köp horluklary çekmeli boljakdygyny göz öňüne getirdi. Özem ýeke ulalansoň, iki-üç doganlylaryň ýanynda nähakam bolsa, dilini dişlemeli bolan gezeklerini ýatlady. Ile goşulyp, hatda birnäçe ýoldaşlaryndan ekabyr, dogumly görlüp köşkde janpenalara tälim berilýän ýere alynmagynyňam ol kakasynyň arkasyndandygyny bilýärdi. Indi Samady adam etmek jogapkärçiliginiň öz üstüne düşjekdigini, şol jogapkärçiligi eýýäm gerşine alan ýaly ol äşgär duýdy. Şol jogapkärçiligi göterip bilmän aşagynda galmazlyk üçin, häzirden özüniň näme etmelidigi hakynda oýlandy. Enesini emmekdenem ýaňy aýrylan çaga ol näme etjegini bilmedi. Emma, günleriň geçip dünýäniň aýlanyp durany gowy zat.

Özleri bilen ulularyň başaran hem edilmesi zerur  hasaplan zatlaryny etjek dünýäniň millionlarça çagalarynyň arasynda Samadyň bir nokat bolup alty ýaşan ýyly Gara Durmazyň tälim bermek üçin toplan oglanlary ýigrimi ýaşlaryna ýetip, kimsi janpenalyga, kimsi goşunlaryň kiçiäk ýolbaşçylygyna, kimisi köşk gullugyna alyndy. Gara Durmaza täze topary ýygnamak işem tabşyrylmady. Ol bir-iki gün köşge näme iş buýrarkalar diýip gatnady. Onuň dadyna ýene kakasy ýetişdi. Ol ogluna öz ýanyna işe geçirtjek bolýanyny aýtdy. Kakasynyň köşkde näme iş edýändigini Gara Durmaz bilmeýärdi. Ol diňe onuň köşk, döwlet üçin howply hasap edilen jenaýatkärler bilen işleşýändigini daşgulakdan bilýärdi.

Gara Durmaz emeldarlaryň  bolýan ýerinde ýaşap, hazynadan hak almagyň beýlekilerden artyk ýaşamakdygyna gowy düşünýärdi. Şony başarýan adamlaryň hatarynda durýandygynyň, esasan, kakasynyň arkasyndandygynam ol bilýärdi. Şonuň üçin kakasynyň öz ýanyma aljak diýmesine begense-de, ol özi üçin köşkde başga barara gapynyň, ynanyljak işiň ýokdugyny duýdy. Tälim berýän oglanlary indi onuň özünden çakgandylar. Ýene yzyna, emiriň gorag goşunyna alnaýanda-da, onda

gulluk etmek añsat däldi. Mydama maşk edip, özüñi seýisläp gezmelidi. Ol ýerde ony öňem kakasynyň sylagyna diýen ýaly saklapdylar. Ol käbir maşklary ýoldaşlaryça edip bilmeýäni üçin özüni gynap gezipdi. Ol muny kakasynyň özüne çagaka gerek terbiýäni bermändiginden görýärdi. Onuň özi hakynda «Sähel kynçylykdan geçip bilmän ejizläp durmaz ýaly, çaglykdan berk tutulyp terbiýelenen bolamda gaty uly derejelere ýeterdim» diýen pikiri bardy.

Täze topar taýýarlamak işine geçirmekleri, emiriň golaýynda gezmekden mahrum edip derejesini biraz kiçeldenem bolsa, Gara Durmaz bu işe geçenine begenipdi. Ol on oglandan pesinden ýedisini hakyky, gaýduwsyz ýigitler edip öz elim bilen terbiýeledim diýip hasap edýärdi. Öz ogluny bolsa şol ýedisindenem üýtgeşik etmek pikri bardy. Onuň hyýalynda ogly gelejekde bolmanda jansyzlar toparyna ýolbaşçy, ýogsa-da emir bolaýmalydy. Bu onuň öz ömrüni bagyş etjek pynhan maksadydy. Häzir bolsa topar taýýarlamagy wagtlaýynça bes etmeli diýip, ony şol işindenem aýrypdylar.

Kakasy Gara Durmazyň şu güne düşjegini öňünden bilen ýaly, öz ýanyndan ýer taýýarlap goýupdy. Ol köşkde jellat bolup işleýärdi. Ýaşynyň birçene barmagy bilen, onuň paltany gerek ýerine örän jaýdar urmasy kynlaşyp barýardy. Ýaşyň kyrkdan geçensoň, bu käri ýöretmegem bolmaýardy. Emma ýerine laýyk adam tapylmansoň, jellatlygyny dowam etdirip ýördi. Ine-de, laýyk wagtynda ogly ýetişdi. Mundan on bäş ýyl öň özüne kakasynyň paltasyny goýup gidişi ýaly, olam ogluna paltasyny geçirip bilse armany ýokdy. Ol paltasyny taşlany bilenem işsiz galjak däldi. Jellatlykdan başga onuň esasy işi jansyzlary taýýarlamakdy. Onuň taýýarlan jansyzlarynyň bir topary ýöriş ediljek ýurtlara iberilse, bir topary ýurduň içinde başbozarlar barada köşgi habardar edip durmakda işleýärdiler. Bu iş örän jogapkärlidi we gitdigiçe köp wagty talap edýärdi. Jellatlyga adam taýýarlap, oňa jansyzlar bilen işlemegi has-da güýçlendirmegiň gerekdigini hut emiriň özi aýdypdy. Häzir ogluny jellatlyga almagyň laýyk wagty gelipdi. Ol soň ýuwaşlyk bilen ogluny jansyzlar toparyna çekmekçidi. Häzirlikçe ony hakyky jellat edip ýetişdirmek gerekdi.

Ol ogly Gara Durmazy öz iş ýerine — jeza berilýän ýere alyp gitdi. Ýolda ol ogluna jellatlyk edýänini buýsanç bilen aýtdy. Gara Durmaz muny eşidip, bir hili serpmeden gaýdan ýaly boldy. Emma jellatlygyň döwlet üçin, ýurtda kanunçylygy goramak üçin nähili zerurdygy barada gürrüň bermäge başlan kakasyna syr bermedi. «Jellatlyk, belki, göz öňüne getirşimiz ýaly, beýle bir erbet kärem däldir diýip ol pikir etdi. Oňa häzir işlejek iiniň döwlede ýa il-ýurda zerurlygynyň känbir ähmiýeti ýokdy. Ol ýaňy jahyl çykan adamlaryň köpüsine mahsus bolan isleg bilen — abraýly, her kimiň höwes edýän, gazançly işinde işlemek isleýärdi. Jellatlyk şeýle işleriň hataryna bir seretseň girýärem welin, ady ýaman bolaýýar. Dogrusy,

Gara Durmazda wezipäni, käri saýlap-seçere ýagdaýam ýokdy. Şonuň üçinem ol sesini çykarman kakasynyň yzyna düşüp barýardy.

O gezek jeza meýdanynda bir ogryň eli çapylmalydy. Jeza berilýän ýere barmanka kakasy iş otagynda öňüne Kuran goýup, günä iş edýän bolsa günäsini geçmegini diläp Allaha ýalbardy. Soň aýpaltasyny bir laý gözden geçirdi. Özüni rastlabam jeza meýdançasyna tarap ugrady. Gara Durmaz kakasynyň ýüzüniň has hyrsyzlaşanyny gördi. Häzir onuň adyny tutup, ýanyna ýakynlaşar ýaly däldi. Ädim ädişine çenli ol durşuna ýowuzlyga öwrülipdi.

Meýdança baranlarynda ol ýerde eýýäm iki adam köw-söw edip ýördi. Onçakly uly bolmadyk, daş-töweregi penjiresiz diwar bilen gurşalan meýdançanyň diňe depesi açykdy. Näme üçindir meýdança galyň çäge düşäpdirler. Gara Durmazyň kakasy bilen giren gapysynyň garşysynda ýene bir gapy bardy. Meýdançada aýlanyp ýörenleriň biri ortada duran çapgy tagtasynyň bir ädim öňüne bir ak matany ýazdy. Gara Durmaz onuň näme üçin ýazylandygyna düşünmedi. Içinden: «Bular kimlerkä? Ýa kakam barmaly ýerimizi ýalňyşaýdymyka?» diýdi. Kakasyndan zat sorarlyk ýagdaý ýokdy. Onýança garşydaky gapy jygyldap açyldy. Iki sany esger ogryny öňlerine salyp geldiler. Ogrynyň gözleri hem agzy daňylgydy, köýneginiň ýeňleri goparylandy. Depeden düşýän güne onuň ýalaňaç çiginleri ýalpyldap gidýärdi. Ol ellerden der damjalary syrygyp durdy. «Näme üçin iki elinem ýalaňaçladylarka? Ýa iki elinem çapjakmykalar?» diýip, Gara Durmaz pikir edýänçä, ogrynyň çep elini ýalaňaç ýasy tagtanyň üstünde goýdular. Ogry derläp duran eli sowuk agaja degenden tisginip gitdi. Ol elini yzyna çekjek ýaly etdi. Esgerleriň biri çapyljak eli golundan çapgyýassygyna daňdy. Gara Durmazyň kakasy beýdilmeginden närza ýaly, has hem gaşyny çytdy. Ol çapylmaly el rahatlaşynça garaşdy. Goluň tirsek bilen birigýän ýeriniň iç ýüzi ýörite çapylmak üçin bellenilen ýaly tüýsüz akjaryp durdy. Bilekden baglanan gara gaýyş goly has hem naýynjar görkezýärdi. Ortaradan geçýän ýaşyl damar çapyljagyny bilip goldan üzülip çykjak bolýan ýaly tarsyldaýardy.

El bilen baglanyşykly ähli hereketlere Gara Durmaz gözüni aýyrman seredýärdi. Ol eliň häzirki bolup ýatyşy günä edene meňzemeýärdi. Göwnüne şeýle pikir gelen Gara Durmazyň kellesine: «Eliň günälisi bilen bigünäsinde näme tapawut bolup biler?» diýen sorag geldi. Onýança-da çalaja eşidilen «Ýa Allahyň» yzy bilen kakasynyň paltasy ýalaňaç ýatan ele garşy indi. Goldan çapyljakdyr öýden Gara Durmaz goşardan çapylan eliň zyňylyp, hälki ýazylan ak matanyň üstüne düşenini gördi. Tebipleriň biri ylgap gelşine gara gany çüwdürilip duran goşary tutup gaýyş daňyny çözdi. Çapylgy eliň tirseginden ýapyşyp duran beýleki tebip bagjyk ýazany bilen ony bir gabyň içine sokdy. Hersi bir goltugyna giren esgerler ýüzi juwak bolan ogryny süýräp diýen ýaly alyp ugradylar. Tebipleriň beýlekisi

günäkär eli dolap aldy. Bu zatlara haýran bolup duran Gara Durmaz kakasynyň bireýýäm meýdançadan çykanyny duýdy.

Gara Durmaz kakasynyň yzyndan ýetdi. Olar gelen gapylaryndan öz otaglaryna girdiler. Kakasynyň aýpaltasyny süpürişdirip, hiç zat bolmadyk ýaly ýylgyryp durşyna Gara Durmaz has hem haýran galdy. Edil ýaňam ýüzi ýarak itiň ýüzi ýaly bolup duran kakasy häzir özüne meňzeş başga biri bilen çalşyrylan ýalydy. Onuň häzirki ýylgyryp durşundan çen tutup, ol asyl ogry bolanda-da bir bendäniň gyrmyzy ganyny dökenine düşünmeýär diýse boljakdy. «Ýa kakam oňa, hakykatdanam düşünmeýärmikä?»

— Nähili, oglum? Menem birinji gezek edil seň bolşuň ýaly kakamdan yza galypdym.

Gara Durmazyň ýüzi açylaýyn diýenokdy. Gaýta, kakasynyň ýylgyrjyrap söze başlamasyna onuň hasam gahary geldi. Kakasy göwni bir ýaly, sözüni dowam etdirdi:

— Näme sen ol ogry haramzadaň eliniň çapylanyna gynanýaňmy?

— Ony kakamyň çapanyna gynanýan.

— Gynanyp oturma. Ogurlyk edeniň elini men bolmasamam çapan tapylar. Näme, ol bilenokmydy eliniň çapyljagyny? El nämemiş kellesini çapan adamlarymam boldy. Men hökümdarymyň buýrugyny berjaý edýän. Meniň kellesini çapýanlarymyň söweş meýdanynda kellesi çapylýanlardan…

Gara Durmaz kakasyny mundan artyk diňlejegem bolmady. Onuň bogazyna tegek bolan gahary garşysynda bir zatlar düşündirjek bolup duranyň kakasydygynam unutdyrdy.

— Onda hezil et-de, çapda ýör. Men-ä etmen bu işi.

— Seň edäýjek işiňi men bilýän. Bar-bar, gelniň garaşýandyr saňa, ylga gujagyna. Onyň seň belki ýene bir nalajedeýini dogurar… Ýöne bilgin, erkek kişi diňe heleýini kanagatlandyrany bilen erkek bolýan däldir…

Gara Durmaz gaty-gaty ýöräp, göni öýlerine gaýtdy.

Ony, hakykatdanam, alty ýaşlyja nalajedeýin diýlen ogly bilen gelni garşylady. Maral hemişekisi ýaly, adamsynyň ýüzüne mähir bilen garap, diýdirmän öňünde çaý goýdy. Ol adamsynyň öňki keşbi däldigini aňyp, başarsa ýüregini ýaglyga öwrüp adamsynyň ýüzünden gahary, gussany, ýadawlygy… özüniň söýmegine päsgel berip biljek eke hapany-da galdyrman süpürmäge taýýar bolup durdy. Emma adamsynyň gödek sesi onuň aýna ýaly kalbyny jaýyrdy.

— Ýok et çaýyňy. Ogluňam al-da, özüňem ýok bol o jaýa.

Adamsyndan beýle zada garaşmadyk Maral ylgap Samadyň eljagazyndan tutdy-da, birden şoňa bir zat edäýmesin diýýän ýaly, daşyny gabalap o jaýa geçdi. Çaýy bolsa aýyrmady. Aýyr diýilse-de, o jaýda galan çäýnek-käseler Maralyň häzir ýadyna-da düşenokdy. Hossaryna ýapyşan ýaly ogluna ýapyşyp, ony bagryna basdy. Ol çagasynyň ýylysy bilen howsala gatyşykly kemsinmesini basjak bolýardy. Bir ýakymsyz wakanyň

bolanyny aňsa-da, Samatjyk hiç zada düşünmedi. Ol ejesiniň gujagyndan sypyp, bäbejikliginden ýassanyp ýören ýassygyny goltuklady. Ejesi bu gün onuň daşyny täzeläpdi. Muňa begenen Samat ýassygyny kakasyna görkezip gelmekçidi. Maral ony saklady.

— Eje, kakama-da görkezeýin-dä.

— Görkezersiň oglum. Kakaň ýadap gelipdir. Kellesi agyrýar.

— Kellesi agyrsa meň ýassygymda ýatsyn.

— Seň ýassygyň kakaňa kiçi bolar.

— Kiçi däl. Meň ýassygym kiçi däl. Özüň kiçi däl diýdiňä.

— Kiçi däl oglum. Saňa kiçi däl, kakaňa kiçi.

Kakasynyň soňky sözleri hasam degnasyna degen Gara Durmaz näme etjegini, özüni nädip köşeşdirjegini bilenokdy. Samady gujagyna alsa boljakdy welin, onam «ýok et»» diýip ýaňy gygyran özüdi. Käbir ýoldaşlarynyň oýun bilen çyny garyp:

— Seň-ä öýlenerligiň bar eken. Elini aýna döwügi kesen çaga ýaly sypynsaň ylgaýaň ýanyna. Ind-hä kişiň oglam bolupdyr. Ogul dogran gelin ýeke sende däl ilde-de bar, ýöne seň ýaly sümüklisini goltuklap, gelniniň ýanyndan aýrylyp bilmän ýören-ä ýok — diýerdiler.

Bular ýaly gepler çetine degse-de, Gara Durmaz olary gulagynyň ýele ýanyndan geçirmäge çalşardy. Emma kakasyndan ogluny-gelnini gowy görýäni üçin teýeneli söz eşitmesini welin erbet gaty gördi. «Gelnimi ýigrenip gezsem begenjekmikä?»

Gara Durmaz Maralymy aşa gowy göräýýärmikäm diýibem pikir etdi. Emma gowy görmegiň çägini kesgitläp bilmedi. Gelniňi, ýeke perzendiňi söýmegiň asla çägi bir barmyka diýip içinden pikir etse-de şu günki gören zatlary, kakasynyň sözleri oňa ilkinji gezek diýmejegini diýmäge mejbur edipdi.

«Allah meniň yrsgalymy şeýdip çörek iýmäge ýazaýdymyka? Ýogsa jellat jemgyýete gerekdir. Çapan eli, döken gany üçin kakamyň günäsem ýokdur belki. Ol el çapylmaly bolany üçin çapyldy. Onsoň kakam oňa näme üçin gynansyn? Ýok gynanandyr.»

O jaýdan Samadyň aglaýan sesi geldi. Ol kakama gitjek diýip aglaýardy. Ejesinden gaçyp sypypmy ýa-da Maral gaçyran boldymy, birdenem ol gapyny şarkyldadyp açyp, Gara Durmazyň oturan jaýyna girdi. Girse-de girdi welin, kakasynyň agyr ýüzüne seredip, gapyň agzynda möleje gözlerini tegeläp duruberdi. Oň ýüzüne bakan Gara Durmaz gowşady. Muny aňan ýaly, ogly gelip onuň gujagyna doldy. Ol köşeşip bilmän, aram-aram çalaja hynçgyrýardy. Onuň ýumşajyk saçjagazlaryndan sypadygyça Gara Durmazyň ýüregi rahatlanýardy. «Jellatlygam gümüni tapsyn, köşgem. Täjirçilik etsemem günümi görerin.» Samat ýassygyny getirmäge ýene yzyna çykdy. Marala nähak azgyrylanyna gynanan Gara Durmaz içinden: «Erkek kişi boldugym bolýarmy indi şu?» diýdi. Samatjyk ýassygyny goltuklap geldi.

— O-ho, ejesi muňa täze ýassyk tikip beripdir. Hany maňa?
— Kelläň agyrsa şuny alaý.
— Hany onda saňa?
— Meň kelläm agyranoga.
— Meňkem gutuldy. Bar hany ejeňe gel diý.
Birdenem ol Samady saklady-da:
— Aý bolýa, ejeň özi geler. Hany gel ikimiz «çeke-çeke» oýnaly.
«Çeke-çeke» ataly ogluň iň söwer oýnydy. «Çeke-çeke» diýlenden Samat naşyja barmagyny çommaldyp, kakasy heniz aýasynam doly açmanka, onuň eline dürtekläp ugrady. Gara Durmaz açan ellerine özüniňki däl ýaly seretdi. Ol öz ellerine seretse-de, ak esginiň üstünde çapylandan soňam çalaja gymyldap ýatan el göz öňünde janlandy. Tüýlek eliň ýogyn-ýogyn damarlary çapylan goşaryndan çar ýana çüwdürilýän gan göz öňüne gelip, gaşlary çytylyp gitdi. Gaşlary bilen birlikde açan eliniň barmaklaram ýumuldy. Samadyň barmajygy çommalyp duran eljagazy eliniň içinde galdy.
— Kaka sanamadyň-a?
— Hä. Häzir. Gyzyl towuk, sary towuk, gyrmyldawuk, şyrkyldawuk!
Oýna ökdelän Samat kakasy şyrkyldawuk diýip-diýmänkä, barmajygyny çekip aldy.
Birhaýukdan Maral aýrylman galan çäýnek-käseleri bahanalap içeri girdi. Ogluny gujagynda oturdyp «Çeke-çeke» oýnan bolup oturan adamsynyň ýüzüniň açylanyny görüp, özi öýkelän boldy. Gara Durmazyň özüne bakan gözlerine seretmediksiräp çäýnek-käsälere ýapyşdy.
— Näme torsarylýaň. Seň-ä akylyň Samadyňkyça-da ýok. Gör, muň akyllyjadygyny.
— Eje, eje, gel senem oýna. Indi ejem sanasyn.
Maral gelşi ýaly ogluna-da, adamsyna-da üns bermediksiräp, çykyp gitdi. Samat dagyňam oýnunyň hezili bolmady. Ol ýassygyny goltuklap ejesiniň yzyndan gitdi. Gara Durmaz eline seretdi. Şol çapylan elden onuň känbir tapawudam ýokdy. Şol barmaklar, şol damarlar…
«Ol elem ogly bilen «Çeke-çeke» oýnadymyka? Galyň bendäň pully haltasyny «Çeke-çeke» oýnan bolaýmasa?! Dogrusy, ogra dözmezçilik etmeli däldir-le.» Gara Durmaz Maraly çagyrdy.
— Ogluňy ýatyraýdyňmy?
Maral sesini çykarman, çala baş atdy.
— Maralym öýkelemesene. Gel hany, men saňa bir zat aýtjak.
Gara Durmaz «bir zat aýtjak» diýip dilinden sypansoň içinden «Kakam biläýse-hä gelniň bilen maslahatlaşýaňmy diýer. Aý, diýse diýer-dä» diýip, Marala kakasynyň geçirjek bolýan işiniň nämedigini aýtdy. Maral näme jogap berjegini bilmedi. Soranyny biderek çykarmajak bolup, Gara Durmaz gören zatlarynam tas gürrüň beripdi. Maral ondan özüniň näme isleýänini sorady.

— Men-ä birhili gördüm. El çapyp, kelle çapyp çörek iýmeli-dä.

— Halamasaň, barma.

— Başga-da hödürleýän işlerem ýok…

Maral ýene sesini çykarmady. Gara Durmaz «kelle çapyp çörek iýmeli» diýende Maralam özüni goldar, «ondanam bir kär bormy» diýer oýdüpdi. Emma Maral oň göwnüne görä netije çykarmady.

— Kakaň geç diýýän bolsa, erbet iş däldir-ä.

— Aý, kakam-a öwrenişip gidipdir, el çapybam soňundan ýylgyryp otyr. Ýa meni rahatlandyrjak bolup ýylgyran boldy? Atam pahyram jellat bolan eken.

— Jellat bolaňsoň, başga iş tapylsa geçip bilersiň-ä?

— Aý, hawa-la. Işlejek däl diýen günüm daňyp alyp galmajaklar-a belli.

— Bolmasa, başga iş tapylýança işläp gör, işsiz galanyňdan.

Beýle jogaba asla garaşmadyk Gara Durmaz gürrüňi nädip dowam etdirjeginem bilmedi. Ol Marala çiňňerilip seredip, ýaňky «ýok bol» diýlenine gahar edip gürleýärmi, ýa ýüregindäkini aýdýarmy, biljek boldy. Maralyň sorag-ideg edişi ýüregindäkini aýdýana meňzeýärdi. Ol, hakykatdanam, ýüregindäkini aýdýardy.

Maral bilen bolan gürrüňden soň Gara Durmaz özüni oňaýsyz duýdy.

«Görýän welin tetileşip barýan öýdýän. Aýal adamam jellatlyga meňki ýaly garamady. Kakam: «Elini çapdyrmajak bolsa ogurlyk etmesin» diýip dogry aýdýar. Ol atamdan galan aýpaltasyny maňa berip bilenine begenýär, menem onuň sözünem diňlemän gaýdýan. Ýa men kakamdanam, atamdanam akylly boldummy? Birbada aňsat düşmejegini kakamam aýtd-a. Ýuwaş-ýuwaş öwrenşerin-dä. Kakamyňky ýaly köşkde abraýym bolsa, aýlyk hakymam ep-esli artsa, başga maňa näme gerek. Dogrudanam, özüme bekräk daraşmaly. Oglum bilen «Çeke-çeke» oýnap ýörmämi goýmaly. Samadam jigit edip terbiýeläp başlamaly».

Gara Durmaz ýene oglunyň gelejegi hakyndaky süýji arzuwlaryna başlady. Ony iň çakgan, iň dogumly, iň batyr… ýigit edip göz öňüne getirdi. Gara Durmazyň hyýalynda ol üýtgeşik, tapawutly ýigit bolup ýetişeni üçin ahyrynda emir bolýardy. Arzuwlarynyň şu ýerine ýetenden soň, haykyky durmuşa gaýdyp geldi.

«Kakamyň aýdanlarynyň hemmesem dogry. Oňa garşy giden bolup, gury gaharyny getirdim. Belki kakamyňam meni uly wezipelere ýetirmek hyýaly bardyr? Ah, kaka jan, çagakam lälik saklamadyk bolaňda… Aý, bolýa, nesip işidir. Köşkden gitmäýin. Häzir jellat bolsam, her kim menden çekiner, geljege ýolumyň açylmagy mümkin. Köşkdäki jansyzlar toparyna düşüp bolaýsa! Olaň hatda kimlerdiginem bilýän ýok-da. Kakam bilýän bolsa gerek».

Gara Durmaz, kynam bolsa, kakasyndan ötünç soramagy ýüregine düwdi. Hem «ötünç soramagynyň» jellat bolmaga razylyk berdigidigine kakasynyň bada-bat düşünjegi bellidi.

Ol şeýle-de boldy. Kakasy jellatlygyň döwletiň synmazlygy, onda kada-kanunyň berk bolmagy, hökümdaryň höküminiň gyşarnyksyz berjaý edilmegi üçin gerekdigi hakynda janygyp-janygyp gürrüň berdi. Bu gezek Gara Durmaz diňe baş atyp diňläp otyrdy. Iň soňunda kakasy:

— Bir zady berk bilgin oglum, jellat bolgun welin, köşkde bolgun. Özüňçe bary-ýoklar deňäňden atlaz donlaryny pasyrdadyp geçmesinler. Näme kär edýäň, nirede işleýäň diýenlerinde pylanyň hyzmatynda gezýän, pylan bazaryň hammaly diýmeli dolmagyn. Edara hojaýynyndan tamakin bolup ýaşanyňdan, hojaýynlar seni görende «Hana köşk adamsy gelýär» diýip aýaklary tibirdär ýaly ýaşagyn.

Atasynyň aýdýanlary bilen Gara Durmaz ýürekden ylalaşsa-da bu zatlaryň dile alnanyny ol islänokdy.

— Onsoňam üns beren bolsaň, jeza berilýäniň gözem, agzam daňylgydyr. Şeýdilmesi jezalandyryljak üçinem gowy, jellat üçinem. Jezalandyrylýan seniň kimdigiňi görmän, hapa söz ýa gargyşam aýdyp bilmez. Hakyna seredeňde, jeza bermeli diýip hökümi emir çykarýar. Gargyş eder ýaly o taýda seň günäňem ýok. Ýöne muňa kimsi düşünse kimsi düşünmeýär. Şonuň üçinem seniň kimdigiňi jeza berilýän adam tanamasa, iň gowusy şol…

Gara Durmaz kakasyna: «Näme, tanalmakdan gorkýarmyň? Tanasalar tanap geçsinler, şagalyň gargyşy gurda ýokmaz» diýesi geldi. Emma ýene kakasy bilen öýkeleşerin öýdüp, sesini çykarmady. Kakasy oňa maşgalada özüňi dogry alyp barmak hakynda-da maslahatlaryny berdi.

— Oglum, gelniň bilen agzybir ýaşaşýanyňa men begenýän. Ýöne her zadyň çeni bar. Öýerelim bäri sen menden gaçyp ýören ýaly. Men seň kakaň ahyryn. Ýene Maral senden gowy. Beýle bolmazlar. Ilki kakaň gaýgysyny ederler. Ilki kakaň göwnüni awlajak bolarlar. Ine Samadyň ýetişer, şonda bilersiň. Ogluňam läliksiredip ýörme. Öz lälik ulalanyň besdir. Asyl meň gujagymda gelip oturaýmaz. Ýogsa näme, meň agtyk söýesim gelenokmy? Näçe gujagyma alasym gelse-de özüme buýurýan. Hamraklyk etseň o çaga soň zada ýaramaz. Şo bolmasa kim soň biziňkilerden köşkde işlejegi? Ýene on asyrdanam bu dünýe üýtgemez. Jelladam bolar, jellada hökümini çykarýanam. Kim jellat bolar, kim başy kesilýän. Biri kelle çapar welin, atlaz don geýer, biri bolsa, özüni oňarman ýa hammal bolar, ýa hammalça-da bolmaz…

Gara Durmaz kakasyna: «Ýene on asyrdan, geçen emirler sanalan mahaly, seň agtygyňam ady tutular» diýesi geldi. Emma ýene sesini çykarman oňdy.

**5-nji bölüm**

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Gara Durmaz hernäçe kynam bolsa, dişini gysyp kakasy bilen ýene bir-iki jeza berişlige gatnaşdy. Geň görmeli zat, kakasynyň aýdyşy ýaly, aýpalta bilenem, çapylýan el bilenem gitdigiçe öwrenişip barýardy. Hatda, kelle çapmaga gatnaşanda-da, ilkinji gezek çapylan eli görendäkisi ýaly aýylgançlygy başdan geçirmedi. Ol muňa begendi.

Läliksiretmezligi bahana edip Samatdan daşda durmak oňa has kyn düşdi. Ol ilkibadalar ogluny gijelerine düýşünde gujagyndan düşürmezdi. Oýalygynda-da ogluny görmezlige salardy. Oýnap ýören ogluna tarap özünden bidin ädilen ädimini birnäçe gezek yzyna alypdy. Duýman durka arkasyndan gelip aýaklaryndan gujaklan ogluny, göýä üstüne ýelmeşegen bir zat degen ýaly, aýyardy-da öz ugruna gidibererdi.Ilki-ilkiler köşkden çykyp öýüne gelýärkä, öňki edişi ýaly, ogly üçin dükandan süýji-kökejik alardy. Soňam olary öýüne eltmejek bolup, ýoldaky çagalara paýlardy. Öňünden ylgap çykan ogluna bolsa ýüz bermän, Marala «ýygna» diýerdi.

Samat kakasynyň özünden daşlaşýandygyny görüp, birbada aglamjyrady. Ejesine: «Ýene kakamyň kellesi agyrýarmy? Oň kellagyrysy haçan gutulýar, eje?» diýýýärdi. Bu sowallara näme jogap berjegini bilmeýän Maral, janserek bolup ony köşeşdirýärdi. Soňabaka Samat kakasynyň kellesiniň agyrmaýanyna göz ýetirdi. Onuň özi bilen bolmaga eli degýän däldir öýtdi. Soň bolsa, özem bilmän, kakasy bilen diňe hyýalynda gepleşeni bilen oňup başlady.

Adamsynda bolup geçýän üýtgeşmeleriň düýp sebäbine Maral gowy düşünýärdi. Ol adamsy işsiz galar öýdüp gorkusyna «Jellatlygam bolsa işläp göräý» diýenine gynanýardy. Birdenem, adamsynyň hakyky erkek kişileriň işleýän işinde işleýändigine buýsanýardy. Şeýle buýsanjyň dörän mahaly adamsynyň göwnüni awlajak bolup, täzeden-täze geýnip görerdi, bezenerdi, gyzka alyp beren ala monjugyny dakynardy. Ol ilki bada adamsynyň ertirlik çaýyny kakasy bilen bile oturyp içip başlamasyna begendi. «Maňa ýoldaşlyk indi Samat jan bar» diýdi. Gara Durmazyň hyrsyzlanyp, gara söýmez bolup barşy bilen öwrenişdi. Içinden: «Işleri bir bolansoň, çaý başynda maslahat edýändirler. Indi aralarynda edere gürrüň bardyr, şonuň üçinem çaýy bile içýändirler» diýerdi. Erkek kişileriň öz aladalary bilen, özüniňem aýal işleri bilen gümra bolup ýörmesini, ýuwaş-ýuwaş durmuşyň kadasy diýip kabul etdi. Jorasy Gülnesibeleriň içerisini mysal alyp gördi. Ymam Selman metjide diýip gidýär, ýassy namazynam şol ýerde okap soň öýüne gelýär. Gülnesibe-de uzyn gün dertli bolup gelýän aýallar bilen başagaý, hojalygynyň işine zordan ýetişýär. Maral

adamsy Gara Durmaz bilen ruhy aýraçylygyny şeýdip öz ýanyndan delillendirdi. «Beýle ýagdaý uzaga çekesem ýok-la» diýen umydam onuň ýüreginiň jümmüşinde saklanýardy.

Ahyry el çapylmaly günleriň birinde kakasy aýpaltasyny Gara Durmaza ynandy. Ondan öň olar birnäçe gezek gara matadan tikilen garantgalar bilen türgenleşik geçdiler. Gara Durmaz edil adamyňky ýaly edip «el» çapyp gördi, «kelle-de» çapdy. Paltany dogry urmaga ökdeledýär diýäýmeseň, bu türgenleşiklerde dözümliligiňi artdyrmaga, gan bilen öwrenişmäge mümkinçilik ýokdy. Içi letde bilen doldurylgy mata bir başga, içi dyňzap duran al gandan doly ynsan göwresi bir başga. Emma, geň galmaly, adam letdäni çapa-çapa ynsany çapmaga-da taýýar ýagdaýa gelip biljek eken. Indiren paltaň çapylmaly ýere dogry barsa ýeterlik. Soň ondan gan akýarmy, jan çykýarmy edibiljek zadyň ýok. Soňky bolýan waka seredeniňden seretmäniň gowy, göreňogam, bileňogam.

«Ynsana görmedik zadynyňam ejirini çekmek ukyby berlensoň, birbada «göremogam, bilemogam» etmek kynrak bolmagy mümkin. Ýöne, gaýrat et. Ynsana ýene bir ukyp, görýän zadyny görmezlik ukybam berlendir. Görmegi hemmelerem başarýar, görýärkäň görmezligi başarmak gerek. Geplemegi hemmelerem başarýar, emma syr saklap lal bolmagy başarýanlar azdyr. Hemmeleriňem gulagy eşidýär. Emma eşitmäsi gelýän zadyna ker bolýanlar azdyr. Köşkde uzak işlejegiň çynyň bolsa, gözlükäň kör bolmagy, dillikäň lal bolmagy, eşidýärkäň ker bolmagy öwrenmeli bolarsyň».

Kakasynyň bu sözleri Gara Durmaz üçin özbaşyna bir ylym ýaly bolup göründi. Kakasynyň aýdýanlaryny diňläp, öwredýänlerini öwrenip, onuň şeýle üýtgeşik adam ekendigini gördi. Ol ozallar kakasyna köşkdäki dostlarynyň arkasyndan ýaşap, işläp gezýändir öýden bolsa, indi başga adamlaryň köpüsine başartmaýan ukyplaryň kakasyna häsiýet bolup ornan ekendigini gördi. Kakasyna bolan buýsanjy artdy. Hemme zatda, başarsa, kakasy ýaly bolmaga çalyşdy. Kakasynyň maslahaty bilen ilkinji nobatda göwün islegleriniň sanyny azaltdy. Ol indi bir käse sowuk suwam, gaty ýüregi küýsemese, içmekden saklanjak bolýardy. Aýdýan her iki sözleminden birini aýtman, diýjek bolýan zadyny düşündirmegi öwrenýärdi. Adamdan haýyş etmekden, adama, hatda aýalyna-da öz edip biljek zadyny buýurmakdan saklanýardy. Töweregindäki bolýan zatlara ýalt-ýult etmän, gözüni aýlap görüp ýetişmegi öwrenjek bolýardy. Kakasy el çapanda akan gana dikan-dikan seredip ony görmezligi öwrenýärdi. Kakasynyň lal bolmak diýýäni diňe bir az geplemegem däl-de, gepläňde garşyňdakyň biljek bolýan zadynyň ýerine başga boş gürrüňleri aýdyp bermegem girýän eken. Ker bolmak diýmek bolsa özüňe degişli däl syrly gürrüňleri, gaharyňy getirip biljek gybatlary diňlemezlik, olara gyzyklanmazlyk eken.

Bu ýörelgelere düşünenden soň, olary häsiýedine siňdirmek Gara Durmaza has kyn düşdi. Ol maşk edip biliňi gatatmak, golaryňy güýçlendirmekden, boýnuňa çenli bedeniň ähli agzalaryna gujur toplamakdan aňsat däl eken. Ol öz häsiýetine üns berdigiçe, ýowuzlaşýandygyny duýdy. Gülesiň gelende gülkiňi saklamak, gaharyň gelende gaharyňy basmak onuň ýüreginde joşgun döredýän inçe duýgy damarlaryny öz eli bilen gyrmagyna alyp bardy. Bu onuň pikirlerinde, duýgularynda gödekligi ösdürdi. Ol indi Samadyň aglap duranyny görende, ony diňdirjek bolman, goý özi diňsin, hiç kim kömege barmasa, kömege özüni çagyrmaga mejbur bolar, şeýdibem özüni ösdürer diýen netijelere gelip başlady. Şol pikirine eýeribem aglap duran çagasynyň sesini eşitmän, onuň kösenşini görmän bilýärdi. Adamsynyň tabşyrygyna eýerip Maralam ogluny diňdirmäge baryp bilmezdi. Özi aglap özi diňmeli bolýan Samat ene-atasynyň «kerligine» gahar ederdi. Ol hasam gelip diňdirmeýäni üçin ejesinden gaty görerdi.

Gara Durmaz aglaýan ogluny diňdirmezlige-de dözüp bilip, gelnindenem günme-gün sowaşýandygyna begenýärdi. Ol muňa dogrudyr diýip düşünýärdi. Hakyky erkek adam şeýle-de bolmalydyr öýdýärdi. Diňe bir gelnine däl, töweregindäkilere-de sowuk garaýardy. Emma, geň görmeli zat, hiç kim oňa bolşuň nähili diýmedi. Gözüne hemmelerem biri-birine şeýle ýaly göründi. Maralam oňa ne näz edip, ne göwün edip päsgel berýärdi. Gaýta Maralyň oňa hormaty artan ýalydy. Bir görseňem, Gara Durmazyň bolup ýörşüne Maral gynanýana meňzeýärdi. Bir gezek ol adamsyndan: «Başga iş tapylanokmy?» diýip sorady. Adamsynyň jellat bolmagyna ilki razylyk berip, indem oňa «Başga iş tapylanokmy?» diýdiren Samatdy. Ol bir gün ejesiniň ýanynda bir salym oýkanjyrap oturdy. Maral oňa känbir ünsem bermän halysyny dokap otyrdy. Ol özüne üns berilmeýänine gahary geldimi, ýa başga bir sebäpdenmi: «Eje» diýende sesi gaty çykdy.

— Nämboldy? Näme beýle gygyrýaň?

Samadyň özem birden gaty geplänine müýnürgäp, sesini peseldip:

— Eje, kakamyň köşkde näme işleýänini bilýäňmi? — diýip sorady.

Beýle sowala garaşmadyk Maral onuň manysynam doly aňşyrman:

— Bilemok. Işläp ýörendir-dä — diýdi.

— Eje, bileňokmy kakamyň näme iş edýänini? Ol jellat.

— Bolanda näme jellat?

— Jellat bolandamy?.. Jellat bolandamy?...

Samat ylgap o jaýdan içi totyguşluja kapasasyny getirdi. Maral oglunyň näme edip ýörenine düşünmän, üýşenip, ogluna seretdi. Samat elini sokup kapasadaky guşjagazlaryň birini tutup daşyna çykardy.

— Jellatlar şeýdip adamyň kellesini alýalar.

Samat elindäki guşuň kellesini sogrup taşlap goýberdi. Ol bir kellesi ýolnup pasyrdap ýerde ýatan guşa seredýärdi, birem ejesine. Maral çalt turup ogluny garsa gujaklady.

— Muny nädäýdiň oglum? Goý, indi aglama, bazardan başgasyny alaýarys.

— Eje, kakam näme üçin jellat? Maňa guş gerek däl. Sen şony aýt.

— Goý hany oglum, jelladam bolma-la biri. Halamasaň men kakaň bilen gepleşäýerin. Ol men aýtsam jellatlykdan çykar…

Samadyň barmagynyň ujunda galan bir damja gan akja köýnegine çyrşaldy. Ol gözünden akýan ýaşy sylanda eliniň gany ýüzüne-de degdi.

— Oglum, ýüzüňi gan edipsiň, ýör ýuwaly…

Samadyň köýnegine degen gana gözi düşüp:

— Toba essaprallah, çykan ýeke damja gan welin, durşumyzy gan etdi — diýdi. Içinden bolsa: «Kakaň dökýän ganlary bizi gark etmese-de ýagşydyr» diýip pikir etdi.

Köýnegini çykaryp, ýüzüni ýuwup duran Samat:

— Eje, men ölsemem jellat bolman — diýdi.

— Kim saňa jellat bol diýýär oglum? Wah, kakaňam jellat boljak däldi-dä, balam.

— Onda kim ony jellat etdi?

Maral «Ataň» diýip bir sözde jogabam berip biljekdi. Emma bu ýerde oglunyň atasyndanam beter Maral özünem günäkärleýärdi. Ol Samada:

— Adam bir suwa atylan gaýykdyr, akym nirä bolsa şo ýana-da akar gider — diýip jogap berdi. Soň içinden Gara Durmaz bilen bu barada ýamaşgan gürleşmegi ýüregine düwdi.

Gara Durmaz Maralyň aýdany bilen jellatlykdan çykarly däldi. Ol: «Jellat bolmak jenaýatçy bolmak däl, işimiň näme kemi bar? Men-ä öwrenşibem barýan» diýip jogap berdi. Maral oglunyň eden işini gürrüň berdi. Gara Durmazda ol diňe gahar döretdi. Bu ýerde Maralyňam günäsi bar ýaly üstüne gygyrdy.

— Men bigünä guşjagazlaryň kellesini alamok, düşüneňokmy sen şoňa? Ili awundyryp ogurlyk edeniň elini ýa zyna iş eden haramzadanyň kellesini çapanym üçin men gynanamogam, özümi günälem hasap edemok. Gaýta adalatyň ýaragyna öwrülenime haýbatlanýan, özümi buýsançly duýýan.

Maral näme diýjegini bilmedi. Adamsynyň jellatlyga öwrenişdigiçe öz ýakyn adamlaryna ýat adamlar ýaly garap başlanyny aýtjak boldy. Emma bu gürrüňiň netijesiz boljakdygy görnüp durdy. Ol erkek kişi, aýallardan tapawutlylykda häsiýetlerinde ýowuzlyk bolmalydyr diýip pikir etdi. Belki şol ýowuzlyga ýetdigiçe erkek kişi hakyky erkek kişä öwrülýändir. Olaryň aýal adamdan artykmaçlygam belki şol ýowuzlyklarydyr.

Gara Durmaz Maralyň beren gürrüňini hiç ýadyndan çykaryp bilmedi. Ol özüniň çetine deglen, sen jellat diýlip kemsidilen ýaly boldy. Samadyň

jellatlyga garaýşyny birinden eşidendir öýtdi. Özüniň jellatdygyny oňa kim aýtdyka? Bu barada Samadyň özünden soramak ýagdaýy has-da çylşyrymlaşdyryp biler. Ejesinden eşiden bolmagy mümkin däl. Ýa köçede bile oýnaýan çagalary «Seň kakaň jellat» diýip azar berdilermikä? Ol jellatlyga işe durmanka aýaly bilen eden maslahatyndan soň oňyn netijä gelenem bolsa, şeýle maslahatlary etmek erkek kişä gelişmeýär, aýalyňa maslahat salmaga çenli kiçelmegiň zyýany soň bildirýär diýen netijä geldi. Maralyň özüni haýran edip jellat bolmagyna razyçylyk bermegininiň bu meselede esasy itergi bolandygy üçin beýle pikir etmändi. Ol beýle pikire aýallaryň maslahatyna gulak assaň, birnäçe günden öz beren maslahatynyň tersine ýöremegem talap edip biljek ekendigi üçin gelipdi.. Bu bolsa onuň Marala bolan garaýşyny hasam sowatdy.

Gara Durmaz Maraldan sorap, hakykatdanam, Samada köçedäki bile oýnaýan çagalaryň täsiriniň ýetenini bildi. Marala ogluny «köçä kowmazlygy» tabşyrdy. Şeýdip öz hamraklygyndan dynjak bolup, dert-azarda wagty oglunyň ejesiniň ýanynda jellatlyk hakynda aýdan zatlary barynyň üstüne urna boldy. Oglundan üzülmek oňa aňsat başartdy duruberdi. Ol indi ogluna keseki biriniň «Adam et» diýip goýup giden çagasy ýaly garap başlady. Köçede bile oýnaýan deň-duşlarynyň «Seň kakaň jellat» diýmekleri, munuň bolsa dogry bolup çykmagy Samat bilen kakasynyň arasynda geçilmez galany dikeltdi.

Gara Durmaz aýpaltany kakasyndan alyp öz eli bilen el çapyp gören güni Maral onuň bilen kakasynyň çaý başynda edýän gürrüňlerini tötänlikde diňlemeli bolaýdy. Emma Maralyň göwnüne, atdanlykda-da däl, erkek kişiler öz gürrüňlerini oňa ýörite eşitdirjek bolan ýaly göründi. Olar erigiň kölegesinde çaý içip otyrdylar. Maral bolsa beýleräkde Samadyň eşijeklerini ýuwýardy.

— Eger çapýan eliň tanaýan adamyň, garyndaşlaň eliniň biri bolaýsa?

— Tanaýan bolaňda näme? El egrilik etmesin. Seň borjuň çapmak. Sen permany ýerine ýetirýäň. Seň tanaýan adamyňa ýeke-täk edip biljek kömegiň, jellatlygyňy bar ussatlygyňy jemläp, has yhlasly ýerine ýetirmek. Elbet, bu saňa aňsat düşmez. Oňa derek olar agyrylarynam duýup ýetişmezler. Şonuň üçinem her gezek işiňi öňkiňden gowy berjaý etjek bolmaly. Ýene bir on gün gaýrat etseň, ökdelärsiň. Soň meni başga işe geçirerler, ýeke özüň işlemeli bolarsyň… Garyndaş, beýleki gürrüňini unut. Adamyň iň ýakyn garyndaşy garny, oňam içi hapadan doludyr. Gowusy köşge gideli, biraz eliňi işlet. Aýpaltany edil öz sag eliň ýaly duýýançaň türgenleşmeli-dä.

Olar Maralyň edilen gürrüňiň baryny eşidenini aňman çykyp gitdiler. Mümkin, aňandyrlar-da, aňmadyk bolandyrlar, görendirler-de görmezlige salandyrlar. Maral ilkinji gezek adamsynyň işe diýip öýden çykyp gidip uzyn gününi nähili geçirýändigini göz öňüne getirdi. Hatda Samat bir guşuň kellesini ýolup «Ine kakamyň edýän işi» diýip görkezende-de

ogluny köşeşdirmegiň aladasy bilen ol edil beýledir öýtmändi. Ol jellat bolmagyň nämedigine düşünip, ilki başda Gara Durmaz bu barada dil ýaranda garşy durmanyna puşman etdi. Emma indi giçdi. Adamsy öz aýpaltasyny «sag eli ýaly» duýmaga çykyp gidipdi. Erkekler çykyp gidenden soňam ol ýüregi jigläp köp oturdy. Göwnüne teselli gözläp, derdini paýlaşmak üçin Gülnesibelere gitdi. Birdenem Maral özüni ýersiz-ýere howsala düşen ýaly duýdy. Käşgä Gara Durmazyň jellat bolanyny şu gün eşiden bolsady. Olam däl. Gara Durmaz bu barada hatda onuň özüne sala-da saldy ahyryn. Adamsynyň geçen işine buýsanan günleri eden pikirlerini häzir içinden gaýtalap gördi. Emma olar gülkünç eşidildi. Kim bilýär ýene birnäçe günden häzirki bolup baryşam, jorasyna içini döküşem gülkünç bolar? Ol şonda şeýle gülkünç ýagdaýlara düşenine gynanyp, aňyrsyna çykyp bilmez?!

Hernä öýünde Gülnesibeden başga hiç kim ýok eken. Maral adamsynyň jellat bolandygyny jorasyna nädip aýtjagyny bilmedi. Onuň gaty tukatdygyny görüp, Gülnesibe öz ýanyndan Maraly adamsy ynjydandyr öýtdi.

— Ýerimiz giň, bizde biraz bol, nädersiň gadyryň artaýsa?!

Maral sesini çykarmady.

— Hany entek çaý içeli.

Maral çaý başynda Gara Durmazyň jellat edilip işe bellenilendigini aýtdy.

Maral Gara Durmazyň häsiýetiniň üýtgeýşine çenli gürrüň berdi. Gülnesibe onuň beren gürrüňini üns berip diňledi. Soňam hiç zat bolmadyk ýaly:

— Jellatlygam biri etmelidir-ä, Maral? Özi kyn görmeýän bolsa, işlesin-dä. Käri şo bolansoň, biraz häsiýediniň sowuk boljagy, çagasyna-beýlekä kän eliniň degmejegi düşnükli. Aýal adam ýanýoldaşynyň kömekçisidir. Darykma-da, meni diňle.

Ol sözüni böljek bolan Maraly saklap gürrüňini dowam etdi.

— Ýöne bu barada başga adamlaň ýanynda kän gürrüň etme.

— Jora jan, men gorkýan.

— Beý diýsem gorkma. Nämeden gorkjak? Öz eli ýa, öz gara başy çapyljak däl, onsoň gorkar ýaly näme bar? Gaýta arkaýyn ýaşa. Hany, çaýyňy owurtla. Gaýyn atam gowy diýmeýämidiň näme?

— Wah, jora jan, diýsem diýen bolaýýadym. Erbet diýenim bilen gowlanjakmy näme ol? Şo-da oňa şol işi tapan. Şunça ylgap hyzmatyny etsemem, ondan «gelnim jan» sözüni eşitmedim. Edil ýallap ýören iti ýaly. Itini gör, özüni gör. Kakam bilen ejem pahyram meň şulara düşenime gynanjyna olendir. Wah, öz aýajygym bilen geldim-dä.

— Maral jan, beýle bolmazlar. Biz göçüp geläýemizde senden bagtly adam ýokdy. Iki gepleseň bir gepiň Garaňdy. Sag-aman ogla gözüň düşdi.

«Oglum bolsa armanym ýok» diýip, ýanyma senden kän gatnan ýokdyr. Birdenem bagtyňa daş ýagan däldir.

— Nädeýin-dä, jora jan. Gözden boldumy, dilden boldumy, dünýäm çepbe çöwrüldi. Käwagta gowulygamyka-da diýýän. Ol hakyky erkek kişä öwrülen ýaly bolaýdy. Öň bir zat etjek bolsa, menden maslahat sorar durardy. Indi onam goýdy.

— Näme bolsa-da, bähbitlisi bolsun. Ine, Samat jan ýetişer, saňa gowy-gowy arap kitaplaryny okap berer. Samat jan bilen köpräk güýmenerler bolmasa.

— Wah, onam läliksiredýäň diýip günüme goýanok …

Aýallaryň iň agyr derdiniň maşgalasyndaky düwünlerdigini, aýallara iň gerekli tebibiň şol düwünleri çözýän tebipdigini bilensoň, Gülnesibe diňe biçäre naçarlaryň iç keselleriniň tebipçiligini etmän, maşgalasynda bolýan kynçylyklary ýeňer ýaly, gelene göwünligem bererdi. Başardygyndan şol düwünleriň çözülmegine-de kömek etjek bolardy. Emma köplenç başartmansoň, bu derdiň ýeke-täk emi wagt diýip hasaplaýardy. Ol häzir Marala-da şol emi salgy berdi.

— Maral jan, sabyr et. Gara Durmazyň häsiýeti gowy diýýädiň. Seniň ýüregiňdäki ýyly onuň kalbyndaky doňaklygy ýaz şemaly ýaly ereder. Sabyrly bol hem diňe öýüňe yhlas et. Bazarda içi pully haltajygyňy aldyrsaň bilerdiň jelladyň nähili gerekdigini. Jellat tapylman, dözmezçilik ediljegini bilseler, ogrular adamlary öýlerinde-de oturtmazlar. Gara Durmazyňam ýüregi bekeşip öwrenişýändir, işläp ýörendir. Gaýta sen oňa kömek et. Öýde dynjyny ber…

— Ýüregi daşdan biri bilen ýaşaşmak dilde aňsat…

Maral jorasy bilen ylalaşmadam, garşysyna-da gitmedi. Dogrusy, näme üçin garşysyna gitsin? Oňa gaýta arka gerekdi. Ol jorasy bilen iç döküşip esli oturdy. Soň öýüne gaýdyp, ýol boýy sessiz aglady.

Öýde Samatdan başga hiç kim ýokdy. Olam ejesiniň Gülnesibelere äkitmänine öýkelän bolup, hat ýazmagy öwrenmäge dümtünip otyrdy. Maral ogly bilen ýaraşan boldy. Öz külbike barmagyny oglunyň külbikejigine ildirip: «Palta gerekmi, gylyç» diýdi. Samadam ejesiniň gamgyn hem ýalňyz ýüzüne seredip: «Maňa şolaryň hiçsem gerek däl, eje» diýdi. Maral ähli söýgüsi bilen ogluny bagryna basdy.

Gara Durmazyň kakasy edil bilen ýaly, palatsyny ogluna tabşyrandan soň, uzak ýaşaman dünýeden ötdi. Ol ogluny jansyzlar toparyna ýerleşdirmek hakyndaky arzuwyna ýetip bilmedi. Gara Durmaz kakasynyň asgynlap ýören günleri bu işlere kimiň seredýändigini kakasyndan sorady.

— Emiriň hut özi.

— Emirden soň kim?

— Mendim oglum. Ýöne bu barada hiç kimiň ýanynda dil ýaraýmagyn. Seni öz ýanyma aljakdym, ýetişmedim. Bilemok, sagalsam… ýetişsemem ýetişerin. Seni emire teklip edip gördüm, bir gezek. Umuman, garşam

bolmady-da, anyk zadam aýtmady. Entek ir gören bolmagy mümkin. Şu durkuňy sakla-da işläber. Bu gün bolmasa, ertir ýanyna çagyrar. Meň ýerime kimi bellär, olam belli däl. Ýöne sen ony biljegem bolma. Köşk işgärlerinden islendigi, hatda garawullara seredýänem şol bolup biler. Şonuň üçin hemmelere deň bolgun. Halanmaýanlaryň ýanyna barma, hiç kime-de syryňy ynanmagyn. Hemme kişi saňa öz ynamdar adamsydyr öýtsün, düşünýäňmi?

— Düşünýän, kaka.

Bu Gara Durmazyň kakasyndan alan iň soňky tabşyryklarydy.

Maral gaýnatasy ýogalandan soň ýaşaýyşlary gowulyga tarap üýtgär öýtdi. Ol merhumyň belli günleri sowlandan soň, Gara Durmaza «Indi kakaň ýok bu käriňi taşla diýsem näderkä?» diýip oýlandy. Emma diýip bilmedi. Ol Gara Durmaz bu gürrüňi halamaz diýibem çekinmedi-de, özüniňkiň dogrudygyna ynamy bolmansoň sesini çykarmady.

Gara Durmaz kakasy ýogalandan soň özüni haçan hökümdar çagyrarka diýip kän garaşdy. Kakasy öz ýerine kimiň goýuljagy bilen gyzyklanmagyn diýse-de, bu syr baradaky eşidýän myş-myşlaryny eleginden geçirip görýärdi. Emma hiçisini göwnüne jaý görmeýärdi. Edil kakasynyň ýerine bolmasa-da, şol topara çagyrylaryna tama bilen garaşýardy. Ol ýönekeý bir garaşmagam däldi. Jansyzlaryň toparyna goşulmak üçin kakasynyň ýerine bellenen adamyň özüni emire teklip etmeginiň gerekdigini bilýärdi. Şonuň üçinem köşkdäki emeldarlaryň islendigi bilen gepleşende, özüni topara aljak ýolbaşçy bilen gepleşýän ýaly tutmaly bolýardy. Ol her görşen emeldaryna ýönelige görşen däldir, meni synap görýändir diýip çaklardy, hem ertesi onuň netijesine garaşardy. Bu gala-gopluk onuň beýnisine agram salyp başlady. Ol görnüp, gepleşip, umyt döredip gidýän janly salgymlaryň içinde ýalydy. Hakykatda bolsa, ony jansyzlaryň toparyna almak isleýänem ýokdy, barlaýanam. Her kimiň derdi başyndan agdykdy. Iki ýyllap köşk edil ganyň üstünde oturana dönüpdi. Hökümdaryň garşysyna dildüwşüklik gurnaýanlar köpeldi. Gara Durmaz haçan iň soňky gezek el çapanynam ýadyndan çykardy. Diňe kelle, kelle, kelle…

Dartgynly geçen şol ýyllar Gara Durmazyň bähbidine boldy. Ony kärine ökdeledip, hakyky jellada öwürdi. Kärine ökdeledigiçe-de, bu dünýäniň içindäki başga bir dünýäde ýaşaýana meňzäp barýardy. Maralyň söýgüsi, yhlasy onuň gözüne-de ilmeýärdi. Köşk emeldarlarynyň ýa tötänden sataşyp, ýa iş bilen gelýänleriniň «gürrüňlerinden» netije çykmadygyça, Gara Durmazyň özüne gahary gelip, diňe ogluny mertebesi beýikleriň arasyna goşmak hakyndaky arzuwlaryny hakykata öwürmäge yhlaslanyp, ýüregi düşüşýärdi. Ertir oglunyň uly wezipelere öz güýji bilen ýetmegi üçin elinde baryny edýärdi. Kähalatlarda «üýtgeşik terbiýäniň» hatyrasyna edýänlerinde öte geçýärdi. Emma, näçe öte geçdigiçe-de, özüne henizem bärden gaýdýan diýýärdi.

«Çagany hemmeler ýaly terbiýeleseň, hemmeler ýaly bolubam ýetişer. Polat ýenjilip-ýenjilip taplanýandyr. Men diňe oglumy däl, özümem taplamaly. Ýüregimdäki sygyr hamraklygyny aýyrmaly». Şeýle pikirler bilen Gara Durmaz aga-gara gowy düşünip ugran Samadyň dulugyna dözümliligini, ýowuzlygyny ösdürjek bolup ýersiz-ýere şapbat çalyp goýberýärdi. Ogly aglabam bilmän, gözüne ýaş aýlap gitjek bolsa, tutup:

— Näme warryklaýaň. Senem ur — diýip, Samadyň çaga elleri blen tüýlek ýaňagyna urdurardy.

«Ine şeýdip bilýäňmi?» diýip, ýokaryk bökup, gapyda ösüp oturan garry erigiň ýogyn şahasyna depip, eliniň tersi bilen urýardy. Bu oýunlar Samady gorkuzýardy. Ol gijelerine basyrganyp oýanmany çykardy. Ejesi Maral görgüli oglunyň ýatmadyk gijeleri nätjegini bilenokdy. Gündizlerine bolsa, kakasynyň ony ýanyndan aýyrman «adam edişine» guwanardy. Ýumruklaşmalar başlanda bolsa, seredip durup bilmän öýe girerdi.

Biraz soň Gara Durmaz ogluny it, horaz uruşlaryna äkidip başlady. Şeýle «gezelençlerden» Samadyň ýüzi ak tam bolup gelýärdi. Ol itleriň urşundanam beter olaryň daşyna aýlanan adamlaryň biri-birlerini edil it ýaly gemiräýjek boluşlaryndan gorkardy. Şol goh-galmagallardan çetde durmaýan kakasynyň hyrsyz, aýylaganç ýüzi esli wagtlap göz öňünden gitmezdi. Eýýäm ýaşy on ikä ýetip, namaz okap ýören bolansoň ol halasgärini namazlykda görerdi. Alty-ýedi ýaşlaryndaky ýaly ejesiniň gujagyna gysylyp, «Eje gorkýan» diýip aglap köşeşip bilmezdi.

Maral ogluny Gara Durmaz jeza berilýän ýere äkidýändir öýdüp gorkdy. Ogly hiç zat gürrüň bermänsoň, ol bu barada Gara Durmazyň özünden sorady.

— Äkidemde näme? Şu gün äkitmesemem ertir äkiderin. Sen ony halys ejemogly edipsiň. It urşundan gorkýar-a seň onyň.

— Entek ýaş ahyryn, bolmasa biraz ulalansoň äkidäý. Gije-de basyrganyp ýatyp bilenok.

— Hemmesem senden, oňa arapçany öwretjek bolmak nirden kelläňe geldi. Biziň neberämizde kellesine selle orap çagasyny ekläni ýok. Olam molla bolmaz. Gülnesibe oňa kiçijikkä öwretdi öwretjegini, indikisi näme?

— Arapçany öwrenmek mollaçylygy öwrenmek däl ahyryn. Menem ogluma ymam bolsun diýip duramok. Kakam pahyram arapçany araplaryň özi ýaly bilerdi. Oglumam täjirlik eder, ýurt gezer. Çagaka öwrenenleri oňa ýeterlik bolmaz. Gülnesibe-de şeý diýýär. Ol Samada başga bilimlerem, hasap-hesibem öwredýär…

Gülnesibe Samady bäbekliginden gujagyndan düşüresi gelmezdi. Kä günler, Gara Durmazyň öýde bolan wagty jorasy gelmese, içi gysyp özi Marallara gelerdi. Gelşine-de bar güýmenjesi Samatdy.

Ol Marala:

— Ine, ogluňa arapçany öwrederin welin, onuň kimiň çagasydygynam bilmezler. Men oňa özüme eje diýmänem öwrederin.

— Hakyň bardyr jora jan. Sen bolmadyk bolsaň, o balama ýüzümiň düşmezligem mümkin eken.

— Onçasyny biljek däl. Men bolmasam başga biri sebäp bolardy. Gara Durmazlaryň neberesiniň dowam etmegini islän Alla jan ýoluny tapardy. Men bir bu ýerde sebäp. Şonda-da, çynymy aýtsam, Samat jan öz çagam ýaly bolup dur. Beý diýsem gabanaýmagyn.

— Aýtdym-a ogul seňkidir diýip.

Maral soň-soňlar bu gürrüňi ýatlap, Gülnesibä: «Wah, hakykatdanam, Samat meň oglum bolandan seň ogluň bolan bolsa bolmaýarmy» diýerdi. Gülnesibäniň jadyly ertekileri Samadyň dünýede iň gowy görýän zadydy. Olaryň hemmesini Samat ýatdan bilýärdi. Gülnesibe daýza olary arapça aýdyp berende has hem täsirli bolardy. Şolardan biri Samadyň aňyna has çuň ornapdy. Ine, ol erteki:

Gury ýeriň dörtden biriniň hökmürowanlygyna ýeten Soltan jar çekdirdi. «Menden beýik derejä, meniňkiden uly baýlyga ýeten kim bar bolsa ýa özi gelsin, ýa özüniň kimdigini, niredeligini aýan etsin, men baraýyn. Eger baýlygynda, mertebesinde meni ýeňen erkek kişi bolsa gyzymy bereýin, eger gyz maşgala bolsa ýeke perzendime mynasyp görlüp, beýik derejeli maşgalanyň hormatly agzasy bolar. Özi gelip ýeňlen bolanja baýlygyny meniň patyşalygymyň haýryna geçirmeli bolar. Meni üstüne barmaga mejbur edip ýeňleniň başy ölümli bolar»

Bu habara hiç kim seslenip bilmedi. Ne gelen boldy, ne çagyran. Emma Soltan köşeşmeýärdi. Ol oýlanyp: «Mendenem beýik derejedäki, mendenem baý adam gyzymy nätsin, oglumy nätsin. Onuň mätäç zady ýokdur. Men gowusy başgaça jar çekdireýin» diýen karara geldi. «Menden beýik derejä, meniňkiden uly baýlyga ýeten kim bar bolsa ýa özi gelsin, ýa özüniň kimdigini, niredeligini aýan etsin men baraýyn». Bu gezek ýeňene-ýeňlene nämäň garaşýandygy barada kelam agyzam aýdylmaýardy. Emma şonda-da patyşanyň huzuryna gelmäge milt eden adam bolmady. Soltan, belki, daş ýurtlardan çakylyk geler diýen tama bilen kän garaşdy. Dünýäniň dört künjüne aýlanan söwda kerwenleri diňe Soltanyň ýurduna, baýlygyna, güýjüne-kuwwatyna taý gelip biljek döwleti görmändiklerinden başga habar getirmeýärdiler.

Bir günem köşgüň gapsynda egni ýönekeý donly bir pukara adam peýda boldy. Ol köşk emeldarlaryna çekilen jary eşidip gelendigini aýtdy. Emeldarlar gyzyl-gyran gülşüp: «Haý çarwa çopan, mal-garaň bilen boluberseň bolmadymy? Soltany-älem seniň ýalylar bilen görüşmez» diýdiler. Emma ol adam göwni bir ýaly: «Siz soltanyňyza meniň gelenimi aýdyň. Görüşmese öz işi, men hiç zat ýitirmeýän. Ýöne onuň ýitirjegi köp bolar» diýdi. Soltan gelen myhmany üç gün hezzetläp, soň ýola salmagy buýurdy.

Bellenilen üç günem üç ýuwdum suw ýaly geçdi gitdi. Myhmany ýola salmakçy boldular. Emma ol: «Soltanyňyz şeýle beýik derejeli bolýan

bolsa, özünden zory näme üçin gözleýärkä? Ýok zat gözlenmeýär. Ýok zady gözlär ýaly, näme ol kemakylmyka? Şu soragyma jogap berse men gidibererin» diýdi. Bu sözleri eşiden Soltan birbada gaharlanjak ýaly etdi. Hak sözi aýdana gahar edenden Soltan boljakmy? Soltanlyk paýhasy oňa myhmany huzuryna getirmeklerini buýurdyrdy.

Myhmany getirdiler. Soltan ony hiç bir myhmanyndan pes tutman ör turup salamlaşmaga gaýrat tapdy. Onuň bilen hal-ahwal soraşyp:

— Myhman ýigit, ilki biziň baýlyklarymyzy göreli, soň zerur hasap etseň seniň ýurduňa gidäýeris — diýdi.

Daşyndan görmäge uly ýurduň eýesine meňzemeýän myhmana çakylyk bilen gelendir diýmäge esas bolmasa-da, Soltan soltanlar edebini saklady. Syn bilen berlen baha birbada ýalňyşdyryp biler. Belki, bu bizi synamak üçin horaşaja geýnendir? Kim bilýär, ýolda bir bela uçran bolmagam mümkin. Onuň pikirini tassyklaýan ýaly, myhman baş atdy. Soltan akyl wezirine ümläp, baýlyklary getirmegi buýrdy.

Bir başdarak getirdiler. Ýarysy altyn, ýarysy kümüş ol darak baş darardan biraz ulurak görünýärdi. Soltan daragy görkezip:

— Myhman, üns berseňiz daragyň jemi ýigrimi dört dişi bardyr. Onuň altyndan ýasalan on iki dişi gündizdir, kümüş dişleri gijedir. Men onuň bilen her gün gün doganda we gün ýaşanda häsiýetimi daraýaryn — diýdi.

Daragy äkitdiler. Soň bolsa üsti ak parça bilen örtülen bir gutyny getirdiler. Soltan gutyny açyp, içinden ululygy adaty erikleriň ikisi ýaly altyndan erik çykardy. Ol şeýle bir ussatlyk bilen ýasalypdyr, welin, misli ýaňyja ýuwulyp äberilen ýaly ýüzünde suw damjalary buldurap durdy. Soltan ýeňillik bilen ony iki ýardy. Içinden daşdan ýasalan, emma hakykymyka diýdirýän şänigi çykardy. Soň bolsa şänigem iki açdy. Onuň içinden bolsa ak maňyz çykdy. Şänigiň gymmat bahaly daşdan ýasalan maňzyny eline alan Soltan:

— Adam her bir zatda onuň asyl özenine, maňzyna ýetmäge çalyşmalydyr. Men bu erigi maslahat-mejlislerimde öňümde goýýaryn hem aýdylan gepiň manysyna ýetmelidigini unutmazlyk üçin şeýdip onuň maňzyny elime alýaryn — diýdi.

Soň myhmana tutawajy zer bilen bezelen gamçyny getirip görkezdiler.

— Bu gamçy menden ýeňlen on iki duşmanymyň, basyp alan on iki döwletimiň soltanlarynyň arkasynda yz goýan gamçydyr.

Soltan özünden göwnühoş halda gamçyny eline alyp, sary ädiginiň gonjuna çalaja kakan boldy. Soň gamçysynam goýman myhmanyny yzyna düşürip, köşgüň howlusyna çykdy. Howlynyň kybla tarapynda köşkden biraz kiçirägem bolsa, ondan on esse kaşaň salnan türbe (mawzoleý) göründi. Soltan myhmanynyň öňüne düşüp türbä çenli ýetmiş ädim töweregi ýodajygy geçdi. Ol ýönekeý bir ýodajyk däldi. Onuň al-ýaşyl öwsüp duran mermer basgançaklary bardy. Iki tarapynda bu jelegaýlarda ösmeýän, gyşyn-ýazyn gök öwsüp duran iki-üç ýaşyndaky agaçlar,

agaçlaryň arasynda gezekleşip açylýan reňbe-reň güller ösýärdi. Gülleriň-agaçlaryň aňyrsyndan dürli reňkler bilen öwşün atýan suw çüwdürimlerinden müşki-anbar ysy gelýärdi. Enaýyja çyralar, şamçyraglar, daşdan doňdurylan şekiller ondan ýöräp barýan adama ertekiň içindemikäm diýdirýärdi. Türbe has owadandy. Lowurdap duran diwarlaryň ýüzüne çekilen nagyşlardan gözüňi aýyrmak kyndy. Türbäniň ortarasynda altyndan edilen ullakan seki bardy.

— Adam her kim bolanda-da, ahyry ölmeli. Kimiň jesedi it-guşa şam bolýar, kimiň jesedi ýangynda galyp ýanyp kül bolýar. Kimiňkini suwda balyklar iýse, kimiňkini ýerde gurçuklar gemirýär. Men öz jesedimi şeýle ýagdaýlaryň hiç birine dözemok. Ol men ölemden soň şu altyn sekiniň üstünde «Honha, şol Soltan» diýlip görkeziler ýaly, mum içinde üýtgemän ýatsyn. Sen meniň bu pikirimi neneň görýäň, myhman?

Myhman berlen soraga bada-bat jogap bermän, edep bilen dymdy. Soň mylaýym sesi bilen söze başlady:

— Eý, Soltan, soltany ilki haýwandan, soň özi ýaly ynsanlaryň arasynda tapawutly edýän onuň ruhunyň baýlygy. Ondan soň, has soň mal-mülk, altyn-zer baýlygy. Olar söz baýlygyndanam, duýgy, rehim-şepagat baýlygyndanam, söýgi, mähir baýlygyndanam, aň-paýhas baýlygyndanam soň gelýär. Siz ýaňy häsiýetiňizi daraýandygyňyzy aýdyp, altyn bilen kümüşden ýasalan darak getirdiňiz. Ýumşak häsiýetiňiz altyn-kümüş dişleriň arasyndan akan mahaly onuň tertipleýjisi kim? Darak kimiň elinde? Mugallymyňyz, jenabyňyz kim? Gyzyl-kümüş — daragyň dişlerimi, ýa-da özüňizmi özüňize jenap? Menem häsiýetimi daraýaryn. Siziňki ýaly diňe bir ertir-agşamam däl, bäş wagtyna daraýaryn. Ine meniň daragym — diýip, myhman goltugyndan namazlyk çykardy-da, sözüni dowam etdi.

— Meniň jenabym Haktagala. Men Onuň öňünde hasabat berýärin. Meniň sogaplarymam, günälerimem Ol kesgitläp goýdy. Onuň gadagan edenlerini edemde günä, parzlaryny berjaý edemde sogap gazandygym bolýar. Diňe Onuň kesgitlemegi bilen men öz günä-sogaplarymy seljermäge çalşaryn. Onuň mübärek Kelemeleri — Kurany Kerimiň aýat-süreleridir meniň häsiýetimi daraýan daragymyň ýiti, altyn-kümüşdenem gymmat dişleri. Çünki ähli barlyk bilen birlikde menem Ol ýaratdy.

Siz örän baý ekeniňiz soltan, hem şonça-da garyp ekeniňiz. Bu pany dünýäniň maddy baýlyklary saňa soltanlyk bilen bile nesip edipdir. Emma siziň iman baýlygyňyz juda az eken — diýipdir-de, ýaňky adam goltugyndan çykaran namazlygyny kybla tarap ýazypdyr. Soň onuň üstüne geçip «Allahy ekber» diýibem gözden gaýyp bolupdyr…

Şeýdip gaýyp bolasy gelýän Samat ol otagdan ol otaga ýöräp geçen bolardy. Ejesiniň daragyny alyp dişlerini sanap gören bolardy. «Darak kimiň elinde? Mugallymyňyz, jenabyňyz kim? Gyzyl-kümüş — daragyň dişlerimi, ýa-da özüňizmi özüňize jenap? Menem häsiýetimi daraýaryn.

Siziňki ýaly diňe bir ertir-agşamam däl, bäş wagtyna daraýaryn. Ine, meniň daragym» diýerdi. Soň kakasynyň köşge geýýän lybaslaryny görkezen bolup «Soltany ilki haýwandan, soň özi ýaly ynsanlardan tapawutly edýän onuň ruhunyň baýlygy. Ondan soň, has soň mal-mülk, altyn-zer baýlygy. Olar söz baýlygyndanam, duýgy, rehim-şepagat baýlygyndanam, söýgi, mähir baýlygyndanam, aň-paýhas baýlygyndanam soň gelýär. Siz örän baý ekeniňiz soltan, hem şonça-da garyp ekeniňiz» diýip namazlygyny ýazardy. Namaz wagty dälem bolsa, kybla bakyp ýazan namazlygyna geçip, özüne şol pukaramykam diýerdi. Indi oňa diňe gaýyp bolaýmak galýardy. Emma her näçe islese-de, ol gaýyp bolup bilmeýärdi. Kä gezekler ol ony şeýlebir islärdi welin, hakykatdanam gaýyp bolup gitdimmikäm diýerdi. Soň bolsa munuň hyýalyndadygyna gynanjyndan gözüne ýaş aýlap namazlykdan düşerdi. Hakyky durmuş ony ýene çekeläp başlardy. Kakasynyň özi bilen gyzyl ýumruga girip ýörmesi, ejesiniň kä gijeler aglap ýatmaýşy, Gülnesibe daýzanyň oňa her görende howsalaly bakyşy, özüniň kakasyndan bahana tapyp bilse gaçyp ýörşi ertekileriň aňynda oýarýan duýgulary bilen bir ýere sygyşmaýardy. Ol, başaryp bilse, şu dünýesini islendik wagt terk edip, ertekiler dünýäsine gitjekdi. Emma bar gidip bilýän ýeri Gülnesibe daýzalarydy. Öýlerine barsa, kakasy söweş tälimlerini öwretmäge başlar. Eli taýakly, zynjyrly şol uruş oýunlaryny Samat hemme zatdan beter ýigrenýärdi. Kakasynyň welin keýpi göterilip, gözleri gyzaryp gidýärdi. Kakasyna duşmajak bolup nahar iýmäge-de ejesi käýinip durmasa, gelmezdi. Ýuwaş-ýuwaşdan onuň bilen has ýowuz daraşýan kakasy soran wagtym öýde tapyl diýip tabşyrdy.

Köşkde jeza beriljek adam tapylmadyk günleri Samat üçin iň kyn geçýän günlerdi. Şeýle günlerde mydama öýde bolýan kakasy ony bir ädimem ýanyndan sypdyrmaýardy. Kakasy köşkden gelip ony gözlemeli bolaýdygy, Samat şarpyk iýmäge taýýar bolaýmalydy. Şonda-da Samadyň Gülnesibäniň ýanyndan aýrylasy gelmezdi. Ýüzüne çalynýan şarpyklardan ýaňa ýaňaklary dym-gyzyl gyzarar durardy. Hernäçe urulsa-da, Samada aglamak gadagandy. Ol gahary gelse hasam wagşylaşýan kakasynyň aýdanlaryny kemsiz etjek bolup jan edýärdi. Emma, her näçe yhlas etse-de, şarpyk datmadyk güni bolmaýardy. Kakasynyň «Gündogar söweşi» diýip atlandyrýan güzaplary tamamlanandan soň, Samat ejesindenem utanjyna ýeke özi bir jaýa geçip owum-owum bolan aýaklaryny, ellerini tutup aglardy.

Jorasynyň ýanyna gelen Gülnesibe-de bu wakalaryň birnäçe gezek şaýady bolupdy. Ol Samada kömek etjek bolup, adamsy Selmandan Gara Durmaz bilen gürleşip görmegi haýyş etdi. Emma Gara Durmazyň özi Selmanyň ymamlyk edýän metjidine baraýmasa, bu ikisine köçede-beýlekide duşuşmak kyndy. Olar jemgyýetiň aýry-aýry gatlaklarynyň adamlarydy. Edil deňziň düýbünde ýüzýän balyklar bilen onuň ýüzünde ýaşaýan balyklar ýalydylar. Şonda-da Selman bir wagtky dostluklaryny

ýatlandan bolup, Samadyň ýagdaýynyň çökderdigini aňyp Gara Durmaz bilen gürleşmek üçin onuň öýüne geldi.

Gara Durmaz ony bir wagtky kakasynyň garşylaýşy ýaly sowuk garşylady. Ol sebäpli oglyna berýän sapaklaryny goýmaly boljakdygyna gahary geldi. Ataly-ogul bu gün ýumruklaşmagy öwrenýärdiler. Selman Gara Durmaza maşklaryny dowam edibermeklerini haýyş edip, özüniň gyssanýan ýeriniň ýokdugyny aýtdy. Emma Selmany görenden «Bar git-de ýuwun» diýip, ol ogluny boşatdy. Özem ýuwnup geldi-de, göwünli-göwünsiz myhmany bilen çaý içmäge oturdy. Selmanyň Gara Durmazyň ýanyndan çaltyrak gidesi geldi. Aýalynyň haýyşy bolmadyk bolsa, ol bu gapydan geljegem däldi. Häzirem bireýýäm turup gitjekdi. Ol özüni edil iňňäniň üstünde oturan ýaly duýýardy. Herniçigem bolsa, sabyr edip, giň göwrümlilik bilen soze başlady:

— Ogluňyza bu öwredýän zatlaryňyzyň peňdasy bardyr-da hernä?

Gara Durmaz içinden «Peýdasy bolanda-bolmanda saňa näme? Men senden adamlaryň bir gulagyndan girip, beýleki gulagyndan çykyp gidýän wagyzlaryň peýdasy bardyr-da hernä diýip soramoga. Geziber-dä tesbiňi sana-da» diýse-de geplände, başga zat diýdi:

— Şu gün peýdasy degmese ertir deger, ertir peýdasy degmese on asyrdan deger. Bizä bilemzogam welin, şu dünýede okalan dogaň o dünýede peýdasy degjek bolsa, muňam birzada peýdasy deger-le.

— Gara Durmaz men seni sylaýan. Gowuja ogluňyz bar. Şoňa dözmänem ýanyňa geläýdim…

Gara Durmaz içinden: «Aý, hawa-da, özüňde çaga bolmasa başga biriniň çagasynyň gaýgysyny eden bolmaly-da» diýse-de:

— Bizi sylany Allah sylasyn. Dözmez ýaly ogluma näme bolýarka, iş-alada bilen men köp zatdan habarsyzam?

— Ogluňamy?…

Selman sözüni nädip dowam etdirjegini bilmedi. Ol käsesindäki çaýyny owurtlady-da:

— Men turaýyn. Wagtyňam alaýdym öýdýän? — diýdi.

— Wagt näme aldyrýan zatmy, mollam? Alyp bolýan zat bolanda her kim ony horjun-horjun alyp beýlesine basyp goýmajakmy?

— Ol aýdýanyňam dogry. Biz wagty däl-de, wagt bizi alyp barýar. Hernä ahyretde hasaba çekilemizde ýüzümiz gyzmaly bolmasyn. Dowzah oduna ýanmaly bolmaly.

— Aýdanyňyz gelsin mollam, gelip duruň.

Gaýdyp ýüzüni görmen diýse-de, Selman Gara Durmaz bilen soňam kän sataşmaly boldy. Hatda ömür tanapy ýolnanda-da, onuň iň ýakynynda duran adam Gara Durmaz bolup çykypdy.

**6-njy bölüm**

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Adamsy bilen Gara Durmazyň arasyndaky bolan gürrüňi eşidip, Gülnesibe Samady düýpsüz guýa gaçyp barýan ýaly gördi. Ony hiç kim halas edip bilmejek ýaly duýuldy. Keseki bolansoň hiç zadyň öz elindenem gelmejekdigine boýun boldy. «Maral ejesi bolup ogluny gorap bilmänsoň, men näme edeýin? Gara Durmazyň ogluny kowalap ýörmesi dogry bolsa bildiňmi? Öz çagasyny olam bizçe gowy görýändir. Iň gowusy goşulmazlyk». Emma hernäçe goşulmaýyn diýse-de, her gezek Samady görende onuň çygar çybyk bilen edil ýüregine urulýan ýaly bolup gidýärdi.

Şeýle günleriň birinde Gülnesibe jorasyny gaty şadyýan garşylady. Ol edil: «Jora jan, şadyýan geçmeli günlerimizi howsala gaplan özümizden başga adam däl. Seret ahyryn töweregiňe, Horezm erikleri ýene gülläpdir. Ýaz şemaly edil azatlyga goýberlen tussag ýaly haýsy tarapa ösjegini bilenok, bir eýläňe geçýär, bir beýläňe. Biz ikimiz bolsa, pürenjegimize bürenen ýaly öz galagoplugymyza bogulyp otyrys» diýjek ýalydy. Ol jorasyna ýakynrak egil diýip yşarat etdi-de, gulagyna göwresinde caga galandygyny pyşyrdady.

— Alla jan, gudratyňa döneýin. Şunça garaşdyň.

— Alla jan doga-dileglerimizi kabul etdi. Seniň ýaly naçarlaryň alkyşlaryndan men ahyry şu güne ýetdim. Alla jan hemme zady görýändirem, eşidýändirem.

— Dogan jan, indi sen özüňe seredewergin. Wah, kime öwretjek bolýan o zatlary!? Alla jan berdim diýip berewersin.

— Şeýle bolsun-da hernä. Bilýäňmi näme Maral jan, göwräňde çaga galan günleri sen kime köp mähir bilen baksaň, çagaňam şoňa meňzärmiş. Sen şu günler Samady köpräk meň ýanyma ugradawergin. Men balamyň ogulam bolsa, gyzam bolsa Samada meňzänini isleýän.

— Wah, Samat jan kakasyndan sypyp bilse siziň öýüňize ylgaýa-la…

Jorasyndan bu begençli habary eşidip öýlerine dolanyp gelýän Maral öz göwresinde çaga galan günlerini ýatlady.

O wagtlar Garam nähili gowudy?! Daşymda edil şu güle gonýan ary ýaly pyrlanardy. Hem ynjytmajak bolardy, hem balymy sorardy. Onuň mähri gyş garyny eredip maýsalary «elinden çekip» ösdürýän ýaz gününiň mähri ýalydy. Nirä gitdi ol mähriň Garam? Kime aldyrdym men ony? Yhlasyňy boş etmedim, söýgüňi jogapsyz goýmadym. Gujagyňa bagrymdan üzüp daň ýyldyzy ýaly ogul bäbek berdim, az boldumy? Men nädeýin Allah bize birini berdi. Birim bar, müňim bar. Birem bolsa, müňe degýändir Samat jan. Jigijigi bolaýsa menem begenjek. Näme üçin örteýäň

meni, ýüregimiň oduny az görüp, oňa köz goýýarmyň? Samadym göwrämde galanda men diňe saňa köp bakypdym, diňe saňa mähir beripdim.

Maral aňynda biygtyýar ogly bilen adamsyny deňeşdirdi. Ýüz keşbi kakasyna meňzeýän ogly ulalyp jellat bolaýjak ýaly göründi. «Günde biriniň ýa başyny, ýa elini çapyp gelip, meň ýaly ýanýoldaşynyňam ýüregine tygsyz ýara salyp gezermi? Ýok, ýok. Alla jan, gutar meni bu beladan! Bir jellada mährimi berdirip, ýene bir jelladam elim bilen ulaltdyrar ýaly men näme günä etdim?» Maral agyr oýlar bilen öýüne geldi. Gara Durmazyň Samada: «Ýeke bolaýýaň, ýogsam-a etjegimi bilýän-le… Meň bagtyma bir ogul olam şeýle lellim bolaýmalymy diýsene…» diýip käýinşini Maral köp gezek eşidipdi.

Gara Durmaz ýüreginde käýarym oýanýan mähremligine Maralyň dyňzap duran söýgüsi bilen jogap berjek bolanda, bu sözleri bilen yşk odunyň üstüne tüýkürip, öçürip gidýärdi. Gara Durmazyň bolşy «Şunça özüňi horlanyň haky şu» diýýäne meňzeýärdi. Maral öz bagtyny özi depeläp, laýyndanam guburyna goýuljak kerpiçleri özi guýýan ýalydy. Naçar ýüregi ezilip gün-günden horlanýardy. Käwagtlar ol Gara Durmaz bilen uzak ýaşaşyp bilmerin öýdüp gorkýardy. Eýmenç netijelere gelýärdi. Entejik ölmän şu dünýede gezmegiň ýeke-täk ýoluny on iki ýyl bäri girip-çykyp ýören oýüňi taşlap başga birinden bagtyny gözlemekde gören gezeklerem bolardy. Ony etmäge-de namysy-ary, edep-terbiýesi ýol bermeýärdi. Ol göze görünmeýän zynjyrlar bilen baglanyp günlerini zyndanda geçirýän ýalydy. Iň ýanam, ol bu zyndana bäş-on ýyllyk däl-de, ömürlik taşlanypdy. «Bolmanda günler çaltyrak geçip, oglum bir adam bolup ýetişsedi. Kakasyndan şarpyk iýip ýörmeden halas bolsady». Günleriň welin öz ýöreýşi bardy. Mytdyldap barýan dünýe biriniň gyssananyna ýa ýene biriniň ony azajygam bolsa haýallatjak bolmasyna bakmaýar.

Aýy-güni dolup Gülnesibäniň gyz bäbegi boldy. Gülnesibe begenjine Allaha şükür edip: «Il-günüň alkyşy bilen bäbekli boldum» diýip, dilinden düşürmeýän sözlerini Maralyň ýanynda ýene bir gaýtalady. Maral durup bilmän: «Alkyş bilen seni bäbekli eden Allah, ärimiň alan gargyşlary bilen meni oglumdan jyda etmäbilseýdir» diýdi.

— Maral jan, agzyňdan haýyr aç. Ol gargyş alýan däldir. Özüni gargyş tutanyňam gargyşy bolarmy? Gargyş tutmadyk, Hudaý urmadyk adam çapgyýassygyna barasy ýok.

— Şunça-da bir gargyş tutan bolarmy? Ol günde köşkden ýüzüne kül urulan ýaly bolup gelýär. Öýe gelip arkaýyn naharyny iýip bilenok. Ýene Samada gözi düşüp, özüne gelýär.

— Horezm uly ýurt. Günäkärler köşge ähli welaýatlardan getirilip dur. Dünýeler düzelişer enşalla. Samat janam indi kakasynyň «uruşlary» bilen öwrenşip barýarmy?

— Olam urlup-urlup gün bolaýdy öýdýän. Men-ä nämä ýanjagymam bilemok. Gara nägehan…

Maral bogazy dolup sözüni soňlap bilmedi. Gülnesibäniň göwünlik bermelerini sesini çykarman diňledi. Sesini çykarmanam öýüne gaýtdy. Gülnesibe onuň gidişini halamady.

Adamsyna «Gara nägehan» diýenine — öz sözüne öz ýüregi gyýylyp giden Maral özüni hakyky betbagt adam hasap etdi. Şu güne çenli diňe zeýrendirip gezen betbagtçylygy bir çelek gara nebite öwrülip üstünden eňterlen ýaly boldy. Ol özüniň çakmak daşynyň ýekeje uçgunyna ýanyp gidip biljekdigini gözi bilen gördi. Şu wagta çenli özüne bagtygara diýmesi häzirkisiniň ýanynda oýun ýalydy. Ol şonuň üçin jorasynyň ýanynda uzak oturyp bilmändi. Onuň ýolboýy ýüregi ýanyp barýardy. Onuň göwnüne, ajal gerşine münüp ot belasy bilenem özüni gamçylap barýan ýalydy. Ol öljekdi. Ölüp halas boljakdy. Misli özüni dünýä inmedik ýaly, haçanam bolsa bir wagt, ýene on asyrdan dünýä täzeden gelmäge rugsat alan ýaly duýdy. Ana şonda, ýene on asyrdan parahat durmuşyna täzeden başlamakçydy. Beýle zatlar mümkin däldir diýip pikirem etmeýärdi. Gaýta tersine, kimdir biri oňa şeýle mümkinçiligi döretmäge söz berip duran ýalydy. Ýol boýy şeýle duýgular bilen ol howlularyna ýetdi.

Samat kakasy köşkde mahaly howlularynda özüni erkin duýdy. Häzir hatda penjiräniň aňyrsyndan oňa naýynjar bakyp oturan ejesiniň gözlerem ýokdy. Hiç kim ony gynanokdam, hiç kim oňa gynananokdam. Özüni hasratyň deňzinden halas etjek halka elini ýetiren ýaly duýdy. Bu halka Samadyň gözüne eneňden-ataňdan arany üzmek ýaly göründi. Şu wagta çenli howluda ýeke galan gezekleri, gaýta özüni nirä sokjagyny bilmän horlanardy. Kakasy köşkden gelip urşuna başlasyn welin, bu ýekelikden alyp çyksa bolýar. Emma bu gün ol ähli derdiniň dermanynyň ýekelikde ekendigini gördi. Bu duýgusyna begendi. «Hiç kim gelmesedi, häzirki ýapyşan halkamy hiç kim elimden almasady» diýdi. Häzir onuň gözüne kakasynyň Alabaýam mähremleşen ýalydy. Samat kakasynyň edişi ýaly itiň kellesinden sypajak boldy. Ite golaýlaşyberende gorkusy oýanyp durdy. Soň Alabaý ajygan bolaýmasyn diýip öýden bir bölek et alyp çykdy.

Hakykatdanam, günüň dowamynda ite hiç zat berilmändi. Şu günler kakasynyňam işi başyndan agdyk bolmaga çemeli. Eti gören Alabaý dyzap-dyzap zynjyryndan boşady. Ol göz açyp-ýumasy salymyň içinde gaçmaga-da ýetişmedik Samadyň üstüne böküp, elindäki eti aljak boldy. Daýaw itiň badyna Samat arkan serlip gitdi. Elindäki et zyňylyp bagyň düýbüne düşdi. Eti nazarlap gaýdan it golaý gelende Samadyň etişibildiginden ellerini kelemenledendenmi, nämemi eti gözünden sypdyrdy. Arkan ýykylan Samadyň üstünde et gözläp aýaklaryny peşedi. Hiç zat tapmanyna gahar edibem, et ysly ele agyz saldy… Alabaý Samady gowy çeýnäýmeli bolupdy. Hernä kimdir biri ýetişip, onuň üstüne bedre doly suwy eňterdi. Bir ädikli aýagyň itiň böwrüne depýänini çala gören

Samat özünden gidip çaşdy. Ony itiň agzyndan alan kakasy Gara Durmazdy.

Ol elindäki gamçysy bilen itini saýgylap-saýgylap ýerine daňdy. Ýogsa ol Alabaýy urmaga dözjek adam däldi. Geçen uruşda garşydaşyny gemreni üçin Gara Durmaz onuň ýüzlerinden ogşapdy. Samat şonda kakasynyň şeýdip mähir bilen özüni ogşanyny ýadyna salyp bilmändi. Bu gün bolsa ol Alabaýyny öldir ýaly ýenjip durdy. Beýtmek itiň geljekki ykbalynyň ýüzüne atanak çekmekdi. Sebäbi eýesinden taýak, gamçy iýen itiň bady gaçýar, uruşganlygy gowşaýar, ol ýuwaşaýar. Eýesinden gamçy iýmek ite täsir edýän bolsa, kakasyndan şarpyk iýmek ogly, gör, näder? Ýüz-gözleri gara gan bolup ýatan Samada uran şarpyklary Gara Durmazyň häzir ýadyna-da düşenokdy. Ol itiň penjesiniň, ýiti dişleriniň ogluna salan ýaralaryny görýärdi. Wagt geçip bitse-de, olaryň yzlary Samatda ömürlik tagma bolup galar. Her kim itiň dyrnaklarynyň yzlaryny görüp «Ýüzüňe näme boldy?» diýip sorar. Kakasynyň şarpyklarynyň yzlaryny hiç kim görmez. Çünki olaryň tagmasy Samadyň ýüregindedi.

Gara Durmaz itini daňyp köskde bile işleýän tebipleriniň üstüne ylgady.Şondan kän salym geçmänkä ajal atyna atlanyp gözi ýer görmän gelýän Maral howla girdi. Gana bulaşyp, henizem özüne gelmän ýatan Samat ony derrew şü dünýesine gaýtaryp getirdi. Şeýdip oglunyň başyna düşen betbagtçylyk ejesiniň boýnundan ildim eden başga bir betbagtçylygyň öňüne böwet boldy.

— Waý, oglum. Ýeke dikrarym, nämboldy saňa? Gana gark bolan öý-ä bu öý. Waý, aýtsana, kim seni beýle gana bulady. Perişdeler bize göz görkezýälermi? Kakaň döken ganlarymy ýüzüňdäki ganlar. Ýa kakaň özümi seni beýle persala eden?

— Hawa, kakasy. Kakasyndan başga ýagyň ýokdur seň.

Aýalynyň sesine gahary depesine uran Gara Durmaz beýlede ýatan gamçysyny nädip ýene eline alanyny, edil itini urşy ýaly aýalynam nädip urmaga başlanyny özem bilmedi. Onuň bilen bile gelen tebipleriň biri Gara Durmazyň eline ýapyşjak boldy. Maral bolsa gaçjagam bolman «Ur, öldür meni» diýip gygyryp durdy. Gerşine eginlerine degýän gamçylaryň awusy onuň ýüregini sowadýan ýalydy. Ol asyl dikeleýinem diýmeýärdi. Gara Durmaz ony depip ýere ýazdy. Tebipler Samady taşlap Gara Durmazy iki bolup saklamaga dyrjaşdylar. Olaryň biri ara girdi. Gamçyň inmesi kesilenden soň guma bulaşyp ýatan Maral dikeldi, kürsäp öýe girdi. Diňe şondan soň tebipleriň biri Samadyň ganlaryny süpürişdirmäge durdy. Maral Samadyň kakasy bilen «Gündogar söweşine» girýän wagtlary aglap seredip oturýan penjiresiniň agzyna bardy.

Gara Durmaz Marala barmysyňam diýmän, esgi almaga öýe girdi. Diňe şondan soň elleri saňňyl-saňňyl titireýän Maral daşary çykdy. Eline ilen matany iki bölüp alyp çykan adamsynyň indi onuň bilen işi ýokdy. Tebipler Samadyň ýaralaryna näme etjeklerinem bilmeýän ýaly, onuň bir sagyna,bir

çepine geçýärdiler. Gara Durmaz oglunyň kellesinden göterip oňa bir zatlar ysgadýardy, suw içirjek bolýardy. Esgi gerek diýen tebip ýyly suwam gerek diýdi. Näderini bilmän zowzuldap duran Maral ýyly suw almaga ylgady. Özüne gelen Samat agyrysyna çydaman iňläp ejesini çagyrýardy. Maral gorkusyndan oglunyň ýanyna golaýlabam bilenokdy. Ol Gara Durmazyň eline ýene gamçy alaryndan gorkanokdy. Ol häliden öz gerşinde oturan ajalyň, boş gitmejek bolup, oglunyň gerşine münmesinden gorkýardy. Samat ýene özünden gitdi.

Tebipleriň biri gyssanjyna «öýe salalyň» diýdi. Gara Durmaz tebipleriň aljyraňňylygyny syzdy. Itiň ýiti dyrnaklary Samadyň eşiklerinden geçip garnyny, çep aýagynyň buduny, gulagynyň öň ýüzünden göze zeper ýetirmän dulugyny dilişdiripdir. Samadyň çep eliniň aýasyndan aç itiň ýiti dişi geçipdir. Tebipleriň iň gorkýan zady garyndaky ýarady. Eger iç-goşlara-da zyýan ýeten bolsa, çagany halas edip bilmejekdiklerine tebipleriň gözi ýetip durdy. Samady jaýa salýançalar tebipleriň biri Gara Durmaza Şehdi tebibi çagyrmasalar bir bolmasy işiň bolaýmagam mümkin diýdi.

Şehdi tebip kärine ussatlykda öňüne adam geçmeýän tebipdi. Gara Durmaz kakasy heniz dirikä köşkden kowlan Şehdi tebibi görmese-de, o barada eşidipdi. Gürgençde o tebibi tanamaýan ýokdy. Gara Durmaz gyzgynyna «kim bolsa şol bolsun çagyryň» diýdi. Emma tebipler onuň gapysyndan baryp bilmejekdiklerini aýtdylar. Çagyryň diýen Gara Durmazyň özem tebibi alyp gelmäge gitmekden çekindi.Çünki hiç kimden ýüz görmän, hemmeleriň ýüzüne gelýän gönümelligi üçin, käbir şöhratparaz kärdeşleri ony ýamanlap, köşkden gyrakladypdylar. Şonuň üçinem Gara Durmaz «Şonsuz bolmazmyka?» diýip gördi. Emma ýaýdanara ýagdaý ýokdy. Tebipler Samady indi özune-de getirip bilmeýärdiler. Maral pürenjegini atynyp, öýden atylyp çykyp gitdi. Ol göni Gülnesibelere bardy. Çünki ol Selmanyň Şehdi tebipler bilen gatnaşýandygyny bilýärdi. Az salymdan tebibi öňüne salyp Selman geldi.

— Haý, ýalýagylary diýsänim. Size köşgüň mugt puluny iý diýseň. Görünmäň gözüme.

Halypa tebibiň elinde ýetisen köşk tebipleri ondan beýle gepleri eşitmäge taýýardylar. Şonuň üçin olar derrew birýana çekilselerem, Gara Durmazdan rugsatsyz ol ýerden gidip bilmediler. Şehdi tebip derrew öz işine girişdi. Ol hemmeleriň gözüniň alnynda garyndaky ýarany täzeden ýuwup, ýarykdan daşyna çykyp duran iç-goşlary emaý bilen içine saldy. Tebipleriň birine gahar bilen ýaranyň agzyny eliň bilen tut diýip buýurdy. Özi bolsa gapyrjagyndan iňňe sapak çykardy. Olary erbet ysly sywa çaýkady. Soň bolsa sapagy iňňä sapyp, edil ýama ýamaýan ýaly Samadyň derisiniň ýyrtylan ýerini biri-birine çatmaga başlady. Garyndaky ýarany tikenden soň Samadyň başujuna geçdi.

— Haý, iýeni haramlar! Kim size munuň ýüzüni beýle ýak diýdi. Bujagaz eljagaza näme jellathanadaky çapylýan eldir öýtdüňizmi? Bu ýarany ýuwaş-ýuwaş bitirmeseň hamlar çekilip erbet yz galar ahyryn, barmaklaram işlemez, bihepbeler diýse. Ýa bar öwrenenleriňiz gitdimi kelläňizden. Bu dermanyňyzyň oduna çaga çydajakmy?

Ol ilki Samadyň ýüzündäki ýarany ýene bir ýuwdy. Soňra arassa esginiň üstüne ýag gatyşykly melhemi çalyp, onam ýaranyň üstüne ýapdy. Ýapgysy gaçmaz ýaly, daşyny sarady. Soň ol butdaky ýarany tikmäge girişdi. Häliden hiç zady duýman ýatan Samat buduna iňňe sanjylanda özüni duýup aýagyny çekjek boldy. Şehdi tebip göwni bir ýaly ýylgyryp: «Jan oglum, jany bekje oglum, şeýdip garry tebibi begendir ahyryn» diýip, Gara Durmaza ýüzlendi. «Hany bas aýajygyny». Aýagyň ýarasyny tikip bolandan soň, çeýnelen ele geçdi. Ony esli salym bogunma-bogun elden geçirdi. «Süňk-ä zyýan ýetmandir, çöregiňiz bitin eken. Damarlaň ýarasam ýuwaş-ýuwaş bitişer» diýip, Samadyň ýüzüne ýapan ýapgysy ýaly melhemli ýapgyny eliň iki tarapyndanam goýup sarady. Soň iýmden doýan horaz ýaly dikeldi. Ol özüne garry tebip diýse-de, elli ýaşlaryndaky adamdy.

— Men size gözüme görünmäň diýmedimmi näme? — Ol bu gezek çyny bilen köşk tebiplerine haýbat atmaga başlady.

Rejäň geň däldigini aňan Gara Durmaz derrew işdeş ýoldaşlaryny taňryýalkasyn aýdyp ugratdy. Ol yzyna öwrülip gelende Şehdi tebip:

— Hany aýt indi, ogluňa näme boldy? Haýsy it ýardy? Ýa urşup dagy etdimi? Çekinme-de, dogryňy aýt, bärde indi ýat adam ýok — diýdi.

Jaýda özüni bilip ugran oglunyň kellesini dyzyna alyp aglap oturan Maral, doga sanamasyny goýmaýan Selman galypdy.

Gara Durmaz:

— Ýok-la, uruşmany oňarjak zatmy şü?! Öz itim çeýnedi — diýdi.

Gara Durmazyň «şü» diýmesi Şehdi tebip känbir ähmiýet bermese-de, Maralyň ýüregine baryp sanjylypdy. Şehdi tebip:

— It ýarandan urlan bolsa gowy bordy. Hany itiňi görkez — diýip, Gara Durmazyň öňüne düşüp daş çykdy.

Alabaý keteginiň golaýyna gelen adamlara ähmiýetem bermän gamçy degen, awap duran ýerlerini ýalap ýatyrdy. Başga günler töwerege belli bu uruşgan it özüni synlamaga gelýän adamlary tarsa ýerinden turup garşylardy.

Itiň Samady ýaran ýerinde ejesiniň boýnuna dakan ýekeje monjugy ýatyrdy. Gara Durmaz ony derrew ýerden galdyrdy. Ähmiýetli bir zat tapan ýaly ony kündükden suw akydyp ýuwdy-da, jübüsine saldy. Şehdi tebibem Samadyň ýykylan ýerlerine seredişdirdi. Bagyň düýbünde gyzaryp ýatan zady görüp, allaniçigsi boldy. Tebibi gorkuzan, güýzüň ilki gaçyran ýapraklarynyň arasynda bulaşyp ýatan gyzyl et, Samadyň hälki ite bermäge alyp çykan etidi. Gara Durmaz onam ýerden galdyrdy. «Et berjek bolan

eken-ow» diýdi. Soň bolsa ony itiniň öňüne oklap goýberdi. Öňüne et oklanar diýip garaşmadyk Alabaý çalt dikeldi. Uzakly günüň aç iti bölek eti iki agyzda ýuwutdy. Şehdi tebip onuň daýaw göwresine, eti lak-luk atyşyna başyny ýaýkap:

— Itiň-ä tüýs it eken. Ogluňa-da seret weli, şü itiňe-de seret. Eger ol öläýse, ogluňam öler. Ölenem öleni, jaýlabam bolmaz, ýakmaly borsuň. Oňa guduz keseli diýýäler. Erbet ýokuşýandyr. Eger itiň ölmese, ogluňa-da zat bolmaz enşallasa. Melhemleri goýup giderin, ejesi wagtal-wagtal daňysyny täzeläp dursun. Menem geler duraryn.

Tebip içeri girip Marala melhemleri goýdy. Ýene-de bir topar zat tabşyryp Selman bilen çykyp gitdi. Öýde arkasyna gamçy degen Maral, köşkde kelle kesenem az bolup öýünde-de itini, aýalyny gamçylamaly bolan Gara Durmaz, hem itiň agzynda öläýmeli bolan Samat galdy. Gara Durmaz gözüniň ýaşy diňmeýän Maralyň çybynyny ýararyna garaşdy. Emma ol ýüzleri, elleri, garynlary, aýaklary saralgy oglundan gözüni aýyrman otyrdy. Ol misli oglunyň abat galan ýerini gözleýäne meňzeýärdi. Gara Durmaz özi başlamaga-da gep tapmady. Häzir näme diýse ters boljak ýaly bolup durdy. Samadyň zol gurap duran dodaklary bir zatlar pyşyrdaýardy. Maral kiçijik çäýnegiň jüründiginden onuň agzyny ölleýärdi. Gara Durmaz bu dymyşyklyga çydap bilmän beýleki jaýa geçdi. Döşüni ýassyga goýup süýndi. Maralyň oglunyň ýaraly kellesini gujagyna alyp oturşy, oňa öz ejesini ýatlatdy.

Ýaňy on bäş ýaşlarynda köşkde maşk geçýän wagtlary Gara Durmazy at süýräpdi. Münüp oturan aty edil aýagynyň aşagyndan duýdansyz uçan torgaýdan ürküp, çarpaýa galdy. Atyň jylawyny boýnuna atyp arkaýyn oturan Gara Durmaz şobada atyň aşagyna düşdi. Gara Durmazyň bir aýagy üzeňňiden sypman, eslije süýreldi. Hernä ädigi aýagyna ulurak bolansoň aýagyny çekip alyp bildi. Süýrelip barýarka onuň ýeňsesi daşa degip kellesi çapyldy. Kellesiniň gany saklatman şonda çaşypdam. Öýde özüne gelse, ejesi edil Maralyň oturşy ýaly ýüzünden gözüni aýyrman oturşyna, şol çäýnekden suw içirýärdi. Ýarasy ýeňsesinde bolansoň ol Samat ýaly arkanam ýatyp bilenokdy. Ejesi pahyr bir gün däl bir hepdeläp şeýdip oglunyň kellesini dyzyndan düşürmän oturypdy. Ýoldaşlary soramaga gelende ejesiniň aýagyny ýassanyp ýatmaga utanyp, ondan sypjak bolşy Gara Durmazyň şu günki ýaly ýadyndady…

Gara Durmaz Samadyň perişan halynda, onuň kellesini gujagyna alyp gyýylyp oturan Maralynyň gözýaşlarynda öz günäsini görýärdi. Ol özüni aýalyna uran gamçylary üçin ýa-da öz öwredýän zatlaryny kynlyk bilen kabul edýän oglunyň maý tapsa gözüne görünmejek bolşynda günäkärlemeýärdi. Ol bu zatlara gyşy aýazy üçin günäkärläp bolmaýşy ýaly bir zat diýip düşünýärdi. Öz ýowuzlygynyň ählisini Samadyň ertir adam bolmagyna gerek diýip düşünensoň bu zatlarda öz günäsini görmeýärdi. Ol şu öýüň eýesi bolany üçin özüni günäkär hasaplaýardy. Bu

pikirinden ol hasam ýowuzlaşdy. Birdenem şol kellesini tutup oturan ejesine gahar edişi ýadyna düşdi. Işdäki howsalalary, çapylýan kelleler, emiriň ony öz ýanyna çagyrmaýandygy, bu günki waka Gara Durmaza kelebiniň ujuny ýitirdipdi. Ol hatda häzir Maral günäkärmi ýa özi, şondanam baş çykaryp bilmeýärdi. Dogrusy şondan baş çykaryp bilse, onuň göwnüne galan zatlar öz-özi çözülip gitjek ýalydy.

Ol ýene oglunyň ýatan jaýyna bardy. Maralyň edil ejesi ýaly henizem şol bir oturşyny üýtgetmän oturşyny görüp, özüm günäkär diýen netijä geldi. Içinden Marala «Bagyşla» diýäýsemmikäm diýdi. Emma kakasynyň beren sapaklary oňa-da ýol bermeýärdi.

Maral ýüzüni galdyrmasa-da, aňynda Gara Durmazy şol bir wagt bazardan monjuk alyşlaryndaky ýaly  görüp durdy. Emma häzir Gara Durmazyň ýüzi gülenokdy, görmegeýem däldi. Elinde-de monjugyň ýerine düwün-düwün bolup duran gamçysy bardy. Maral Gara Durmazyň bu şekilindenem gözüni aýryp bilmeýärdi. Ol oňa düşünmäge çalyşýardy. Onuň özüne garşy ýene onuň özünden delalat gözleýärdi. Ol şol öňki Gara Durmazy gaýdyp alyp biljegini bilse, bilbil bolup saýramaga taýýardy. Emma düşünişmek üçin dil ýaraýsa bilbile däl-de, ýylanyň agzyna barýan serçä meňzärin öýdüp gorkýardy. Şol gorkusy bilen köçä oklanan daş bolup ýatjakdy welin, Gara Durmazdan daşda durmakçydy. «Indi bize düşünişmek ýok. Bazarymyz sowuldy. Monjugymyz üzüldi». Birden Maralyň Samadyň boýnuna dakan şol ýeke monjugynyň ýokdugyna gözi düşdi. Samady oýarmajak bolup, emaý bilen daşaryk çykdy. Monjugy gözläp Samady itiň ýaran ýerine aýlandy. Garry erigiň aşaklaryna seredişdirdi. Itine ýal berip oturan adamsyndan monjugy soramaga beýle-de dursun, onuň ýüzüne-de garamady. Hiç zat tapmanam ýene öýe girdi.

Maral özi bilen düşünişmek üçin çykandyr öýden Gara Durmaz oňa bir zatlar diýmekçi boldy. Emma golaýynda köw-söw edip ýörse-de, Maralyň özi bilen däldigini görüp dilini dişledi. Maral öýe girip barýarka yzyndan garap: «Maňa bir zat diýdirjek bolup şeýdýär» diýip, gaharlanyp galdy. Maralyň dilini ýuwudan ýaly bolup ýörmegi Gara Durmaza hemme zatdan agyr degdi.Ol ähli tesellini ýene dert başy Alabaýyndan tapýardy. Itiniň öňünde goýan höregini dilini şalkyldadyp iýşine uly lezzet alýan ýaly bakyp oturardy. Daşyndan seredip onuň kellesine nähili pikirleriň gelip geçýändigini aňar ýaly däldi. Ol oglum ölmesin diýip itine gowy seredýärmi ýa ony uly uruşlara taýýarlaýarka bakymyny ýetirişini edýärmi, Maral üçin düşnüksizdi. Dogrusy oglunyň ýaralarynyň daňysyny täzelemekden başga zada baş galdyrmaýan Maral özüne düşünjek bolýandyr am öýdenokdy.

«Men Marala düşünjek bolup başymy agyrdyp ýörün. Ol welin maňa bir eýýäm düşünendirin öýdýär. Oň üçin Alabaýam bir, menem. Beýle dälem bir diýip gör?! Bolýar, Alabaý diýseň Alabaýyň bolaýyn. Diňe ogluň ulalyp emirlige ýetende oňa siňdiren zähmetimi, ýakan janlarymy ýatlasaň

bolýar. Aýdylypdyr ahyryn «Aty at edinçä eýesi it bolar» diýlip. Atym at bolsa, men it bolmaga kaýyl».

Samat ilkinji on günde erbet horlandy. Şol günler Şehdi tebip onuň ýanyndan aýrylmady. Tebibiň yhlasy ýerine düşdi. Elinde itiň dişleriniň yzy galdy diýäýmeseň, Samadyň barmaklary doly işleýärdi. Aýagyndaky ýarasam, köşk tebiplerini gorkuzan garnyndaky ýara-da tiz bitdi. Emma Samadyň ýüzündäki ýaraň gutulmasy kyn boldy. Soňabaka iriňläp ýüzüne suw ýgnanýan ýarasynyň agyrsyna çydaman, Samat kellesini ýere urmany çykardy. Şehdi tebip melheminiň düzümini hernäçe üýtgetse-de ýaraň alajyny tapmaýardy. Her gezegem: «Men dört aýakly itiň salan ýaralaryny bir eýýäm bitirdim. Iki aýakly itleň salan ýarasyny bitirip bilemok» diýip käýinýärdi.

Dulugyndaky ýara sebäpli Samada ýatan ýerinden çaý-suw içmegem uly dertdi. Ýarasynyň çişinden, agyrysyndan ýaňa zordan agzyny açýan Samada ejesi: «Emgegiňdir oglum, garnyňdaky ýara gutuldy, bu-da gutular» diýip göwünlik bererdi. Emma Samat her gezek agzyny açmaly bolanda, agyra çydaman gözlerinden boýur-boýur akýan ýaşy saklap bilmezdi. Kakasy muny görende: «Haý, ejem ogly, ýene aglap başladyňmy?» diýip, gyjalat bilen ony diňdirjek bolardy. Şonuň üçin Samat kakasy bar wagty naharynam iýmezdi. Käwagt Gara Durmaz ogly bilen ýakynlaşjak bolup:

— Hany, pälwan ogul, ýaralaňňy maňa-da görkez-dä — diýerdi. Emma Samat ýüzüni kese sowardy-da ýatybererdi. Kakasyny her görende it ýaran mahaly ýaralarynyň agyrysynam unutdyran, ejesini eli gamçyly urup duran şekili onuň göz öňünde biygtyýar janlanardy. Nazarlar bilen döşünden itilýän Gara Durmaz oýun edişjek, degişjek bolardy. Bu bolsa Samadyň hasam gaharyny getirerdi. Öz-özünden dişleri berk gysylyp, ýumruklary düwler giderdi. Edeni tersine bolýan Gara Durmaz oglunyň özünden has daşlaşýandygyny duýdy. Ony hamala it däl-de, kakasy ýaran ýalydy. Samadyň beýlekiler — ejesi, goňşulary, Gülnesibe, hatda käwagt bir ony soramaga gelýän ymam Selman dagy bilen göwnaçyk bolşuny, özüne zor salyp diýen ýaly gepleşmäge dyrjaşyşyny görüp Gara Durmazyň has gahary gelerdi. Misli aýaly başlyklaýyn ogluny özüne garşy öjükdirýän ýaly olaryňam gelmesini gabanyp başlady. Oglunyň bolşy Gara Durmazam ondan sowatdy. Gara Durmaz öz ýanyndan: «Gutulaňsoň erkek kişi ýaly ikiçäk düşünşerin» diýen karara geldi. Bu günler onuň şeýle-de işi ýetikdi.

Ahyry Samadyň dulugyndaky ýara-da bitdi.

Gara Durmazyň item ölmedi. Maral oglunyň boýnuna dakan monjugynyň ýitenine nätjegini bilmeýärdi. Birbada monjugy ol Gara Durmaz tapyp alandyr öýtdi. Emma ol tapsa dak diýip yzyna beräýjek ýalydy. Ogly gowulaşan soň süpürýän bahanasy bilen barmak basar ýaly ýerinem goýman, howlynyň içini gözläp çykdy. Emma monjugy ýer iýen ýalydy. Maral birden: «Monjugy haram it ýuwudan bolaýmasyn?» diýip

oýlandy. Hapasy bilen çykarar diýip, Gara Durmaz itini gezmäge äkidende itiň ýatagynam gözläp çykdy. Bary netijesiz.

«Monjuk nämäň alnyndan. Ol-a ýeke monjuk eken, şol düzümi bilen ýitende-de indi gynanara zadym galmady».

Maral aýak üstüne galan oglunyň özünden sowuklygyna has örtenýärdi. Ýogsa iki aýa golaý wagtlap ol Samadyň ýanyndan aýrylmandy. Iýjegini agzyna tutup beripdi. Gijelerine ýarasynyň agyrysyndan ýatyp bilmän iňleýän oglunyň derdini ýeňledere-de elinden zat gelmänsoň, kän gezek sessiz aglan Maral ene mährine mynasyp jogap alyp bilmedi. Ol muny Gara Durmazdan gaça durmasynyň Samada-da täsir edýändiginden görýärdi. Onsoňam aýal biçäräniň süýjüdilip içilen çaýyň käsäniň düýbünde galanynyň serpilip goýberilşi ýaly «serpilmesine» öwrenişipdi. Ony birnäçe gezek adamsy hem söýüp, hem özünden itekläpdi. Samadam erkek oglan. Ejem-ejem diýer, islän günem ejesiniň ýüregini boş goýup, höwürtgeden uçan guş ýaly uçar gider.

Maral Samadyň hatyrasyna, onyň ene ýüreginiň ýylysyna ýylynyp ýaşamagynyň hatyrasyna Gara Durmaz bilen öňkim ýaly bolaýynam diýip görýärdi. Emma gün geçdigiçe bu kyn düşýärdi, olar biri-birlerinden daşlaşýardylar. Bu gezek «Är-aýalyň urşy ýaz gününiň ýagşy» bolup biljek däldigi barha äşgär görünýärdi.

Ogluny it ýaran güni Gara Durmazyňam ýüregi çeýnelipdi. Tebip ýoldaşlary her gezek oglunyň halyny soranlarynda «Aýalyň bilenem oňşugyň gowumy?» diýlip soralýan ýaly bolýardy. Maşgala durmuşy hakynda üznüksiz, soňy gelmeýän pikirler ony horlaýardy. Öz ýanyndan «Jellatlygy taşlap it ýetişdirip satsam näderkä?» diýip gördi. It uruşlarynda berilýän baýraklaram köpelmek bilendi. Ol bu pikirini sypaýyçylyk bilen Maralyň ýanynda gozgajak boldy. Emma Gara Durmaza Maral: «Beterinden beterini tapýaň. Näme etseň şony et, indi maňa tapawudy ýok» diýäýjek ýaly göründi.

Ol maşgalasyndaky demini tutup barýan agyr howadan diňe it uruşlaryna gidende halas bolýardy. Itleriň üýrýän sesleri, olaryň ýeňilmejek bolup görkezýän gaýratlary, garşydaşyň ýiti dişine döz gelip bilişleri Gara Durmazy göwnüçökgünlikden halas edýärdi.

Maksada ýetmek üçin it ýaly erjel bolmalydygy hakynda ol Samadyň ýanynda gürrüň açdy. Samat kakasyna jogap bermedi. Näme üçindir, kakasyna Gülnesibe daýzaň ertekisini aýdyp beresi geldi. Emma edil özüniň it hakynda aýdýanlaryny diňlemeýşi ýaly, kakasynyňam özüni diňlemejegine ol düşünip durdy. Birden Gara Durmaz edip oturan gürrüňini goýdu-da, jübüsindäki monjugy çykaryp ogluna berdi. Ony özi oglunyň boýnuna dakaýmaga çekindi. Samadam ony dakynman, bir salym elinde oýnady. Gara Durmaz ähli aýtjagyny monjugyny bermek bilen bir gezekde aýtdym hasap edip, oglunyň ýanyndan turdy. Gidip barşyna-da: «Dakyn, ýogsa ýitirersiň» diýdi. Hakykatdanam, monjuk Samady häzirki

düňle ýaly bolup ýörşünden alyp başga bir dünýä oklan ýaly etdi. Ol ýekeje monjugyň täsiri bilen üýtgän duýgularynyň nähili dünýä düşenine-de göz ýetirip bilmedi. Onda mähribanlygam, ýumşaklygam, hemaýatam, arkadaýnjam, nänikligem, berkligem bardy. Ol Samadyň bäbekkä aňsat-aňsat düşürip bolmadyk kakasynyň gujagynyň dünýesidi. Ol ýaňyja galpagy syrylan akja kellesini sypap, kakasyna: «Edil seň kelläň-dä» diýýän ejesiniň söýgi dünýesidi. Arman, ol dünýäni Samat elýeterinde-de bolsa, aýdyň görüp bilmeýärdi. Ejeň bilen kakaň seni şeýle dünýede-de ýaşadypdylar diýsek, onuň bize-de «Ýalan sözlemäň» diýäýmegi ähtimal. Samat mojugyny dakynmady. Öýde bir çüýden ildirdi-de goýaýdy…

Hernäçe jan etse-de, Samadyň ýüzüniň görkini alyp durjak, sakalsapysyndan başlap tutuş dulugyny kesip geçýän ýarany yz goýman gutular ýaly etmek Şehdi tebibe başartmady. Samadyň ýüregindäki ýaralaryň yzy bolsa, has çuňdy. Üstesine-de, o ýara melhem ýapýanam ýokdy. Gaýta, ejesi bilen kakasynyň biri-birinden öýkeli bolup ýörüşleri onuň ýarasynyň ýüzüni dyrçanaklaýardy. Ol şol it ýaran günündäki erkinligi küýseýärdi. Mejnun bolup jerenleriň arasynda çölde ýatasy gelýärdi. Namazlyga münüp gözden gaýyp bolasy gelýärdi. Indi Gülnesibe daýza-da bäbegine başagaý. Ýarasynyň gowy gutulanyny biläýse kakasy ýene uruşlaryna başlar. It uruşlaryna äkider. Ejesem ýene öňküsi ýaly, penjiräň aňyrsyna geçer-de, aglamaga başlar. Samat bu ýagdaýlardan çykalga gözleýärdi.

«Kakama uruşjak däl diýsem näderkä? Gynanar. Ejem bilen bir ýaraşsadylar. Şonda ol ejemi näme üçin urduka? Meni ýeke goýup gideni üçindir. Ýene men günäkär. Alla jan, kömek etsene maňa…»

Samadyň garaşyşy ýaly, Gara Durmaz onuň ýanynda bolmasyny köpeltdi.

— Näme monjugyňy dakynmansyň? Ýaraňa degýärmi?

— Ýok.

— Monjuk dakynar ýaly men gyzmy diýsene! Ejeň-dä. Hany haçan «Gündogar söweşimize» başlarys?

— Kaka şo nämä gerek?

Samat bu soragyň dilinden sypanyna birhili boldy. Ol onuň kakasyna etjek täsiriniň nähili boljakdygyndan çekinýän ýaly seretdi. Gara Durmaz oglunyň bigünä bakyşynyň öňünde durup bilmedi. Ýüzüni sallap, sesini çykarman oturdy. Içinden gaharyna «Saňa gerek bolmasa maňa-da gerek däl» diýip turup gidibersemmikäm diýdi. Soň gaharyny basyp, onuň özüne-de gerekdigi üçin: «O seni adam eder» diýdi.

— Men ýogsa adam bolmarynmy?

— Bolarsyň. Bolup bilseň meň ýaly bolarsyň.

— Şo bolýa-da.

— Bolanok şol. Ýadyňdan çykarma — şol bolanok. Näme üçin bolmaýandygynam meň ýaly bolaňda bilersiň. Sen haçan ulaljak?

Bu soragy Samadyň özem özüne berýärdi. Jogabyny welin bilmeýärdi. Bir görseň ol uly ýalam. Boýy ejesiniň boýuna golaýlapdyr, bir görseňem gözüniň ýaşynam saklap bilmeýän çaga.

— Kaka, men bilemok, men bilemok haçan ulaljagymy? Men ulalmaly däl bolaýmaýyn, kaka?

Samadyň ýene gözüne ýaş geldi. Ol ony ýaşyrjak bolup öýe ylgady. Ol ylgap barşyna ejesiniň ýene penjiräniň aňyrsyndan seredip oturanyny gördi. Elinde daş bolsa häzir penjiräniň aýnalaryny kül etjekdi. Samat bu gezek öňler edişi ýaly kiçi jaýa geçip aglap içini boşatmaga durmady. Jaýa girenden özüni nalajedeýin ýaly duýdy. Yzyna dolandy. Bogazyna dykylyp gelen agysyny saklamaga bir ýerde gaýraty bar bolsa jemledi. Parahatlaşan ýaly bolup howlularyndan çykdy. Köçäň gatnawy, keseki ýüzler onuň agysyna böwet bolmaga kömek etdi. Biraz ýöränden soň, ýüregi küýseýän erkinligini ýolda gördi. Ýol haýsy tarapa sowulsaňam bar, onuň kiçileri uly ýollara sapyp uzap gidip otyrlar. Islemeýän ýeriňden daşlaşdyrýarlar, barasyň gelýän ýere bolsa eltýärler. Ýollaryň adamsyz wagtam ýok, hem töwerekde bir adamam ýok ýaly her kim öz ýoly bilen. Samat bu erkin ýoluň nirä çenli barýanyny aňynda aýlady. Gülnesibelerden geçip kerwensaraýa barýar, ondanam aňryk gitseň daş ýurtlara gidýän kerwen ýoluna sapýar. Kerwen ýoly bolsa seni isleseň Ruma, Şama, isleseň Nişapura, isleseň Bagdada elter…

Gara Durmaz oglunyň turup gidenine näme etjegini bilmedi. Onuň howludan çykyp barýanyny görüp saklasammykamam diýdi. Ýene: «Daş gitse, Gülnesibelere barar. Gitjek ýeri nire?» diýip içeri girdi. Maral oglunyň ilki öýe girip, soňam çykyp gitmesini halamady. Gara Durmazdan «Samada näme boldy?» diýip sorajagam boldy, ýene dilini dişledi. Ol adamsy öýe giren dessine oglunyň yzyndan daşaryk çykdy. Ogly Gülnesibelere golaýlaberende yzyndan ýetdi.

— Oglum, Gülnesibe daýzaňlara barýarmyň?

Samat ejesine jogap bermedi.

— Oglum, ýör öýe gaýdaly… Ýa Gülnesibe daýzaňlaň bir käse çaýyny içäýelimi?

Samat ýene sesini çykarmady. Ol häzir ýöräp barýan ýolunyň kerwensaraýdan geçip uly kerwen ýoluna birigişini görmekçidi. Emma häzir ol mümkin däldi. Göwnündäkini ejesine düşündirip biljek gümany ýokdy. Maralyňam ogluna aýdasy gelýän zatlary kändi. Emma olam näme üçin kakasyndan ýüzüniň sowukdygyna, ony jellat bolmaga özüniň itekländigine, indem oňa puşman edýändigine ogly düşünmez diýip hasap etdi. Şeýdip, daşyndan görmäge biri-birine ýakyn eneli-ogul, hersi öz dünýesinde barýardylar. Ogly ejesiniň, ejesem oglunyň yzyna düşüp Gülnesibe daýzalara barmaga-da, yzlaryna dolanmaga-da taýýardy. Onuň haýsyny edenlerinde-de ikisi üçinem tapawudy ýokdy. Çünki olaryň ikisiniňem barasy gelýän ýerleri öýlerem däldi, Gülnesibe daýzalaram.

Emma anyk nirä barmakçydyklaryny bolsa, ikisem bilmeýärdi. Her kimem gidere ugur tapmasa öýüne dolanýar, bularam yzlaryna dolandylar.

Şol günüň gijesi Gara Durmazlaryň öýünde agyr geçdi. Gara Durmazam, Maralam, Samadam uzak wagtlap ýatyp bilmediler. Olar bir bitewi halkany arzuw edýän üçburçluk ýalydylar. Ol burçlaryň üçüsem halkanyň emele gelmegi üçin biri-birlerine goşulyp ýazgynlyga ýetmelidiklerini bilýärdiler. Muňa içeriniň iň kiçi agzasy, ýaňy on iki ýaşan Samadyňam akyly ýetýärdi. Emma goşulyşmaklyk mümkin däl diýen düşünjeleri bilenem olar galtaşan ýerini gyýýan ýiti burça öwrülipdiler. Olaryň hersi öz ýazgynlygyny ýalňyzlykda görýärdi. Ynsana ýalňyzlyga ýetmegem ýazgynlyga ýetenden aňsat däl bolmaga çemeli. Her burç iki tarapyndanam — Samat ejesi bilen kakasyna, Gara Durmaz ogly bilen aýalyna, Maral ogly bilen adamsyna baglanandylar. Baglaýjy taraplaryň döwülmegi bolsa, burçlaryň ýitmegine getirjekdi. Olar öz barlyklarynyň biri-birlerine baglanmagy bilen emele gelýändigine düşünmeýän ýalydylar. Bu pikiriň dogrudygynam kim bilýär? Adam gatnaşyklary şeýle bir çylşyrymly welin, olara hatda depesinden seredibem belli bir zat aýdyp bolmaýar. Ata — ene — ogul — bu üçlügem häzir düşen günlerinden belli bir çözgüdi görüp bilmänem ahyry uka gitdiler. Ertir olaryň hersi damardaky ganyň ýürek urgusynyň badyna aýlanyp durşy ýaly, öz ömür damarlarynda aýlanmaga başlarlar. Ol urgynyň kimi nireden çykarjagyny ýüregi ilkinji herekete getirenden özge hiç kim bilip bilmez.

Ol gün juma günüdi. Samat metjide diýip çykyp barýarka düýnki kakasynyň beren monjugyny asan ýerinden aldy-da, jübüsine saldy. Juma namazyndan soň, Selman daýysynyň ýanyna baryp içini dökmekçidi. Emma namazdan soň ymam Selmana näme diýjeginem aňynda toplap bilmedi. Ymamam nirädir gyssanýana meňzeýärdi. Emma şonda-da Samada gözi düşüp, onuň bilen elleşip görüşdi. Hal-ahwal soraşdy. Gitjek ýerleri ugurdaş bolansoň, Selman Samady çaga görmän ýoldaş edinip alyp gitdi. Selmanyň gözüne Samat ýadaw beýniňe dynç berýän ýumşak, hoştap ysly bir gül çemeni ýalydy. Ol ony gujagyna alyberesi geldi. Emma şeýle mähir bilen bakylýanyndan utanýan ýaly, ýüzüni galdyryp bilmän barýan Samat gujagyňa alyp göterilýän ýaşdan bir mahal geçip gidipdir. Dünýäniň agyny-garasyny saýgaryp ugran oglanyň uly adamlarda bolşy ýaly, başy gowgalydy. Emma Samat ýagdaýyny özi düşündirme-gä beýle-de dursun, Selman «Saňa näme bolýar?» diýip gönüläp soranda-da jogabyny bererden ýaşdy, çagady. Samada häzir Selman bilen iç döküşse, öz çagalygyny boýun almakdan başga netijäni bermejek ýaly boldy. Hernä Selman ondan hiç zat soramady. Metjitden biraz saýlananlaryndan soň ol Samada «Metjide gelip dur» diýip başga tarapa sowuldy. Samadam öýlerine däl-de, kerwensaraýa tarap gidýän ýola düşdi. Kerwenleriň uzak ýola ugraýşyny synlasy geldi. Bu gezek ony ejesem saklamady.

Kerwensaraý eşekleriň, gatyrlaryň, düýeleriň, adamlaryň sesinden ýaňa dagdan inen şaglawuk ýaly uly ses bolup, güwläp durdy. Bu ýerde arabam bardy, parsam bardy, türkem, kürtem bardy. Hatda hindi hebeşilerem ellerini galgadyşyp ýerli millete gepini düşündirjek bolşup ýördüler. Kerwenler sap-sap derwezeden çykybam durdylar, giribem. Şäherden çykyp barýan düýeleriň hataryna Samat gözigidijilik bilen bakdy. Olar şu gün Gürgençden ugrap ertir, gör, nirä bararlar? Samat özüni şol düýeleriň biriniň üstünde ýaly gördi. Düýeleriň sokduryp sazlaşykly ädýän ädimlerini ol guşlaryň ganat kakyşyna meňzetdi. Gum depeleriniň üstünden düýeler durnalaryň hatary ýaly gaýyp barýardy. Iň öňdäki düýede bolsa kerwenbaşy bolup Gülnesibe daýzanyň ertekisindäki goltugy namazlykly ýaşuly barýardy. Samada onuň ýüzi tanyş däldi emma ýylgyryp bakyşy tanyşdy. Ol: «Eý oglan» diýip gygyrdy.

Samat hyýaly bilen hakykatyň garyşyp gidenine allaniçigsi bolup, tisginip gitdi. Ony gabat garşysyndan bir ýaşuly ýanyna çagyrýardy. Samat onuň ýanyna bardy.

— Oglum, biraz ýüküm bar daşaşyp bilmezmiň? Hammallaryňam boşuny tapyp bilmedim. Siz bir beg ogluna-da meňzeýärsiňiz. Eger ýalňyşan bolsam, bagyşlaweriň.

Samat ýaşuly adamyň özüne «bagyşlaň» diýmesine utanyp gitdi.

— Agam, Allah bizi bagyşlasyn. Göterip biljek ýüküm bolsa göterşeýin.

— Allahdan gaýtsyn oglum. Diýere adam tapmadym, kerwenem bahym ugrajak. Biziň ilde, Bagdatda ýüküňi göterşip berjekler düzüm-düzüm durýarlar.

Samat arapçalap:

— Siz Bagdatdanmy? — diýip sorady.

— Hawa, senem Bagdatdanmy?

— Ýok, men Bagdady görmegiň arzuwynda. Arapçanam şoň üçin öwrendim.

— Bagdat gowy ýurt. Nesibäňde bolsa görersiň.

Samat näme diýjegini bilmedi. Emma oňa häzirki mümkinçiligi sypdyraýsa uly bir bagtyny elinden gidiräýjek ýaly duýuldy.

— Agam, menem alyp gidip bilmermisiňiz. Agam, men Bagdatda-da size kömekleşip bilerdim.

— Ýa, senem oňararýaň-aý. Bagdatda haçan kerwen gelerkä diýip garaşyp duranlar känkä men ýükümi düşürtmäge adamy şu taýdan äkideýinmi?!

— Ýalbarýan, atam!

— Sen maňa ýalbarma. Sen kerwenbaşyň ýanyna ylga, ol düýekeş gözleýärdi.

— Düýekeş näme boldugy?

— Ýolda düýeleriň otuny-suwuny berşersiň. Kim näme buýursa şonam edersiň. Bu-da ýükümi daşaşanyň haky.

— Men pul gerek däl diýdim ahyryn.

— Al-al, bu seniň gazanjyň. Gazanan zadyňy bolsa hökman almalydyr.

Samat eline berlen puly aldy-da, kerwenbaşynyň ýanyna ylgady. Kerwenbaşyny razy etmegem aňsat düşmedi. Ol Samadyň ýüzündäki, elindäki ýaralary görüp, gaçgakdyr öýtdi.

— Gaçgak bolamda siz maňa kömek etmeli dälmi agam?

— Oňly adam gaçgaklyk etmez.

— Öňi-soňy men siziň kerweniňizden galman.

Kerwendäki täjirleriň biri: «Gaçgak bolanda býze näme?» diýse, ýene biri: «Gaçgak adam gündiziň günortany gelip kerwene goşuljak bolasy ýok, sizem bir çagaň gürrüňini uly zada öwürdiňiz. Ugrajak bolsak, ugralyň» diýdi. «Ugralyň» diýen kerwenbaşy Samada sesini çykarmady. Samadam olar bilen bile ýola düşdi. Birbada pyýada-da bolsa ol kä ylgaşlap, kä ýöräp kerwenden galman gelýärdi. Emma, gitdigiçe düýeleriň bady gatalýan ýaly bolup ugrady. Şäherden gowy saýlanan kerwenden galaýsa, nä günlere düşjegi belli däldi. Kerwenbaşy bolsa oňa barmysyňam diýmeýärdi. Samat ýadap ylgaşlamaga ýaraman barha yza galyp ugrady. Düýäň üstünde barýanlaryň kimisi eýýäm ýatypdy. Oýalaram Samady tanamansoňlar, Samadam olara hiç zat diýmänsoň, sessiz-üýnsüz geçip barýardylar. Ahyry ýolagçylardan biri oňa «Oglum» diýip gygyrdy. Ýadawlykdan hem deňinden düýeleriň geçip gidip durşundan aljyrap ugran Samada bu ses asmandan, älemden gelen ýaly boldy. Bu şol ýaşuludy, Gülnesibäniň ertekisindäki ýaşula meňzeýän, Samada ýükümi göteriş diýen ýaşuludy.

— Atam, men galýan. Ýetişip bilemok. Kömek et maňa, atam!

Ýaşuly gapdalda gatyrly bir adama oglany al diýip gygyrdy. Ol adam gatyryny saklap, Samady ýanyna mündürdi. Daljygyp dili damagyna ýelmeşere gelen Samada uzadylan bir owurt suw arzuw eden erkinligindenem, ýolda taşlanman kerwene alynandanam gymmatly göründi. Gürgenjiň buz ýaly bir owurt suwunyň şeýle uly gymmatlyk ekendigini ol häzirem duýmaýardy. Ol janynyň aram tapanyny bilýärdi. Öýünde içse içip, içmese serpip goýberýän suwy şeýle gymmatlyga öwrülen bolsa, yzda galan ejesiniň gymmaty, gör, nähili göterilendir?! Erkinlikdäki ýol azaby bolsa tas ony daljykdyryp, gum garbadypdy. Biraz rahatlaşan Samat yzyna gaňryldy. Gatyryň üstünden oňa inçe tozanyň arasyndan biri-birini gyssaşyp barýan ýaly görünýän düýelerden başga hiç zat görnenokdy. Uzakdaky gözýetim bolsa salgym ýaly gum gerişleri bilen gurşalandy. Öňde-de, çepde-de, sagda-da şol bir görnüş. Taraplar biri-birleriniň şekillerini aýna düşen şekil ýaly gaýtalaýardylar. Dört tarapam deňlenen Samat görnüşleriň ortarasyna düşen mysalydy.

Ol düýn nirädir uzaklara äkidýän ýola düşmäge höwes edip barýarka yzyndan ýetip saklan ejesini ýatlady. Şol wagt ejesiniň yzyndan gelip ýetmegine Samat gynanypdy. Içinden: «Gitsediň, yzyňdan hatda ejeňem ýetip bilmesedi» diýipdi. Häzir şol diýeni kabul bolup, ejesem yzyndan ýetmez ýaly öýlerinden, howlularyndan, köçelerinden, Gülnesibelerden, Selman daýynyň metjidinden şeýle daşlaşandygyna Samat näme üçindir begenmedi. Gaýta howsala düşen ýaly bolup, jübüsindäki monjugy çykaryp boýnuna dakdy. Ony eliniň aýasynda ýylytjak bolýan ýaly, gysymlady. Mümkin, şol ýeke monjukdan mähir ýylysyny isläp ony gysymlandyr? Kim bilýär? Diňe bir zat — ol hem şeýle ýyla mätäçdigi onuň ýüzünden görnüp durdy. Emma häzir onuň ýüzüne bakýan ýokdy. Öň ýanyndaky düýede barýan garry irkilipdir, gatyrda oturanyňam ünsi ýolda bolmaga çemeli. Ol Samady ýanyna alaýanda nägilelik bilen bakyp, suw diýende-de suw uzadypdy. Suw gabyny yzyna alandan soň bolsa, onuň üçin Samadam birdi, içi ýükli horjunam. Hatda horjuny gaçar öýdüp onuň yzyna garanmagy mümkin, Samadyň aladasyny edip welin boýnuny öwürjege-de meňzemeýärdi. Şeýle ýeke taşlananyna Samat çala göwün etjegem boldy. Ýene şular almadyk bolsa, ilersi-gaýrasy aňşyrtmaýan suwsuz çölde ýeke galmagynyňam bolup biläýjek zatdygyny göz öňüne getiren Samat öýkesini unutdy. Ol yzynda galanlaryň özüni ýoklaýyşlaryny, gözlemäge başlaýyşlaryny hyýalynda janlandyrjak boldy. Emma Samat gidenden soň Gürgençde bolup ýören wakalar on iki ýaşly çagaň göz öňüne getirip biljek wakalary däldi.

## 7-nji bölüm

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Gara Durmaz şol gün öýüne giç geldi. Gaty ýadawdy. Maral heniz ony beýle sypatda, beýle ýagdaýda görmändi. Onuň bolup ýörşi durmuş gowgalardan halys basylyp ýaşamakdan bizar bolan ýaly, emma kimdir birem, «ýaşarsyň, ýaşa» diýip yzyndan itip barýan mysalydy. Ol bu gün birinji gezek dört adamyň kellesini bir günde çapmly bolupdy. Hut emiriň öz buýrugy bilen günäkärleriň ählisiniň jezasy bir günüň dowamynda berilmeli edilipdir. Olar köşge garşy baş götermäge synanyşyk eden emeldarlar, hem olaryň ýaranlarydy.  Gara Durmazyň beýnisi bekärçe

bolupdy. Ol dört däl sekiz adamyň kellesini bir günde çapanda-da özüni beýle horlajak adamlardan däldi. Emma şu günki çapylan kelleler onuň häzire çenli çapan ähli elleriniň, kelleleriniň jemindenem agyr düşdi.

Iki sany tebip bilen Gara Durmaz adatdakysy ýaly jeza meýdançasynda jeza beriljeklere arkaýyn garaşyp durdy. Ol şeýle bir arkaýyndy welin, häzir el çapmalymy ýa-da kelle çapmaly, tapawudy ýokdy. Esasy zat näme bolsa-da, çaltyrak bolup geçse, iň gowusy şol. Emma, näme üçindir, jezalandyryl-jaklary getirmän egleýärdiler. Gara Durmaz onsuzam ýalpyldap duran aýpaltasynyň ýasy tarapyndaky göze ilmeýän gyljagazlary süpüren boldy. Onuň bu hereketi ýaranjaň biriniň haýyş etmek üçin uly bir emeldaryň ýanyna baranda, onuň eşigindäki göze görünmeýän hapajyklary ýaranjaňlyk bilen kakyşdyran bolşyna meňzedi. Hakykatdanam, häzir iş şol aýpaltadan bitmelidi.

Gara Durmaz, köplenç, jeza berjek adamlarynyň ýüzüne seretmezdi. Oňa derek hiç wagt ýerinden üýtgemeýän çapgynyň durşuna, şeýle-de her gezek onuň öňüne ýazylyp goýulýan mata üns bererdi. Jezalandyryljaklar getirilenem bolsa, tebipler matany henizem ýazmandyrlar. Ol gahar bilen gabagyny galdyryp, tebiplere seretdi. Olar aljyraň-ňydylar hem iki gözleri jezalandyrmak üçin meýdança getirilenlerdedi. Gara Durmazam biygtyýar olara seretdi. Seredeni bilenem «Hi-i» edip içini çekenini bilmän galdy. Daňylgy gözleriň dördüsem «hi-i» edilen tarapa öwrüldiler. Gözler daňylgam bolsa görjek, agyzlar daňylgam bolsa sözlejek bolýan ýalydylar. Bu aljyraňňylygy duýup nökerbaşy «Jellat» diýip gygyrdy. Hemme zat ýerli-ýerine gelen ýaly boldy. Tebipler derrew matany ýazdylar, esgerler birinji kelläni çapgyýassyga goýdular. Ol emiriň uly wezirlerinden biriniň gara başydy.

Gara Durmaz kakasy pahyryň «Tanaýan adamlaryňy jezalandyrmaly bolaňda işiňe has hem ünsli bolgun. Sen hökmürowanyň hökümini berjaý edýänsiň, garşyňdaky bolsa owaly Allahyň, soňam Onuň ýerdäki wekiliniň gazabyna duçar bolan bendedir. Seniň işiňe has ünsli bolup, buýrugy has göwnejaý ýerine ýetirmegiň tanşyňa edip biljek iň soňky kömegiňdir» diýenlerini ýatlady.

Gara Durmaz özüni rastlap, aýpaltany ýalaňaç boýundan inderdi. Palta işi bitirdim diýýän ýaly, düňk edip çapga baryp degdi. Aşagyna çäge düşelen meýdançada aýak sesem eşidilmezdi. Zyňylyp giden kelle ýazylgy matanyň üstüne keseräk düşdi. Emma ondan misli bu ýerde diňe paltadan ses çykmaly ýaly düňküldi-beýleki eşidilmedi. Kellesiz galan göwräny çeträkde ýazylan çadyryň üstüne süýrediler. Tebipleriň biri kelleli matany düýrläp aýyrdy-da, başga birini ýazdy. Gara Durmaz paltasyndaky gany öňünden taýýar edilip goýlan esgä sylmagam tas unudypdy. Onýança ikinji tanyş kelle-de çapgyda häzir edildi. Ol köşgüň abraýly goşun serkerdeleriniň biridi. Köşkde oňa hemmeler gatnaşan uruşlaryny ýatlap

hem hormat, hem gözigidijilik bilen garardylar. Häzir bolsa onuň depesinden aýpalta ýyldyrap bakýardy. Ine-de, ol ýene bir gezek düňk etdi.

Üçünji kesilmeli kelle Şehdi tebibiň kellesidi. Gara Durmazyň elinden öljekdigi Şehdi tebibe gaty täsir edipdi. Entek gözleri, agyzlary daňylmanka bir sözünde: «Bu pelegiň oýnuna baksana. Bir tanamaýan adama başymyzy aldyraňda bolmadymy? Olam özüni gynamazdy, bizem» diýdi. Goşunda gulluk eden ýanlaryndaky serdar oňa: «Gara Durmazyň özüni gynajagyny näbilýäň? Onuň ýüreginiň daşy besse-besse bolup gatap galandyr. Aýagyňdaky köwşüňden enaýy däldir» diýdi.

— Onam diýme, serdar. Olam ynsan balasydyr. Gül ýaly oguljygy bar. Ýüregi köwüş ýaly adamlarda beýle çaga bolup bilmez.

— Çagaň öz durmuşy, kakaň öz durmuşy. Öýlenseň aýalyň Allah berse çagany ekiz-ekizdenem dograr. Gyzyl ýaly kakalaň ýüzüni gara edip ýören ogullary ýokmy näme? Çaga diýilýänem synalmak üçin dünýä gelenleriň biri. Kakasyz, ejesiz ýetim ulalsalaram, olara ýetim ulaldyňyz diýilmez. Emma ýüregiňi köwüş ýaly edip öz çagaňy özüň ýetim ýaly ulaltsaň, jogabyny bermeli bolarsyň.

— Serdar jellada nämä gaharyň gelýär? Onda günä ýok ahyry.

— Men günäkäri gözlämok, tebip.

Mundan soň gürrüňdeşligiň häzir hiç kime ýakmajagyna düşünip, Şehdi tebip soraglaryny içinden özüne berdi, soraglarynyň jogabynam özi berdi. Şehdi tebibiň beýleki ýoldaşlary häzirki ýagdaýlarynda her kime özünden ýakyn söhbetdeşiň ýokdugyna düşünen ýaly, seslerini çykarman otyrdylar. Şehdi tebip diňe agzy-gözi daňylandan soň, özi bilen sorag-jogap alyşmasyny goýdy. Ondan açyk galan gulaklaryny işletmek talap edilýän ýaly boldy. Gara Durmazyň «hi-i» etmesi ony allaniçigsi etdi. Garawulbaşynyň «jellat» diýip gygyrmasy oňa ynsan sesiniň şeýle aýylganç, şeýle ýaramazam bolup bilýändigi bilen haýran etdi. Soňra aýpaltanyň ikinji düňküldisini eşidip, özüne geldi.

Tebip öz kellesini özi çapdyrman goparjak bolýan ýaly, iki ýana çaýkaýardy, silkeýärdi. Mümkin, ol iň soňky gezek ýagty jahany görjek bolýandyr? Ýa-da kellesini Gara Durmaz çapjakmy ýa başga biri, şony biljek bolýandyr? Ol düýn onuň ogluny ölümden gutarypdy ahyryn?! Mümkin, ol häzir Gara Durmaza kömek etjek bolup dyzaýandyr? Oňa şu wagta çenli bilmedik, Şehdi tebip aýdaýmasa başga hiç kimden eşitmejek hakykatyny eşitdirmekçidir? Mümkin, Gara Durmaza Şehdi tebip yzynda galjak durmuş bilen ýeke-täk baglaýjysy ýaly garap, bir topar zatlary aýdasy gelýändir? Agzyny boşatjak bolup yhlas etmegi, çabalanmasy şondan bolaýmasyn? Onuň soňky sözi bilenem çäklenmän, gürlejek bolma-gynyň sebäbi şudur belki?

Gürlejek bolýanyny kim bilýär? Mümkin, ol görjek bolýandyr — Gara Durmazyň gaşynda gaşlaryny çytyp, eli aýpaltaly durşuny görjek

bolýandyr? Şony görüp onuň özi iň soňky deminde şu wagta çenli düşünip bilmän gelen hakykatyna düşünmek isleýändir?!

Onýança-da, tebip depesini aýylganç bir gaty zada degrenini bildi. Ol gaty zat kellesiniň süňküni owan Ezraýylyň eli ýaly bolup görnüp gitdi. Şular ýaly bolanda ulanylýan gürzüni alyp, esgerleriň biri onuň kellesine urup goýberdi. Kelle çapylmanka gana boýaldy. Özünden giden tebibiň gara gan kellesini çapgyýassygyna goýdular. Çal kelle gürlejegem bolman, görjegem bolman, bar islegi şol gürziň urgusyny iýmek ýaly, indi rahat ýatyrdy. Ýene-de öz dilinde aýpalta gepledi.

Soňuna galan ymam Selmandy. Ol ölüminiň ýakynlaýandygyny barha ýiti duýýardy. Selman ajal hakynda köp oýlanardy. Käbir adamlara öljekdikleri özüne ýalan ýaly görünse-de, Selman ony görýärdi. Ony görmegi üçin adama gözüniň daňylgy ýa-da açyk bolmagam tapawut etmeýärdi. Şeýle aç-açan zadyň şeýle aç-açanlyk bilenem özüne tarap gaýdyp häzirem şeýle ýakynyna gelendigi ony tolgundyrýardy. Ol şu wagta çenli ajala täze gapynyň açylmagy diýip düşünip gelipdi. Ol gapy ýogalan adamyny garaňkydan ýagtylyga çykarmalydy.

Gözleri daňlyp dünýe garaňkylyga öwrülende Selman şol pikirleri tassyk bolup, häzirem ýagty-lygyň gapysy açyljak ýaly çalaja begendem. Emma, ýene-de az salymam bolsa, bu dünýede ýaşamaga bolan islegi şunça ýyl garaşdyryp dünýä inenine üç gün bolan gyzjagazynyň şekilinde onuň hakydasyndan gitmeýärdi. Onuň daňylgy gözleri gundalgy bäbeginden başga hiç zady görmeýärdi. Daňylgy dili öz-özi bilen diňe şol bäbeginiň gürrüňini edýärdi. Aýalyna onuň adyna Rabiýa dakaly diýip aýtmaga ýetişeni üçin dünýä inip etmeli iň wajyp işini eden ýaly begendirýärdi.Gara Durmazyň «hi-i» edip içini çekmegi oňa bäbeginiň salançagyndan ýykylanyny habar beren ýaly, gorkunç eşidildi. Ol bäbeginiň sallançakdan gaçyp barşyny gördi. Edip biljek kömeginiň ýokdugyndanmy ýa-da daňylgy gözlerine bu wakanyň görnüp bilşine haýran bolupmy, hereket-siz doňup galdy. «Jellat» diýlip aýylganç gygy-rylmagy sallançakdan gaçan bäbek heniz ýere ýetmänkä wakany dyr-pytrak etdi. Selmanyň gözleri ýene garaňkylyga dolanyp geldi. Ol garaňkyda bolsa Selman ýaşamasynyň dowam edýändigini görýärdi. Ol bir halypasynyň ölümi düşündirende ulanan deňeşdirmesini ýatlady: «Ýumurtganyň içinde ýatan jüýjäniň daşyny gurşan gabygy çokup ýaryp ýagty jahana, bilmedik, görmedik, ýumurtgadan çykaýmasa asla düşünibem bilmejek dünýäsine düşüşi ýaly, adamam ölenden soň görmedik, bilmedik, hatda düşünibem bilmejek dünýesine düşýär». Selmana düňküldäp eşidilýän aýpaltanyň sesi şol garaňky ýerden ýumurtga gabygyny çokýan jüýjäniň çüňküniň sesi ýaly bolup eşidildi. Ol täze dünýä düşjegine hasam berk ynandy. Bütin ömrüne nämekä diýip gelen rahatlygy aýaly Gülnesibäniň gara saçlary bolup gözüne döküldi. Gara saçlar onuň gözüni gapmaga derek mylaýym rahatlygy getirdiler. Köňül, ýürek nämekä

diýip öz ýüregini köp gezek göz öňüne getirjek bolan Selmana ýüregem göründi. Ol ak arlyga dolangy eljagazlaryny dynuwsyz hereketlendirip ýatan bäbejigidi. Ol bäbekmi ýa ýüregimi — ýüregimi ýa bäbek diýen soragy özüne bermeýärdi. Çünki akylyňy haýran edýän görnüşde olaryň ikisem bir zada öwrülipdiler. Selman ajalam gördi. Ol hakykatdanam gapy eken, aňyrsy nurdan doly gapy. Onuň kellesini eltip şol gapynyň işigine goýdular. Selman begenjinden kelemeýi şahadat getirdi. Kelemesini gaýtaryp bolansoň, çalaja süýşdi-de kellesiniň çapgyda ýatyşyny hasam rahatlandyrdy. Aýpalta bu günlükçe iň soňky gezek ses etdi.

Kim bilýär, iň soňky gezek däldir, çunki entek Günüň ýaşmagyna wagt bardy.

Gara Durmaz her elinde bir kelleli düwünçegi göterip öňünden barýan tebipleriň deňinden geçip bilmedi. Ol kelleler ýöne bir kelleler däldiler. Çapylandan soňam olaryň deňinden geçäýmek aňsat däldi. Olaryň biri bilen söhbetdeş bolup, birine gözügidijilik bilen garap, ýene birine alkyş baryny aýdyp, hatda duz-emegem bolan Gara Durmaz öz egnindäki kelläniň şolardan nämesiniň artykdygyny görüp bilmedi. Tapawut Gara Durmazyňky egninde, olar bolsa düwünçekde gana bulaşyp ýatyrdylar. Ol kelleleriň Gara Durmazyňkydan kysmaty ýaman eken. Kim bilýär, içindäki pikirlerem… Bir zat welin belli, olar içindäki pikirleri sebäpli özlerini göterip ýören göwrelerinden jyda düşüpdiler. Nähili aýylganç!

Olara goşulmanyna Gara Durmaz şükür etdi. Ymam Selmanyň metjidinde häzirki düwünçekde ýatan kelleleriň beýleki üçüsi, ýene-de alty-ýedi adam ymam Selmany alyp bir ýere gidipdiler. Olar şonda Gara Durmaza-da ýör diýdiler. Çagyrýanlaryň örän mertebeli adamlardygyna garamazdan şonda ol bir bahana tapyp galypdy. Mümkin, özüni olar bilen oturardan pes görendir. Häzir welin olar Gara Durmazyňkydan pesde — düwünçeklerde ýere sallanyp barýardylar. Şol gün oňa bahana tapdyran kakasynyň tabşyrygy bolupdy. Onuň halasgäri ýene kakasy bolup çykdy. Kakasynyň maslahatyny tutmadyk bolanda, häzir oňam kellesiniň düwünçekde bolmagy gaty ähtimal eken. «Kelleler» ony öz gününe goýmaýardy. Ertirem çapylmaly kelleler bolar. «Döwlete garşy gitmek nämäňize gerek diýsene. Käşkä ýaş-ýeleň bolsaňyz? Hiçiňizem menden kemakyl-a dälsiňiz. Selmanyň dagy yzynda şunça ýyl arzuwlap ýeten balasy galdy. Eý Hudaý, bu işi meniň elim bilen etdirmäňde bolmadymy?» Gara Durmaz öz ogluny ýatlady. Emma ýerine onuň ýaralarynyň üstüne eglip tenini mata tiken ýaly tikip oturan Şehdi tebip geldi. «Köşk tebiplerini ugradyp gelemsoň «Indi hemmämiz özli-özümiz» diýipdi. Meni özüniňki hasap edýärdi. Men bolsam onuň kellesini çapdym. Kakamyň öwredişi ýaly, yhlas bilen çapdym. Dagy nätmelidim? Paltamy taşlap gaçmalymydym? Gaçyp nirä gitjek? Takdyryndan gutulan barmy? Gaçyp gutulyp bolýan bolsa, o bendelerem çapgyýassygyndan gaçmaz-mydylar? Allahym gowusyny edewersin».

Gara Durmazyň pikirlerini agşam namazynyň azany bozdy. Ol bu gezek namaza has jogapkärli, Allahyň öňünde sejdä gitmek üçin, Ondan dileg etmek üçin duranyny has ýiti syzyp durdy. Ol ýüregi bilen namazyny okap, Allahdan bela-beterlerden goramagyny, eden tobalaryny kabul edip günä-ýazyklaryny geçmegini diledi.

Öýüne gelende ony kalbyna aralaşan boşluk ýaly ýekelik garşylady. Kakany bilen açylmansoň, ýanyndaky açary bilen gulply gapyny açmaly boldy. Maral dagynyň öýde ýoklugynam duýmady. Aşhanada üsti basyrylgy goýlan çaýyny öňüne aldy. Çaý sowabam ýetişmändir. Diňe onuň haçan demlenenini biljek bolup öňüne alan ýaly, Gara Durmaz käsesine guýan çaýyndan ýekeje gezek owurtlady. Göwnüne häzirki ähli hereketlerini kimdir başga biri etdirip duran ýalydy. Maral dagyň henize çenli beýdip giçlik öýden çykan wagty ýogam bolsa, Gara Durmaz muňa ünsem berenokdy. Häzir ol ýekelige zardy. Çagalary gelmänkä başyny basyryp ýatmak üçin ýerine geçjek boldy. Çünki Maral gelip: «Neneň şeýle adamlaň kellesini çapmaga eliň bardy? Nädip indi Gülnesibäň ýüzüne seretjek? Men çapmadyk bolsam, başga biri meň kellämem bile çapardy diýjekmi? Şehdi tebibe neneň dözdüň? Ol seň ogluňy ölümden gutarmadymy näme? Beýdip geleniňden-ä kelläň çapylyp, gelmedik bolsaň gowy bolardy» diýäýjek ýalydy. «Ýatybam bu soraglardan halas bolup bolmaz. Eý Allah, maňa dogry ýoluňy görkez. Günäkär bolsam, jezamy ber. Kyýamatahyra goýma, men çydamaryn».

Gara Durmaz kybla bakyp dyzyna çökdi. Oturan ýerinden kellesini sejdä goýup aglamaga başlady. Ol jeza jaýynda gözleri daňylgy tanyş ýüzlere gözi düşüp «hi-illdäp» içine çeken sähelçejik deminiň azaryndan halas boljak bolýardy. Şol bir ýuwdum howa onuň gursagyna dykylypdy, bogazyny bogupdy. Her dürli pikirleri, iç gepletmeleri, esgä dolangy kelleleriň arasynda öz kellesiniň ýokdugyna şükür edibem şol dykyny aýryp bilmändi. Ine, ahyry özüne-de jeza diläp Allaha ýalbarmaga oturanda ýüregine giňligiň aralaşýandygyny syzdy. Ol Selmanyň jeza wagzyndaky biçäreler mysalydy. Gara Durmazyň hasratdan-gaýgydan, agyr pikirlerden, agysyndan ýadan beýnisi doňup başlady. Gara Durmaz beýnisi uka gidýärmi, ýa dilegi kabul bolup, jezasyny çekip, bu dünýe bilen hoşlaşýarmy düşünip bilmän, erkini gidirip ugrady. Beýnisiniň doňmagy ony gorkuzmady. Ol bu ýagdaýyndan çykjak bolup hiç bir hereketem etmedi. Gaýta özi-özüni gark edýän ýaly, meýletinlik bilen şol doňaklyga çümüp ugrady. Hakykatdanam, ýadaw beýni özüni halas etmek üçin bu dünýäni duýmasyny goýdy. Gara Durmaz doňan ýaly, sejdedäki ýagdaýynda bir ýana agdy.

Maral agşam namazy golaýlanda ýüregine howsala düşüp, ogluny ýoklap başlady. Ilki bilen Gülnesibelere baryp gördi. Gülnesibe şu gün uzyn günüň dowamynda Samady görmändigini aýtdy. Belki juma namazyndan soň ymam Selmanyň ýanynda galandyr? Agşam namazyny

okamak hem Selmandan Samady soramak üçin Maral Gülnesibelerden çykyp metjide bardy. Namazdan soň sorap-idese, Selman juma namazyna ymamlyk edenden soň metjitde uzak eglenmän gidipdir. Samadam onuň ýanynda eken.

«Olar nirä gitdikä? Öýlerine geläýjek ýaly? Eý Hudaý, öýle wagty gidişlerine agşam düşübem olar ýok. Gülnesibe-de olardan habarsyz. Köşge gidip kakasyna habar beräýsemmikäm? Ýok, ol Selmany şeýle-de halap baranok. Aýdanym bilenem köşki taşlap oglunyň gözlegine ylgasam ýok-la. Wah, oň ogul nämesine gerek. Ýumruklap-ýenjip, ýa itine çeýnetdirip ogluna gün görkezdimi? Selman ony indiki görjek azaplaryndan halas etmek üçin gizläp ýören bolaýmasyn? Men ýene Gülnesibäni göreýin. Ol hökman bir zat bilýändir». Maral garaňky gatlyşyp barýanam bolsa Gülnesibelere gitdi. Gara Durmazam işinden haçan gelse geläýmelidi. «Gelse gelipler geçsin-le, oglumdan gowy däl» diýse-de, ilki öýüne baryp Gara Durmaza çaý demläp basyryp goýdy.

Maral ýel ýaly bolup Gülnesibelere bardy. Ol Samady şol ýerden tapmakdan heniz umydyny üzmändi. Emma öýde gyzjagazy bilen Gülnesibeden başga adam ýokdy. Maral göwnüne gelen pikirleri aýdyp, hernäçe özelenip sorasa-da, Gülnesibe adamsynyň niredediginden, Samady bir ýerde gizlemekçi bolýandygyndan habarsyzdygyny gaýtalap durdy. Maral Gülnesibeden öýkelejek ýaly edibem gördi. Emma onuň hiç zatdan habarsyzdygy çyn bolmaga çemeli. Öňi-soňy, eger Samady Selman gizlänem bolsa, Gara Durmazyň güýç ulanyp ony tapdyrjagy gürrüňsizdi. Eger ikisi bile gizlenen ýa-da bir ýana gaçan bolsalaram, Gara Durmaz Gülnesibä gün bermez.

«Ol-a meň ýaly öýkelän bolup oňmaz. Bu zatlary Selmanam-a pikir edendir. Onda ol oglumy alyp nirä gitdikä? Myhmançylyga giden ýerine äkiden bolaýmasyn? Belki Samat jan eýýäm öýdedir?».

Maral öýüne ylgady. Ýolboýy ogly gelmedik bolsa Gara Durmaza näme jogap bererin diýip oýlanyp laýyk jogap tapyp bilmedi. Emma öýe ýetip gapynyň açylanyny görüp begendi.Onda-da barşyna  öe girmän daş işikde diňşirgendi. Öýden hiç bir ses gelmeýärdi. Ol ýuwaşlyk bilen içeri girdi. Gara Durmazyň öz jaýynyň bir burçunda düýrlenip ýatanyny gördi. Samady gözläp beýleki jaýlara seredişdirdi. Samat ýokdy. Maral näme etjegini bilmän iki jahan owarrasy boldy. Çünki Gara Durmazy turzup oňa oglunyň ýokdugyny aýdaýsa uly gohuň turjagyny bilýärdi. Özi turup Samdyň ýokdugyny bilse-de näme üçin wagtynda maňa aýtmadyň diýip ýene gamçy iýjek Maraldy. Ol ejirli sagatlaryny süýndürip, näme etjegini bilmän durdy. Ýassyksyz-zatsyz, dyzyny döşüne çekip uklap ýatan adamsynyň ýüzüne seretdi. Maral onuň ýerine geçmän şeýdip ýatyşyny birinji gezek görýärdi.  Onuň şol bir ýüzi, şol bir agyrlygy. Ol adamsyny atdanlykda oýaranlardan bolmak üçin çäýnek-käseleri şakyrdadybrak

aýyrdy. Oýanmadymyka diýip, howsalaly yzyna bakdy. Gara Durmaz oýanmady.

Onynça-da gapy kakyldy. Maral muňa Samatdyr öýtdi. Dünýäni unudyp gapa tarap ylgady. Bärden barşyna «Samat» diýip gygyrdy. Emma oňa gapyny has batly kakmak bilen jogap berdiler. Muňa garaşyp ýatan ýaly Gara Durmazam öýden çykdy.

— Size gyssagly köşge gelmeli diýlen buýruk bar.

— Häzir, geýindigim barýan.

— Ýok biz sizi alyp gitmeli.

— Näme boldy beýle? Häzir geýineýin, bile gitmeli bolsa, bile gidäýeris.

Gara Durmaz öýe girişine Maraly çagyrdy.

— Samat ýatyrmy? Degme ýatsyn. Onyň seň gorkajygam. Ondan meň kärimi ýöreden bolmaz. Aý, geregem däl-le. Başga-da kär gyt däl. Hany, arkaýynçylykda üç bolup maslahat ederis-dä… Sen häzir Gülnesibäň ýanyna git. Düýn köşkde Selman öldürildi. Şehdi tebibem… Irden, namazdanam öň köşge adam alyp barsyn, men olaň jesetlerini çykarmaga kömek edeýin. Ýöne aglap-eňräp ýörmäň… Diliňize, özüňize berk boluň. Kysmatlarydyr-da bendeleň. Bolýar, men gitdim.

Esgerleriň öňüne düşup garaňka siňip giden adamsy Maraly haýran etdi. Ol häzirki däl, gadymky Gara Durmazdy. Sesiniň mylaýymlygy, gözündäki gussa… Onuň şol gadymkysy ýaly öz hoşlaşyşyny edip «Bolýar, men gitdim» diýmänine näçe ýyl bolduka? Şeýdip hoşlaşmak bu gün onuň nireden ýadyna düşdükä? Maral bu zatlaryň hemmesini öz gorkusyndandyr öýtdi. «Meňem başym çaşyp barýar öýdýän. O nämeler diýdi? Gülnesibe…» Ol daşaryň garaňkysyna seretmän Gülnesibelere tarap ugrady.

Gülnesibe-de bu gijäni ýatman geçirdi. Agşamara Maralyň aýagy ot basan ýaly bolup Samady gözläp gelmegi onuň howsalasynyň başy boldy. Maralyň soň gelip Selmanyň juma namazyny okadandan soň metjide-de barmandygyny aýdyp eden düşnüksiz gürrüňleri hasam alada goýdy. «Selman Samady näme üçin gizlesin? Maňa-da aýtman, heý Samady alyp bir ýurtlara gaçyp gidermi? Maral Selmana beýle işleri edendir öýdüp nähak günä göterýär. Onda Selman nirä gitdikä? Ýa Samada ýüregi awap, bir işler edäýdimikä? Näme etse-de, menden habarsyz etmejek ýaly».

Gülnesibäniň iki gözi gapydady. Gujagy bäbeklikä ýeke goýup adamsynyň şeýle garaşdyrmasyny ol näme bilen delillendirjegini bilmeýärdi. Selman aňsat-aňsat ýaban ýatmazdy. Eger biriniňkide galaýjagam bolsa, hökman habar ibererdi. Bu gije welin ne habar bar, ne özi. Maral gelip gideli bäri tolgunmasy galmaýan Gülnesibe oturyp-turup karar tapanokdy. Sähel zada tisginip gidýärdi. Samadam, Maralam gaýgy edýärdi. «Samat tapylmasa Gara Durmaz ony öldürmese-de biridir» diýip

göwnüne getirip durka gapy çalaja tykyrdady. Ol gapyny çalt açdy. Gapynyň agzynda Maral ýüzüni ak tam edip öýe girip bilmän durdy.

— Çaltyrak gir, gapyny gulplaýyn. Gelse-de açyp bilmez.

— Ajal gelse gapyň gulpuna seretmeýän eken, jora jan.

— Bir alajy bolar, gorkma.

— Nä alajy bolsun, ölümiň. Ol gaçsaň tutýar, bukulsaň tapýar.

— Selmana näme bolduka, olam şindem gelenok. Dur men çyrany öçüreýin.

— Çyramyz bireýýäm öçdi, bireýýäm öçdi. Selmanam indi gelmez, jora jan.

— Maral düşnükli aýtsana, Selman näme üçin gelmez?

— Diýibilmesem nädip diýeýin, aýdyp bilmesem nädip aýdaýyn, Nesibe jan.

Maral jorasyny gujaklap hunybirýan aglamaga durdy.

— Näme bolanam bolsa, sen aýt. Hany Sel-man? Samat tapyldymy?

— Ýok, Nesibe jan, Samatdan gördüm-bildim ýok. Selmany bolsa... — Maral şum habary birbada aýdyp bilmän sojap-sojap aglady: — Selman köşkde öldürilipdir. Gara Durmaz ertir namazyndanam öň geliň jesedini çykarmaga kömek edeýin diýdi. Diliňize bek boluň, aglap-eňremäň diýdi. Bagtymyz ýatandyr, jora jan.

— Gara Durmazyň özi häzir nirede?

— Köşge alyp gitdiler.

Maral şu wagta çenli dogumly, hiç bir kynçylykdan basylmajak ýaly bolup görünýän Gülnesibäniň eginleriniň gysylyp, bir gysymjyk aýala öwrülenini gördi. Emma bu uzaga çekmedi. Gülnesibe ýene öňki keşbine geldi. Gaýta öňküsindenem dogumlanyp, garadangaýtmaz sypata girdi.

— Menem häzir gideýin. Sen gyzymyň ýanynda bol. Gapyny kim kaksa-da açmagyn. Çyranam öçür. Men çalt dolanjak bolaryn.

Bu dogumly aýal adamsy bazara gidip olam yzyndan ýüküni göterişmäge gitmeli ýaly, Maraly haýran edip gözden ýitdi.

Gülnesibe köşge gelende töweregi goşun gurşapdyr. Ol atlylaryň arasyndan geçip köşge nähili ýakynlajagyny bilmän durka: «Gülnesibe hanym» diýip biri gygyrdy. Bu atly esger öň bir gezek gije gelip Selmany öýden alyp gidipdi. Şonda Selmany öýüne çagyran emiriň uly wezirinden biri eken. Bu gije gelmejegini aýdyp giden Selman ertesi namazdan soň gelip: «Emiriň ýanynda şeýle akylly adamlaryň barlygam gowy zat» diýip gijeki myhmançylygyndan hoşaldygyny gürrüň beripdi. Gürrüňiniň arasynda ol weziriň adynam aýdypdy. Gülnesibäň häzirki niýeti şol weziri görüp, Gara Durmazyň habarynyň anygyna ýetmekdi. Emma adyny tutup gygyrýan atlyny ol tanamady. Gülnesibe tanamasa-da, häzir tanaýanlardan bolmalydy.

— Hanym, täze emir sizi irden hemmeden öň kabul etmekçidi. Sizi alyp gelmegi maňa buýurdy.

— Irdene goýup oturman häzir kabul edende bolmazmyka?

— Men ony derrew bilip geleýin, hem siziň geleniňizi aýdaýyn.

Nöker köşge gitdi. Gülnesibe özüniň beýle alada bilen gurşalmagyny geň gördi. «Täze emir diýýäni kimkä? Öňki emire näme bolduka?» diýip, içinden pikir öwürýän Gülnesibe uzak garaşmaly bolmady. Ony goragdan geçirip köşge alyp bardylar. Tagtyň üstünde oturan täze emir — Selmany öýünde myhman alan wezir bolup çykdy.

— Ymam Selman ýaly adamlar bu dünýä seýrek gelýär. Şeýle adamyň ýanýoldaşy bolmagam uly bagt. Biz onuň bilen, köplenç, bir-iki sagat, ýekeje gezegem uzak gije söhbetdeş bolduk. Şonda-da ol beýik adamkärçiligi, dury paýhasy, çuňňur ylymy bilen ýüregimize ornap, onda baky orun aldy. Size bolsa onuň bilen bütin ömri bile geçirmek bagty ýetdiripdir.

Adalatsyz, azgyn, ýurdy talap gezen hökümdary hiç bir gan dökmezden agdarmak başartmady. Şol dökülen ganyň içinde ymam Selmanyň hem gyrmyzy ganynyň bardygyna men hem çyn ýürekden gynanýaryn, hem ýüregimiň jümmüşinde begenjim bar. Çünki bu işde başyny gurban edenler şehitdirler. Olar Syrat köprüsinden geçirilmän, sorag-jogap azaplaryny görmezden behişde bararlar.

Ýere bakyp, gözleriňizden dür kibi damjalaryňyzy dökmäň. Siz başyňyzy dik tutmaga haklysyňyz. Ymam Selmanyň ady ýurduň taryhyna altyn harplar bilen ýazylar. Häzir gynançdan ýaňa para-para bolýan ýüregimizde onuň adyny baky götereris. Ertir öz şehitlerimize biz iň ýokary mertebeleri berip iň uly öwlüýäçylykda ýere depin ederis. Emma, özleri bolmasa-da, olaryň ady köçelerimize, şäherlerimize dakylar. Onuň yzynda galanlary köşk öz üpjünçiligine alar. Siziň islendik haýyşyňyzy ýerine ýetirmäge biz özümize uly sogaplar gazanmaga berlen mümkinçilik ýaly gararys…

Mundan artyk çydap bilmän, aýagynyň ysgyny gaçan Gülnesibe köşgüň daş düşeginiň üstüne özüni goýberdi. Täze emir: «Suw getiriň» diýip gygyrdy. Getirilen suwy tagtyndan düşüp Gülnesibä öz eli bilen uzatdy.

— Sag boluň, kyblaýy älem. Bir damja ganymy geçseňiz sizden haýyşym bar.

— Gözüm üstüne.

— Öňki emiriň jellady Gara Durmazyň başyny aldyrmazlygyňyzy haýyş etmekçi bolýan.

— O näme üçin hanym? Ol…

— Bilýärin, kyblaýy älem. Sözüňizi soňlaman goýup näme diýmekçi bolandygyňyza düşünýärin. Ýöne ol bütin ömrüne diňe buýrulan ýumşy edip ýaşady. Näme günä edilen bolsa-da, ol oňa bilkastlaýyn goşulan adam däldir. Şonuň üçinem, geliň, bizem bilkastlaýyn onuň başyny almalyň. Doly azat etmeseňizem, onuň ganyny geçip, ömürlik zyndana taşladyň.

— Bolýar hanym.Siziň islendik haýyşyňyzy ýerine ýetirmegi boýun alanym üçin, onuň başyny almaly diýip çykaran permanymy ömürlik zyndana atmaly diýen perman bilen çalşyrýaryn...

Gülnesibäni köşgüň atly arabasy bilen öýüne getirip gitdiler. Şol wagt Selmanyň ymamlyk eden metjidinden ertir namazynyň azanyna gygyryldy. Bu azan sesinden boldumy, ýa-da öýüne gelip ýetim galan gyzyna gözi düşenden boldumy, ýa bu ýat ýurtda ýeke-täk iç döküşýän jorasy Maraly görüpmi, Gülnesibe eňräp-eňräp aglady. Ýüzin düşüp aglap ýatan jorasynyň başujuna geçip Maralam hem öz agysyny, hem jorasynyň agysyny aglamaga durdy. Olary indi diňdirip biljek güýç ýok ýalydy. Agy seslerine oýanan gyzjagaz ilki dikelip aňk-taňk boldy. Hiç zada düşünmänsoň olam aglamaga durdy. Gyzynyň sesi Gülnesibäni dikeltdi, Maraly gözýaşlaryny süpürişdirip çagany gujagyna almaga mejbur etdi. Öz agysy bilen ululara sesini goýduran çagaň özem uzak aglaman diňdi.

Ertir namazyndan soň uzaga çekdirmän şäherde jarçylar döwlet ýolbaşçylygynyň täzelenendigi hakyndaky habary ýaýratdylar. Ondan soň köşkdäki uly wezirleriň biriniň, goşunda ady belli serkerdäniň, ymam Selmanyň hem Şehdi tebibiň duşmanlar tarapyndan şehit edilendigi hakynda habar berildi. Ýurtda ýedi günlük ýas yglan edilip, şehitleri uly dabara bilen jaýladylar. Ýedi gün ýas tutan mahallaram, hatda şehitleri öwlüýäde jaýlan mahallaram şäheriň ilaty biri-birinden döwlet agdarlyşygy hakynda täzä-täze habarlary eşitmegiň, eşidenlerini eşitdirmegiň keýpinde ýaşaýardy. Görenä ýok welin, eşidilip oturylsa emire garşy dil düwşenler iki topara bölünipdir. Biri häzirki emir bolan weziriň topary, beýlekisi bolsa öldürilen weziriň topary. Häzirki emir döwlet agdarlyşygynyň edilmegine bir gün galanda, soň tagt dawasy bolmasyn diýip emiriň hut özüne beýleki topara girýänleri elinje satanmyş. Şeýdip ol hem-ä geljekki garşydaşyndan dynypdyr, hem emiriň ynamyna giripdir. Emiriň goragçylaram hakyky duşmanlary ele saldyk diýip arkaýynlaşypdyrlar. Pursat arap duran täze emir wagty geldi diýip, emiri öz eli bilen öldürip tagta geçenmiş.

Bu myş-myşlar şäher ilatynyň içinde möwç ursa-da, şol pajygaly gün gijesi bilen urulmaga-ýenjilmäge, hatda ölümine-de razy bolup oturan Maraly gyzyklandyrmaýardy. Ol ogly Samat hakynda hatda «myş-myşam» eşitmeýärdi. Ilkibada onuň göwnüne oglam Selman dagy bilen tutulyp jezalandyrylandyr diýen gorky geldi. Ýaş çaga ölüm jezasy berilmese-de, gamçy bilen urlup goýberilmegi bolup biljek zatdy. Şeýle jeza berilse olam hökman aýdylaýjak ýalydy. Gülnesibe taze emirden Gara Durmazyň gara başyny dilände, ol jezalandyrylanlaryň arasynda jelladyň ogly bar bolanlygynda hökman aýdardy. Şonuň üçin Gara Durmaza ýeňillik berip biljekdigini tekrarlardy. Selman, mümkin, Samady gaçyryp ýetişendir? Hiç zat anyk däldi. Samat hakynda ýeke-täk habar bardy, olam bir adam ony kerwensaraýyň ýanynda görüpdir…

Boşan jaýda Maralyň ýeke özi gugaryp galypdy. Dek düýnem ol bu jaýy terk edip gitmegiň alajyny tapyp bilmän otyrdy. Häzir bolsa çar tarapy açyk. Ony saklajagam ýok, gitdiň diýip gözlejegem ýok. Çar ýany açygam bolsa, ol hatda ýiten oglunyň gözlegine-de gidip bilmän otyrdy. Çünki bir gezek däl, birnäçe gezek şu öýe düşen gününe nälet okanam bolsa, boşap galansoň giňän ýaly görünýän bu jaý bir aýratyn güýç bilen ony özünden goýbermeýärdi. Ol güýç bendilikde ýatan Gara Durmazyň ejizliginiň güýji däldi. Maral oňa dözmezçilik etjege meňzemeýärdi.

Hanha, Samadyň ýöremäni öwrenjek bolup büdüräp ýykylanja ýeri. Hanha, onuň kakasyna galpajygyny syrdyran ýeri. «Eje arapça Allah diýip ýazyp bereýinmi?» diýip diwaryň ýüzüne bir enaýyja edip «Allah» diýip ýazan ýeri. Mümkin, şu zatlardyr ony bu ýere ýüpsüz baglap oturan? Ony bu ýerde saklaýan ýalňyzlygy ýalydy.

Samadyň şojagaz ýazgysyny jaýy timarlan ussalaram bozman geçipdiler. Maral häzir ol ýazgyny Käbäniň daşyny ogşaýan ýaly ogşap aglaýardy. Samadyň uly ýola düşüp gidip barşyna yzyna gaňrylyp garanyşy göz öňünde janlanýardy. Ol Samady Gülnesibelere ýetmänkä yzyna düşürip alyp gaýdan gezegi ony şeýle şekilde görüpdi. Şonda Maral ogluna soňky gezek göz öňünde galar ýaly derejede has ýiti sereden bolarly:. «Yzyňa gaňrylyp-gaňrylyp, ýüregimi gaňryp goparan balam, nirdesiň?«

Gülnesibäň barlygam bir gowy zat. Ýogsa özüni oduň içinde galan ýaly duýýan Maral näme etjeginem biljek däldi. Maral Gara Durmazyň bir çemçe ganyny Gülnesibäniň hut täze emiriň özünden diläp alandygyny eşitdi. Ol muňa haýranlar galdy. Adamsynyň kellesini kesen jelladyň günäsiniň geçilmegini Gülnesibäniň näme üçin haýyş edendigine hiç düşünip bilmedi. Beýle zady özüniň asla başarmajagyny boýun alyp, Gülnesibä taňryýalkasyn aýtdy:

— Bilýänsiň, men Gara Durmazy itinden beter ýigrenýärdim. Samadymyň ýitmeginiň o-da uly günäkäridir. Samat ondan sypjagyny bilse, her zat etmäge taýýardy. Maňa-da ol çyragly günümiň öňüni gabap duran gara bela ýalydy. Birdenem ol bela ýumruldy welin, oňurgamyň ýülügi ýolnan ýaly bolaýdy. Ony seň näme üçin ölümden halas edeniňi bilemok. Bu eden ýagşylygyňy men ömrüm ötinçä hyzmatyňda gezsemem yzyna gaýtaryp bilmen. Alladan gaýtsyn, jora jan.

— Aýdanyň gelsin Maral. Gara Durmaz ölmedi, Samadam diridir enşallasa. Selman bolsa indi ýok, onuň gyzy Rabiýa ýetim galdy. Bu bir Allahyň buýrugydyr-da. Selmana Bagdada göçeli diýemde: «Men bu ýurtdan göçüp bilermikäm? Bärik baky galmaga gelen ýaly bolup durun» diýipdi. Wah, indi düşünýän oň näme diýjek bolanyna. Şo wagt welin: «Oýun etme» diýipdim. Ol meniň ýüregimiň bagydy, arkamyň dagydy. Yzynda ogly galanam bolsa, beýle gynanjak däl. Men oňa ogulam dogrup berip bilmedim. Samat jan ýaly oglum bolsa diýýärdim.

— Samat seňem ogluňdyr. Men muny seniň derdiňi ýeňletjek bolup diýemok. Enesi bolup ene ýüregimden aýdýan.

— Men saňa ynanýan Maral. Häzir ýanymyzda bolsa seňem, meňem ýarama melhem bolardy. Elimiz çagaly ony gözläp tapmagam ikimize başartmaz. Gözlegine iberer ýaly adamymyzam ýok. Gowgalar ýatyşansoň emiriň ýanyna baryp Gara Durmazy goýber diýip görjek, belki başa barar. Onsoň oň özi gözlär. Maral jan, Gara Durmaza eden kömegimi geň görme. Ol jellat halyna köşgüň syryny açyp, bize ymam Selmanyň ölendigini habar berdi, ertesi günem onuň jesedini gaçyrmaga elden gelen kömegini etjegini aýtdy. Meňem ýüregim edil şonuňky ýaly etdenkä, eden ýagşylygyna ýagşylyk etmejek bolsam, şol bölejik etiň çüýräp ugradygy bolýar…

Gülnesibäniň Gara Durmazy bendilikden boşatmak hakyndaky pikiri birbada başa barmady. Beýle işler aňsat başa barmaýar diýip özlerine göwünlik berýän iki naçar her gije diýen ýaly Samady ýatlap, oňa şo gün näme bolup biljekdiginiň hasabyny çykarardylar. Emma hasaplaryň bary çözgütsiz galýardy. Gülnesibe Maralyň haýyşy bilen jaýlaryny satyp onuň ýanyna göçüp geldi. Jaýyň puluny olar Samadyň gözlegine harçlarys diýip ýygnap goýdular…

**8-nji bölüm**

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Yzynda ejesiniň, kakasynyň ne günlere düşendigini eşiden güni Samat birinji gezek atalygynyň erbet gaharlananyny gördi. Bu onuň özi bilen, Gürgençden gelen habar bilen bagly dälem bolsa, Samat üçin garaşylmadyk zatdy. Atalygynyň gaharyny getiren onuň uly agtygy Kemaletdindi…

Pukara geýnen iki sany adam özlerindenem şylha geýimdäki bir bendäni şypahana getirdiler. Olary garşylap ýerleşdirmeli Kemaletdin:

— Agalar, günämizi öteweriň, şypahanamyzda ýer ýokdur — diýdi.

— Oň üçin sizde günä ýok. Başga şypahana baraýmaly bor-da.

— Şedäýmeseňiz, agalar…

Olar yzlaryna çykyp gitdiler. Samat şypahanada boş ýeriň bardygyny bilýärdi. Emma oňa agasy ýaly adamyň işine goşulmak bolmaýardy.

— Uf-f, hernä atam gelmänkä gitdiler-aý. Jübüsi pulsuzlardan bizaram bolduk-how. Folomeý daýydan ýaňy dyndyk diýsek, ýene biri gelýär.

Kemaletdiniň soňky sözleri Samada ýakmady. Onýança şypahananyň gapysy batly açyldy. Her ädiminde, her hereketinde parahat bolmaga çalyşýan Ibn Kahharyň gapyny beýle batly açmasynyň ýönelige däldigi

bellidi. Onuň yzy bilen Kemaletdiniň kabul etmedik näsagyny getirdiler. Nätanyş adam üçin eşidilsin diýlip gatyrak aýdylan ýaly bolsa-da, Ibn Kahharyň henize çenli beýle çasly gürlänini görmedik Kemaletdinem, Mahmydam, Samadam zöwwe ýerlerinden galdylar:

— Kemaletdin, näsagy ýerleşdirip bilmezmiň?

— Baş üstüne, ata.

Ol näsagy boş düşekli jaýa alyp ugrady.

— Soň meň ýanyma gel. Siz ikiňizem geliň.

Ibn Kahhar köplenç ýapyk durýan otagyny açyp, şypahanadaky işgärlerini ýanyna ýygnady. Işgär diýer ýaly üýtgeşik adamam ýokdy. Iki agtygy bilen ogullyga alnan Samat halypa tebibiň jaýyna bardylar.

— Balalarym, siz ýönekeý bir ynsanlar dälsiňiz. Siziň beýlekilerden tapawudyňyz bolmadyk bolanda, hiç kim size janyny ynanmazdy. Balalarym, bize beýleki ynsanlar näme üçin janyny ynanýar? Olar näme üçin söýgüden hem alaçsyzlykdan doly gözleri bilen biziň gözümiziň içine garap, ýykylyp barýarkalar biziň golumyzdan tutýarlar. Çünki Allah o bendeleriň derdini ýeňletmek, ýetmedik ajaldan alyp galmak üçin bizi delil edipdir. Eger bizem ysgynsyz bendäniň uzan elini görüp elimizi gizlesek ýa-da uly umyt bilen ýaňy ýapyşanlarynda bir çüýrük şaha ýaly şarta döwülsek nähili bolar? Kemaletdin sen bu barada oýlanmanmydyň?

— Oýlanypdym atam.

— Hawa, nähili oýlandyň?

— …

— Çekinme-de aýt.

— Aýtsam atam, men aňym bekäp, başga biriniň agyrsynyň nämedigine düşünelim bäri siziň diýýän ysgynsyz adamlaryňyza golumy uzadyp gelýän. Kakamyz mundan artyk çydamok diýip gidende-de Mahmyt ikimiz şu şypahanada, siziň ýanyňyzda galdyk. Şonda siz meni bagryňyza basyp «uly tebip ederin enşalla» diýipdiňiz. Bu günem siz menden şahanyň çüýrükligi hakynda soraýarsyňyz.

— Sen näme onuň sebäbini bileňokmy?

— Bilýän atam. Bilenim üçinem şu gezek içimdäkileriň baryny aýdaýyn diýdim.

— Seret, ýöne aýtjak zatlaryň Samyň syrly perdesinden aşakdan gaýdaýmasyn.

— Siz tebip, dert nirede bolsa-da bejermeli bolarsyňyz. Atam, dogry sözi sözlemegi maňa siz öwretdiňiz. Içiňde gowy bolsun erbet bolsun hiç zady ýaşyrmazlygy siz maňa öwretdiňiz. Häzirki aýtjaklarymy men öňem köp gezek ýaňzydypdym. Şu günki waka-da meniň şol aýdanlarymdan netije çykarylmansoň bolup geçdi.

— Sen nähili netijäni isleýärdiň?

— Derdini bejertdirmäge harjysy bolmadyklary biz keselhana almaly däl. Ine, meniň netijäm. Gijeler ýatman porsy içegelerini ýuwup berenim

üçin, ol kim bolsa-da, öz zähmet hakymy ondan talap etmäge men hakly. Mahmyda, Sama serediň, gije nobatçy bolan günleri ýöräp ýörkäler uklap barýarlar. Siz köçeden getirilen haýsydyr bir Folomeý daýy bilen bizi kakamyz ölen ýaly hoşlaşdyrýaňyz. Bize gezek gelende-de…

— Tüket. Kim ýene şeýle pikir edýär?

Ibn Kahharyň elleriniň titiränini Samadyň birinji gezek görşüdi. Ol ikiçäk galyp Folomeý daýyň jesedini kesende-de gaty arkaýyndy. Şonda galpyldap uçaýjak bolýan Samady köşeşdirip: «Sen gorkmaly dälsiň. Ine, bir gün menem ölerin. Şonda menem sen kesersiň. Seret, bendäň ýüregine, damarlary gara gan bilen dykylypdyr. Sag böleginde çiş bar…» diýişdirýärdi. Keselleriň atlaryny aýdýardy. Bedende ganyň aýlanmasynyň togtamagyna nämäniň sebäp bolanyny görkezýärdi. Maňlaýyndaky biraz çygy diýäýmeseň, atalygy adatdakysy ýaly parahatdy. Häzir welin der ondan şaglap akýardy. Megerem, hakyky agtygy bolanda Samat Ibn Kahhary baryp gujaklardy hem onuň edişi ýaly köşeşdirmäge çalşardy. Emma Kemaletdin bilen Mahmydyň ýanynda ol göwnündäkini edip bilmedi. Ol bir atalygyna, bir ýere seredip, nätjegini bilmän durdy. Emma, näme üçindir, edil gorkýan ýaly ol hatda Mahmyda tarabam göz gytagyny aýlap bilenokdy. Özi günäkär ýaly Mahmydyňam ýaňy garalyp ugran murtlarynyň aşagynadan düwme-düwme der çykýardy.

— Atam, Kemaletdin ýalňyşypdyr. Ol ýeriň boşanyndan habarsyzdyr. Kemaletdin…

— Kemaletdiniň näme edenini özüm gowy bilýän.

— Atam, ol harjymyzyň ýetmezçilik etmezligi üçin aýdýar.

— Näme, biz kösenýäsmi? Bu getirilýän hüşür-zekatlar, sadakalar azmy?

Kemaletdin durup bilmän, ýene söze goşuldy:

— Biz haçana çenli kim näme getirerkä diýip gedaý ýaly garaşmaly. Köşkden berilýän puluň gelmesi galdy. Zekadyňyzy, şypahana aýdan-diýeniňizi beriň diýip täjirleň üstüne barmaga-da biz-ä indi utanýas.

— Bir näsag bendäni köçä kowmaga utanaňok-da, zekat ýygnamaga utanýaňmy? Onsoňam dilegçilik etsem men edýän. Ýa sen Allahyň haky üçin diýlip berlen zady almaga-da utanýaňmy?

Ýok sen ýüregiňdäkini aýdaňok, Kemaletdin. Aýdybam bilmersiň. Häzir men saňa ýüregiňi açyp görkezeýin. Döşüň ýarylar, çydagyn. Sen, ogul, garyp-pukaralary ýuwundyrmagy hapa görýäň. Saňa öýünde gülap suwuna ýuwnup gelen näsaglar gerek. Yzyndan garyndaşlary nohutlyja kişmiş getirýän näsaglar gerek.  Olar hatda seni äsgermejek bolsalaram, daşlarynda pyrlanýaň. Ýa sen olaryň özleriniň däl-de, nohutly kişmişleriniň daşynda aýlanýarmyň? Şonda alybilenje nohutly kişmişiňi beýle ýanyňda çaýyny gury içip ýatan pukaraň öňünde goýsadyň. Sen ony etmäňsoň, o pukara bendeleriň nazaryndan gorkýaň. Sen hatda, Samy… Sen… sen…

Ady tutulanda biri yzyndan iteklän ýaly Samat bir ädim öňe ätledi-de, atalygynyň sözüni bölüp ara goşuldy. Ol özi hakynda ýakymsyz sözi eşitmekden gorkýan ýaly gyssanmaç gürledi:

— Atam, Kemaletdin ýalňyşyna düşünendir.

— Sam, sen oň arkasyny aljak bolma. Bolýar, siz ikiňiz baryň näsaglaryň ýanyna.

Samat bilen Mahmyt ýüzlerini sallap jaýdan çykdylar.

— Indi näme bolarka?

— Bilmedim. Gowulyga bolasy ýok. Biz bir atamyzy käýitmäli.

Olar öz işleri bilen gitdiler. Jaýda galan Ibn Kahhar Kemaletdini günäkär işgär hökmünde däl-de, öýlenibermeli ýaşa ýeten agtygy hökmünde ýanyna geçirip oturtdy.

Ol:

— Öň bir gezek seň kakaň bilenem edil şu ýerde, şeýdip ikiçäk galyp gürleşipdik. Hernäçe jan etsemem, ikiçäk gürrüň köplenç maňa başartmaýar. Häzirem ikimiz biri-birimize düşüneris öýdemok. Sen Mahmyt, ýa Sam däl. Özbaşyňa öý tutunmaly ýaşa ýetipsiň. Şonuň üçin sen indi menden göwün edibem bilýäň. Ine, şolam meni gorkuzýar.

— Atam, men senden ömrüm ötinçä razydyryn. Heý, menem senden göwün ederinmi? Gaýta şu gün men sizi gynandyrdym. Günämi ötüň atam.

Ibn Kahhar içinden: «Ýok bu gün däl, has öňräkdendir meni gynandyranyň» diýjek boldy. Ýene-de agtygynyň ogluna görä hoşgylawlygyna begendi.

— Kesirligini edip giden kakaň ýaly sen täjirçilige baş urjaga meňzemeýäň. Bu dünýede adamlaryň saglygyna kömek etmekden başga hiç zadyň aladasyny etmejek adamlaryň sanyny artdyrjak bolup saklan şägirtlerimiň gaty köpüsinden agzym bişdi. Şolaryň içinde seniň kakaňam bardygyna men häli-häzirem gynanyp ýörün. Onda zehinem bardy ýogsa. Gaty köp zatlary öwrendem. Emma, näme üçindir, bir adamyň derdini ýeňletmegi beýleki bir adam köplenç, kyn görýär. Biriniň teniniň ýarasyny bejermek üçin öz sagdyn ýeriňden kesilip alynmagyna razy bolmasaň, tebip bolup bolmaýar. Men saňa muny öňem köp düşündiripdim ahyryn.

— Hawa atam, men muny bilýärin.

— Bilmek bir başga, bileniňi berjaý etmek bir başga. Ýöne, gel, ikimiz bir maslahata geleli. Saňa men isleseň şypahanaň bir burçundan, isleseň başga bir ýerden bir otag açyp bereýin. Sen onda adamlaryň diňe dişini bejerip ber. Görýänsiň dişim agyrýar diýip gelýänler, köplenç, seniň diýýän adamlaň. Sen diş kesellerinden gowy başam çykarýaň.

— Atam, bu siziň meni kowdugyňyzmy?

— Ýok. Meniň düşünişimçe bir şypahanada ähli keselleri bejerjek bolmak dogry däl. Uzagyndan öýken keselleri, iç keselleri diýibem böleklere bölüneris. Görýäň-ä diňe süňk kesellerini bejerýän tebipleriň başga-da känligi biziň işimizi nähili ýeňledýär.

— Bolýar atam. Şu wagta çenli siziň gelen netijäňiziň garşysyna gitmändim.

— Ýok, eger göwnüňde çiglik bar bolsa, başarman öýdüp çekinýän bolsaň aýt.

— Atam, men razy.

— Bu gürrüňi men seň bilen öňräkden etjekdim. Bu günki wakany görmezlige salyp, ýa-da ikiçäk käýinibem geçirse bolardy. Ýöne hem size, hem özüme sapak bolsun diýdim.

Bu gelnen netijä biraz gynanan Samada atasy bilen başga bir has agyr gürrüň garaşýardy. Ol Kemaletdiniň dişçi edilmeginiň «sebäpkäri» bolan hassany ýuwundyryp, geýimlerini täzeläp durka, Mahmyt gelip ony atalygynyň çagyrýanyny aýdyp gitdi. Ol ýaňy ýanyndan ugradan atalygynyň ýene näme üçin çagyryp biljekdigi hakynda oýlanyp, böwrüni diňläp bärden bardy. Atalygynyň şadyýan ýüzüne gözi düşüp, geň galdy.

— Balam, bu adam bize Gürgençden habar getiripdir.

Samat atasynyň ýanyndaky adamy ilkinji gezek görýärdi.

— Şumy seň gürgençli ogluň? Hany, bärräk gel. Sen salamy bilmeýärmiň?

Samat aljyrap: «salowmaleýkim» diýip, onuň bilen görüşdi. Atalygynyň öz syryny bu nätanyş adama näme üçin açandygyna düşünmedi. Atalygy:

— Oglum, çekinme, bu-da seniň ataňdan pes adam däldir. Bu bize siziň öýňüz barada Gürgençden habar getirdi. Gözüň aýdyň, ejeň diri. Ýöne o ýerde emir täzelenip, kakaňy ömürlik zyndana atdyrypdyr.

— Ejem sebäplimikä?

— Aý-ý, beýle däldir-le. Onuň ýaly gürrüňi men-ä eşitmedim.

Hatda ejesiniň diridigine begenjinem Samadyň daşyndan aňar ýaly däldi.

— Balam, indiki kerwen bilen özümiz Gürgenje gidibersegem boljak. Ejeňi bärik alyp gaýdarys. Başaryp bilsek, kakaňam zyndandan çykarjak bolarys.

Samadyň şol bir dymyp durşudy. Ibn Kahhar gürrüňi dowam etdirmegiň häzir wagty däldigini duýup Samada «Soň maslahatlaşarys, işiň bilen boluber» diýdi. Bu «Sen eneň-ataň ýanyna gitmekçimi ýa-da ýok, şony çöz» diýildigidi.

Üç-dört günläp atalygy Samadyň ýanynda onuň garaşýan gürrüňini gozgamady. Ol gürrüňe beýle bir ähmiýet bermeýän ýaly bolup gezdi ýördi. Samady welin ol içinden igledip barýardy. Ol diňe ejesi, kakasy, Gülnesibe daýzasy, ymam Selman daýysy… Gürgenç bilen ýaşaýardy. Özüni bir günäkärlese bir aklaýardy. Bu pikirler ony şeýle bir gurşapdy welin, özüni ýaran ite çenli hemme zady aýyl-saýyl hakydasynda aýlaýardy. Her gije diýen ýaly öýlerini düýşünde görýärdi. Ol düýşler, köplenç, tä uka gidinçä edýän pikirleriniň dowamy bolardy. Ýöne, geň zat,

o düýşlere atalygam, Mahmydam, Kemaletdinem goşulyp Gürgençde bile ýaşap ýören ýaly bolýardylar.

Samat ejesinden kakasyny köp ýatlardy. Aňynyň jümmüşinde öýlerinden çykyp gitmäge, esasan, kakasynyň jellatlygynyň sebäp bolandygyny göterip gezse-de, Samat kakasy bilen aňynda edil ýanynda ýaly gürleşip gidiberýärdi. Mümkin, kakasynyň oňa, onuňam kakasyna aýdyp ýetişmedik zatlarynyň köp bolanlygyndan şeýle bolýandyr.

— Kaka senem meni gowy görýänsiň ahyryn?

— Dagy näme oglum. Menem kiçijikkäm seň ýalydym, senem ulalaňda meň ýaly bolarsyň. Ikimiz bir ahyryn.

— Ýok, kaka, men jellat bolman.

— Ol öz işiň. Menem indi seň jellat bolanyňy isläp baramok.

Şu ýerde onuň gürrüňine Kemaletdin goşuldy.

— Jellatdan tapawudyň näme? Jellat, näme-de bolsa, günäkärleri çapýar. Sen häzir bigünä ölüleri kerçäp ýörmänmisiň näme?!

— Men olary dirileriň peýdasyna…

— Jelladam eden işini ölüler üçin diýip edenok. Ol dirileri jenaýatkärlerden saplaýar.

— Kaka, şeýlemi?

Bir ýerden Mahmydam goşuldy:

— Sen näme ýöne ata şeýlemi, kaka şeýlemi diýip dursuň, öz kelläň ýokmy?

— Men entek bilemog-a?

— Kim bilýändir öýdýäň? Her kim öz pikirini aýdýar. Gördüň-ä Kemaletdini diňleseň, biz öz zähmetimiz üçin hak alaýmaly. Atamy diňleseňem biz pul üçin işlemeli däl.

— Eje, gitmesene, biziň gürrüňimiz ýüregiňe düşýärmi? Gülnesibe daýzam nähili?

— Gülnesibe daýzaň geläýseň seni öýerjek diýip garaşyp otyr. Gyzam tapyp goýdum diýýär.

— Entek Kemaletdini öýermeli. Folomeý daýy? Sen bärde näme işleýäň?

— Sen meniň oglum bolmaly, şony aýtjakdym. Kakam diýip ejem diýip Gürgenje gidäýmegin.

— Folomeý daýy, sen meni näme etjek? Görýäň-ä meň kakam bärde, ejem bärde. Men entek şolara özümiň näme üçin gerekdigimi bilemok.

— Olaram meň bärdedigimi görsünler. Sen maňa oglum bolanyň üçin gerek. Sen meň oglum, gürrüň gutardy.

Kakasy ýuwaşlyk bilen Samadyň gulagyna pyşyrdaýar:

— Bolýar diýäý. Ýöne sünnete ýatyrlanyňy bildirdäýmegin.

— Bolýar, Folomeý daýy, men saňa-da ogul bolaýaryn. Men atalygymyňam ogly, kakamyňam ogly, seňem ogluň…

Aňyrdan birbada onuň tanamadyk adamsam oňa elini uzadyp «oglum» diýip gygyryp dur. Ol barha ýakynlaşyp, gitdigiçe-de gaty gygyrýar. Bir seretse ol Kemaletdiniň almajak bolan näsagy…

Nobatçylykda oturan ýerinde irkilen Samat ýalpa gözüni açdy. Görse, hakykatdanam şol näsag «oglum, oglum» diýip gygyrýar. Samat ylgap onuň ýanyna bardy. Oňa bir owurt gaýnadylyp sowadylan suwdan içirdi. O bende rahatlanyp aňyrsyna bakdy-da, uka gitdi. Samat muňa birhili boldy. «Meni ogul edinjek bolýanlaram bu maksatlaryna ýetip bilseler şeýdip aňyrsyna bakaýarmykalar?»

Samat gören düýşüni dowam etdirjek boldy. Ol ýene gözüni ýumup kakasyny, ejesini, Folomeý daýyny gürletjek bolup gördi. Olara «Sizem soň aňryňyza bakyp ýatyberjekmi?» diýdi. Olar Samadyň bu soragyny geň gördüler, emma seslerini çykarmadylar.

Başga bir ýorgany serpilen näsagyň üstüni ýapyşdyryp ýörkä, birden kakasy gelip:

— Bu bendäň ýagdaýy agyr ýaly? — diýdi.

— Hälem bäri bakyp durşy, kaka. Düýn göräýen bolsadyň. Atam böwreginde daş bar diýýär.

— Ýadaňokmy, oglum, beýdip ýörmeden?

— Ýadaýan-la… Onda-da hammalçylykdan gowy.

— Hemmesine-de men günäkär. Jellat etjek bolup başyňa ne günleri saldym.

— Ýok, kaka sen özüňi gynama. Sen şeýtmedik bolsaň, menem bärlere düşmezdim. Ibn Kahhar atama-da duşmazdym. Bilýäňmi, men eýýäm kän keselleň bejerilişinem öwrendim. Kaka, kaka, men saňa bir zat aýdaýynmy? Ýöne gorkaýmagyn. Mahmydyň aýdany dogry, biz atam bilen ölen adamyň içinem kesdik. Hol Folomeý daýyň.

— Hawa, onsoň näme bar eken onuň içinde?

— Içindemi? Aý, gyzykly däl.

— Aýdaý, menem bileýin-dä.

— Bendäň damarlaryndan gan ýöremändir. Gan ýürege barmalysyndan az barypdyr. Gany ýürek aýlaýar-da. Soňam adamyň içinde hapadan doly garny bar, jylkyldap duran bagry bar. Böwregem bar eken. Men atama «Ýürek bilen bu hapa garyn bir göwrede nädip ýerleşip bilýär?» diýsem ol maňa: «Adamyň ýasalşy şeýle. Şonuň üçin islendik adam ak ýürekden gowy işem edip bilýär, garnyndakydanam beter hapalygam» diýdi.

Bir ýerden Mahmydyň sesi geldi:

— Näme kakaňy aldaýaň. Atam saňa garyn bilen ýüregiň arasynda perde bar diýdi, başga hiç zat diýmedi.

— Mahmyt, ýaňy özüň diýdiň-ä kelläň ýokmy diýip. Hökman «Atam şeýle diýdi, kakam beýle diýdi» diýip durmaly däl, özüňem pikir etmel-ä. Näme, ýogsa ýalanmy, adamyň gowy işem, erbet işem edip bilýändigi? Sen meni kakamyň ýanynda utandyrjak bolarsyň öýdemokdym.

— Menem saňa kakaň ýanynda…
— Men ýalan sözlemedim, ýalan sözlemedim. Onsoňam, bu meniň düýşüm. Kaka meni silkeme, urma kaka. Men ýalan sözlejek bolmadym. Bir zatlar saňa düşündirjek boldum, kaka. Dep diýen ýeriňe depeýin kaka. «kiýa-da» diýmelimi kaka…
Samady egninden silkip oýaran Kemaletdindi. Ol nobatçylygy çalyşmaga gelipdi.
— Baý, ýatak bolupsyň-aý.
— Ýaňy irkilen bolaýmasam.
— Irkileňde şeýle ýatýan bolsaň, çyndan uka gideňde seni oýarybam bolmaz. Bolýar, bar ýeriňe gidip ýat.
Samat ýerine geçip ýatyp bilmedi. Kakasy bilen diwary, garry erigi depişleri göz öňüne geldi durdy. Ýumruklaşanlarynda degen urgudan burnunyň ganaýşy ýadyna düşdi. Edil şo wagtkysy ýaly, burny gyzyp gitdi. Biygtyýar burnuna baran eli gan boldy. Ol çalt turup burnuny ýuwmaga durdy. Emma ýuwany bilen gan saklatmady. Ol burnuna dykmaga pagta gözläp ýörşüne Mahmydy oýardy.
— Eý, saňa näme bolup ýör? Dünýäni gara gan edipsiň-ä. Ata, ata.
Atasy gelip Samadyň gyzgynynyň galanyny gördi. Derrew kellesine sowuk suw akydyp ýuwdy. Burnuna arassa pagta dykdy. Näsaglary taşlap gaýdan Kemaletdin Samadyň kellesini arkan tutup gördi. Emma gan agyzdan geldi.
— Ata, pagtanam aýraly, degmäli. Bu gan çykmaly gandyr.
— Şeýlemikä? Bolýar, degmäň aksyn.
Samada legene egil diýdiler. Ol eglensoň pagtany burnundan aýyrdylar. Gan esli akdy. Ibn Kahhar gorkup başlady. Samadyň ysgyndan gaçýany bildirýärdi. Ol Samadyň başyny sypap hem ony rahatlandyrjak bolýardy, hem özüni rahatlandyrýardy.
— Gorkma oglum, häzir dammasy durar.
— Men ýalan sözlemedim gerek atam?
Samat atalygy özüne düşünýändir öýtdi. Emma ol hiç zada düşünmedi. Gaýta Samadyň ysgyny gaçyp samrap ugrandyr diýip pikir etdi. Gan welin şol damyp durdy. Ol muňa uzak seredip durup bilmedi.
— Mahmyt, sen ýanynda otur. Eger özünden gitjek bolsa, derrew meni gygyr. Kemaletdin senem aýrylma ýanyndan. Men öz ýerimde.
Ibn Kahhar jaýyna baryp bir sagatlyk gum sagadyny gurdy. Şeýle ýagdaýlarda gan diňmese burnuň içindäki inçejik damarlaryň gan goýberýän ýerlerini ýakýan derman taýýarlady.
Gözüni ýumaýmasa diňe ganynyň legene damyşyndan başga zady görüp bilmeýän Samadyň Mahmyt bilen jedelini dowam etdiresi geldi. Emma gürlemegem aňsat däldi.
— Mahmyt, düýşüňde ýalan sözleseňem, ýalan sözlediginň bolýarmy?
— Geplemän bir ýatsana. Mydam şuň ýaly sorag tapýaň.

— Ýok, sen aýt.

Mahmyt öz pikiriniň Samat üçin gaty zerurdygyna özelenşinden düşündi.

— Aý, düýşdir-dä. Ýalan sözlemeseň gowy bor welin, düýşüňi özüňden başga görýän ýok. Düýşüňde ýalan sözleseň, özüňe ýalan sözlediginň bolýa-da. Özüňden başga o ýalanyň hiç kime täsiri ýok. Şonuň üçinem oýalykda ýalan sözlän ýaly erbet bolmaly däl. Şeýle dälmi, Kemaletdin?

— Hawa, siziňki dogry, ýaňralar diýsänim.

Ysgyndan gaçyp gözi ýumlan Samadyň gulagyna Kemaletdiniň aýdanlary başgaça bolup eşidildi:

— Sen ýalňyşýaň Mahmyt. Bu dünýede iň erbet zat özüňi aldamakdyr. Başgalaň ýanynda ýalan sözlemekdenem özüňe ýalan sözlemek has kyn. Özüni aldajak bolanda adam wyždanynyň üstünden ätlemeli bolýar. Elbet, wyždany dag ýaly adamlar ondan ätläp bilmänsoňlar özlerine-de, özgelere-de dogrusyny diýerler. Wyždanlary bölejik tezek ýaly adamlar bolsa, ondan derrew ätlärler-de, şol ýalan sözlär durarlar. Soň olar ýalan sözleýänlerinem unudyp, diýip oturanlaryna özleri ynanarlar.

— Men beýle ýalançylyk barada soramadym. Kemaletdin, sen özüňi horlaýan pikirleri aýdýaň.

— Sam, hany rahatlansana.

— Ata, senem geläýdiňmi? Men ýalan sözlemedim-ä, ata.

Samadyň burnunyň gany durupdy. Emma gyzgyny galýardy. Ibn Kahhar onuň maňlaýyna goýdurýan öl matasyny tiz-tizden çalyşdyrýardy. Soňabaka düşnüksiz samramasynam goýup Samat «Kemaletdin, Kemaletdin» diýip Kemaletdini çagyrmaga başlady. Kemaletdin onuň ot ýaly elinden tutup, ýetisibildiginden: «Men ýanyňda, jigim jan, men ýanyňda» diýýärdi. Samat eşitmeýän ýaly, onuň adyny tutup çagyrmasyny goýmaýardy. Kemaletdin onuň naýynjar çakylygyna nädip jogap berjegini bilmeýärdi. Ahyry üstüne egilip, ony gujagyna gysdy. Samat Kemaletdini hasam berk gujaklady.

— Gitme, ýanymdan gitme, men seni gowy görýän.

Şundan soň rahatlanan ýaly Samat samramasyny goýdy. Elini onuň tirpildeýän damaryndan aýyrmaýan Ibn Kahhar Samadyň rahatlanmasyny halamady. Mahmyda buýraýmalyka töweregini unudan tebip ylgap jaýyndan ýürege kuwwat beriji derman getirip dilsiz-agyzsyz ýatan Samada içirdi. Ol edil ukuda ýalydy. Ýaşuly tebibiň näderini bilmän aljyrap ugrady.

— Allahym garaşyk et, ýolma gunçamyzy! Ogullarym, bir zat ediň, ol ölýär. Kemaletdin, Mahmyt.

Emma ogullary name etjeklerini bilmeýärdiler. Birden Kemaletdin özüne gelen ýaly bolup Samadyň kükreginiň üstünden ýüregini owkalamaga durdy. Mahmyt bolsa bir wagt atasynyň öwredişi ýaly Samadyň boýundamaryny owkalaýardy. Ibn Kahhar ýene öz jaýyna

ylgady. Ýene bir derman garyp içirjek boldy. Samat ýuwdunmadanam galypdy.

— Jan oglum, şuny ýuwut. Ýalbarýan, ýuwudaý-da.

Onyň guýýan dermany dem-düýtsüz ýatan Samadyň guran dodaklarynyň arasyndan daşyna dökülýärdi. Ol bu dünýeden hiç zady islemeýäne meňzeýärdi.

Kemaletdin gaty gygyryp:

— Iç şuny — diýdi.

Samat Kemaletdiniň sesini uzaklardan bir ýerden gelýän ýaly çala eşitdi-de, gözüni agdardy. Ibn Kahharyň agzyna guýup duran dermanyny ýuwutdy. Kemaletdin onuň kükregini owkalamasyny goýmaýardy. Samat elini gymyldatdy. Soň gözüni açdy. Onuň oglan göreçleri hol aňyrdan görünýärdi. Samat, hakykatdanam, aňyrdan — ölüm tarapdan dirilige tarap garap ýatan ýalydy. Ibn Kahhar dermanyndan oňa ýene içirdi. Samat ysgynsyz: «Kaka» diýdi. Ibn Kahhar onuň elinden tutup «Indi ýat oglum, ukla» diýip, iki-üç gezek ýüzünden sypady. Onuň tirpildeýän damaryny tutup duran Kemaletdin «Rahatlaşýar» diýdi. Samadyň ýürek urşy kada geldi. Ol uka gitdi.

— Ata, bu näme kesel boldugy bolýar?

— Adamyň bedeninde bolmaly ganyň möçberi bar. Ol bolmalysyndan azalsa adam ysgyndan gidýär. Ýüregiň işlemesi kynalýar. Adamda güýç gutarýar. Men ýöne onüň burnunyň ilki nämeden gananyny bilemok. Ganynyň basyşy üýtgän bolaýmasa. Bolýar, geçdigi bolsun. Alla jan bize Samy gaýdyp berdi. Mahmyt başga işleriňi goý. Samyň ýanyndan aýrylma.

— Ata, Kemaletdin bolaýsyn Samyň ýanynda.

— Bolýar. Ol-a hasam gowusy. Şypahanaň işlerine sen ýetişermiň?

— Ýetişerin atam.

Kemaletdin Samadyň sähel salymyň içinde reňkini ýitirip saralan ýüzüne bakyp oturdy. Olar ikiçäk galypdylar. Kemaletdin onuň elini aýasyna alyp owkalap oturşyna:

— Sam, meň sam-sam samsyjak jigim. Sen meni nämäme gowy görýäň? Käşgä seň diýýän adamyň bolsam men. Atam meni dişçi edip kowup dogry edýär. Men siziň hiçiňizçe-de ýoga. Bilýäňmi näme, men indi diňe senden mysal aljak. Bir işi etmeli ýa etmeli däl bolamda özümden Sam näderdi diýip sorajak. Onsoň seniň edäýjek hereketiňi etjek. Sen ýöne gutul, bolýamy! Men saňa onsoň Saranam görkezerin. Ol şeýle bir gowy, oňa sen hakda aýdybam berdim. Eger atam diş bejer diýip arañyzdan aýyrsa sen ýuwaşlyk bilen meň ýanyma geçäý. Aý, ýok, atam seni gaty gowy görýär. Ol seni ýürek bejerýän etjek diýýär. Sen meň ýanyma gelip durarsyň-da.

Samat Kemaletdiniň sözlerini eşitmeýärdi. Ol ejesi bilen Gürgenjiň ak patrak gülli erikliginiň içinde bukuldym oýnaýardy. Ýapragam çykarmanka ak güle bürenen erikler birden-birden ak selleli adamlara

öwrülýärdiler. Birdenem ýene öňki eriklikleri. Samat töweregine aňalyp durşuna tutuldy. Arkasyndan gelen ejesi ony garsa gujaklaýar:

— Indi sypmarsyň, köşejigim. Men seni indi hiç kime bermen, hiç ýerigem ugratman.

— Eje, eje. Men atamdan «Gülnesibe daýzamy tanaýaňmy» diýip soradym. Bagdatdan diýdim. Olam «Bagdatly Gülnesibe bolup bilmez» diýdi. Men «Näme üçin?» diýsem «Bagdatlylaryň adynda «gül» sözi gelmeýär» diýdi. Ol ýöne Nesibe bolaýmasyn diýdi. Menem «Ýok, Gülnesibe» diýdim. Onda ol «Ýa Bagdatdan däldir ýa-da adyny üýtgedendir» diýdi. O nähili beýle bolýar-aý?

— Olaň bagdatlydygyny diňe biz bilýäs. Olar başgalara Gürgenjiň töweregindäki bir şäherden göçüp geldik diýýäler. Sen ony bileňokmydyň?

— Ýok.

— Olaryň bagdatlydygyny hiç kim bilmeli däl, balam. Selman daýy bilen olar özlerini tanatman ýaşaýarlar.

— Olar adamlar bilen bukuldym oýnaýarlarmy? Eje, goýber ýene bukuldym oýnaly-la. Men bukulaýyn, sen tap.

— Ýok, oglum, bu gezek men bukulaýyn, sen tap.

Samadyň ejesi gözünden gaýyp boldy. Birden erikleriň gülleri ak gara öwrüldiler-de onuň üstüne ýagmaga başladylar. Şeýle bir ýagýardylar welin, gözüňi açdyranokdy. Birdenem gül gutaran ýaly diňdi. Hakykatdanam, erikleriň şahasynda gül galmandyr. Güle derek ýümşak gar owunjaklary şahalara keşde bolup gonupdyr.

— Gar, gar, aýtsana sen näme üçin ýagýarsyň?

— Ähli hapalyklary özüm ýaly arassa etmek üçin ýagýaryn.

— Onda näme üçin ereýäň?

— Ähli yhlasymyň biderekdigini görüp, içimiň ýangynyna ereýän.

— Sen içim ýanýar diýýäň, men-ä üşeýän.

Samadyň sagyna agdarylyp aýaklaryny ýygyrşyny gören Kemaletdin ylgap galyň ýorgany getirdi. Ony Samadyň öňki ýorganynyň üstünden ýapdy. Bu Kemaletdiniň öz ýorganydy. Kemaletdin Samadyň ýatyşyna seredip, özem ýanyna geçip, arkasyndan gujaklap ýatasy geldi. Emma birden biynjalyk edäýmäýin diýip ol oturan ýerinden gozganmady. Onsoňam ýyljak ýorgana girse, uklaýmagam ahmaldy. Kemaletdin şeýdip, wagtam unudyp kän oturdy.

Samat birhaýukdan soň gözüni açdy. Ol gapdalynda ýylgyryp oturan Kemaletdiniň elinden tutdy. Samadyň gowy gören, begendiren, hatda gynandyran adamsynyňam elinden tutmak häsiýeti bardy. Ol şeýdende ýüregi köşeşerdi. Begense begenji eliniň üsti bilen tutuş bedenine ýaýran ýaly bolardy. Gynansa, gaharlansa ters duýgulary öçürýän täze bir tolkun tutan elinden bedenine geçip ony köşeşdirerdi. Şonuň üçin ol atalygyna: «Eliň ýürek bilen gönüden-göni baglanşygy bar bolaýmasyn» diýipdi.

**9-njy bölüm**

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Kemaletdin Samadyň gözüni açanyna begenip ýylgyrýardy. Ol derrew atasynyň oýananda içirgin diýen dermanyny Samada içirdi. Onuň gözüni açanyny atasyna, Mahmyda buşlady. Olaram işlerini taşlap Samadyň ýanyna geldiler. Hersi Samadyň bir elinden tutdy. Samat göwnündäkini bilýän ýaly, olaryň bu hereketine çalaja ýylgyran ýaly etdi-de, ýene gözüni ýumdy. Sebäbi onuň ýanyna ýene ejesi gelipdi.

— Eje, eje, sen meni gundagda ulaltdym diýýäň. Hany onda görkezdä meni nämä dolanyňy?

— Wiý, oglum, seň arlyjaklaň ýyrtylyp gitdi-dä.

— Meni bir arlyga ýyrtylýança dolan dälsiň-ä? Ýyrtylman galany bardyr-a, birjigini tapyp görkezäý-dä.

— Goýsana oglum, arlygyňy näme etjek? Men olary başga zatlara esgi edip ulanandyryn, ýyrtylyp, zyňylyp gidendir.

— Eje, bilýäňmi näme? Her kim ilki gar ýaly kiçijik, arassaja bäbek bolandygyny biler hem ony ýadyndan çykarmaz ýaly, diwara gerilýän halylara derek öz arlyklaryndan birini gerip goýsalar, nähili gowulyk bolardy. Şeýle dälmi, eje?

— Men seň ýassananja ýassygyňy ýygnap ýörün.

— Bilýän eje, hany ol, meň şony ýassanasym gelýär. Mydam, her gije, her ýatamda.

— Bolmaly oglum, bolmaly, häzir tapaýyn.

Ejesi Samadyň gözünden ýitdi. Kemaletdin gyzgyny galyp, ýene-de «eje» diýip samrap başlan Samadyň kellesinden tutup suw içirdi. Samat rahatlanan ýaly etdi. Ol «eje» diýip gygyrsa-da, ýanyna eli gamçyly kakasy geldi.

— Bermen ýassygy.

— Kaka, ol meňki ahyryn!

— Bolanda näme. Ýassanarsyň, köneldersiň, ýyrtylar gider. Näme, ol diňe saňa gerekmi? Ol maňa-da gerek.

— Hany seň özüňki, kaka?

— Maňa bermediler…. Maňa bermediler… Maňa bermediler…

Kakasam ýitip gitdi.

— Ejemem ýassygymy getirmedi. Gije düşüp gitdi ahyryn. Ýyldyzlara seret patrak ýaly bolupdyr. Meň ýatasym gelýär. Ýassyksyz nädip ýataýyn?

— Ýatyp näme etjek? — Bu Kemaletdiniň sesidi. — Ýyldyzlara seretseň ukydan açýar-a.

— Ýok, men ýatjak. Ýyldyzlar gar bolup ýagsa näderis?

— Olar erigiň güli däl, ýagmazlar. Içip görjekmi, atam saňa erigiň gülünden derman ýasapdyr.

— Ýok, bu erigiň gülünden ýasalan däl, ýyldyzlardan daman damjalar.

— Ýene içjekmi?

— Köp içjek, köp içjek. Suw…

Kemaletdin suw dileýän Samada ýene birki owurt içirdi-de, onuň kellesini ýassykda goýup, atasyny çagyrmaga ylgady. Ol atasy bilen gelende gözleri hanasyndan çykyp gelýän Samadyň dik oturanyny gördüler. Samat ýassanyp ýatan ýassygyny bir ýana zyňypdyr. Ibn Kahhar Samady gujaklap ýerinde ýatyrdy. Samat Kemaletdiniň yzyna goýan ýassygynda ýatmajak bolýardy. Ony eli bilen itýärdi. Atalygy ony zor bilen diýen ýaly ýatyrdy. Samat birden «eje» diýýärdi, birden «kaka» diýýärdi, birdenem «ata» diýip atalygyny gujaklaýardy.

Ibn Kahhar Kemaletdine bir dermanyň adyny tutup şony getir diýdi. Ol rahatlandyryjy dermandy. Samat dermanly käsä açgöz ýapyşyp şobada başyna çekdi. Soň ýylgyryp «Ýyldyzyň suwy, ýyldyzyň suwy. Kemaletdin, Mahmyt içip görjekmi?» Mahmyt Samadyň uzadan boş käsesini elinden aldy. «Iç-dä, näme içeňok, ýaman gowy. Ata, ata jan, iç diýsene Mahmyda» Samat ýarymýaş aglamaga başlady. Atasy Mahmyda: «Iç» diýdi. Mahmyt boş käseden içen boldy. Emma Samadyň oň bilen eýýäm işi ýokdy. Ol gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp aglaýardy. «Men kakamyň ýanyna gitjek, öz ýurduma gitjek. Kama-da, ejeme-de ýyldyzyň suwundan berjek»

Ibn Kahhar Kemaletdine:

— Kuranyňy al — diýdi.

Mahmyda bolsa şäheriň belli sazandasyny çagyryp gel diýip buýurdy. Kemaletdin Samada golaý oturyp Kuran okamaga başlady. Samat onuň eline ýapyşdy. «Menem okajak» diýdi. Kemaletdin onuň Kurana eli ýetmez ýaly, yza süýşdi. Gyssanyp açan ýerinden okamaga başlady. Samat Kemaletdiniň her okan aýatyny yzyndan gaýtalaýardy. Samat olaryň arasynda Kuran okamaga iň ökdesidi. Ol Kuranyň köp ýerlerini ýatdan bilensoň, Kemaletdine-de garaşman ondan ozduryp ýatdan aýtmaga başlady. Kemaletdin Samada päsgel bermän okamasyny goýdy. Samadyň ýeke özi zarynladyp Kuran aýdýardy. Ibn Kahhar onuň Kurany şeýle owadan okanyny eşitmändi. Ol aýdylýan aýatlaryň täsiri bilen Samadyň hassalygynam unutdy. Samadyň Kurandan okaýan ýeri Ýusup pygamberiň başyna düşen wakalaryň beýan edilýän ýeridi. Ibn Kahhar gözýaşlaryny saklap bilmeýärdi. Ol ilki Kemaletdine käýinmeli bolan gezegi, häzirem ikinji gezek içinden garrap, ýüreginiň ýukalanyny boýun aldy.

Mahmydam sazandany alyp geldi. Ibn Kahhar sazanda bilen baş atyp salamlaşdy. Gözýaşyny süpürdi. Özüne geldi. Samadam Ýusup süresini tamamlady-da, sesini çykarman ýatdy. Kemaletdiniň elinden berk gysyp

oturşy diýäýmeseň, onuň ýatyşy parahatdy. Ibn Kahhar sazandadan mylaýym, gussaly sazlary çalmagy haýyş etdi. Samadyň hoş owazyndan soň sazyň sesi ýumşak şemalyň yzy bilen ýagyp başlan ýyly ýagyş ýaly damjalap başlady. Samat hoş owaza meýmiredi. Onuň ýanyna ýene ejesi geldi.

— Tapdym oglum, arlyjagyňy tapdym.

— Dolasana eje meni şol arlygyma. Muň ysynyň gowujadygyny!

— Ýok oglum, sen indi ulaldyň. Sen bärik gelmeli. Kakaňam saňa garaşýar. Men seň arlyjagyňy ýygnapjyk goýaryn. Gülnesibe daýzaň tapyp goýan gyzy saňa bäbejik getirip berer. Menem şonda agtyjagymy seň arlyjagyňa dolaryn. Sen ýaraňok oglum. Kerweniň gitjek gününe çenli ataň dermanlaryny iç-de gutul. Biz saňa garaşýas, balam.

— Bor eje. Onda senem ýanymda otur-da saz diňläý.

— Men seň ýanyňdan aýrylmasam name oglum. Seň Kuran okaýşyňam diňledim.

— Ýene okaýynmy? Men «Allah» diýibem ýazyp bilýän eje. Ýazyp görkezdim-ä saňa eje.

— Hawa, hawa. Gowusy, men seni hüwdüläýeýin oglum?

— Bäbejikligimdäki ýalymy?

— Hawa, dagy näme!

Çalynýan saz Samadyň gulagyna ejesiniň hüwdüsi bolup eşidilýärdi. Ol uka gitdi. Şol ýatyşyna gowy garaňky düşýänçä oýanmady. Onuň ýanyndan bir ädimem aýrylman, uzak gün elinden tutup oturan Kemaletdin pahat ýatan Samadyň ýüzüne bakyp oturşyna öz çagalygyny, hakydasyna çala gelýän ejesini, kakasyny, atasynyň üzüm ýolup berşine çenli ýatlady. Ol geçenlerini şeýle bir ýatlady — ýatlap biljek ýekeje wakasynam hakydasyndan sypdyrmazlyga çalyşdy. Şeýdibem geçen günlerini ikinji gezek ýaşan ýaly boldy. Samat gözüni açanda, özüni iki gezek ýaşadyp bilen adama taňryýalkasyn aýdýan ýaly, onuň ýara yzly ýaňagyndan ogşady. Samadam onuň boýnundan gujaklap pyşyrdady:

— Maňa näme boldy?

— Ýaramadyň, jigim.

— Sen maňa jigim diýäýdiňmi?

— Sen meň jigim-dä.

— Men gutularynmy?

— Basym gutulýaň. Rahatja ýat. Häzir men atamy çagyryp geleýin.

— Ýok, çagyrma, men utanýan. Men atamyň ýanynda beýdip ýatyp bilmen-ä?

— Bolýar. Sen onda ukla.

— Kemaletdin, maňa suw beräý-dä.

— Häzir.

Kemaletdin Samada suw bilen atasynyň içir diýen dermanynam içirdi. Bu uky dermanydy. Samat ony içip, ýene uka gitdi. Kemaletdin Samat

bilen eden gürüňlerini ýene-de derman içirenini birin-birin atasyna aýtdy. Kemaletdiniň aýdýanlarynyň çyndygyna göz ýetirjek bolýan ýaly, atasy bilen Mahmyd uklap ýatan Samadyň ýüzüne bakdylar.

Samat şol ýatyşyna ýerinden galyp bilmän ýene iki gün ýatdy. Üçülenji gün onuň gutulyşýany bildirip ugrady. Mahmyt oňa: «Ýyldyzyň suwy, ýyldyzyň suwy» diýip degip dermanlaryny içirýärdi. Samat onuň bolşuna ýylgyryp oňaýýardy. Ol ýaraman ýatyrka bolup geçen zatlar hakynda soralsa «ýadyma düşenok» diýip oňaýýardy. Diňe atasy haýyş edensoň, Kuran okap berenimi bilýän diýerdi. Ejesiniň hüwdüsini diňlänini welin aýtmaýardy. Ibn Kahhar Mahmydy, Kemaletdini ýanyna çagyryp «hiç zady ýatlatjak bolmaň» diýip tabşyrdy. Şonda-da Kemaletdin ikiçäk galanlarynda Samatdan:

— Meň boýun alan zadym ýadyňa düşýärmi? — diýip sorady.

— Ýok.

— Hiç zat, hiç zat ýadyňa düşenokmy?

— Ýok diýdimä-how.

— Bolýa, özüm ýadyňa salaýyn. Men saňa bir gowy gyz görkezjek diýdim.

— Maňa gyz gerek däl. Gowy gyz bolsa özüň gör.

— Ýogsa-da seň üçin däl. Öz gowy görýän gyzymy.

— Hä, Saranymy? Biz ony Mahmyt bilen bireýýäm gördük.

— Haý garagollar diýse… Nähili, gowumy?

— Ýyldyzyň suwy ýaly.

— Çynyňmy? Şol basym seň gelnejeň bolsa bilýäňmi?

— Eý-ho, toýam ederis-hä?

— Bilýäňmi, oň gowja jigisem bar.

— Ony Mahmydam bilýä.

— Mahmydyň bileni hiç, oň özi kimi halasa şo bor.

— Mahmyt eýýäm… çüşş… oň bilen hatam alyşyp ýör.

— Haý garagol diýsänim. Aý, saňa-da gowusyny taparys.

Goňşy jaýda işläp oturan Ibn Kahhara bu gürrüňdeşlikden diňe Samadyň gülküjigi eşidilýärdi. Ol muňa begenjine, işinem goýup hezil edip diňşirgenip oturdy. Bu eşidilýän gülki sesleri oňa bilbiliň owazyndanam müň esse ýakymlydy. Ibn Kahhar üçin bu gülkiler bilen deňleşip biljek hiç bir owaz ýokdy. Ol Allahyň edenine şükür edip, doga okady. Soň Kemaletdini ýanyna çagyryp, Samady ýadatmazlygy tabşyrdy.

Hiç zat ýadyma düşenok diýse-de, Samat bolan zatlaryň köpüsini bilýärdi. Ol diňe şol görenleriniň manysyna düşünip bilmeýärdi. O zatlaryň akylynda nähili bolup geçendigi hakynda pikir ediberse gorkup başlaýardy. Ibn Kahhar onuň gözüni halanokdy. Ol entek daşyny gurşan arwah-jynlardan doly saplananok diýýärdi. Şonuň üçin bir tabakda ýüzärlik ýakyp tütetdi. Ony şypahananyň ähli künjegine aýlady. Soň jaýynyň daşyndanam üç gezek aýlady. Bir salym şypahana tüssä büreldi. Sam birden özüni

ýanyp duran jaýyň içinde ýaly duýdy. Ikiýana ylgaýan Folomeý daýyny gördi. Ol:

— Folomeý daýy men bärde, men bärde — diýip, hernäçe gygyrsa-da, Folomeý ony görmän deňinden geçip durdy. Onýança ejesi Gülnesibe daýza bilen gelip oňa: «Bukul» diýdiler. Beýle ýandanam kakasy gelip, ony oturan düýesiniň üstünden sogrup aldy-da, atyna kese basyp Gürgenje tarap alyp gitdi.

Samat oýanyp gözüni ýalpa açdy. Gorkdy. Gapy açylsa içerik kakasy giräýjek ýaly boldy durdy. Ahyry gözüne görünýän, düýşüne girýän zatlardan baş çykarar diýip, ýaňky gören düýşüni atalygyna gürrüň berdi. Atalygy Samady üns berip diňledi. Soň olary bir-bir ýormaga oturdy:

— Folomeý daýy bolup gözüňe görnen erbet güýçler, keseller bolmaly. Onuň seni görmändigi gowy zat. Ejeň bilen o daýza — aýallar bizi ýolumyzdan azaşdyrýan zatlardyr. At bolsa düýşde myratdyr. Onda-da kakaň gelip seni atyna mündürip alyp gitse gaty gowy düýş, pygamberler ýorgudy bolsun balam, myradyňa ýetersiň. Biz basym Gürgençde bolarys, ejeňem, kakaňam alyp geleris.

Ibn Kahhar eden ýorgudyna bolmanda  baş ataryna garaşa-da,  Samat jogap bermän, ýüzüni aşak saldy. Samada ejesini, kakasyny ýatladyp, olaryň ýanyna gitsek dogry bolar diýen gürrüňi etmekden Ibn Kahhar entegem ir diýip pikir etdi. Samadyň kellesine agram salmagy ýene-de derdiniň gozgamagyna getirip biljekdi. Şonuň üçin ol: «Her zadyň öz nesibeli güni bardyr. Howlukmaly» diýip, mähir bilen Samadyň başyny sypap gitdi.

Samat gören düýşüne atalygynyň çyndan begenenini duýdy. Ol ýorgudyny göwün rahatlygy üçin aýtmandygyny subut etjek bolup, ýörite kitap getirip Samada: «Ýadama-da okap gör» diýdi. Samadyň okanlary atasynyň aýdýanlary bilen deň gelýärdi. Samat atalygynyň oka diýip belläp beren ýerleri bilenem çäklenmän, kitaby doly okap çykdy. Emma ondan arlyk hakynda, ony halylaryň ýerine germek hakynda, bäbekliginden galan ýassygy ýassanmak hakynda, ýalan hakynda, wyždan hakynda… öz gören-eşidenleri  hakynda ýekeje-de göwnemakul zat tapmady. Ol öz görenlerine düýş däldir diýip pikir etdi. «Atam meniň öz ýurduma gidenimi isleýär. Ejem-kakam Gürgenji taşlap bärik gelermi? Gelselerem, şypahanada ýaşamazlar. Menem ýanlaryna alarlar. Bujagaz günümdenem dynaryn. Enem-atam dirikä ýetim ýaly bolup ýörün, ýene-de şujagaz günüm diýýän. Dagy nädeýin? Olar gelseler…»

Samat pikirini dowam etdirmedi. Ol ejesiniň çalan şarpygyny ýatlady. Eli biygtyýar ýaňagyna ýetdi. Ýaňagyndaky ýaraň yzlary oňa ejesiniň şol şarpygynyň ömrylla ýitmejek yzlary ýaly bolup gitdi. Soň ol alajasyndaky monjuklaryny gysymlady. Hakydasynda Gürgenje dolandy, daşarda, köçede oýnap ýören ýerinden gelip ejesine boýnundaky monjugy görkezişini ýatlady.

— Eje, şu gözmonjugymaý?

— Gözmonjugy başga, göze meňzeş bolýar. Bu maňa gyzkam kakaň alyp beren monjugyndan.

— Hä, şu monjukmy, eje?

— Hawa. Owadan gerek?

— Indi näme ony dakynaňok?

— Monjugy gyzkaň, gelinkäň dakynsaň gelişýär. Onsoňam, dakynsam köneler-dä. Könelse-de, kakaň gynanar.

— Könelse başgasyny alyp beräýsin

— Indi muň ýaly gowy monjuk tapdyrmaz…

Ejesi bu sözleri aýdýarka begenjinden, kakasyna bolan söýgüsinden nur saçyp duranuny, entek çaga bolsa-da, Samat görüpdi.

Soň bir gezek kakasyndan zeýrenip otyrka, Samat ejesine göwünlik berjek hem şol gezekki nurana keşbini oňa dolap getirjek bolup, şaý-sepleriň goýulýan gutusyndan monjugy çykarypdy. Ol ejesine görkezibräk monjuklary sanan boldy. Boýnundaky alajasyny aýryp, ondaky ýeke monjugy beýlekileri bilen deňeşdiren boldy. Monjuklary görüp mähremleşmäge derek, ejesi olary boýnuna atylan syrtmaga deňedi. Şonda Samadyňam birden gahary gelip:

— Onda munuň ýoguny çekeli-le, eje — diýip, monjugam, alajasynam eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi. Ak-gara monjuk şagyrdap jaýyň bir burçuna düşdi.

Ozalam adamsyndan zeýrenip, oglunyň ýanynda dil ýarmaly bolaýanyna jany ýanyp oturan Maral zöwwe ýerinde turdy-da, Samadyň dulugyna ilkinji gezek şarpyk çaldy. Beýle herekete garaşmadyk Samadyň gözlerinden ot çykyp gitdi. Edenine puşman eden ejesi ony gujagyna gysdy:

— Beýtme-dä, balam. Syrtmagam bolsa, kakaň salan syrtmagydyr. Ony beýdip eliň tersi bilen zyňyp goýberme-dä…

Maral ogluny goýberip, ýüzin düşüp aglamaga başlady. Ol ogluna bu monjuklary nähili eý görendigini, iller monjugy boýnuna dakynsa ol muny ençeme gezek bagryna basandygyny, janly ýaly onuň bilen gepleşipler gezenini aýdyp bilmeýänine aglaýardy. Samadyň bu zatlara düşünerden ýaşdygy üçinem däl, ol sözler, ol duýgular hatda öz ogluňa-da aýdylýan sözler, ýa duýgular däldi. Maral birden dikeldi. Turup monjugy zyňylan ýerinden garbap aldy-da, müýnli oglunyň eglen boýnundan ogşady. Soň monjugy batly silkip ýoldy. Eliniň badyna monjuklardan birnäçesi pytrap gitdi. Eneli-ogul yzlaryndan ýagy gelýän ýaly olary gyssanmaç çöplediler. Samat çöplän monjuklaryny ejesine gaýtaryp berdi. Maral sojap oturşyna olary yzyna düzýärdi. Ol monjuklardan ýene birini alyp galyp Samadyň alajasyna dakdy. Samadyň galpagy syrylanda şatlyk bilen dakylan monjuga ejesiniň gözýaşyna ýuwlan ikinji monjuk «şyk» edip degdi. Şol şykgyldy soňam her gezek monjuklar biri-birine degip seslenende

Samadyň ýadyna düşdi durdy. Ol kalbyny gussa batyran bu ýatlamasyndan, pikirlerinden saplanjak bolup beýlesine agdaryldy. Samadyň içki dünýesem häzir bir eýläk agdarylýardy, bir beýläk. Ol Gürgenje - ata-enesiniň ýanyna gitjeginem bilmeýärdi, gitmejeginem.

Ibn Kahhar Samadyň gün-günden gutulyp barýanyny görüp dursa-da, onuň bilen Gürgenje gitmek barada gürrüňi gozgamaga howlukmaýardy. Bir seretseň, ol bu meseläni öz ýanyndan çözüp, indi oňa dolanyp gelmejek ýaly görünýärdi. Bir gezek ol Samadyň ýanyna gelip şypahananyň gürrüňini etse, ýene bir gezek Kemaletdinde bolup geçen üýtgeşmä begenjini aýdýardy. Hakykatdanam, Samadyň ýanyndan gije-gündiz aýrylmaýan Kemaletdiniň häsiýeti ýumşap, mähremleşen ýalydy. Samat ýarawsyzka göz bolsun diýip Kemaletdiniň ýatýan ýerini atalygy onuň ýanyna geçirdipdi. Emma, Samat gutulansoňam, ol düşegini öňki ýerine alyp gitmedi. Ikisi maý tapsalar birigerdiler, uzak-uzak gürrüň ederdiler. Şol gürrüňleriň täsirinden boldumy, Kemaletdin işine yhlasyndanam beter adamlara bakyşy, nazary üýtgedi. Ibn Kahhar, eger Samat göwnäp Gürgenje gitmeli bolaýsa, şypahanany Kemaletdine goýup arkaýyn gidip biljegine begendi.

Gördüm diýse-de, bir gün Kemaletdin söz berşi ýaly, Samady Sara bilen tanyşdyrmaga alyp gitdi. Belleşilen ýere baranlarynda Sara heniz gelmändir. Şypahanadan zordan sypyp gaýdan ýaş lukmanlara Bagdadyň tozanly köçesinde biri geljek diýip garaşyp durmaga wagt ýokdy. Kemaletdin darygyp ugrady.

— Mydam şeýle-dä. Bir gezegem garaşdyrman gelenok.

— Aý, gyzlar bilen iş salyşsaň günüň şüdür.

— Näme sen gyz bilen iş salşyp gören ýaly, günüň şüdür diýen bolýaň?

— Görüp durun-da. Näçe wagt bäri durus şu taýda, görene göz bolup. Öýleneňsoň dagy näder?

— Näder, öýdenem çykmaz.

— Men-ä oýun edýän. Öýden çykarman saklamarsyň. Häzir geler welin, edil ala-baharyň gary ýaly, pagyş-para erärsiň.

Kemaletdin Saraň gelýänini gördi. Hakykatdanam, üýtgeşik bir waka bolaýjak ýaly, ony görenden ýüregi gürsüldäp urmaga başlady. Zordan Samada: «Gelýär» diýip ümlemäge maý tapdy.

Saraň ýüzi ýarpy ýapykdy. Emma şonda-da onuň owadanlygy bildirip durdy. «Mümkin ýüzüniň ýarpy ýapylyp, diňe ala gözleriň görünýändigi ony has owadan görkezýändir? Kim bilýär, ýüzüni doly açsa ondanam owadan bolar. Gyzlar näme üçin beýle owadan bolýarkalar? Kemaletdinem görmegeý-le. Şu wagt hasam görmegeýleşen ýaly. Pyşyrdan bolup, näme diýjek bolýarka? Men gowusy bulaň ýanyndan aýrylaýyn». Samat bir bahana bilen olardan yza galdy.

Ol Saranyň ýüzüniň ýarpy ýapyklygyny dünýäniň ýüzüniň ýarysy açyk, beýleki ýarysynyň ýapyklygyna meňzetdi. Samat geçen günleri

dünýäniň ýüzüniň açyk bölegine deňedi. Ertirki güni, sagady, minudy welin görjek gümanyň ýok. Bu ýapyklyk özüne çekýär, imrindirýär…

Kemaletdin «Atamyz bizi gözläýmesin» diýip hoşlaşanlaryndan soňam: «Wiý, bir zady aýtmagy ýadymdan çykarypdyryn. Sen baryber, men seň yzyňdan ýeterin» diýip, Samady ýeke ugratdy.

Samat Bagdadyň darajyk hem adamsyz köçeleri bilen öýlerine gaýtdy. Sam daş düşelen ýoldan ýüzüni galdyrman barýardy. Birden, hyýalynda ejesi ýanyna geldi.

— Oglum, nämä gaýga batdyň?

— Eje, men öz çagasyny urýan ejeleri kän gördüm. Olardan näme üçin beýdýänlerini sorap bilmedim. Sara-da Kemaletdiniň ogullaryny urar.

— Ony näbilýäň?

— Göwnümedirem welin, şeýle bolaýjak ýajy. Hem üýtgeşik gowy görer, hem urar. Men bu gezek ýalňyşsam begenjek, ýöne nädip beýle bolup bilýär?

— Sen meniň şol çalan şarpygymy henizem unudaňokmy? Ol meňem ýadymdan çykmaz. Bagyşla, oglum. Seniň ýaňagyňa urdugym, öz ýaňagyma urdugym dälmidi ýogsa?!

— Bagyşla, eje…

— Oglum, sen kakaňy halas etmeli galanynyň bir alajy bolar.

— Kakamy? Nädip eje?

Samat ejesiniň näme üçin jogap bermeýändigini biljek bolup töweregine garanjaklady, emma eýýäm ejesi gaýyp bolupdy. Diňe hol aňyrdan Kemaletdiniň ýetip gelýäni göründi.

Ibn Kahhar Gürgenje gitmäge Samat göwnemez öýtmeýärdi. Şonuň üçin-de daş ýola ugralmazyndan öň Kemaletdin bilen ýene-de bir gezek gürleşmegi makul bildi. Gyzza-gyzza diremän arkaýyn gürleşmek maksady bilen Kemaletdini ýanyna çagyrdy.

— Samy Gürgenje äkitmekçi bolýanymy biýänsiň.

— Haçan ugraýaňyz, atam? Samat göwneýärmi?

— Göwnemez öýdemok. Kerwen bolan güni gidibermeli welin, men bärsini kime goýjagymy bilemok.

— Atam, bolmasa Sam bilen men gidäýeýin? Ol meň bilen gitmäge has göwünjeň bolar.

— Ýok, özüm gitmesem bolmaz. Onuň kakasynyň meselesi saňa çözdürmez.

— Bolmasa şypahana Mahmyt ikimiz serederis-dä.

— Olam bolardy welin, hany sen diş bejerjek dälmi?

— O meselänem çözmän ýörüs, diş üçin ýer açaly diýip ýördük.

— Ýer açsam sen oňa geçjekmi?

— Atam özüňiz diýdiňiz ahyryn? Şondan bäri men diş hakynda ýene köp zatlary okadym. Ata, diş garalyp ugrandan, oňa düşen gurçugy aýryp daşy gaplansa nähili bolar?

— O nädip?

— Bilmedim nädipdigini, ýöne meň sogurýan dişlerimi bir görüň. Daglap goýberýän dişlerimem abat. Soň öz-özleri owranyp gidýäler.

— Görýän welin, seň diş bilen meşgullanjagyň çynyň-da.

Kemaletdin atasynyň sözlerinde närazylyk alamatyny syzdy.

— Atam, näme men ýalňyşýanmy? Kitaplarda…

— Oglum, Samyň ýüregini owkalaýşyňy sen haýsy kitapdan okadyň? Men döş kapasasynyň üstünden ýüregi owkalap bolýandygyny bilmeýärdim.

— Menem ony hiç ýerde okamadym. Gyssanjyma özümem bilmedim näme edýänimi.

— Allah salgy berendir ony.

— Şüküralhamdulullah.

— Sen, tüweleme, indi öz başyňy özüň çarap biljek. Gelýän juma güni sadaka edeliň, men saňa pata berjek.

— Atam! Allah yhlasymyzy kem etmesin.

— Omyn. Soň bazar gününiň ertesi Gürgenje ugraýan kerwen bar, Sam bilenem şoňa çenli belli bir netijä geleris.

— Bolýar atam.

Kemaletdin atasynyň ýanyndan guş bolup çykdy. Onuň göwnüne aýaklary ýere degmeýän ýalydy. Gelşine Samady gujaklady. Samat aňka-taňka bolup:

— Men saňa Saraň däl-how — diýdi.

Kemaletdin oňa «çüş» edip soňam atasynyň pata berjek diýenini aýtdy. Bu gürrüňleri eşidip duran Mahmydam ylgap gelip agasyny gujaklady. Samadam durup bilmän, olary gujaklady. Olaryň üçüsem bir göwre ýaly bolup, bökjekläp aýlanmaga durdular. Köpräk aýlananlaryndan boldumy, nämemi, aýrylşanlarynda olaryň üçüsem entirekläp gitdiler. Kemaletdin bilen Mahmyt entirekleýişlerine gülşüp aýak üstünde zordan saklandylar. Samat bolsa saly gowşaklygyndan entirekläp gidişine arkan ýykylyp, ýeňsesini gaty ýere degirdi. Ol ýene özünden gitdi. Ýaňy garalyp ugran burnunyň aşagyndan gan göründi. Mahmyt gorkusyna «ata» diýip gygrdy.

Samat entirekläp barýarka kaksynyň gelenini gördi. Ol:

— Kaka, meni tutsana, ýykylýan — diýip gygyrdy. Emma kakasy ony tutmakdan geçen, gaýtam şol öňki edişi ýaly burnuna ýumruk bilen urdy.

Samat «kaka» diýip çiň arkan gaýtdy...

## 10-njy bölüm

**…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Birdenem ol ýene-de Kemaletdin, Mahmyt dagy bilen aýlanmaga başlady. Birdenem olaryň hersi ullakan erik gülüniň bir ýapragyna öwrüldiler. Aşakdan atasy «Munyňyzdan oýun bolmaz, düşüň aşak» diýip gygyrýardy.

Samat:

— Ata, sen bize käýýeme, biziň üçümize-de pata ber, biz şu ýerde galaly - diýdi…

Atasy Samada huşa getiriji derman ysgatdy. Ol özüne geldi, esgidäki gany gördi:

— Ata jan, ýene burnum ganaýarmy?

— Häzir ony ganamaz ýaly ederin, ýöne sen çydajak bolgun. Kör hasasyny bir gezek aldyrar. Öňki ýaly ganyňy gidirmeris.

Ibn Kahhar Samady iş otagyna getirtdi. Agaçjygyň ujuna pagta sarady. Pagtanam bir dermana batyrdy-da, Samadyň gan gidýän burnuna dykdy. Samadyň burnunyň içinde ot ýanan ýaly boldy. Atasy tabşyransoň Kemaletdin bilen Mahmyt Samadyň el-aýagyny berk tutup durdylar. Burnundaky agyra çydaman Samat bir «waý» diýip gygyryp bildi. Şol bada-da giň ýagtylygyň içine düşdi. O taýy şeýle bir ýagty hem durudy welin, aşakda çala görünýän ýer şary üstünde uly ýangyn turan mysaly, tüssä gurşalyp çala görünýärdi. Bu ýerdäki ähli zatlar ýagtylykdan ýasalan ýalydylar. Howada, töwereginde gaýyp ýören erik gülleri dür mysalydy. Hanha, bişen gyzyl alma uçup ýör. Ol şeýle bir ýagty, içindäki tohumy, çigitleri görnüp dur. Pyntyklaryň içinde görünýän ýapraklary-da ýeke-ýeke sanap oturmalydy. Olaryň arasynda älemgoşardan ýasalana meňzeýän tegelek tabaklar uçup ýördi. Älemgoşardan tapawutlylykda olarda gara reňklerem bardy. Olaryň käsiniň gyrasy gädikdi, käsiniň jaýrylan ýeri bardy, käsiniň şöhlesi öçükdi, käsi lowurdap durdy. Samat olary eline alyp görjek boldy. Emma eli o zatlaryň içinden geçip ditdi. Eline zat ilmedi. «Bular nämekä?» diýip pikir edenden, beýnisindäki pikirleriň hereketini görüp duran ýaly olardan jogap eşidildi:

— Biz asyrlaryň ruhy. Biz älemgoşardan däl senden, ondan, sizden ýasalýarys. Sen özüňe bir seret.

Sam özüne seretdi. Onuň urup duran ýüregi daşyndan görnüp durdy. Içi hapaly aşgazanam bar. Bagyry, öýkenleri, damarlaryndan ganyň akyşyna çenli görnüp dur. Ol göwräni ikä bölýän syrly perdäni sypap gördi. Onuň hiç ýerinden deşik ýa ýyrtylan ýerini tapmady. Samat indi töwereginde

uçup ýören güllere-de, miwelere-de üns edenokdy. Özünden başga zat bilen işi ýokdy. Ol:

— Ata, sen meni eşidýärmiň? Sen nirede? — diýip sorady.

Atasy:

— Men bärde, ýanyňda, näme diýjek bolýaň?

Samat atasyny görmedi.

— Men seni göremok, atam. Sen meni görýäňmi?

— Görýän oglum, görýän.

— Atam, ine, şu perdede syr bar. Görýäňmi şuny? Ol biziň nebsimizi, garnymyzy, ähli hapalarymyzy ýüregimiziň, beýnimiziň, niýetimiziň päkligine garyşdyrman saklaýan perde bolmaly. Adamyň garnyna söýgüsi ulalyp, nebsi artdygyça bu perdä ägram düşýär. Ol sozulýar, ýukalýar. Ýerine ýetirmeli işini doly amal edip bilmän başlaýar. Ilkibaşdaky gowy niýetler bozulyp ugraýar. Men bu syrly perdede açylyp ýapylyp duran agyz bardyr öýdýärdim. Ol beýle däl eken. Gowy adamlarda ol edil bileklerindäki güýçli damarlar ýaly berk, kuwwatly, galyň bolýan bolmaly. Käbir adamlarda bolsa, olar gulagyň perdesi ýaly ýukalyp gidipdir. Ony aşakdan nebis daraklap ýukaldýan bolmaly, atam. Ony berkidip kuwwatlandyrýanam ýürekden gaýdýan arassa ganymyz, dury pikirlerimiz bolmaly. Biz bu syrly perdäni ýene öwreneris. Maňa muny asyrlaryň ruhy salgy berdi, atam.

Samadyň diňe soňky sözlemi dasyny gurşap duran Ibn Kahhara, Kemaletdine, Mahmyda açyk eşidildi. Olar muňa nähili düşünjeklerini bilmediler. Atalygy Samadyň maňlaýyndan öpdi. Samada bolan yssy mähri bogazyna dykylan Ibn Kahhar häzir Samadyň diňe maňlaýyndan ogşabam oňjak däldi. Emma ol bogazyna dykylan şol mähri nädip yzyna gaýtarjagyny, köşeşdirjegini bilmän, Samadyň ýumşak saçlaryny sypap maňlaýyndan ogşapdy. Samat atalygynyň beýtmesini özüni doly diňläni üçin edendir diýip düşündi. Samadyň aňy ýerine gelip, öňki dünýäsine dolandy.

Samat bu gezek uzak ýatmady, agşama galman aýak üstüne galdy. Ýöne kellesinde erbet agyrlyk duýýardy. Gözüniň öňünden asyrlaryň ruhlary geçip gidýärdi. Olar şol aýlanyşyp ýördiler. Bu gaty owadan görnüşdi. Emma uzak seretdirmeýärdi, başyňy aýlaýardy.

Samat uly bir syr aýdýan ýaly, çete çekip Kemaletdine «Asyrlaryň ruhuny» görýänini aýtdy. Kemaletdin «O nähili?» diýip, geň galdy. Samat olary suratlandyrmaga durdy. Emma sözüni gutarmanka Kemaletdin gülüp:

— Jigim, atam seň burnuňy güýçli derman bilen ýakdy. Dermanyň güýjünden gözüň öňünde halkalar döreýär. Gorkma, aýrylar. Gel ikijigimiz şerbet içeli — diýip, şerbet getirmäge gitdi.

Samada halkalardan ses eşidildi:

— Sen biz barada hiç kime aýdybam oturma. Saňa ynanmazlar. Biz häzir seň gözüňden ýiteris.

— Bir zat sorasam bolmazmy?

— Çaltyrak sora.

— Näme üçin siz dürli-dürli? Biriňiz öçügsi, biriňiz lowurdap dursuňyz, biriňiz gädik, biriňizde jaýryk bar?

— Biziň reňklerimiz, ölçeglerimiz, tizliklerimiz, barýan ugrumyz meňzeşdir. Her asyryň ruhy özünde ýaşap geçen adamlardan ýasalýar. Saňa gädik görünýän ýerlerimiziň reňki ýokdur. Olar manysyz, ömürlerini boş geçiren adamlardyr. Jaýryklar ynsanlaryň düşünişmezlikleridir, atalaryndan närza ogullaryň, ogullaryndan närza atalaryň salan ýaralarydyr. Lowurdap duranlarymyz aýratyn öwüşgin bilen ýaşan, ömrüň gymmatyny bilen, onuň manysyna düşünen adamlardyr. Öçüklerimiz onuň tersine ylymda-bilimde, ruhyýetde yza gaýdyp, göýdük bolan nadanlar. Nebsi öňüne düşen, dawa-jenjellerde ýaşan, ynsan gymmatyny pese gaçyran adamlardyr…

Asyrlaryň ruhlary ýitip gitdi. Ýüzüni galdyrman şerbetini içip oturan Samat elindäki käsäniň boşanyny gördi. Kemaletdin oňa: «Ukladyňmy?» diýende, oýalykdan uka dolanyp gelen ýaly boldy. Kemaletdin onuň goltugyna girip düşegine geçirdi. Samat süýji uka batdy. Daňa golaý asyrlaryň ruhlary gelip, ony alyp gitdiler. Samat o halkadan o halka — ol asyrdan beýleki asyra böküp oýnady. Olar şeýle bir towusdyrýardylar welin, ol uçup barýan guşlaryň deňine ýetýärdi. Soň ondanam beýige galýardy, hatda aşakdaky ýer togalagy ýüzügiň gaşy ýaly kiçelip görünýärdi. Ol özüniň agramyny ýitirip, gaýyp ýörşüne haýranlar galýardy. Onuň bökýän asyrlarynyň gitdigiçe ýüzi solup, jaýryklary köpelip başlady. Samat saklanjak boldy. Çünki indiki basjak asyry jaýryklarynyň köplüginden ýaňa onuň ýelek ýaly gaýyp ýören göwresinem göterjek däldi. Samat ol asyrdaky jaýryklara garap, özüni müýnli ýaly duýdy. Eglip jaýryklary bejerjek boldy. Emma tabagyň ýüzi gury bolansoň, jaýryklar bitmeýärdi. Samat gyssanyp, eline tüýküligini çaldy. Emma peýdasy degmedi. Göwnüne bolmasa, gaýta jaýryklar ulalan ýaly boldy. Dürli reňkleri ýüzünde öwüşgin atyp duran asyr tabagynyň jaýryklaryndan ýaňa gözüniň alnynda pytrap gitjegini görüp Samat gyssandy. Ol aglamaga başlady. Gözüniň ýaşy bilen jaýryklary suwajak boldy. Emma gözýaşa eýlän palçygy sähel salymda guraýardy-da, Samat ony jaýryklara çalmaga ýetişip bilmeýärdi. Özüni emelsiz ýaly duýýardy. Birdenem tabagyň ýüzüne maňlaýyndan bir damja der damdy. Deriň daman ýeri ýylmanyp gitdi. Samat der saçmalydygyna düşündi. Ol tabagyň üstünde pelpelläp ýörşüne gara der bolup işledi. Bu gezek onuň yhlasy ýerine düşýärdi. Tabagyň jaýryklary bitişip, reňkleri lowurdap, ýüzi nurlanyp barýardy. Bir ýerden azan sesi geldi. Samat süllümbaý derläp oýandy.

**11-nji bölüm**

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Oýa ýatan Kemaletdin Samadyň gözüni açanyny görüp elinden tutdy.

— Baý derläpsiň-aý. Ýogsa yssama däl. Baý-bow, eşikleňem ölmyžžyk. Bu durşuňa täret almaga gitseň üşärsiň. Häzir men saňa gury eşik bereýin.

Samat Kemaletdiniň getiren köýnegini geýmek üçin egnindäkini çykarjak boldy. Köýnek Samadyň teninden aýrylyşmajak bolup, meni çykarma diýýän ýaly endamyna ýelmeşip durdy. Ol uzyn bolansoň, çykarmasy hasam kyndy. Kemaletdin Samadyň köýnegini çykaryp bilmän horlanyp durşuny görüp, kömekleşmäge durdy.

— Nädip beýle derläp bildiň? Köýnegiň öl-suw-a.

Hernäme-de bolsa, köýnegi çykardylar.

— Samat seniň endamyň lowurdap dur-la?

— Aý, derlänime ýylpyldaýandyr-da. Äbersene köýnegi.

Samat çalt geýnip durşuna:

— Seň ýadyňa Sara düşýändir — diýip, gülen boldy.

— Ýok, ýöne men beýle teni heniz görmändim. Seniň teniň älemgoşar ýaly öwsüp dur. Köýnegiňi galdyryp seret.

— Goýsanaý oýnuňy. Namaz geçýär. Ýör, täret alaly.

Kemaletdin täret alýarkalaram Samatdan gözüni aýryp bilenokdy. Samadyň goşarlary, bilekleri, hatda aýaklaram öwüşgin atyp durdy. Hemişe bolşy ýaly, Mahmyt täret jaýyna Kemaletdin dagy çykyp gelýärkäler girdi. Kemaletdin öňünden barýan Samatdan gözüni aýyrman diýen ýaly tirkeşip namaz jaýyna geldi. Atasy ertir namazynyň sünnetini okap durdy. Samadam, Kemaletdinem namazlaryny okamaga durdular.

Namazdan soň Kemaletdin Samady atasyna görkezjek boldy. Ýene-de utanyp o jaýa geçdiler.

— Kemaletdin, meni günüme goýsana. Kellämem agyranok, bedenimem gurşanok.

— Ýogsa-da gurşmaz. Ol lowurdap dur-a. Sen özüňe bir seret.

Asyrlaryň ruhunyň özüňe seret diýenleri Samadyň ýadyna düşüp, gorkusyna özüne seretdi. Emma bu gezek hiç hili üýtgeşmäniň ýokdugyny görüp begendi.

— Sen köýnegiňi galdyryp gör.

Samat utanyp: «Bar gitsenaý» diýdi. Kemaletdin onuň garşylygyna bakman köýnegini galdyrdy. Emma bu gezek ol öňki lowurdyny görmedi.

— Arkaýynlaşdyň dälmi? Atam saňa pata berer welin, oňa seni öýer diýip aýdaryn.

— Akylly boleý sen. Aýdaram şü. Sam, Sam… belki sen diňe derläňde ýaňky ýaly ýaldyraýansyň?

— Kemaletdin, ýalbarýan, şo gürrüňi goýsana. Ikimiz bileje Gürgenje gideli, men saňa ýolda baryny gürrüň bereýin.

— Gitjekmi?

Samat başyny atdy.

— Seni atamyň özi äkitjek diýýär. O taýda seň kakaňy halas etmeli diýýär.

Samadyň ýüzi sallandy.

— Hemmesi gowy bolar. Alada etme. Biz gowusy sadaka taýýarlanaly. Töwerekleri arassalaly.

Olar daşaryk çykdylar. Mahmyt bir zady daňmak üçin külterlengi ýüpüň ujundan kesip aldy-da, jaýa girip gitdi. Biraz salymdan yzyna çykdy-da, ýüpden ýene kesip almakçy boldy. Golaýynda duran Kemaletdin oňa: «Öňki keseniňi nätdiň?» diýdi.

— Gysga boldy.

— Getir-de ujuna daňaý.

— Düwün bolýar.

— Çözülmez ýaly edip daň, düwnüň näme zyýany bar?

— Birden çözüläýse?

— Sen berkje daň. Dagy oklaýjakmy öňki keseniňi.

Mahmyt agasynyň öwredişi ýaly etdi. Samat Kemaletdine:

— Durmuşda gysga kesileniň, daňyljak ýeriňe ýetmäniň üçin bir ýana oklanmakdan erbet zat ýok bolsa gerek — diýdi.

— Hawa-da… Başga bir özüň ýaly gysga gelen ýüp bilen daňylaýmasaň.

— Şol daňylmak öýlenmekmikä?

— Ýene maňa degjek bolýaňmy?

— Şol düwün çözüläýse iki tarapam müýnli ýaly bolup galar. Tä ömürleri ötýänçä…

— Olar daňylman biri-birine täzeden işilse bolardy.

— Ony etmek üçinem ýüpleriň ikisem öňki işimlerinden sökülmeli. Soň gaýtadan işilmeli. Bu-da aňsat däl. Ýüpleriň biri sökülip beýlekisi sökülmese-de bolman duruberýär.

— Men-ä sökülerin Sara sökülse. Inçejik taryma çenli sökülerin.

— Sen düşünýäň. Kakam welin düşünmändir.

— Samat, sen kakaň hakynda kän gürrüň bermeýäň. Näme, ol erbetmidi?

— Kim kakasyna erbet diýer?

— Hawa-da, menem kakamdan galyp atam bilen ýaşanymy gowy gördüm, emma kakama erbetdi diýip biljek däl.

— Hemme zat şol syrly perdä bagly. Eger ol hapa bilen arassanyň arasyny berk bölüp bilmese, bary bulaşýar. Gowulardanam erbetlik çykýar. Garaşylmaýan hereketi nädip edeniňi özüňem bileňok.

— Şeýle-dä… Atamy käýitdirenim ýadyňa düşýärmi? Şonda o gelenlere nädip ýer ýok diýenimi özümem bilmändirin.

Samat bu gezek Kemaletdine jogap bermedi. Ol uçup ýören asyrlaryň ruhlaryny ýatlady. Ondaky jaýryklar göz öňüne geldi. Asyrma-asyr şol jaýryklaryň artyşy ýadyna düşdi.

-— Kemaletdin, sen kakaňy günäkärleme, goý, ogullaryňam seni günäkärlemesinler. Suwda balyklar ene-atasyny ýa-da neslini günäkärleýärmi, gökde guşlar ene-atasyny ýa-da neslini günäkärleýärmi, ýerde agaçlar öz miwesini, miweler bolsa içlerinden jan suwuny akdyran şahalaryny günäkärleýärmi? Ýok. Çünki olar biri-biriniň öňünde günäkärem däl. Bize näme üçin bu başartmaýar? Ýogsa biz olardan düşünjeli ahyryn, Kemaletdin?

Kemaletdin bu sowala näme jogap berjegini bilmedi. Çünki ol sowal, soňunda ady tutulýanam bolsa Kemaletdine berlen sowal däldi.

Owallar kakasynyň ýerine ejesini ýatlanyny kem görmän, kakasy hakyndaky pikirlerini mydama kowup gezen Samat, soňky günler kakasyny köp ýatlardy. Kakasynyňky ýaly giň hem berk basyp ädimlejek bolşy, oňa bildirmän aýagynyň yzlaryny belläp, ädim arasyny ölçäp görşi hakydasynda janlanardy. Şonda Samadyň öz ädiminden kiçiräk iki ädimi kakasynyň bir ädimine gabat gelerdi. Ädimini başardygyça giň açyp, aýaklaryny kakasynyň aýak yzlarynyň deňine ýetirerdem. Beýtse-de ýöräp bolmaýardy. Çaltyrak kakasy ýaly ulalasy gelerdi. Kakasynyň köşge geýýän owadan donuny sypap görerdi. Duldan asylgy gylyç, hernäçe özüne çekse-de, ony gynyndan çalaja çykaryp görmäge-de gorkardy. Ol kakasyndanmy ýa-da gylyçdan gorkaýanyny anyk bilip bilmezdi. Samat üçin o döwürlerde olaryň tapawudam ýokdy. Olaryň ikisem gorkunç görnerdi. Samat alty ýaşandan kakasy oňa sen indi uly adam diýmäge başlady. Bir gezek bolsa «ejemogly» diýip käýýedi. Näme üçin käýýeleni Samadyň ýadyna düşmeýärdi. Ejesiniň ogly bolany üçinmi? Ol muny ejesinden sorap gördi. Maralyň bolsa o günler özüni günäkärläp, Gara Durmazyň göwnüni awlamaga çalyşýan günleridi. Ýedi ýaşlaryndaky ogluna kimiň ogludygyny — ejesiniň ogludygyny ýa-da kakasynyň ogludygyny düşündirmek kyn boldy.

— Oglum, kakaň seni gowy görýär. Seňem ulalyp, özi ýaly bolaryňy isleýär. Ol seni menden gysganýar.

— Meni nädip gysganjak? Men ulalsam, kakam ýaly bolmarynmy ýogsam?

— Bolarsyň, oglum. Şonuň üçinem sen oň diýenini etmeli.

— Edýän-ä eje.

— Mendenem daşrakda bolmaly.

— O nädip?

— Bar, oglum, sen oýna, kakaň bilen özüm gürleşerin.

Samada şol gün ejesi oýnawaç gylyç alyp berdi. Samat begenip ony dakynyp gördi. Soň bolsa:

— Eje muny nädip oýnamaly? — diýip sorady.

Ejesi oňa nädip oýnamalydygyny görkezjek bolup, gylyçjagazy gynyndan çykardy. Ony Samadyň ýassygyna sünjen boldy-da:

— Ana, ýassygyň öldi — diýdi.

Samat ylgap baryp ýassygyny gujagyna gysdy:

— Beýtme eje, men beýdip oýnajak däl. Bu meň ýassygym. Ýassygymy öldürme, eje!

— Ýassyga hiç zat bolmaz muň ujy ýoga.

Samat bilindäki gyny çözüp taşlady. Soň ýassygyny tutuş göwresi bilen penalap üstünde ýatdy.

— Bolýar, bolýar. Getir muny gynyna salaly. Sen ony ýöne biliňe dakynaý.

Samat sesini çykarman ejesiniň ýanyna geldi. Ýene-de biline dakylan gylyja seretdi. Ejesi bolmadyk bolsa, gylyjy dakynjak däldi. Ol bili gylyçly öýden çykdy. «Meni oýna» diýýän ýaly, gylyç onuň aýaklaryna urulýardy. Ony nädip oýnajagyny bilmän Samat kän kösendi. Gylyjny gynyndan çykaryp agajyň şahasyna salan boldy. Agaçdan bir ýaprak tänip gaçdy. Bu oýun Samada ýaramady. Ol bilindäki gylyjyny beýläk zyňyp goýberdi.

Bir gün kakasy ony beýik erik agajyna mündürdi. Erikleriň sowlan wagty bolansoň, Samat agaja mündürilip özünden näme islenýänine düşünmedi. Kakasy ony şol ýerde goýdy-da gylyjyny dakynyp köşge gitdi. Samat bir salym erigiň üstünde oturdy. Soň ondan düşesi geldi. Emma ol ýerden biri düşüräýmese, düşer ýaly däldi. Ol ejesini çagyrdy. Ejesi hä bermedi. Ejesiniň özi çykar öýdüp gygryp ýadan Samat garaşmaga başlady. «Ogluňy erikden özüm gelip düşürýänçäm düşüräýmegin» diýlip tabşyrylansoň, ejesem öýden çykyp bilmän otyrdy. Daşaryk çyksa, Samada dözmän ony erikden düşürjegini bilýärdi. Muny etdigem agşam Gara Durmazdan gep eşitmei boljakdy.

Samat ejesini çagyra-çagyra aglap başlady. Ol kakasyny ýadyndan çykarypdy. Öýden çykyp özüni düşüräýmeli halyna, ejesiniň kömege gelmeýşini has gaty görýärdi. Birden onuň kellesine « Indi ejem gelip düşürjegem bolsa, düşmäýin» diýen öýkeli pikir geldi. Hatda ejesi geläýse-de eli ýetmez ýaly ýokaryk dyrmaşmaga hyýal etdi. Emma ýokaryk çykmaga-da gorkdy. Garaňky gatlyşyberende kakasy geldi.

— Ýeri-how, ejemogly, aglaman otyrmyň? — diýip, ony agaçdan düşürdi.

Samat içinden: «Men seňem ogluň däl, ejemiňem» diýip, aglaýanyny bildirmejek bolup jaýa girdi. Öýde ejesiniň aňyrsyny bakyp oturanyny gördi. Emma ýanyna barmady. Onuň ejesi bilen işem ýokdy. Ýassygyny

gözleýärdi. Ejesi «Näme gözleýäň?» diýse-de, jogap bermeýärdi. Ahyry beýleki jaýa geçip, tapan ýassygyna ýüzüni goýdy-da, aglady. Ýassyk oňa edil mähriban adam ýaly, iň ýakyn adamsy ýaly garaşýan kömegini berýärdi — hem ýüzüni ýapýardy, hem gözýaşlary özüne siňdirýärdi, hem sesini töweregine eşitdirmeýärdi.

Daşky jaýdan ulularyň sesleri gelýärdi:

— Degme ýatsyn, ulalar.

— Sen ahyry däliredersiň çagany.

— Özüm bilýän näme edýänimi. Sen arkasyny alan bolup, sandan çykarmasaň bor. Ýa seni tutaklap ýör, ýa Gülnesibäni. Heý, özi ýaly oglanlar bilen oýnaýanyny görýäňmi şoň?

— Şu töwerekd-ä özi ýaly çaga-da ýok. Köçä kowma diýýänem-ä özüň.

— Ýa köçä kowaýmaly, ýa ýanyňdan aýyrmaly däl diýlen zat ýoga. Ol meň ýüzüme göni bakyp bilenok.

— Begen-dä gaýta. Gözüň içine jikgerip dursa näderdiň.

— Ana, şonda begenerdim. Hakyny gidirmez. Ur diýseň öldürer.

Ulularyň gürrüňi Samada gowy eşidilýärdi. Samat kakasynyň soňky sözleriniň manysyna düşünmese-de, onuň özünden ýowuzlygy isleýändigini aňdy.

Kakasynyň özüne ur diýende öldürmegi öwretjek bolup eden yhlaslary göz öňünde jikme-jik janlandy. Samat şol düşüp bilmedik eriginiň böwrüne çaga aýaklary bilen ýersiz-ýere «kiýa» diýip depmeli bolýardy, dişini gysyp kakasyny ýumruklaýardy, ondan ýumruk iýýärdi. Kalbyndaky söýüp sylamak duýgusy kakadan gorkmak duýgusyna, soň kakaňdan göwnüň döwülmesi, kakaňy ýigrenmek duýgusyna çenli baryp ýetipdi. Çünki şeýdip asyrlaryň ruhuna jaýryk salýandyklaryny o günler ne onuň kakasy bilýärdi, ne-de özi. Bir seretseň, o jaýryk gutulgysyz ýalam bolup dur. Biziň suwda ýüzýän balyklarça-da, howada uçýan guşlarça-da, miwesini bişiren almaça-da ýokdugymyz üçin o jaýryklar gutulgysyz ýaly…

Samat şol jaýrygy bitirmegiň hatyrasyna atalygy bilen Gürgenje ugrady. Kerwen uly kerwendi, ýol bolsa örän uzak. Ibn Kahhar Gürgençiň kitaphanasy, ol ýerdäki tebipler bilen alyş-çalyş etmek üçin  diýip iki düýe kitabam aldy. Bir düýä bolsa dürli dermanlary, azyk-suwluklaryny ýüklediler. Samat kitap ýükli düýeleriň birine mündi, atalygy bolsa beýlekisine. Bu ýol Samadyň dört ýyl mundan öň geçen ýoludy. Şo wagtam ýazyň günüdi. Töweregem al-ýaşyldy. Münüp oturan düýesem edil şol wagtky düýä çalymdaş. Diňe bir zat tapawutlydy, Samat häzir şondaky giden ugrunyň tersine barýardy. Şol wagt ol öz ýakynlaryndan gaçypdy. Yzyndan kakasynyň kowup ýeterinden, yzyna dolaryndan gorkup barýardy. Häzir bolsa ol ýakynlary bilen duşuşmaga barýardy. Ejesindenem beter kakasyny göresi gelýärdi.

Samat atalygynyň şypahanasynda burnundan gan gidip erbet horlanan mahaly Kemaletdiniň ýanynda bolaryny has isläpdi. Ýogsa, sypahanada galmaly ediläýen wagtlary, Kemaletdiniň özüne «köçeden ýygnalan» diýeninem eşidipdi. Ibn Kahhar ony eşitdimi ýa-da eşitmänkä öňünden gaçdymy, garaz, Kemaletdinem, Mahmydam çagyryp şolaň ýanynda Samady ogullyga alanyny, olaryň üçüsiniňem dogandyklaryny aýdypdy. Kemaletdin bu doganlygy ýüregine sygdyryp bilmändi. Muny Samat duýan dek Kemaletdinden gaçarak durup, Mahmyt bilen ekiz taýy ýalydy. Olar şeýdip iki ýyl gezdiler. Emma jygba-jyga gelende, gyssananda Samat Kemaletdiniň elinden tutdy, oňa baglandy. Häzirem «ejem, ejem» diýip kakasyna «ejemogly» diýdiren Samat, öňki boluşlarynyň tersine kakasyny küýseýärdi. Ol çyny bilen her namazda kakasyna duşmagyň dilegini ederdi. Asyrlaryň ruhy ýene gözüne görünäýse, başga hiç zady soraman kakasyny sorajakdy.

Kaka üçin, hatda Gara Durmaz üçinem balasyndan eziz hiç zat ýokdy. Ol zyndandan öňem şeýledi, häzir zyndandakada. Ol köşkde egni zer bilen keşdelenen donly, haçan hökümdaryň buýrugyny ýerine ýetirmeli bolarkam diýip garaşyp otyrka-da, soň haçan hökümdaryň buýrugyny berjaý etmek üçin meni çagyrarlarka diýip alagaraňky zyndanda otyrka-da ogluny ýatlardy. Durmuşynyň çeppe çöwrülip, gymmatlyklaryň orunlaryny çalşyran döwründe-de ogluny küýseýşinde känbir tapawut bolmady. Olaryň ikisinde-de gorky bardy. Köşkde işläp özüni saýlantgy adamlaryň hatarynda tutýarka-da, zyndana taşlanyp, itiniň ýalagyndanam erbet tabakdan suw içmeli bolýarka-da Samada garaýşynda gorky bardy. Köşkdekä ol lellim hem nalajedeýin ogly kemala getirmekden gorkardy. Häzir bolsa şunça ýyllap ýüreginde gizlenen ogluna bolan söýgüsiniň talabyny berjaý etmek, bolmanda birje gezek oglunyň ýüzüni görmek isleginiň öňüne özüniň ogluna biçäre halda görünmekden gorkusy böwet basýardy. Ýogsa ol ogluny, hakykatda, zyndanyň diwarlaryny görýän ýaly görmegiň özi üçin jennetiň gapysyny gören ýaly bagtdygynam bilýärdi. Emma şonda-da «Tur, ogluň seni görmäge gelipdir» diýsler, oňa tarap öz erkine bir ädimem ädip biljek däldi. Ol şu halynda ogly bilen ýüzbe-ýüz görüşmegi özi üçin bagyşlanmajak aýyp hasap edýärdi. Ol hatda gara ädigini lowurdadyp köşge işe gidip gelýän mahallaram, ilki bilen oglunyň öňünde özüni oňarmaýan ýaly görünmekden çekinerdi. Iň ýamanam, şol döwürlerde oglunyň bedenini berkidip, paýhasyny ýowuzlaşdyrmaga çalyşýarka bu edýän işleri üçin Samadyň aýratyn duýgur çaga kalbynyň öňünde haçanam bolsa bir gün jogap bermeli bolaýmaýyn diýen gorkusy bardy. Onuň bu gorkusy göreşmäge orta çykan pälwanyň orta çykdygy ýeňer diýip bil baglaýanlaryň öňünde garşydaşyndan ýeňlip masgara bolmak gorkusyna meňzeýärdi. Ýöne, ýeňäýse welin «Nätdim?» diýip keýp etjeginem göz öňüne getirip durdy. Ol şonda garşysyna gidýän Maral, diňe bir Maralam däl özüniňem kalbynda birden-birden döreýän

ikirjiňlenmeleri bilenem tutluşyp, iň soňunda-da ýeňip, Samat kemala gelende «Gör, men oglumy nädip ýetişdirdim» diýip, guwanç bilen aýtmak isläpdi.

Ussat küýzegäriň eline düşen uýtgeşik palçykdan ýönekeýje küýze ýasap, ony peje salasy gelmez. Ol ondan boýny uzynja küýze ýasap görer, göwnüne ýaramaz. Soň ony bozup tutawajy owadanja küýze ýasar. Ýene eden işini palçygyndan pes görüp, göwni ýetmän bozar. Palçygyny täzeden eýläp, ýene bir zatlar ýasaşdyrar. Belanyň körügem ýasaýan zatlarynyň gowşaklygynda däl-de, ussanyň eline düşen şol üýtgeşik palçygyndan aýrylşasy gelmeýänligindedir.

Gara Durmazam Samada gezek gelende şeýledi. Ol ogly bäbejikkä gujagyna alanda şeýle duýgyny başdan geçiripdi. Alty ýaşaýança ol ony «Ýerde goýsam islenýär, howada goýsam poslaýar» edip saklady. Jellat bolan günlerinden başlap bolsa, ogluna bolan özündäki dözmezçiliklerininiňem jelladyna öwrüldi. Ogluna urýan şarpyklary küýzegäriň eýi ýeten palçygyna urýan şapbady ýalydy. Şol şarpyklar, ruhy urgular Gara Durmazyň ýüregini berkitse-de, Samady dözümsizlikden döreýän geçirimsizliklere alyp barýardy. Ol kakasynyň ýumruklaşma oýunlarynda uly ejirleri çekýärdi. Özüne degýän ýumruklaryň awysyndanam beter, kakasyna ýumruk urmak has agyrlydy. Göwnüne her ýumrugy kakasyny erbet kemsitse-de, kakasy onuň hatyrasyna çydajak bolýan ýaly görünýärdi. Çünki onuň özi kakasynyň hatyrasyna etmejek herketlerini etmegiň jebrini çekýärdi. Onsoň kakasy näme üçin onuň hatyrasyna özüne dözmesin? Emma soňabaka onuň gözüne kakasynyň ejesine berýän azarlary has artýan ýaly görnüp ugrady. Ejesiniň gözýaşlary onda kakasyna gezek gelende geçirimsiz bolmak duýgusyny oýardy. Özüni it ýaranda, hamala ejesi ýaran ýaly kakasynyň ejesini urup durşuny görüp, çydap bilmän özünden gidipdi…

Ine, indem ol şol kakany küýseýär. Gökden uçup barýan bulutlaryňam ugry Gürgenje tarap, arkadan ösýän şemalyňam, hatda asmandaky günüňem ugry Gürgenje tarap. Samadyň göwnüne, kakasy atly öňünden çykaýjak ýaly boldy. Birdenem ol atynyň ýüzüni yza öwrüp, gamça basdy-da ötägitdi. Kakasynyň gaçyp barşyny yzyndaky düýede oturan atalygy görýärmikä diýip, Samat yzyna gaňryldy.

Ibn Kahhar öz pikirlerine gümra bolup barýanam bolsa, Samadyň yzyna gaňrylanyny gördi. Ol agtygyna hoşamaý ýylgyryp bakdy. Samat onuň hiç zady görmeýänine düşündi. Samat bu görnüşiňem asyrlaryň ruhlary ýaly ýene diňe özüne görünýänini bildi. Kakasynyň giden ugruna seretse, ol eýýäm gözden ýitip gidipdir. Birden dodagy kepän Samat suw gabyna elini ýetirip birki owurt suw owurtlady. Onuň atalygynyň ýanyna geçip gürrüň edesi geldi. Atalygyna özünde bolup geçýän zatlaryň baryny gürrüň beresi geldi.

«Atam asyrlaryň ruhyny görendigime ynanarmyka? Ýa jynlardyr diýermikä? Ata jan, ol ruhlaryň owadanlygynyň ýanynda biz özümiz jynlara meňzeýäs. Men haýran galýan, bizden ýasalyp, olar nähili şeýle owadan bolup bilýärler?»

— Oglum, ynsanlarda aýratyn owadan reňkler bardyr — ýagşylyk etmek reňki, minnetdarlyk reňki, pidagärlik reňki. Bu reňkleriň gözelligine hiç bir zadyň reňki taý gelip bilmez. Asyrlaryň ruhlary şol reňkler bilen bezelýändir. — Oňa jogap berýän hyýalynda ýanyna gelen atalygydy.

— Atam, senem gördüňmi asyrlaryň ruhuny?

— Olary görmeýänler azdyr. Görmedik bolýanlar welin kändir.

— Ata, olar meni üstlerine mündürip bökdürdiler. Kiçijikkäm kakamam meni şeýdip bökdürerdi. Ol meni ýokaryk-ýokaryk zyňardy. Ejem daşymyzdan gorkardy. Men gorkmazdym. Ýöne bir gezek ol meni ýokaryk zyňdy-da, gapman gidiberdi. Ýadyňa düşýärmi, meni erigiň üstüne çykaryp, soňam düşürmän gidipdi. Ana, şo gezek. Şondan bärem men beýige çyksam gorkýardym. Emma asyrlaryň ruhy bökdürende gorkmadym. Indi kakama duşsam, meni näme üçin erigiň üstünde taşlap gidenini sorajak. Başga-da köp zatlary sorajak. Kakamy göresim gelýär, ata.

— Sabyr et oglum, näsibäňde bolsa, kakaň bilen görüşersiň. Häzir bolsa ýat-da dynjyňy al. Düýäň üstünde ýatyp bilýäňmi?

— Ýatyp bilýän ata, ýatyp bilýän.

Samat nädip uka gidenini bilmän galdy...

Gürgenje barýan kerwen deňziň ýakasynda düşledi. Howanyň yssysyna garamazdan, deňziň suwy sowukdy. Deňiz tarapdan ösýän ýakymly, çyglyja howa jana şypa berijidi. Samat deňizde el-ýüzüni ýuwup oturşyna atalygyna sowal berdi:

— Ata, seret, deňziň nähili owadan gök reňki bar. Şol reňkden goşawujyma aljak bolýan welin, elime suw alynýar-da, reňkini alyp bilemok. Bu näme üçin beýlekä?

— Deňziň öz reňki ýokdur oglum. Oňa asmanyň reňki düşüp gök görünýär. Ol ümürli gün çal reňkdedir, gije görseň gara reňkde.

— Şeýle ullakan deňiz bolubam reňksizmi?

— Hawa.

— Men onuň reňkini alyp bilmeýän bolaýmaýyn, ata?

Samat ellerini çuňraga sokup, ýene-de goşawujyna suw alyp gördi. Emma ýene elindäki suw reňksizdi. Ibn Kahhar Samadyň bolşuna çala ýylgyrdy-da, ol göwnüne almaz ýaly, bu meselä başga tarapyndan bardy:

— Birden seniň ataň — menem reňksiz bolaýmaýyn? Seň reňkiň maňa düşüp şondanam reňkli bolýan bolaýmaýyn? Hany, meniň reňkimden aljak bol.

— Ýok ata, sen men ýokkamam bardyň ahyryn.

— Mümkin o wagtlar men Kemaletdinden ýa Mahmytdan reňk alandyryn.

— Onda Mahmytda ol reňk nirden döredi. Sende ýok zat onda nädip bolup bilsin?

— Bilmedim. Men diňe bir zady bilýän, mende reňk ýok.

— Atam, siziň saçyňyzda, sakalyňyzda ak reňkler bar ahyryn.

— Saç-sakal ol bir tüý. Men diňe tüý däl ahyryn.

— Ata, bildim, bildim. Biziň bedenimizde gan bar. Olam bize reňk berýär hem ýaşadýar. Şo erbet ýaraman ýatamda menden köp gan gitdi diýipdiňiz.

— Bolup biler Sam jan. Ganda uly syrlaň ýatan bolmagy mümkin. Diri guşy kesseň gan çykýar. Gatap galan guşy kesýärsiňem welin, gan ýok ýaly hiç zat akmaýar. Ölüp gatap giden guşuň gany nirä gitdi? Diri guşy ýumşak sakladýan ýa onuň içindäki ganymyka? Onsoňam, bilýärmiň oglum, gany dökmän saklasaň ol garalýar, hem goýalýar, gaty zada öwrülýär.

— Ata, men kakamyň ýanyndakam gandan gorkýardym. Burnumdan çala gan çykdygy janym çykyp barýan ýaly bolýardym. Emma, şypahanada welin, näçe gan görsemem gorkmadym. Men gana düşünjek boldum. Belki kakamam ganyň nämedigine düşünjek bolany üçin ondan gorkan däldir. Ol bir gezek ejeme «Jellat nähak gan dökmez» diýdi. Nähak gan nähili bolýarka? Olam gyzylmyka, ýa başga hilimikä?

— Ýok oglum, olam gyzyl bolmaly. Ýöne onuň öz aýratynlyklary bar. Ol ýerde ýatmaýar. Özüni dökeniň yzyna düşýär, yzarlaýar. Gündiz huşundan çykmaýar, gije düýşünden. Özüni dökenden aryny alýar. Ol gorkunçdyr, balam. Nähak gan dökmekden gorkmaýanyň imany ýokdur. Onuň şu dünýesem berbatdyr, o dünýesem. Diňe bir nähak gan däl, nähak edilen işem şeýledir. Hatda birje sözi nähak aýdandanam sorag soralýandyr. Çünki nähak söz nähak işlere itergi berip biler. Nähak sözünde Hakyň ady bar. Hakyň, Allahyň öňünde «nä» sözüniň goýulmagy Allahdan däl, Hakyň halamajak zady diýmekdir. Allahyň özi gorasyn bizi nähak hereketlerden, nähak sözlerden, nähak gan dökmekden. Omyn.

— Omyn.

Samat çygly çäge kenaryň gyrasyny syryp biraz ýöredi. Aýakyzyna seretdi. Ol bir setir hat ýalydy. Yzyna atalygynyň ýanyna gaýtdy. Ýene-de bir setir hat ýazylan ýaly boldy. Ol ýene yzyna dönüp öňküsindenem uzaga gitdi. Deňziň kenaryna päkize, ýetginjek aýaklar üç setir hat ýazdy. Her basan ädimi, aýagynyň yzy oňa bir many berip duran ýaly boldy. Emma olarda nähili many bar, bu Samat üçin çözülmejek syrdy. Ol deňziň kenaryna yzlary bilen hat ýazyp ýörkä, kakasynyň aňynda goýan yzlaryny okamaga çalyşdy. Olardan özüçe birnäçe nähaklaryny çykaryp gözýaşlaryny dökmän bilmedi. Ol şol erikden düşürilenden soň içki jaýlaryna geçip, ýüzüni ýassygyna tutup aglaýşy ýaly, içi boşaýança aglady. Bu gezek onuň gözýaşlaryny deňiz öz şor suwuna gardy, gizledi.

Sesini deňiz tolkunlary töwerekde hiç kime eşitdirmän alyp gitdiler. Ümmülmez deňiz kenarynda onuň ýüzünem görüp bilen bolmady. Sowuk suwuna ýüzüni ýuwanda deňiz ony doly köşeşdirdi. Çagalygynyň ýassygynyň reňkem häzirki deňziň reňki ýaly  göm-gökdi.

Agysynyň iň soňky nokadyna çenli deňze goýup, ynsan nazary bilen garasaň öňkülerinden tapawut etmeýän, deňiz üçin bolsa düýbünden başgaça setiri aýak yzlary bilen goýup, Samat atasynyň ýanyna geldi.

— Ata, biz haçan Gürgençde bolarkak?

— Indi az galdy, oglum.

— Ata, kakamy halas etjek bolarysmy?

— Dagy näme, oglum.

— Näme üçin? Nämäň hatyrasyna, ata?

— Allahyň haky üçin, Allah ryzasy üçin, balam. Sen bilýänsiň ahyryn, pygamberimiziň «Jennet siziň ene-atalaryňyzyň dabanynyň astyndadyr» diýen mübärek sözlerini. Sen muňa nähili düşünýädiň?

Samat jogap bermedi. Deňziň kenarynda galan, tolkunlaryň ogşaýan öz aýak yzlary göz öňüne geldi. Ibn Kahhar sözüni dowam etdirdi:

— Şu deňiz çägesiniň seniň aýagyň aşagyna düşelişi deý, ene-atalaryňyzyň dabany agyrmaz ýaly, aýaklarynyň aşagyna düşeliň diýdigi dälmi?

— Diňe enem-atam bolany üçinmi?

— Dagy näme, oglum? Sen ýazyklaryny geç diýip olara Allahdan iman dilemejekmidiň? Sen olary dowzah oduna ýakma diýip Allaha ýalbarmajakmydyň? Seniň bagyşlamadyk günäňi Allah neneň bagyşlar?

— Men bagyşladym, atam jan.

— Onsoňam… onsoňam, kimiň ýazyklydygyny, kimiň ýazyksyzdygyny bir Allah biler. Oglum, belki Allah kakaňa dowzahy görkezmejek bolup, bu dünýede zyndany görkezendir. Seniň kakaň eden nähak işleri üçin şu dünýede jezasyny çeken adam bolsa bildiňmi? Emma kakaň ýanyna getirilip goly çapylmansoň, ogurlyk edip günä torbasyny galňada-galňada göni dowzaha barjaklaryň dat gününe. Kakaň elindäki aýpaltada näçe günä bar bolsa, kakaňkam şondan kän däldir. Çünki ol başga biriniň eline palta bolup düşdi. Palta bolsa adamzada gerek. Kimiňem bolsa biriniň rysgy palta bolmakdan berilýär. Tutuş adamzadyň günäsi näçe bolsa kakaň günäsem şondan kän däldir.

Samat ýuwaşja ses bilen:

— Deňizde balyklaryň beýle günäsi ýok, howada guşlaryň beýle günäsi ýok, ýerde agaçlaryň beýle günäsi ýok — diýdi. Atasy onuň başyny döşüne goýup:

— Adamzat olardan tapawutlylykda ömrüniň ahyryna çenli synagdadyr. Çünki Alahyň ýanynda onuň gymmaty başgadyr. Ýerde agaçlaryň şahalarynyň şemala şuwlaýan sesleri, gökde guşlaryň ganatynyň sesi, suwda balyklaryň, bu tolkunlaryň sesi Allah üçin edil adamzadyň

ömrüniň sesi ýaly ähmiýetli däldir. Olaryň sesi biziň ömrümiziň sesiniň ýanynda diňlenmeýän adamyň gepi ýalydyr. Biz şunça ýyl ýaşap ömrümiz bilen nämäni aýtdyk? Allah biziň begenemizde näme diýjegimizi eşitmek üçin begendirýär, gynanamyzda näme diýjegimizi eşitmek üçin gynandyrýar. Biz ahyretde ömrümiziň hasabatynyň boljakdygyna şükür etmelidiris. Ömründen bihabar galan, ömrüne baha berilmedik bolmaz. Adamzadyň her biri şeýle ähmiýetlidir. Bu dünýede yz goýman ýöremek mümkin däldir, oglum — diýdi.

Kerwen ýene-de ýola düşdi. Çaltyrak kakasyna, ejesine gowşasy gelensoň, Samada düýeler has haýal ýöreýän ýaly bolup göründi. Onuň göwnüne düýeler mytdyldap ýöreýärdi, Güneş mytdyldap dogýardy, mytdyldabam ýaşýardy. Dünýe mytdyldap aýlanýardy.

## 12-nji bölüm

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Samadyň mytdyldap aýlanýar dýýän dünýesi ýene-de biraz aýlanandan soň, Gürgenjiň metjitlerinde gygyrylýan azan sesi eşidildi. Gündogaryň owazy ýaly, mydama-da owadan eşidilýän azan sesi ertir namazyna çagyryşdy. Kerwensaraýdan çykan ataly-ogul ilki bilen namaz okamak üçin Selmanyň ymamlyk edýän metjidine bardylar.

Samadyň gözi töweregindedi. Ol tanyş ýüzleri gözleýärdi. Alagaraňky metjitde sanaýmaly adam bardy. Olaryňam köpüsi Samat dagy bilen bir kerwende gelenlerdi. Her kim azan aýdylandan soň, ertir namazynyň sünnetini berjaý etmäge durdy. Sünnet okalandan soň, parz namazynyň azany aýdyldy. Öňe uzyn boýly, ak selleli ymam geçdi. Samat ýaş bolansoň, ýaşululara hormat edip hataryň çeträginde duranyna gynandy. Ol namaz gutaran badyna ymam bilen gujaklaşjakdy.

Ýaňy ýedi ýaşyndaka, Gülnesibe daýzadan arapça «Allah» diýip ýazmany öwrenip ýören wagtlary Samada ilkinji namaz okatdyranam ymam Selmandy. Ol şonda ömründe ilkinji gezek, metjidiň içi adamdan dolam bolsa, Samat bilen gujaklasyp «Şular ýaly päk çagalaryň hormatyna Allah namazymyzy kabul etsin» diýipdi.

Ymam Selman Samat üçin üýtgeşik adamdy. Onuň üýtgeşikligi ululygyndady. Uly adam bolmak diýilýän zat, Samat üçin ymam Selman bolmakdy. Onuň uzyn boýuna, uzyn barmakly ullakan ellerine Samat

gözgidijilik bilen bakardy. Kakasynyň ädim ädişine höwes edişi ýaly, ymam Selmanyň töwir galdyranda ýüzüne sylýan ullakan ellerine höwes ederdi. Özüni it ýaranda gözüni açyp ilki göreni ejesini gamçylap ýören kakasy, soňam ymam Selmanyň aladaly ýüzi bolupdy. Ol şonda içinden: «Ymam Selman daýy meni häzir metjitde namazdan soň gujaklaýşy ýaly gujaklasady» diýipdi. Ýarasyz, it ýarmadyk elini uzadypdam welin, Selman oňa düşünmedik ýaly, şol ysgynsyzja elden tutup oňaýypdy.

«Näme üçin ymam Selman daýyň özi meni gujaklamaýarka? Ejemden utanýarmyka, ýa kakamdan çekinýärmikä?» Hakykatdanam, Selman Samady hernäçe eý görse-de, hatda Samat gutulandan soňam ony gujaklamandy. Naşyja, sähel maý berse boýnundan asyljak çagany gujaklaman saklanmak Selmana kyndy. Şonda-da ol birdenkä Gara Durmaz: «Öz çagaňy gujakla» diýäýjek ýaly, diňe Samadyň egnine ullakan ellerini atardy-da oňardy. Diňe bir gezek, olam Samadyň ilkinji gezek jemagat bilen namaz okan gezegi mährini saklap bilmändi.

Belki häzir gujaklar? Samat boýunyňam ösendigine göz ýetirjek bolýan ýaly, göwresine seretdi. Namazyny yhlas bilen berjaý etdi. Samat ymamyň jemagata tarap ýüzüni öwrerine garaşdy. Uly begenç bilen uýan ymamy bärsine öwrülende, onuň Selman däldigini görüp bir hili boldy. Ol çekinjeňlik etse-de Selman daýysy bilen gujaklaşjakdy ahyryn. Ondan «Allah kabul etsin» diýen sözleri eşitjekdi. Gujagyna dolup ejesi, kakasy, Gülnesibe daýzasy hakynda soraşdyrjakdy. Emma eýesniň elinden süýji iýmäge öwrenen taýçanagyň ýat adamy görüp kürtdürip durşy ýaly, ymam Selmanyň ýerine başga bir ymamyň namaz okadandygyny görüp, ýüzüne urlan ýaly boldy.

«Ymam Selman daýym ýarawsyz bolaýmasyn?» diýip, özüni köşeşdirjek boldy. Atalygy Ibn Kahhar ymamyň başga adam ekendigini eşidip, Samada göwünlik berdi. Ýanynda bile namaza duran ýerli bir adamdan metjidiň öňki ymamy hakynda sorady. Ol adam «Bilemok» diýip howlukmaç gitdi. Ibn Kahhar ýene birki ýaşuludan sorap gördi. Soran adamsy «Bilemokdan» başga jogap bermän, ýüzüni başga ýana sowaýýardy. Hemmeler sowukdy.

— Gürgençliler ýäz çykanyny bilmeýän ýaly-la — diýip, Ibn Kahhar ýüzi salyk Samat bilen degşen boldy.

Samat sesini çykarman öýlerine tarap barýardy. Ol atalygyna «Ýolugrunda Selman daýylaryň öýleri bolmaly, onam görüp geçäýeli» diýdi. Hanha, onuň kakasyndan gaçyp köp gezek gelen howlusy. Derwezesem üýtgemändir. Gülnesibe daýzanyň ertekilerini diňlände aňyrsynda daşary däl-de, ertekileriň gahrymanlary görünýän penjireler. Samada olaryň hemmesi mähriban göründi. Ony çagalygyna dolady. Ol ylgap baryp derwezäni kakdy. Aňyrdan «Kimsiň?» diýip bir nätanyş aýalyň sesi geldi. Samat allaniçigsi bolup gitdi. Ýene gündogaryň däbine eýerip, öý eýesini sorady:

— Bize ymam Selman gerekdi.
— Biz beýle adamy tanamzok. Bu öý Japar täjiriň öýi.
Samat näme jogap berjegini bilmedi. Ibn Kahhar:
— Sen başga öýe baran bolaýma? Näçe ýyl geçipdir, ýalňyşansyň belki? — diýdi.
— Ýok, men bu öýe öz öýmüzdenem gowy belet.
— Öz öýňüzi bir taparmyň?
— Taparyn atam. Men hiç zady bulaşdyramok, başymam aýlananok. Ymam Selman daýylar meň yzymdan Bagdada giden bolaýmasynlar?
— Adamlar ymamlaryndan habarsyz bolsalaram tebiplerini bilýändirler. Bulardan Şemsi tebibi soraly.
Ibn Kahhar geçip barýan birinden Semsi tebibi sorady.  Ol adamam gaşyny çytyp «Bilemok» diýip jogap berdi. Gitdigiçe ýaş kalbyny gorky gaplaýan Samat Ibn Kahharyň: «Dogrudanam, Gürgençde gyş çykmandyr öýdýän» diýýän sözlerini çala eşidýärdi. Onuň gorkudan hem tolgunmakdan ýaňa gulaklary gapylan ýaly boldy. Ol öýlerine eltýän ýola düşüpdi. Öýlerine çenli ýüz ädim çemesi galypdy. Ol özüniň Ibn Kahhardan gowy arany açanynam duýanokdy. Kyrk… ýigrimi bäş… on… bäş… bir… Samat sakga durdy-da: «Bu jaýa girmäge meň hakym barmy?» diýip soraýan ýaly, yzyna garandy. Ibn Kahhar ýigrimi-otuz ädim çemesi yzda galypdy. «Maňa garaşjak bolma, giriber» diýip, ol Samada ellerini galgadyp yşarat etdi. Samat gapylaryna seretdi-de, aýaklary ädilmeýän ýaly ýene yzyna gaňryldy. Ibn Kahhar ýene şol bir yşaratyny gaýtalady. Samat gapylaryna tarap öwrüldi-de, iň soňky ädimem ätdi.
Derwezedäki gapy gulply däl eken. Ol Samadyň bar güýjüni jemläp aýgytly itmesine şarkyldap açyldy.
On-on bäş adim aňyrda dört-bäş ýaşlaryndaky enaýyja çaga, gapyň şakyrdysyna oýnap oturan oýnuny goýup, bärik seretdi. Samat bu garaşylmadyk görnüşe aljyrady. Onuň gulagyna itiň tanyş sesi geldi. Onýança jaýdan «Ýat ýok bol» diýip, ejesi çykdy.
— Samat… Samat jan!
— Eje!..
Samat ylgap baryp ejesiniň gujagyna doldy. Ol edil körpeçden çykan guzy ýaly dünýäni unudyp, ejesinden başga hiç zady görmeýärdi. Balasyny bagryna basyp duran Maralyň birden essi aýyldy. Onuň göwresi Samada saklatman başlady. Samat başardygyndan emaý bilen ejesini oturtdy. Gülnesibäniň haçan jaýdan çykanyny, haçan ýanlaryna gelenini Samat duýman galdy.
— Suw al çaltyrak, Samat jan.
Samat ylgaşlap jaýa girip suw alyp çykdy. Hemme zatlar mundan dört ýyl öňki duran-duran ýerlerinde bolansoň, Samadam özüni dört ýyl yza oklanan ýaly duýdy. Emma suw alyp gelýärkä Ibn Kahhara gözi düşüp, ýene şu günki gününe dolandy. Ibn Kahhar egnindäki horjunyndan bir

zatlar çykarýança Gülnesibe Samadyň getiren suwundan birazyragyny Maralyň ýüzüne serpdi. Galanyny bolsa, özüne gelen Marala içirdi.

— Ýerden çykdyňmy, gökden iýndiňmi Samat jan? Gelsene, oglum!

Samat ýene ejesiniň gujagyna doldy.

Ibn Kahhar gapydan gireli bäri özüni öldüräýjek bolup üýrýän ite hiç kim barmysyňam diýenokdy. Maral oňa naýynjar bakdy. Adamsy göz öňüne geldi. Köpek birzatlar syzyp üýrmesini goýdy. Günäli ýaly ýüzüni aşak saldy-da, uzyn süýnüp ýatdy. Gülnesibe gyzy Rabiýýany gujagyna aldy. Hasaba alardanam çalt, emma şeýle täsirli geçen dymyşyklygy Gülnesibe bozdy.

— Öýe gireliň. Men derrew çaý goýaýyn.

Ibn Kahhar:

— Bagdatda-ha beýle howada öýden daşaryny gowy görýärler.

— Agam, siz bagdatlymysyňyz — diýip Gülnesibe ondan arapça sorady.

Ibn Kahharam arapçalap oňa «Hawa» diýdi. Öýden düşek çykarmagam ýadyndan çykaran Gülnesibe, arap dilinde Ibn Kahhar bilen hal-ahwal soraşmaga durdy. Maral oglunyň kellesini egniniň üstünde goýup, saçlaryndan sypaýardy. Samadyň başyny sypaýan elleriniň hereketlerem, gozlerinden akýan ýaşlaram özünden biygtyýardy. Samat ýüzüni ýerden galdyranokdy. Kiçijik Rabiýa ejesiniň köýneginden çekip:

— Bu meň kakammy, kakammy? — diýip ýetişibildiginden soraýardy.

Maralyň nazaryndan utanan ýaly kellesini iki aýagynyň üstünde goýan Alabaý bolýan wakalary beýnisine ýazýan dek hiç zady gözden sypdyrmajak bolup seredip ýatyrdy. Ýere bakyp oturşyna göz astyndan ite seredýän Samadyň göwnüne, Alabaý diňe oňa bakýan ýalydy. Ol Rabiýanyň «Bu meniň kakammy, kakammy?» diýip berýän soragyny özem bilmän gaýtalap ejesine Alabaýy görkezýän ýaly boldy. Ejesi oňa hawa-da diýip bilenokdy, ýogam. Samadyň itiň başyny sypasy geldi. Ol ýerinden turdy-da, ite garşy ýöräp ugrady. Alabaý tarsa ýerinden galyp, aýylganç üýrmäge başlady. Emma Samat onuň sesine durarly däldi. Itiň üýrmesi onuň gulagyna «Oglum, oglum» diýýän kakasynyň sesi bolup eşidilýärdi. Onuň gözüne kakasy eline-aýagyna daňylan zynjyrlardan sypjak bolup dyzaýardy hem ýetişibildiginden «Oglum» diýip gygyrýardy. Samadyň ite ýetmegine sähelçe galanda Maral onuň yzyndan ýetip arkasyndan gujaklady.

— Dur oglum, nirä barýaň?

— Eje, kakam bilenem salamlaşaýyn-da. Eje, men kakamam gowy görýän. Çyndanam gaty gowy görýän. Goýber eje. Men oňa aýdaryn, ol indi senem, menem urmaz. Gamçysyny gizlärin. Ony zynjyrlaryndan boşadaly. Ol zynjyrlaryna çolaşýar, eje.

Ibn Kahharam ýetip gelip it bilen Samadyň arasyna düşdi. Alabaý ýat görüp Ibn Kahhara hasam erbet üýrýärdi. Onuň ýiti dişleri, ýokary-ýokary galdyrýan penjeleri Ibn Kahharyň donuna sähelçe ýetmän gaýdýardy.

— Eje, sen eşideňokmy, ol meni çagyrýar. Goýberiň meni. Goýber diýýän. Men kakamyňam ogly, goýber diýýän. Atam meni saklamasana. Sen kakamy boşatmaga geldiň-ä. Boşat-da. Meni näme üçin saklaýaň. Hanha, kakam. Ol indi bize golaýjykda. Bagdatdakak daşdadyk. Kaka jan, bular meni goýberenok. Sen gaharlanma, bularam meni gowy görýäler.

Samat aglap ýalbarmaga başlady.

— Eje jan, jan ejem, goýberäý-dä. Kakamy elläpjik yzyma gaýdaýyn. Men saňa-da ogul boljak eje. Kakam janam meni bäbekkäm gujagyna alýardy diýip özüň aýtmaýarmydyň? Eje, ol meni bökdürýädem gerek? Eje, hany seniň monjugyň, hany söýgiň? Hany ol, ýa ýitirdiňmi? Gör, eje, men ýitirmedim, ýitirmedim. Sen welin ýitiripsiň. Neneň kakamy daňmaga dözdüň? Beýtmeseň bolmaýarmy? Zynjyr kakamyň boýnuny kerter ahyryn?

Ibn Kahharyň, ejesiniň, Gülnesibäniň köşeşdirjek bolup aýdýanlary onuň gulagyna-da ilenokdy. Gülnesibäniň getiren suwly käsesinem kakyp goýberdi. Käse hol beýläk zyňylyp döwüldi.

— Sen näme, Gülnesibe daýza maňa gan içirjek bolýaň? Ol Selman daýymyň ganymy? Onam sen dökensiň. Men seň saçyňy gyraryn. Sen Bagdatdanam däl ekeniň. Bagdatda Gülnesibe bolmaýa, maňa atam aýtdy. Sen aldawçy, aldawçy. Kaka jan, bizi aldaýalar. Sen jelladam däl, aldaýalar.

Samat Ibn Kahhardan üstaşyr ellerini uzadyp Gülnesibäniň saçyndan ýapyşjak bolýardy. Ellerini, aýaklaryny galgadyp depirjikleýärdi. Ibn Kahhara Samady saklamak barha kyn düşüp başlady. Ol Gülnesibä «Ýüp getir» diýip gygyrdy. Gülnesibäň getiren ýüpi bilen Samady daňmaga durdy.

— Kaka jan, menem daňýalar. Entek sizi bir edişime serediň. Maňa beýle eje gerek däl. Men, näçe horlansamam, sizi ýadymdan çykarmadym. Atam bilen şonça ýol söküp geldik. Ata jan, sen bir bu işigaýdanlara goşulma-da. Goýberd-ä meni. Men saňa näme ýamanlyk etdim. Kemaletdin, gel, ýetişsene. Kemaletdin seni kim daňdy? Mahmyt senem daňylgy-la. Atam, olary näme üçin daňdyň? Bilýän atam bize gaçar öýdýär. Biz gaçmarys. Gaçmarys gerek? Ata daňma-da, göýberäý-dä. Hana Kemaletdinem gaçmarys diýip dur-a.

Samadyň elini-aýagyny daňdylar.

— Wah, şu wagt Selman daýym geläýse? Ullakan elleri bilen siziň bujagaz ýüpüňizi ýolum-ýolum ederdi. Selman daýy… Selman daýy… Bolmasa, iň soňkuja gezek geläý.

Gülnesibe Samadyň Selmany çagyryp gygyrýan sesinden durup bilmedi. Oň özem adamsyny şeýdip gygyryp çagyrmaň arzuwyndady. Eger

şeýdip bilse, ýüregindäki ýarasy irňi bilen, özeni bilen sogrulyp çykyp gitjek ýalydy. Emma indi hiç haçan  bu arzuwyna-da ýetip bilmejek Gülnesibe bir gyrada häliden bäri näçe aglasa-da, sesine gulak asylmadyk gyzyny gujagyna alyp diňdirjek boldy. Emma gyzam diňerli däldi. Gülnesibe ony alyp öýe girdi.

Maral ogluna näme bolanyna düşünip bilenokdy. Ony köşeşdirjek bolýardy. Ibn Kahhar horjunyndan dermanlaryny çykaryp garyşdyryp durşuna, Marala öýden ýorgan çykardyp Samadyň üstüni ýapdyrdy.

— Ogluma näme boldy?

— Häzir, häzir uýam. Ýadapdyr, ýadapdyr… Ýatyp-tursa gutular. Ýassygam getiriň-dä.

Samadyň urnup ýatyşyna dözmän, ejesi onuň elinden tutdy. Samat daňylgy eli bilen ejesiniň elinden ýapyşdy. Maral Ibn Kahharyň ýassyk diýenini getirmek üçin turjak boldy. Emma sakyrtgaň aýaklary ýaly boş barmaklar onuň elini goýbermedi.

— Samat jan, goýber, men saňa ýassyk getireýin.

— Aldama, sen meň ýassygymy öldürdiň. Gylyçlap öldürdiň.

— Ýok oglum, öýde bar, goýber getireýin.

Samat goýbererli däldi. Onuň inçejik barmaklaryna güýç gelip, ejesi sypjak boldugyça berk gysylýardy. Maral eliniň agyrsyna çydap bilmän «goýber» diýip nädip azymly gygyranynam bilmedi. Ejesiniň gaty çykan sesi Samady ýuwaşatdy. Ol ejesiniň elini goýberdi. Ibn Kahhar maý tapyp, oňa derman içirdi.

Samat daňylaly bäri birinji gezek petiräp hanasyndan çykyp barýan gözüni ýumdy. Ýanyna kakasy geldi.

— Ýat oglum, ýat. Daňylyp ýatmagyňam öz lezzeti bardyr. Sen bu lezzeti başga hiç ýerden almarsyň. Ýat oglum, menem ýataýyn.

— Ýataly kaka. Daňsalar daňyp geçsinler. Rahat ýataly. Sen ýöne meni taşlap gitme, köşge diýibem gitme, zyndana diýibem…

Samat dermanyň güýji bilen uka gitdi. Ibn Kahhar ýuwaşlyk bilen ýüpleri gowşatdy. Biraz soň doly çözüşdirdi. Samat oýanyp, üstüne abanyp duran Ibn Kahharyň boýnundan boşanan elleri bilen gujaklap aglamaga başlady.

— Goý, oglum, goý aglamaňy, aýyp bor. Ýör öýde ýataý.

Samat indi Ibn Kahhara gulak asýardy. Olar tirkeşip öýe girip ugradylar. Maralam eli ýassykly olaryň yzyna düşüp öýe girdi.

Öýde Samadyň halyna ýüregi gyýylyp, gujagynda gyzy, busan gögerçin ýaly jaýyň bir burçunda bir gysym bolup oturan Gülnesibe Ibn Kahhar ýşarat edensoň daşary çykdy. Töwereklerinde kökenek bolup ýören Maral ogluna ýatar ýaly düşek atyp, ýassyk goýdy. Bu otagyň bir wagtky ýüzüni ýassygyna berip aglan otagydygy hakydasynda janlanan Samadyň gözüne ýaş aýlandy. Şol, birwagtkysy ýaly aglaýanyny bildirmejek bolup ýüzüne

ýassyk tutdy, ýüzin düşüp ýatdy. Maral köşegini tapan maýa ýaly rahatlanyp oglunyň başujunda çökdi.

Samatdan arkaýynlaşan Ibn Kahhar eneli-ogly iki-çäk goýup, daş çykdy. Gülnesibe-de rahatlansyn diýip onuň gujagyndaky Rabiýajyga lak atan boldy. Rabbiýa ylgap gelip onuň boýnuna bökdi. Ibn Kahhar ýetişibildiginden «Kaka» diýýän Rabiýajygy gujagyna aldy:

— Men seň ataň balam, ataň.

— Ýok kakam, kakam.

Çagajyk Ibn Kahharyň egnini ýumruklap aglamaga durdy.

— Bolýar oglum, kakaň.

— Kakam.

Gülnesibe gyzyny Ibn Kahharyň gujagyndan aljak boldy, ol etmedi. Özüni oňaýsyz duýan Gülnesibäň öýden düşek çykarmalydygy ýadyna düşdi. Eýwana ýazylgy düşekleriň birini alyp daşaryk ýazdy. Ibn Kahhar Rabiýany gujagyndan düşürmän düşege geçdi.

— Samat Bagdatda-da bir gezek şeýle boldy. Ýatyp tursa gutular. Ýadawlykdan beýnä agram düşüp bolýar.

— Aýrylsa bolýa-la. Özi bir dertlije çaga-da. Bagdada gitmeziniň öňýanlary şu it ony erbet ýardy. Ýaralary üç aýlap gutulmady. Ýogsa oňa Şehdi tebip pahyryň özi seretdi.

— Şehdi tebip ýogalan eken-ow.

— Hawa Selman ikisi, ýene-de köşkden iki adam. Samady ýitiren günümiz köşkde şehit edilipdir.

Bu wakany diňläp Ibn Kahhar ýogalanlara aýat-töwür etdi.

— Takdyrlarydyr-da bendeleň.

— Hawa-da…

Kerwensaraýdan ýükleri getirtmelidi. Samatdan arkaýynlaşsa-da, Ibn Kahhar ony bu halda goýup bir ädimem ädip biljek däldi. Ol «Hany sabyr edeli, bir alajy bolar-la» diýip özüni rahatlandyrdy. Soň bolsa iti görkezip:

— Janawer horlanypdyr — diýdi.

Gülnesibe:

— Dört ýyl bäri bizi ýatdan-ýamandan goraýan howludaky ýeke erkek şol. Onam satyn aljak bolup gelenem kän boldy — diýip, dört ýylyň içinde bärde bolup geçen wakalary birin-birin gürrüň berdi.

Ibn Kahhar ondan Gara Durmazy iň soňky gezek haçan görenlerini sorady.

— Dört ýylyň içinde ony ýeke gezegem görüp bilemzok. Ýöne yzyndan Maralyň elten zatlaryny alýarlar. Ýagdaýy gowy diýibem jogap berýärler.

— Biz ony satyn alyp bilmeýärismi?

— Ýurtdan göçüp gitmek şerti bilen satyn alsa bolýar, ýöne olam gaty gymmat.

— Näçe?

Nesibe bendilikde ýatany azat etmek üçin tölenýän tölegi aýtdy. Ibn Kahhar öz içinden hasap çykardy. Ýany bilen alyp gaýdan barja puly oňa ýetmedi. Ol lapykeç dymdy. Gülnesibä syr bermejek bolup hem möhümi töweregrinden bitäýjek ýaly daş-töweregine garanjaklady. Ýokarsyna bakdy.

— Dalbaryň üzümlerem-ä kesilmändir.

Gülnesibe geçen ýyl goňşularynyň kesip berenini, bu ýyl o bendäňem eliniň degmeýänini aýtdy.

— Hany, gaýçy bar bolsa alyň, özüm keseýin. Rabiýa jan senem ejeň bilen öýe girdejik ýat.

Gaýçy getiren Gülnesibe gyzyny ýatyrmak üçin öýe alyp girdi. Ibn Kahhar eşigini ýeňledip, Gülnesibäniň tapyp gelen merdiwanyna çykyp üzümleri kesmäge girişdi. Ol biri-biriniň içinden geçip gidýän, bilmeýän adama haýsysny kesip haýsysyny goýsamkam diýdirip aljyratjak çybyklardan gaty aňsat baş çykaryp, olaryň gysgaltmalysyny gysgaldyp, düýbünden aýyrmalylaryny düýbünden aýryp barýardy. Emma öňünde duran esasy meselelerden welin, nädip baş alyp çykjagyny bilmeýärdi.

«Samady bärde goýup gidip bilmen. Ejesinem alyp gitsek kakasynyň aladasyny kim eder? Özüm asla galyp biljek däl. Wah, pul azlyk edýär-dä. Bärde gazanç etmäge-de ýagdaý ýok. Alyp gaýdan kitaplarymy satsam, o-da näme pul çykarjak, belli däl. Şehdi tebibem öldürilen bolsa meni kitaphana goýberen, kitaplarymy çalşanam tapylmaz. Gülnesibäň bagdatly bolsaň bärde özüňi tanatmanyň gowy diýmesi has erbet. Täze emiriň ýakyn egindeşiniň biriniň Bagdatdan gelen ymam Selman bolandygyna garamazdan, onuň özem bagdatlylardan gorkýan bolmaga çemeli. Gülnesibäniň gürrüň bermegine görä, ilkibadalar oňa uly hormat bildiren täze emir soňabaka ondan sowaşany bilenem çäklenmän, daşgynrak gulakdan oňa ýurduna göçüp gitseler gowy boljakdygyny aňdyrypdyr. Hany gyssanmaly, Allahyň özi bir ýoly salgy berer». Içini gepledip güýmenip ýörşüne iki düýp üzümi kesip bolup, Gülnesibäniň getiren çaýyny içmäge oturdy. Ibn Kahhar ondan Bagdatdan göçüp gaýdyşlary hakynda sorajak boldy. Emma gönüläp soramagam birhili görüp:

— Samat häli gelýärkäk siziň öýňüz diýip başga bir gapydan bardy-la? - diýdi.

— Ol başga gapy däldir. Biz öň şo taýda ýaşaýardyk. Soň Marala-da, maňa-da ýeke bolmak aňsat däl diýip ol howlyny satdyk-da, bärik göçüp geläýdik. Näme-de bolsa, biri-birimize höwür bolduk.

— Ony oňarypsyňyz.

— Jaýyň pulunam Samat janyň gözlegine harçlarys diýip saklap ýördük. Ony etmäňem ugruny tapmadyk. Ýogsa ol Bagdada gidendir diýip men çakam edýärdim.  Oňam özi geldi, gowy bolaýdy.

— Howlyny näçä satypdyňyz?

Gülnesibe howlularyny satan bahasyny aýtdy. Ibn Kahharyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Emma Gülnesibäň pikirini bilmänsoň birbada syr bermedi.

— Ol howly mundan ulumydy?

— Ýok-la, bu howly köşk emeldarlarynyň howlularyna girýär. Bu oň iki esse bahasynam çykarar. Ýöne, muny satsak, Gara Durmaz gynanar diýdik.

— O bendäni çykarmaga-da mendäki pul azajyk ýetenok-da.

— Näçe ýetenok?

Ibn Kahhar ýetmeýän puluň möçberini aýtdy.

— Wiý, oňa biziň howlymyzyň puluny goşsak boljag-a.

— Ol pul häzirem durmy?

— Ujundan azajyk alnan bolaýmasa. Meň tebipligim bize günümizi dolarlyk ýetdi.

— Olar ýaly bolsa, Gara Durmazy çyaryb-a bilýäs.

— Men Maraly begendireýin.

— Ýuwaşrak boluň, Samady turuzaýmaň. Belki olara häzir degmeris? Goý ýatsynlar.

— Ýok, Maraly habarly etmesek bolmaz.

Maral Samady bagryna basyp, rahat uka gidipdir. Samadam bir günäsiz bäbek ýaly ejesiniň gujagynda uklapdyr. Olar oýarmaga dözer ýaly däldiler. Şeýle biri-birine mährem, arassa duýgular bilen diňe pyntygyň içinde ýapraklar ýatýan bolsa gerek. Olaryň bu ýatyşlarynda birini turuzyp, birini turuzmazlyk mümkin däldi. Olar uzak azaplardan soň ahyry arzyly pellä ýeten bir bütewilik ýalydylar. Gülnesibe näme etjegini bilmedi. Olary turuzmalymy? Gara Durmaz sebäpli turuzmalymy? Gülnesibe Samady oýarmakdan hasam gorkýardy. «Turuzmasam bolmaz» diýip jaýa girenem bolsa, göwnündäkini edip bilmän daş çykdy. Ibn Kahhar:

— Maňa puly beriň-de, gowusy sizem galyň. Meň özüm alyp geleýin. Oňa geýdirer ýaly abadrak eşik berseňiz. Men gelinçäm belki özleri turar. Kim bilýär, birden puluna-da goýberjek däl diýip dursalar Samadam, ejesem erbet gynanar.

— Gara Durmaz sizi tanamaz Gowusy, siz bilen gideýin.

— Alyp çyksalar tanşarys. Siz bärde gerek. Samat oýansa, şu dermany içiriň. Ejesem içäýsin, zyýanly zat däl. Men derrew gelerin. Allah ugruna etse, Gara Durmazy alyp gelerin.

Ibn Kahhar zyndanyň nirededigini salgy alyp çykyp gitdi. Gaty kyn günleri başyndan geçiren Ibn Kahhar ömründe birinji gezek ýürek urgusynyň üýtgänini syzdy. Ol gaty kän dertli bendeleriň sagalyp gitmegine sebäp bolupdy. Emma şol sagalanlaryň haçanam bolsa bir gün ýene-de derde, hiç kimiň gutaryp bilmejek derdine uçarjakdygyna gözi ýetip durany üçinmi, nämemi, näsäg sagaldy diýip beýle bir begenip durmazdy. Ol özüni näsagy dert belasyndan halas etmän, ony sagaldyp

ýene-de bir gezek agyr derdi çekmäge ýagdaý döredip berýän ýaly duýardy.

Häzir welin ol Gara Durmaza elini uzadyp garaňkylykdan ýagtylyga çekip çykaryp biljek güýje öwrülipdi. Ol gurruk guýuda galan adamyň depesinden sallanyp gelýän halasgär tanap mysalydy. Bu duýgy ony ganatlandyrýardy. Emma ol guýynyň aşagyndan umydygär gözlerini asmana dikip oturan bende tanapa ýapyşyp guýudan çykdym-çykdym diýende ýüp üzülip, bar azaplaryň gütüläp guýynyň düýbüne düşmek ähtimallygyndan gorkýardy. Bu gorky onuň ganatlaryny baglaýardy, ýüregine howul salýardy. Zyndanyň gapysyndan barandan arzy diňlenip, tölegi tölense Gara Durmazyň goýberiljekdigini eşidende, özüni hakykatdanam, bir biçäräni gurruk guýudan halas edip barýan ýaly duýdy. Ýagtylyga barha golaýlaşyp, arassa howa ýüzüne urup ugranda ýüpüň üzülmek howpam şonça artýan ýaly aljyrajak boldy. Bilinden çözen haltajygyndaky pullaryny iki gezek sanap, dogry çykaryp bilmedi. Ahyry bar puluny zyndanyň başlygynyň öňüne döküp, «Özüň sanada al» diýdi. Zyndanyň hojaýyny olary sanamaga durdy. Ibn Kahhar onuň nebsewürlik bilen pul sanaýşyny synlap durşuna geň duýgulary başdan geçirdi. «Häzir bu adam pullary sanap alar. Soň bolsa özi ýaly iki aýaklyň birini iberip, zyndanda ýatan başga bir bendäni getirder. Soňam «Sen boş» diýip ony boşadar goýberer. Şu sözi eşitmek o bende üçin uly bagtdyr. Bu adama bolsa ony diýmek hiç zadam däl. Eger adamzada biri-birine gezek gelende şeýle hökmürowanlyk berlen bolsa, Beýik Allatagala bizi nädip biler?! Keremiňe duçar edewergin, ýa Allah…»

Hakykatdanam, pul sanalyp bolnandan soň, sähel salymyň içinde Gara Durmazy Ibn Kahharyň beren geýimlerini geýdirip alyp geldiler hem oňa «Sen boş» diýdiler. Gara Durmaz boş sözüni eşidip tisginip gitdi. Ol hol beýlede gara der, aňka-taňka bolup duran Ibn Kahhara seretdi. Emma ony kime meňzetjegini bilmedi. Ol jellatka kellesini alan adamlaryndan birine meňzeýän ýaly boldy.

— O nähili boş?

— Hol adam siziň hunuňyzy satyn aldy.

Gara Durmaz görkezilen adama dikan-dikan seretdi. Ol tanamaýan adamsynyň özüni boşatmaga gelşine haýran galdy. Çala gorkjak ýalam etdi. Emma zyndandan daşynyň arassa howasy ony käkilik awçylarynyň albaýy ýaly özüne çekýärdi. Ýöne bir çekmegem däl, sorup barýardy. Ibn Kahhar saglyk-amanlyk soraşyp, özüni tanatjak boldy. Emma Gara Durmaz, onuň aýdýanlaryna hernäçe düşünjek bolup yhlas etse-de, hiç düşünip bilmeýärdi. Ol Ibn Kahhary diňläp düşünip bilmänsoň, ony özüçe çen atyp tanajak bolýardy. Kellesini alan adamlarynyň birinň ýakynydyr, onuň ganyny ýerine salmaga gelendir diýse, beýle adam bada geljek ýaly. Özi öljek bolup ýörkä, pul çykaryp häzir ony kim satyn alsyn? Bu akyla sygjak zat däl. «Name bolsa şo bolsun-la, ýagty jahany görenim maňa bes».

Daşarynyň ýiti ýagtysyna Gara Durmazyň gözi garaňkyrap gitdi. Dünýe öňem şeýle ýagtydymyka? Soň onuň burnuna ýaz gününiň tämiz howasynyň ýumşak ysy urdy. Bilbilleriň, horazlaryň, mal-garalaryň sesi akylyňy çaşyryp barýardy. Ýoluň gyrasynda gonup oturan, deňine ýetenlerinde uçup giden serçejigem onuň gözüne ýakymly, bu dünýäniň göwünaçyjy oýny ýaly bolup göründi. Göze dürtülip duran bu ýagtylygyň, bu hoştap ysyň, başyňy aýlaýan sesleriň şu güne çenli görmedik, eşitmedik zady ýaly bolup eşidilişine, görünşine Gara Durmaz geň galdy. Ýaşajyk ýapraklary, dünýäniň ýaşyllygyny, geçip giden atlylary görüp, dikräk ýörejek boldy. Bu indi maňa başardanok diýýän ýaly, tutuş göwresi saňňyldap, birdenem üsgürmäge başlady.

Dört ýylyň içinde zyndan Gara Durmazdan adam sypatyny aýrypdyr diýen ýalydy. Eginler gysylyp, göwrede garyn-gasyk galmandyr. Beýikden ýykylanyň güni kyn bolýar eken. Mydama geýip ýören, onda-da owdanyndan owadanyny saýlap geýen hülle donuny zyndanda geýilýän, nah matadan tikilen gara dona çalyşmak Gara Durmaza agyr degipdi. Ol bütin ömründe hiç kimden pes ýaşamajak bolup eden yhlasynyň gara donly adyna getirenine namys edipdi. Toýda-tomguda eline suw akydyp berip, hyzmatynda duranlaryny özlerine dereje bilen adamlar onuň şol ellerine zynjyr urupdylar. Yzyndan kikirdeşip gülüpdiler. Zyndanyň şurruk çorbasyny öňünde goýup: «Aşpezimiz gaty ökdedir. Doýmasaňyz tanyşlyk üsti bilen ýene bir guýdurdyp bilersiň» diýen bolardylar. Gara Durmazdan başga işleri ýok ýalydy, dogrusy olaň başga işi ýokdam: «Zyndana düşeniň aýalynyň-a bagty getirýä. Yzynda näme iş etse-de, haýt diýjek ýok» diýerdiler.

Zyndanda ýatanlaram oňa «Daşynda näme iş etdiň?» diýip gününe goýmaýardylar. Tas gaharyna Gara Durmaz «Kelle çapdym» diýipdi. Hernä Allah sowdy. «Köşkde ýazuw işlerini ýöretdim» diýende-de, diňe köşkde işläni üçin günäkärläp zyndanyň goçylary oňa her gün zyndanyň içini arassaladardylar. «Daşynda ili özüňe hyzmat etdirip, ýaşapsyň. Hany, senem ile hyzmat edip gör, hoş ýakarmyka?» diýipdiler. Ýöne Gara Durmaz hyzmatkärlige uzak çydamady. Ol sähel salymyň içinde iňňä sapaýmaly horlandy.

«Aýalyň bilen bile bolasyň gelenokmy how seň? Baýragymyzy aýalyňdan alyp berseň duşuraly» diýenlerinde «Ýok» diýip jogap beripdi. Daşynda Marala «Adamyň görüşmek islemeýär» diýenlerinde aýaly ozüni günäkärläp gaýdardy. Maralyň «Adamym iýsin« diýip bary-ýoguny berip, et-ýag alyp, bişirip getirýän naharlarynyň üçüsinden biri Gara Durmaza ýetäýse boldugydy. Ol naharlary, köplenç, zyndan garawullary ýolda alyp galardylar. Olardan artanynam zyndanda özüni hojaýyn hasaplaýan ogry-jümriler iýerdiler. Setanda-seýranda özüne berlenlerem Gara Durmaz bokurdagyndan geçirip bilmezdi. Bu azaplar onuň gündizlerine görýän azaplarydy.

Gijesi-gündizi zordan saýgardýan alagaraňky zyndanyň gijeleri Gara Durmaz üçin has uzaga çekerdi. Kimsi hor çekip, kimsi iňläp ýatan bendileriň arasynda, zyndanyň bir böwründe gözüne uky gelmeýän Gara Durmaz hakydasynda ogly bilen, aýaly bilen, hatda bireýýäm ölüp giden kakasy bilenem gürleşip çykardy. Gözi ýumlup uka gitdigem gara basmaga başlardy. Basyrganman geçirip bilen gijesi Gara Durmaz üçin zyndandaky ýeke-täk ýeňilligidi. Hakykatdanam, beýikden ýykylanyň güni kyn bolýar.

Üstesine-de, oňa inçekeselem ýokuşdy. Keseli beterledigiçe, gutulgysyz ölüminiň haçan ozüne nesip etjegini göz öňüne getirýärdi. Heniz öýlenmedik ýigitkä toýunyň nähili geçjegini aňynda janlandyrjak bolup yhlas edişi ýaly, häzir zyndanda ölşüni görjek bolýardy. Ol öz ölümini göz öňüne getirmäge-de edil ýigitliginde toýuny öňünden görmäge höwes edişi ýaly höweslidi. Çünki ol bu dünýede görýän azaplaryny o dünýäniň dowzahyna çalyşmaga kaýyldy. Şeýle günleriň birinde-de oňa bir nätanyş adamy görkezip: «Şu adam seniň hunuňy satyn aldy, sen boş» diýlenine ynanyp bilmän gelýärdi. Ýok, ol häzir öňüne düşüp barýanyň elinden ölmäge gorkmaýardy. Onuň ölüp bilse armany ýokdy. Ol zyndandaka göz öüne getirşi ýaly, zyndanyň garaňky burçunda, ýeke özi hiç kime görünmän, ölenem birki günden soň bilner ýaly ölmek isläpdi. Häzir bolsa bu nätanyş adam ony aýylganç arzuwyndan el çekdirip alyp barýardy.

Gara Durmazyň dünýä haýran bolşy ýaly, dünýe hem oňa haýran bolup bakýardy. Onuň reňk-petsiz ýüzüne, salgym ýaly bolup gelýän hor göwresine biparh garap geçmek mümkin däldi. Onuň üsgülewigi Ibn Kahhary gorkuzdy. Tüýküligindäki gany görüp, Ibn Kahhar başyny ýaýkady.

Üsgülewigi galyp demi ýerine gelen Gara Durmaz:

— Näme başyňy ýaýkadyň, beren puluňa gynandyňmy? Degmedik bolsaň, özümem öljekdim - diýdi.

— Zyndanda öleniňden arassa howadan dem alyp, ýagty jahany görüp öleniň gowy dälmi?

— Kelläň çüýrük, ýüregiň çüýrük, öýkeniň çüýrük bolsa, ýagty jahanyň nämesini görjek?

Onuň bu sözleri janýangyjyna aýdýandygyna Ibn Kahhar düşünýärdi.

— Allaha şükür ediň. Size ogluňyz Samat garaşýar.

— Samady sen nireden tanaýaň?

— Bagdatda tanyşdyk.

Gara Durmaza bu jogap ýaňsa alynmak ýaly göründi.

— Sen Selmanam tanaýaňmy?

— Bendäni görmändim. Gülnesibäni tanaýan.

— Sen Gülnesibäň nämesi?

— Hiç zadam däl. Ony şu gün gördüm. Gara Durmaz, sen menden nämeleri soraýaň? Samady soraňok, aýalyňy soraňok.

Gara Durmaz sakga durdy. Gürrüňdeşiniň ýüzüne göni garap bilmedi. Ganyny ýerine salmak üçin meni satyn alandyr diýen pikiri kellesinden şobada uçup gitdi. Özüni häliden bäri mylaýym görkezmäge çalyşýan Ibn Kahharyň niýetiniň gowudygyna düşündi. Emma ol özüne beýle ýagşylyk etjek adamyň kim bolup biljekdigini hiç akylyna sygdyryp bilmeýärdi. Ertir kellesi alynjaklaryň arasyndan ala-böle özüniň öldürilmän goýulmagyna-da düşünip bilmedik Gara Durmaz, bu günem nätanyş adamyň yzyna düşürip zyndandan çykaryp alyp gaýdylşyna - bu zatlaryň hemmesine Allahyň özüne göz görkezmesi diýip düşündi. Gara Durmaz ýene üsgürmäge başlady. Ibn Kahhar ysgyn-mejalsyz Gara Durmazy öýlerine ýetinçäler alty-ýedi gezek goltugyna girip oturdyp, dynjyny berip gitmeli boldy.

Gan gatyşykly üsgülewüklerden ýaňa mydama diýen ýaly onuň agzynda ganyň tagamy durardy. Häzir gapdaldan akýan buz ýaly ýabyň suwuna her gezek agzyny çaýkandanmy agzynyň tagamy üýtgedi. Birhili ajan ýaly boldy. Gara Durmaz oňa ötüp barýan ömrüniň ajymtyk tagamydyr diýip düşündi. Ol Ibn Kahhara-da Hudaý tarapyn janyny almaga iberlen perişdedir diýdi. Samadyň Bagdada gidişi, gelşi hakyndaky gürrüňler Gara Durmaz garagol çagany aldap sünnete ýatyrjak bolup aýdylýan erteki ýaly bolup eşidildi. Edil ertekidäki ýaly bu zatlaryňam soňy gowulyk bilen gutarmalydy. Şonuň üçinem diňleýän ertekisem öz oglunyň gatnaşmagynda täsin edilip aýdylyp berilýärdi.

Ibn Kahhar başyny ýaýkan mahaly Gara Durmazyň uzak ýaşamajakdygyny bilip başyny ýaýkapdy. Çünki öýkeninden gopýan lahta-lahta ganlar bejerip bolmaýan hem ötüşenden soň uzak ýaşatman bellisini edýän keselden habar berýärdi. Häli bu ýoldan zyndana tarap uçaýjak bolup barýarka kalbyny gaplan howsalasy Ibn Kahharyň ýadyna düşdi. Hakykatdanam, gurruk guýudan çekip çykaryp gelýän adamsy guýynyň agzyna ýetiberende umyt tanapy üzülip, gaýtadan garaňky guýynyň düýbüne düşjekdi.

Keseliň öňünde çäresiz galan mahaly, tebipleriň ejizlemekden gaçýan ýaly, başga bir dertliniň aladasyny etmäge başlamak häsiýetleri Ibn Kahhara-da mahsusdy. Olara basym jany sogrulmaly näsag döwlen çüýşe mysalydy. Döwlen çüýşeden bolsa geçilýär. Gara Durmaza Ibn Kahharyň edip biljek ýekeje kömegi bardy, ol hem amanadyny horlanman tabşyrmagyna hemaýat etmekdi. Köplenç halatda Gara Durmaz ýaly öýkeni çüýränleriň horlanyp jan berýärdigini ol bilýärdi.

Ibn Kahharyň başga esasy aladasy bardy, ol hem Samatdy. Kakasynyň ölümini görüp, onuň ýene-de akylynyň üýtgemegi mümkindi.Ol munuň öňüni almak üçin näme etse dogry boljakdygyny bilip bilmedi. Gyssanjyna: «Iş-ä bitirdim. Gürgenje gaýtmasak bolmaýarmy?» diýdi. Bagdatdakalar Samadyň bärik gaýtmajak bolşuny ýatlady. Emma soňky tüýkülik sakal ezmeýär, häzir näme etmeli?

Samatlaryň öýi görnenden Ibn Kahhar Gara Durmazy bir gara daşyň üstünde oturtdy-da «Men Maraly alyp geleýin» diýip, gaty-gaty ýöräp gaýtdy. Ol Gara Durmazy goýup öýe gelende-de näme etjegini bilmeýärdi. Emma iki bolup duýdansyz gapydan giräýseler, ýagdaýyň has erbet bolup biljekdigini onuň köpi gören gara başy salgy berýärdi. Uçup barýan ýaly özünden şeýle çalt daşlaşýan Ibn Kahharyň yzyndan garap, Gara Durmaz onuň göz görkezmek üçin asmandan inen perişdedigini içinden ýene-de bir gezek tassyklady. Ibn Kahhar gaty-gaty ýöräp gelse-de, gapa ýetende badyny gowşatdy. Gapyny ýuwaşlyk bilen açyp, howla girdi. Erbet üýrüp ony ilki garşylan ýene Alabaý boldy.

Ibn Kahhar öýden çykyp gidenden soň Gülnesibe içeri girip bir salym süýji ukuda ýatan Samat bilen Maralyň başujunda oturdy. Ol ukuda ýatan Samady gana-gana synlady. Onuň ýaňagyndaky ýaraň yzy has besse-besse bolup göründi. Onuň gözüne ýaraň yzy Samady beýleki deň-duşlaryndan tapawutlandyrmak üçin Allah tarapyndan berlen nyşan ýaly boldy. Göwnüne onuň saçlary ýüpekden, şol ýüpek saçlaram ýüzüne, has göze ýakymly, heniz görülmedik bir nur çaýylan boýnuna dökülip durdy. Gujagynda ogly ýatan Maralyň ýüzüni Gülnesibe beýle rahat görnüşde heniz görmändi. Bu rahatlyk adamyň ýetip bilmeýän hem pynhan syr ýaly ýüreginiň jümmüşinde saklap, ömürboýy arzuw edýän rahatlygy bolsa gerek.

Gülnesibäniň gözlerine ýaş aýlandy. Ol emaý bilen ellerini ýüpek saçlara ýetirdi. Onuň gözüniň ýaşy alabaharyň çygy, ýumşak el bolsa pyntyk ýarýan ýaz şemaly ýalydy. Pyntyklaram dilinmeli, ýapraklaram oýanaýmalydy.

— Maral jan, tur. Samat jan, oglum turuň. Turuň kakaňyz gelýär.

Samat ýalpa gözüni açyp «Hany?» diýip sorady.

— Ataň ony getirmäge gitdi, oglum. Turuň çaý içeliň. Olar gelinçä süýji nahar bişireliň.

Maral Gülnesibäň diýip duran zatlaryna ynanman:

— Akylyňdan azaşdyňmy gyz? O bende ony nädip boşatsyn?

Gülnesibe Gara Durmazy satyn alar ýaly pul tapylanyny aýtdy.

— Daşaryk bir çykalyň.

— Onça pul nireden tapyldy?

Samat kakasy daşarda garaşyp duran ýaly, çalt çykdy. Maralam, Gülnesibe-de onuň yzy bilen çykdylar. Daşarda ýylgyryp duran Gülnesibe:

— Maral jan, çykalga tapyldy. Mendäki howlyň pulunyň üstüni ýetirmäge Ibn Kahharda pul bar eken.

Maral şonda-da düşünmedi.

— Maral, o jaýyň puly bolmaly ahyryn.

Begenjine näme işleýänini bilmeýän Gülnesibe içindäki puluny Ibn Kahhara berip goýberen boş pul torbajygyny ylgap öýden alyp çykdy.

Bularyň sesine Rabiýajygam oýandy. Ol ejesiniň bolşuna, begenşine seredip-seredip:

— Eje kakam gelýärmi? — diýip sorady. Gülnesibe oňa:

— Hawa gyzym, hawa — diýip jogap berdi.

Birden Samadyň kellesine bir damja suw damdy. Ol depesine seretse, Ibn Kahharyň kesen üzüm çybyklaryndan suw damypdyr. Samat oňa känbir ähmiýedem bermän, ejesine Bagdatdan atalygynyň kakasyny satyn almak üçin ýanyna pul alyp gaýdanyny gürrüň berip, Gülnesibäniň begenjine goşuldy. Oňa häzir elde-aýakda saklatmansoň, daňylmaly bolan Samatdyr diýseň ynanar ýaly däldi.

— Eje, şol öňkiň ýaly towukly palaw bişiräý-dä.

— Wah, oglum, öýde oňa tüwem ýokdur, käşirem ýokdur, horazam.

— Bazara gidip alyp geläýeýin.

— Hany oňa pul, oglum?

Gülnesibe ara goşuldy.

— Puluň bir alajy bolar. Ýör, oglum bazara gideli. Ejeňem biz gelinçäk gazany ýuwuşdyrsyn, düşekleri çykarsyn.

Kesilen üzümlerden ýene bir damja Samadyň boýnuna damdy. Ol ony ýene süpürip goýberdi-de:

— Ýör, Gülnesibe daýza — diýip, begenjine eýýäm howludan çykdy.

Gülnesibe:

— Maral jan, Rabiýany aldap alyp galaweri. Bar gyzym, Maral ejeň saňa aýdym öwretjek diýýär.

Özüniň galaýmalydygyna düşünen ýaly, Rabiýa Maral ejesiniň gujagyna gysyldy. Gülnesibe bir kiçiräk goş torbasyny eline alyp, Samadyň yzyndan ýetdi.

Maral Rabiýajygy yzyna tirkäp gazan ýuwdy. Ol köpden bäri atarylman duransoň, tozan basyp giden gazandaky hapany aýyryşy ýaly, Gara Durmaz bilen aralaryna ýelmeşen hapany aýryp bilýän bolsady, oduň üstüne goýulmaga-da kaýyl boljakdy. Ol öz günäsini şol hapalary ýelmeşen badyna ýuwup, arassalap bilmändiginde görýärdi. Şol ala monjuklar bilen başlanan durmuş kitabyndan Marala Gara Durmazdan aýraçylykda ýaşan dört ýyly goparylan dört sahypa ýaly bolup durdy. Ine, bu günem, gopsa-da ýitip gitmedik şol dört sahypadan soňky wakalar şol kitaba ýazylyp ugralmalydy. Maral şol kitabyny üýtgeşik harplar bilen täzeçe ýazmaga höwes bilen girişesi gelýän ýaly, köçeden biri geçse gapylary açyljak ýaly garanyp başagaý bolup ýördi. Gap-gaçlary taýýarlaşdyrýardy. Düşekleri çykaryşdyrýardy. Öýem syryp-süpüreýin diýip içeri giren mahaly Alabaýyň üýrýän sesi geldi. Ol ylgap daş çykdy. Gapyň agzynda ýeke Ibn Kahharyň duranyny görüp, tisginip gitdi. Göýä dowamyny ýazmakçy bolan kitabyny elinden alyp, kimdir biri bihaýalyk bilen nokat goýaýan ýaly boldy.

— Uýam, gorkma. Gara Durmazy men ýadansoň ýolaýyrtda oturdyp, özüm habar edeýin diýip gaýdyberdim. Hany Samat, o turdumy?

— Hawa, Gülnesibe bilen bazara zat almaga gitdiler.

— Oňaraýypdyrlar. Uýam, Gara Durmaz gaty horlanypdyr. Kesellăpdirem bende. Ýöne sizi görmek nesibesinde bar eken. Ýagty jahana çykdy. Uýam, adam başy daşdan gaty diýleni-dä. Ýör ony alyp gaýdaly. Ýa özüm alyp geläýeýinmi?

— Şeýdäýseňizläň, oňa çenli men çaý demläýin.

Maral Ibn Kahharyň näme diýjek bolanyna gaty düşünmedi. Onuň gepden-sözden many çykararlyk ýagdaýam ýokdy. Ol görüşmekden umydy üzülen adamsy bilen sähel salymdan ýene ýüzbe-ýüz boljakdygyna aljyraýardy. Şu dört ýylyň içinde adamsynyň öňünde eden dogrularyny-ýalňyşlaryny terezä mündürip gezen Maralyň täzeçe ýaşamak, ömür kitabyny täzeden, owadan harplar bilen doldurmak höwesi kellesinden uçup gitdi. Oňa «Hany, entek sen öňki ýazanlaryň hasabatyny bir ber» diýlen ýaly boldy. Ol häzir özüni jogap soralmak üçin dik durzulyp, ýanyna-da garşydaş tarap getiriljek ýaly duýýardy. Iň ýamanam bu sud edilmäň özüniňmi ýa-da Gara Durmazyň peýdasyna gutarany gowy, şony kesgitläp bilmeýärdi. Är-aýalyň durmuşynyň terezä mündürilmegi eýýäm iki tarap üçinem utulyş bolmaga çemeli. Bu çekimde tereziniň ýeňil tarapynda bolan müýnürgäp, agyr tarapynda bolanam heşelle kakyp biljek däldi. Gaýta tersine, eňil gelen agyr geleniň depesinden garajak ýaly bolup durdy.

Gara Durmaz gara daşyň üstünde oturyp Ibn Kahharyň yzyndan garap otyrka howlularynyň gapysyna gözi düşdi. Ol gözlerine ynanmajak boldy. Esewan bolsa, köçe-de öz köçeleri. Hatda üstünde oturan daşam onuň köşge barýarka, köplenç, aýagyny goýup ädiginiň gonjuny basyşdyrýan dasydy. Ol şol wagtky ädiginiň hapasy häzir eşigine ýokaýjak ýaly, zöwwe ýerinden galdy.

— Bu meni öýüme näme üçin getirip ýörkä? Maraly näme üçin çagyrjakka? Ýa ilki öýüni görsün, öz ýüregini özi gyýýym-gyýýym gyýsyn diýýärmikä?

Gara Durmaz bütin ömrüni köşge baglap, şondan başga arka diräre dostam, ýoldaşam gazanman, gaýta şol köşk diýip ymam Selmandanam ýüz öwrenine örtendi. Birden onuň şol bir wagt tälim beren oglanjyklary ýadyna düşdi. Ýöne olaryňam hatda atlaram hakydasynda galmandyr. Gara Durmazyň kellesine birden ümdüzine gaçmak pikiri geldi. Emma oňa-da gaýraty çatman, ýene özüni daşyň üstüne goýberdi.

«Meni indi halas etmek ýok. Meni halas etmegem gaýta beterinden beterini görkezmek bolar. Ajalym bokurdagymda oturyp katra-katra ganymy daşyna çykaryp otyrka men neneň halas bolup bilerin? Goý Maralam, Samadam görsünler gelip ýeten nokadymy. Belki peýdalaryna bolar. Sen gaçjak bolma. Zyndandakaň gaçmaň pikirini etmediň, bu ýagty

jahandan nirä gaçjak?.. Wah, çäresizligimiň maňa diýdirip oturan sözlerine seret…»

Birden ol uçup diýen ýaly gelýän Ibn Kahhar gördi. Ol oňa uç tapyp bilmedik pikirlerinden gutarjak halasgäri ýaly göründi. Ol gelşine ýuwaşlyk bilen Gara Durmazyň goltugyna girip göterdi.

— Ýör, aýalyň öýde çaýyňy demläp garaşyp otyr.

— Aýtsana, sen meni näme üçin alyp gaýtdyň?

— Saňa aýalyň, çagalaryň garaşýany üçin alyp gaýtdym. Näme, olary görjegiňe begeneňokmy?

— Wah, men begenýän-le, olar begense.

— Näme üçin begenmesinler?! Olar sen sag-aman geldiň diýip öýüňde palaw bişirjek bolýarlar.

Gelenine palaw bişiriljekdigine şindem ynanmaýan Gara Durmaz Ibn Kahharyň öňüne düşüp gapydan girdi. Bu gün howludaky gaýda-gaýmalaşyklaryň artmagyndan biynjalyk tapan Alabaý gapydan gözüni aýyrman zynjyrynyň daşynda aýlanýardy. Ol eýesini tanaman ýene üýrdi. Gara Durmaz tanyş sese ýalt etdi. Howlynyň bir çüňkünde özüne garap üýrüp duran itine gözi düşüp, azatlyga çykanynyň hakykatdygyna ynandy. Göni itiniň ýanyna bardy.

— Alabaý, tanamadyňmy? Senem tanar ýaly bolmansyň?

Alabaýyň eýesini tanap bolaýşyna Ibn Kahhar haýran galdy. It janawer eýesiniň öňünde guýrugyny bulap, naýynjar çyňsaýardy. Gara Durmaz onuň gazan ýaly ullakan kellesinden sypady. Soň ysgynsyz yzyna döndi. Maralyň ýüzüne garady. Adamsyny şeýle hala düşendir diýip göz öňüne-de getirmedik Maral aňk bolup durdy. Ol häzir edil Alabaýyň eýesini tananda bolşy ýaly bolmaga taýýardy. Gara Durmazyň ösen gaşlary şeýle-de içine çöküp giden gözlerini hasam aýlganç keşpde görkezýärdi. Olara gözi düşen Maral ýere bakdy. Bolmanda aglap aýagyna ýykylsam diýdi. Gara Durmazyň çala sandyraýan sesi ony beýtmekden saklady. Ol zordan «Gurgun oturanmysyňyz» diýip ýetişdy. Birden tutan üsgülewigi oňa sözüni dowam etdirtmedi. Dowamly hem agyr üsgürip durşuna göwresini göterip bilmän, Maralyň gabat öňünde iki dyzyny epdi. Maralyň öňünde dyza çökmegine üsgülewigi sebäp boldumy ýa-da Gara Durmaz muny isläp etdimi, diňe özi bilýär. Aýaly bir zat aňan ýaly, şobada onuň arkasyna aýlanyp maňlaýyndan tutdy. Gara Durmaz süňke öwrülen elini Maralyň mährem eliniň üstünden goýdy. Söz tapmaýan diliň ýerine gepläp ol eller biri-birinden ötünç soraýardylar. Olaryň ömürboýy göteren ýüreklerindäki mähirleri şol ellere geçen ýalydy. Olar: «Ine, meniň söýgim. Men seni elmydamam söýýärdim, nähili güne düşsemem, ýene-de söýerin. Ine, meniň söýgim» diýip, ellerini bir-biriniň üstünde goýana meňzeýärdiler. Ol ellerden häzir ähli ukyplary alnyp, diňe söýgiňi aňlatmak ukyby goýlan mysalydy. Häzirki pursatda ýüregiňem, beýniňiňem, gözleriňem… bedeniň ähli agzalarynyň söýgi ilçileri şol ellerdi. Bu bir gudratdy. Ol eller

hem bagyşlaýardylar, hem bagyşlanýardylar, hem söýýärdiler, hem söýülýärdiler, hem düşünýärdiler, hem düşündirýärdiler, hem sözleýärdiler, hem diňleýärdiler.

Ibn Kahhar horjunyndan dermanlaryny çykaryşdyrýardy. Üsgülewiginiň arasy kesilende Gara Durmaza derman içirjekdi. Şol elleriň derman bolmadyk derdine başga hiç bir dermanyň kömek etmejegini ol bilmeýärmikä?

Şo mahal bazara gidenlerem geldiler. Karz-kowal bilen toplan pullaryna olar alyp bilen zatlaryny alypdyrlar. Ýyljyraklap gapydan giren Samat eýmenç horlanyp diňe süňki galan kakasyna gözi düşüp, birhili bolup gitdi. Ol ejesi maňlaýyndan tutp duran kakasynyň öňüne geçdi-de duruberdi. Gara Durmazyň söýgä öwrülen elleri Maralyň ellerinden aýrylyp, perzendine tarap uzady. «Garadan dogan agymsyň sen, giçeden gelen gündizimsiň. Tümlügimiň ýagtysy…» diýesi gelýän juw ak eller titir-titir titireýärdi. Ol elleriň Samady özüne çekip gujagyna gysmaga zordan güýji ýetdi. Onuň bar gurbatyny başarmajak zadyna eden yhlasy alypdy. Ol dil däldi sözläre, ol ýönekeý bir eldi. Pyşyrdabam bolsa dillerem öz borjuny ýerine ýetirdiler. Gözlerem öz borjuny ýerine ýetirdiler — olaryň ak ýagy gujagyna ýakynlap gelýän perzendiniň synasyna siňdi. Öz borjuny ýerine ýetirýän gulaklaram şol pursat diňe Samadyň dem alşyny, ýüreginiň gürsüldäp urup durşuny, onuň ÝAŞAÝANDYGYNYŇ sesini diňleýärdiler. Beýnem öz borjuny ýerine ýetirdi — Allaha şükür etdi. Zyndandan, garaňkylykdan, ömrüňi inkär edip garaňky burçda öleniňem iki günden soň biliner ýaly ölmekden öňüne düşüp alyp gaýdan adamyň ynsam bolsa, jynsam bolsa ýagşy niýetli ekendigine düşündi. Özüniň bu dünýäniň täsin myhmançy-lygyndan kowlup goýberilmän, yzynda şäniginde özünden geçen tohumy göterjek perzendiniň galýandygyna şükür etdi. Bu bolsa ýene on asyrdanam aňyrsy Gara Durmaza barýan bir närsäniň bu dünýä gelen myhmanlaryň arasynda bolup biljekdigine umytdy. Şol umydy bilenem beýni Allaha şükür etdi. Mejalsyz göwre-de endiräp öz borjuny berjaý etdi — bu dünýe-de özüne iň ýakynyň kim bolandygyny görkezip, tassyklap, subut edip iň soňky güýjüni goýup ogly Samady özüne gysdy. Ýüregem öz borjuny ýerine ýetirdi — ol iň soňky urgusyny özünden ilkinji tirpildisine güýç, gönezlik, gözbaş alyp gaýdan perzent ýüreginiň gürsüldüsine goşup urdy. Ol muňa şeýle bir güýç sarp etdi, damarlar ýarylyp ganlar agyzdan-burundan çogup gitdiler.

Gara Durmaz iň soňky deminde çala üsgürjek ýaly etdi. Aňyrdan dyňzap gelen gan gujagyndaky Samadyň arkasyna syçyrap gitdi. Borçlaryny ýerine ýetiren agzalar işlemesini goýdular. Ragwaty giden gollaryň şalkyldap özüni goýbermesinden nämäň nämedigini aňşyran Samat kakasyny gujagyndan goýbermedi. Ibn Kahhar ýetişip Gara Durmazyň arkasyndan tutdy. Gulaklaryndanam gan gelýän Gara Durmaz oglunyň gujagynda jan berdi…

Samat kakasyny her hili görnüşde göz öňüne getirse-de, şeýle hor, şeýle ejiz hem şeýle eziz sypatda görerin öýtmändi. Öňki edenli, etli-ganly göwräniň ýerine häzirki inçelen kakasy Samada zyndandan başga adam bolup çykan ýaly görkezipdi. Ejizliginden mährem görünýän kakasynyň täze keşbi Samady begendiripdi. Özüni bileli kakasyna jan diýmedik Samat birinji gezek gujagyna gysylyp durşuna oňa bir zat bolanyny aňyp «Kaka jan» diýip gygyrdy.

Samat ýere ýatyran kakasynyň ynsan reňkini ýitirip agaran ýüzüne, ozal ýagly ýaňaklaryň arasynda känbir özüne çekmeýän, häzir bolsa gözlerem ýumuk bolansoň baş pol ynanylan artist ýaly öňe çykyp, deşiklerinden gan akyp duransoň hasam ähli nazarlary özüne güýçli sorýan burnuna seredýärdi. Köýneginiň ýeňi bilen ony süpürişdirmäge synanyşdy. Oňa çenli iň soňky gan damjalary kakasynyň gulaklaryndanam geldi. Gülnesibe emaý bilen Samady yza çekdi-de, Gara Durmazyň agzyndan-burnundan, gulaklaryndan akan gany süpürip durşuna: «Ganyň içinde ýaşady, ganyň içinde-de jan berdi biçäre» diýdi.

Maralyň aglamakdan ýaňa suwy çekilen guýa dönen gözleri Samadyň al gana boýalan arkasyndady. Ol oglunyň şeýle gana boýalanyny diňe şol it ýaran güni görüpdi. Zyndandan çykan Gara Durmaz howla ilkinji ädimini ätlände Maral onuň amanadyny tabşyrmaga ýakyn gelenini syzyp içinden: «Ýüzünde öliň reňki bar» diýipdi. Şondan bolmagam mümkin Gara Durmazyň ölümi Marala bolaýmaly waka ýaly bolup göründi. Ol diňe Samadyň eliniň tersi bilen zyňan monjuklaryny garbap alşy ýaly, Gara Durmazyň şalkyldap giden elini garbap tutdy. Sowan eliň şol monjuklardan känbir tapawudam ýokdy. Gara Durmazyň horlanyp etini gidiren barmaklarynyň her bogny bir monjuk ýalydy. Emma şonda-da ol eller öz söýgüsini düşündirmegini goýmaýardylar. Ýeke-täk üýtgän zat, olar indi sowuk, ýowuz, ýüzgörmezek sözleri ulanýardylar. Olary uzak diňlemek mümkin däldi. Maral çydaman, olary demi sogrulan Gara Durmazyň döşüne goýdy. Gürrüňdeşsiz-höwürsiz ýeke galan öz ellerini welin, nirä sokjagyny bilmedi.

Ibn Kahharyň bir gözi Samatdady. Gözýaşlary saklatmaýan Samat şol bir gezek «Kaka jan» diýenden soň hiç geplänokdy. Onuň dillerine şol sözden soň başga sözleri aýtmak gadagan edilen ýalydy. Olar indi gepläýselerem ýene «kaka jan» diýmekden başga hiç sözi aýtmajak ýalydylar.

Samat diňe kakasyny jaýlap gelenlerinden soň:

— Atam, kakamy halas etmegiň alajy ýokmudy? — diýdi.

— Ýok oglum, men o nägehana belet.

— Derdini beren dermanynam berendir diýmeýädiňmi näme?

— Biz gijä galypdyrys, oglum.

Samat ýene dymdy. Emma oňa derek öňem göwünlik beriji sözleri ýetişip bildiginden aýdýan Ibn Kahhar gürlemäge başlady:

— Oglum, kakaň bu dünýäň azaplaryndan dynyp, saňa jennetde garaşar. Başy ölümsiz ynsan ýok. Allahym ömür berip, her kimi öz nobatynda ýygnasa, ata-enesiz ýetim galmajagam ýokdur. Aýraçylygy diňe sen däl, menem çekdim. Ikimizden başga-da ikimiz ýalylar kändir oglum. Kelläňe agram salma, ýüregiňi giň tut. Ejeň bar, men bar. Yzynda galanlara ömür bersin diýeli oglum.

Ibn Kahhar gujagyna gysylan Samadyň başyny sypady-da, göwünlik bermesini dowam etdirdi. Ol Gara Durmazy ýere depin edenlerinden tä bar möwsümlerini sowýançalar Kurandan başlap ähli okan kitaplaryndaky göwünlik beriji mysallary ýadyna salyp ýadaman aýtdy. Ibn Kahharyň köşeşdiriji sözlerini Samat gyş azygy ýaly edip aňynyň jümmüşinde rejeläp goýýardy. Ol öz başyna düşen görgüleriniňem, olardan halas bolmagyňam diňe Allahdandygyna ynanyp köşeşýärdi. Ibn Kahharyň käbir ýüregiňi gyýyjy mysallaryna Samat özüni saklap bilmän sessiz aglaýardy. Onuň gözünden syrygýan damjalar Ibn Kahharyň kesen üzümleriniň şahalaryndan damýan damjalar ýaly ýüreginden, özeninden gaýdyp, ýaşaýanlygy üçin damýardy. Ýaşaýandygy üçinem ol damjalar diňmelidi. Dünýäniň mytdyldabam bolsa aýlanyp durmagy, oňa-da pyntyk ýardyrmalydy, täze şahalar çykardyp gülletmelidi, güllerinden miwe düwdürmelidi. Dünýesini ene-atasy aýlap duran ýaly görünýän ogul-gyzlaryň ýetim galmaklaram şol aýlanşy togtatmaýar. Hatda onuň tizligine-de, agyr-ýeňilligine-de täsir etmeýär. Çünki atanyň öz ömri bar, ogluň öz ömri. Şol ömür bolsa, her kimiň öz günä-sogabyndan, begenji-gynanjyndan, horlugy-azabyndan, yrsgaly-nesibesinden düzülýär.

Ibn Kahharyň aňynda geçip-gidýän bu pikirleri Maralam öz eleginde eläp oturan ýaly:

— Öleniň yzynda ölüp bolýarmy näme?! — diýdi.

Ibin Kahhar özünden garaşylýan gürrüňini gozgamaly boldy:

— Uýam, hak aýdýaň. Ölenleriň islegem o däldir. Olaryň bizden garaşýan zady aýat-töwürlerimiz, özleri üçin Allahdan merhemet dilemegimiz. Bendäň imany hemra bolsun. Dünýäň gurluşy şu-da. Iň ýakynyny, iň mähriban adamsyny ýitirse-de, ynsan özüniň dünýeden ötmek gezegi gelýänçä ýaşamagyny dowam etdirýär. Adama entek dirikä daşyny diri adamlaryň gurşap gezmeginiň zerur bolşy ýaly, ýogalandan soň yzynda diri kowmunyň galmagam zerur bolmaga çemeli. Şeýle zerurlyk ýok bolanda, adamzat munça asyrlap yzynda nesil galdyrjak bolup, ýaşaýşyň dowam etmegini iň esasy zada öwrüp ýaşap gelmezdi. Eger men yzymda agtyklarymyň galmagyny islemesem, dünýäden näşükür, oňa garşy baş göteren topalaňçy ýaly bolup ötdügim bolar. Bu dünýä gelip hernäçe azaplary görýänem bolsak, ol biziň üçin süýjüdir.

Uýalarym, sizden ýaşyryp nädeýin, özüm-ä Gara Durmaz pahyryň ýasynda otyryn, kellämde-de Bagdatdaky şypahanamyň aladasy. Ony iki sany oglana ynanyp gaýtmaly bolduk. Bärde näçe eglensek, şonça-da

sogabymyzyň artjagyny bilýänem welin, yzymdan ynjalygym bolmansoň, gitmeli boljak. Samat oglum siz bilen galarmy ýa meň bilen gidermi, bellisini etsek. Meňä bir göwnüm barymyzam Bagdada gidibereliňem diýýär. Ogul siziňki uýam, eger biz bärde galaly diýseňizem, ygtyýaryňyz.

— Wah, kakasy meňki boldumy, ogly meňki bolar ýaly? Samat jan näme diýse şol bolar.

— Gülnesibe, siz näme diýmekçi?

— Men-ä bilmedim-dä. Samady alyp galsak onuň ganaty gyrlan ýaly bolar. Gideli diýsek, goşa tümmekler goýbermeýär.

— Adam dirikä-de biri-birini daňmaly däldir, ölensoň-a asla.

Samat atasyna: «Atam, men kakamdan nädip üzüleýin, ejemden nädip ýolunaýyn, sizden nädip aýrylaýyn? Kakam meni özüne baglamadymy näme, ejem meni özüne daňmadymy näme, siz meni özüňize birleşdirmediňizmi näme?» diýesi geldi. Çünki bu sowallar diňe özünde dörän öz ýakynlarynyňam jogap bermeli sowallary däldi.

Hemmeler dymdylar. Bir mahal Gürgençden Bagdada barýan kerwene goşuljak bolup ylgap barýarka, oglanlygyndan kowlup çykarylan Samat ejesine ýüzlendi:

— Eje, maňa geregi seň rahadyň. Isleseň Merwe gideli, isleseň Bagdada, isleseň bärde galaly.

— Maňa indi rahatlyk ýokdur balam. Seň didaryňdan aýrylmasam bolýar. Ataň bizi ýük bilmese, Bagdada gidäýeliň. Onuň bize eden ýagşylyklaryny ömrüm ötünçä gapysyny süpürip gezsem-de ýerine salyp bilmen.

— Beý diýmäň, uýam. Bagdada gitseňiz gözümiň üstünde ornuňyz bar.

— Joram, Nesibe jan, seňem ata watanyň Bagdat. Bizden galma. Ymam Selmanam, Gara Durmazam bizden razy bolsunlar. Bärde bolanymyz bilenem, olaryň ýanynda boldugymyz däl. Ýa men ýalňyşýanmy?

Gülnesibe Marala näme jogap berjegini bilmedi. Ibn Kahhar ara goşuldy:

— Doganym, size-de aňyrda işem tapylar, ýaşara jaýam. Biri-biriňize şunça ýyl höwür bolupsyňyz, indem aýrylyşmaň.

— Ata, Gülnesibe daýzam aýal tebibi. Gülnesibe daýzam o ýerde aýallaryň şypahanasynam açyp biler. Ol bizden aýrylyp bärde galmaz. Şeýle dälmi, Gülnesibe daýza?

Gülnesibe golaýynda oturan Samadyň başyndan sypap:

— Men senden nädip aýrylaýyn balam — diýdi…

Öwlüýäçilige baran ilkinji gezeginde o ýerde kakasyny goýup gaýtmaly bolan Samat uly adamlaryň arasynda hasam çepiksije görünýärdi. Onuň birgiden tümmeklere haýran bolup garanjaklap durşy çölde ýetim galan keýik owlagyny ýadyňa salýardy. Kakasynyň jesedini içki jaýynda ýerleşdirmäge gatnaşmak üçin Ibn Kahhar sähel salymdan mazara öwrülmeli çukura onam alyp girdi. Çukura olardan başga-da ýene iki adam

girdi. Onuň çuňlugy Samadyň döşüne golaýlaýyn diýýärdi. Samat çukura giren badyna onuň başga bir dünýädigini syzdy. Hopugyp gitdi. Ilkinji gezek Folomeý daýynyň jesedini ýaranlarynda-da edil häzirkisi ýaly onuň demi içine dolupdy. Ol iýip-içip, gürläp, söýüp-söýlüp, öz ýylysy, ysy, gadyr-gymmaty bolan adamyň adamlygyndan başga ýene-de bir zat ekendigini syzypdy.

Ýerem şeýle eken. Üstünde ekin ekilip, bag ösdürilip, depelenip, öwrenşilip gerşine tüýkürilip ýörlen ýer häzir o ýer däl ýalydy. Onda üýtgeşik hopukdyryjy täsir bardy, sussuňy basýardy, senden ýüzüni sowýan ýaly sowukdy. Bu duýgulardan, sowuklykdan gutarmaklaryny haýyş edýän ýaly, Samat ýokarsyna seretdi. Çukuryň daşyndakylar öz işlerine başagaýdylar. Olar aşakda, çukurda duranlara ak kepene dolanan Gara Durmazy alyp bermegiň aladasyndadylar. Samada kakasynyň aýak tarapy düşdi. Ýuka kepeniň içinde ökje, daban, başam barmak aýyl-saýyl aňdyrdyp durdy. Deňziň kenarynda galan öz aýak yzlary Samadyň ýadyna düşdi. Bu aýaklardan çala-çula yzlaryň galmajagy bildirip durdy. Kakasynyň möhüre meňzeýän başam barmaklary hasam uly görünýärdi. Ol «möhürler» başga hiç kim ulanmasyn diýilýän ýaly, mazaryň kese jaýyna salnyp bärisi kerpiç bilen örülip ýapyldy. Samadyň elinden çekip mazar çukuryndan çykardylar. Ol ýagty jahana çykan ýaly boldy. Ýer ýüzünde gytyk gyrtyçlar ösüp oturan öňki kaddyna dolandy.

Ibn Kahhar Samada kakasynyň guburyna üç pil gum atdyrdy, soň bolsa ilata rugsat bermegini sorady. Samat «rugsatdyr» diýensoň her kim ýetişip bildiginden ala-tozan turzup merhumyň gabryny gömmäge başladylar. Sähel salymyň içinde Samady hopukdyran çukuryň üstünde kese çyzyga meňzeş depe döredi. Goltugyňa gysaýmaly kakasynyň ýerine şonça topragyň depe bolup çykanyna Samat haýran galdy. Çyzygyň ugry demirgazyga tarapdy. Öwlüýä demirgazyk tarapa bir ugra çyzylan ululy-kiçili çyzyklardan dolaňkyrlapdyr. Bir ugurly, rejeli ýerleşdirilenem bolsa, ol çyzyklaryň arasy üzülýärdi. Olar ýoluk-ýolukdylar. Bu çyzyklar Samadyň matematika ylmyna degişli kitabyndaky jisimiň görünmeýän tarapyny aňlatmak üçin ulanylýan üzük-üzük çyzyklar mysalydy. Olar dünýäniň dirilere görünmeýän beýleki tarapyny aňladýan alamatlar ýalydylar…

Öwlüýäden çykyp gaýdanlaryndan kyrk gün soň Bagdada göçüp gitmek hakynda eden maslahatlarynda Samat daşyny gurşan ýakynlarynyň aralarynyň ýolunmagyny islemändi. Şondan soň hersi bir öwlüýäde bolsalaram, bir ugry görkezip ýatan Gara Durmaz bilen ymam Selmanyň «ýoluk çyzyklaryň» arasyna siňen guburlary bilen hoşlaşyp, olar Bagdada sary göç etdiler…

## 13-nji bölüm

> **…Ölenler ýer bilen onuň aşagynda aýlanyp dur, diriler üstünde. Mundan on asyr öňem şeýdip aýlanypdyr, kyýamatahyr gopaýmasa, ýene on asyrdanam dünýe şeýder aýlanar durar…**

Ondan bärem ýigrimi bäş ýyl misli gum depesinden aşyp barýan düýeler ýaly biri agyr, biri ýeňil ýükli geçip gidipdir. As-Samat şol ýigrimi bäş ýylyň içinde ilki ejesini, soň Gülnesibe daýzasyny iň soňunda-da atalygyny ýer goýnuna tabşyrdy. Olaryň dünýeden ötmezinden öň eden tabşyryklarynyň Samat diňe birinden özgesini berjaý etdi. Olam atalygynyň «Ölemden soň meni kesip görgün» diýenini etmäge eli barmady. Bu işiň edilmegine Kemaletdinem garşy bolupdy. Ýöne, ol garşy bolmaýanda-da, Samat ony edip biljek däldi. Muny başarmajakdygyny atalygy pahyr heniz aňyndaka özüne-de aýdypdy. O bende şonda sesini çykarmady. Şol sesini çykarmaýşyna-da dilden galyp dünýeden ötdi. Döwrüniň ýene-de bir iň manyly çyzyklarynyň biri çekildi. Dogrusy, çyzykda näme many bolup biler? Çünki şol çyzygyňam daşyndan göräýmäge beýleki çyzyklardan känbir tapawudy ýokdy.

Atalygynyň guburyna girip, ony içki öýünde ýerleşdirmäge gatnaşan As-Samada ýene-de kakasyndaky ýaly merhumyň aýak tarapy düşüpdi. Oglanlygynda bolup geçenem bolsa, kakasynyň aýaklary, ullakan başam barmagy edil düýn bolan ýaly hakydasyna geldi. Ynsan aýaklaryny ol ýene möhüre meňzetdi. Atalygynyň dirilikde galdyran yzlary hakynda oýlandy. Oňa dirilikde ynsany göteren, yslanýar diýlip gaýta-gaýta ýuwlup gezilen aýaklar bu dünýede ýaşan günlerimiziň sahypalaryna möhür kimin basylyp, ýaşalan sahypalara jogap berilmeli bolnanda-da sahypalar şol möhürlerden — aýagyň yzlaryndan tanaljak ýaly boldy. Gabyryň içinde ol möhürler ulanyşdan galan ýaly, ýere basylman ýatyrdylar…

Geçen ýyllary ýatlap başyny galdyrman barýan As-Samat öňünden barýan Faruhyň ýatan düýesiniň yzlaryny sanap barýan ýalydy. Ol yzlar öňden barýan kerweniň könelşen yzlarynyň üstünde mese-mälim saýlanyp durdylar. «Kerwen bu wagt Urfa ýeten bolsa gerek» diýip oýlanan mahaly ýol ugrunda ýatan geň-taň bölejik zada gözi düşdi. As-Samat nämedigini aňşyryp bilmese-de, nämüçindir ony ýerden galdyrasy geldi. Öňdäki düýede barýan Şemsä «Saklanaly» diýip gygyrdy. Şemsi Samadyň sesini eşidip, münüp oturan düýesiniň owsaryndan çekdi. As-Samat düýeden düşüp gözi eglenen zady ýerden galdyrdy. Ol kerwen bilen giden dostunyň pully haltajygydy. Kimdir biri ony çöwrüp ýola zyňypdyr. Ýüzi owadan keşdeli pul haltasynyň çöwre ýüzündäki eýläk-beýläk geçýän gyzyl-ala sapaklardan many çykarar ýaly däldi. As-Samat ony düzüw tarapyna çöwürdi. Ol bu tapyndysyny halamady. Boş haltany biline gysdyrdy-da yzyna dolandy. Şemsi oňa aýagyny ýazmak üçin düýeden düşendir

öýdüpdi. As-Samat düýesiniň ýanyna gelinçä, olam gapdaldaky gerşiň aňyrsyndan çykyp düýesine mündi. Faruhyň şol oýanman ýatyşydy.

As-Samat kellesindäki ähli ýatlamalaryny bir ýana kowup näme üçindir daş-töweregine howsalaly garanjaklap barýardy. Bu gezek Şemsiň özi uly ýoldan elli-altmyş ädim gyrada bir täze mazaryn deňinde düýesini saklady. Düýeleri çökerdiler. Faruham oýandy. Üç nokat bir kese çyzygyň golaýynda çök düşdüler. Olaryň aýaklaryny aşaklaryna ýygnap çök düşüp oturyşlaram, ellerini ýüzlerine ýetirişlerem bir meňzeşdi. Üçüsem bir tarapa — kybla bakyp otyrdylar. Olaryň bir setire düzülip oturyşlarynda diňe depelerinden seredeňde görünýän bütewilik bardy.

As-Samat mazaryň öz dostunyňkydygyny güman etdi. Emma bu pikirini tassyklaýan guşagyna gysdyrylgy boş pulhaltadan başga delil tapmady. As-Samat üçin bu ýeterlik ýaly göründi. Ol boş haltajygy merhumyň mazarynyň başujunda goýlan daşyň aşagyna gysdyrdy. «Sen kerwenden galyp meni gorajakdyň Ezizim».

Nokatlar düýelerine münüp ýola düşmekçi bolanlarynda Urfa gidýän ýoluň düýeleriň yzlary bilen däl-de, pyýada barýan adamlaryň yzlary bilen keşdelenen ýalydygyny gördüler. Düýeleriň yzy bolsa ýoldan çykyp terse gidýärdi. Bu gowulygyň alamaty däldi. As-Samat: «Kerweni ýagy çapypdyr öýdýän» diýdi.

Ýol ugrunda dörän ýalňyz gubura dostunyňkydyr öýdende-de, kerweni ýagy çapandyr diýende-de As-Samat ýalňyşmandy. Olaryň üç nokat bolup bölünip galan kerwenlerine, hakykatdanam, ýagy çozupdy. As-Samadyň goragçy bolup galaýyn diýen ýoldaşy biline berk guşalgy pully haltajygyny garakçylara öz eli bilen bermejek bolany üçin öldürilipdi. Agyr kerwenden bir adamam ony gorap bilmändi. Gorama nirede, şondan soň mal-harytlary elinden alnan ýolagçylar öldürilmeseler, gul edilip sürülmeseler şükür etdiler. Kerwende gaýtawul bereni sebäpli hem beýlekilere göz edilip öldürilen eke-täk bendäni ýer goýnuna tabşyryp, «Barjak ýerimize golaýlap barýarys» diýip begenşip gelýän täjiru-hünärmenler häzir Urfa tarap paýu-pyýada, ýüzlerine urlan ýaly bolşup barýardylar. Ulaglaryny ýitirip bir bada toplum ýörän jemagat ýuwaş-ýuwaşdan ikibir-ikibir hatara düzülipdi. Indi öňe düşen kerwenbaşy däl-de, ädimi giňräkler, jahyllardy. Kerwen özlerini gorap bilmänlerine namys edýänlerden, ýanlaryna ýaragy az göterenlerine ahmyr edýänlerden, ýüzüne bir gözüň düşse görmegeýliginden nazaryňy biygtyýar saklaýan Eziziň keşbini göz öňlerinden kowup bilmän, başlaryny ýaýkaýanlardan, şeýdip çapawulçylyk edip gününi geçirýänlere gargyş edýänlerden… düzüm-düzüm düzülipdi. Her kim özüçe bolan wakadan netije çykarýardy. Zadyňy gorajak bolsaň Eziz ýaly ölmelidiň, zadyňy goramajak bolsaňam ýoluňy paý-pyýada dowam etdirmäge boýun alyk bolaýmalydyň. Onsoň armanyňam, namysyňam gürrüňini etmek manysyzdy. Häzir biri-biriniň yzyna düzülen hersi bir gaýgydaky birnäçe nokatlaryň uzyn zynjyr mysaly

gidip barşam manysyz görünýärdi. Zadam manysyzdy, zadyňy aldyrmagam, köplügem, azlygam. Horlukdanmy, zorlukdanmy her nokat öz-özünden kiçelip ýere siňip barýardy.

Düýeli gelýän üç nokat bu nokatlaryň yzyndan sähel salymda ýetdi. Nokatlar janlandylar. Olara bir uly many gelip goşulan ýaly boldy. Pyýada nokatlar yzlaryndan ýetenleri düýpden unudypdylar. Ine, indem bary-ýogy üç adam bolsalaram düýelerini aldyrman, düýe-de hiç «köplük bilen gitsem başym aman bolar» diýip ynanyp kerwenlerine goşulan bir ýoldaşlarynyň nähak ölüminiň şaýady bolman, sag-aman gelýändiklerine, özleriniň bolsa şunça adam bolsalaram harytsyz-ulagsyz galyşlaryna olar haýran bolup bakdylar. Görsene bulary, ýolagçylygy dowam etdirmäge ýaramadyklarynam aman-sag ýanlarynda alyp gelýärler! Bu olara mytdyldap barýan dünýäniň oýny ýaly bolup göründi. Bir tanamaýan adamsyny derdinden halas etjek bolup çölüň içinde kerwenden üzülip galan mahallary As-Samadyň gelen kararyny kerwenbaşam geňläpdi. Ol içinden «Dertli bendäni halas etjek bolup janlary sag bendeleriň başy gurban bolmasa-da ýagşydyr» diýipdi. Emma, indi görlüp oturylsa, howp özlerini howpa goýanlardan sowlup geçen eken. Bu oýna meňzemeýär. Ýa bu uly bir hakykat, ýa-da uly bir hakykatyň subutnamasydyr, mümkin.

Diňe bir özüniň däl oglunyňam köşge girip-çykyp rysgyny köşkden iýenini islän kakasynyň köşk zyndanynda öýkeniniň çüýränini gören soň As-Samat bu zatlaryň oýun däldigine düşünýän nokatdy. Mümkin, şonuň üçinem ol pyýada galan nokatlaryň yzyndan ýetende ilki bilen düýesinden syrylyp düşüp olar bilen deňleşendir.

Hal-ahwal soraşandan soňam düýesine münmäge ejap edip tä Urfa çenli pyýada gidendir. Çünki ol hiç kimi manysyz nokat hasap etmeýärdi. Bu dünýäni «ýalançy», ondaky wakalary bolsa «pelegiň oýny» diýen düşünje onda ýokdy. Onuň üçin dünýe uly bir hakykatyň syrydy ýa-da şol hakykatyň subutnamasydy. Ol atalygyndan adamyň çöwre tarapyny öwrenýän mahaly biygtyýar dünýäniň, ýaşaýşyň çöwre tarapyny görmäge synanyşmaga başlapdy. Eziziň pulhaltajygynyň çöwre tarapy ýaly, dünýädäki bolýan wakalaryň manysyz öwrümlerini düzüw tarapa öwürmek başartsa, manyly bir şekliň emele geljekdigine ol ynanýardy. Onuň gözleri dünýädäki her bir nokatda, çyzykda many görýärdi. Ol ynsanyň sähelçe herekete gelmegi üçin iýen zatlarynyň garyn boşlugynda çüýräp, ezilip, süzülip adama gurbat berip bilşinden hasap çykarýardy. Onuň üçin bir damardan arassa ganyň, bir damardanam hapa ganyň ýürege akyp durşy oýun zat däldi. Ynsanyň akyl bölegi goşa ýumruk ýaly süňk gabyň içinde ýatyr. Ömür sahypasyna möhri bolsa her ýana uzap duran aýaklar, eller, diller goýýar. Tutuş göwräni göterýändir diýlip ýörlen aýak süňklerinden bir bogun ýazsa ynsan ogly agsaklaýar-towsaklaýar hereket edýär. Emma göwredäki oňurgadan bir süňk ýazaýsa ynsana aýakdan peýda ýok. Bu ne syr? Mal-baýlyk, biziň açgözlük bilen topulýan, emma

garnymyza düşen badyna çüýräp gitjek iýmitimiz edil aýaklarymyz ýaly durmuşymyzy aýlaýan güýçmükä diýdirse-de, ömür oňurgasy ruhy baýlykda bolaýmasyn? Ine, syr! Asmandan uçup geçip barýan guşlaram manysyz däldir. Çünki ynsan gözleri guşuň gözleri däl, elbetde.

Köpçülik häzir Bagdatdan Urfa barýarmykam diýýärkä As-Samat yzda galan günlerini ýatlap ynsan ýolagçylygynyň dogluşdan ölüme barýandygy hakynda oýlanýardy. Belki, bu ýol çöwrelikden düzüwlige eltjek ýoldur…

…Aslynda guşlaryň gözüne ýerdäkileriň manysyz nokatjyklar bolup görünýändigi bir jedelsizmikä?…

Bagyşla okyjym, şu ýerde men ünsümizi çeken nokady gözden ýitirdim. Bir hili özüm hakynda oýlananymy bilmän galypdyryn…

## Sözsoňy ýerine

Mähriban okyjy, hernäme diýsegem, biziň üçinem, guşlar üçinem gözden ýitiren nokatlarymyz manysyz nokatjyklar bolaýmasyn? Çünki ýer ýüzünde bular ýaly nokatjyklar näçe diýseň bar. Özümizem şolaryň biri ahyryn, haýsy birimize üns berjek? Dertlimiz derdimiz bilen, tebibimiz dermanymyz bilen ýaşap geçip durus. Depeden garamaga höwesek adamzat kowmunyň hersi özüçe ömür hakynda, ölüm hakynda pikir edýär. Olaryň dünýänem bir nokada öwrüp, depesinden garasy gelýär. Şeýtmek başardan bolanda olar bir nokatda ýerleşen birgiden nokatlary, nokatlardan az bolmadyk kese çyzyklary görerdiler. Nokatdan kese çyzyga çenli aýak yzlary bilen möhürlenen ýaşaýyş diýlip atlandyrylýan biri-biriniň durmuş sahypalaryny okamaga çalşardylar. Şonda belki biziň nazarymyz saklanan üç nokadyň biri As-Samat nokatdanam kiçi geler? Kiçi bolsa-da, uly bolsa-da bu nokat biziň her birimiz ýaly ýer ýüzünde ýazylyp, bozulyp giden ummasyz kän nokatlaryň biri bolandygy bilenem, belki üns bereniňe degýän nokatdyr? Ýöne, ol her näçe kiçi bolsa-da, oňa kiçi diýýänden kiçi däl bolsa gerek. Dogrusy, onuň birinden kiçelmek ýa ulalmak aladasam ýok ýalydy. Asyrlardan asyrlara süýnýän mytdyldap barýan dünýäniň haýallygy kiçiligiň-ululygyň ölçeglerini hasaba almaga-da ýetişdirmeýär. Bu haýal okgunlylyk bir ynsan üçin tutuş ömür, adamzada bolsa bir pursatjyk bolup geçip dur…

Mundan on asyr öňem şeýledi, kyýamatahyr gelmese ýene on asyrdanam şeýle bolar… Ynanmasaňyz, barlap göräýiň. Şu gün maý aýynyň dördi, 2000-nji ýyl.